**Öwezdurdy Nepesow**

# GYRNAK

**ROMAN**

**«Garagum» žurnaly №9. №10 – 1997ý.**

## ÖWEZDURDY NEPESOW



Türkmenistanyň halk ýazyjysy, filologiýa ylymlarynyň doktory Öwezdurdy Nepesow 1947-nji ýylyň 1-nji iýulynda Magtymguly (Garrygala) etrabynyň Garaganly obasynda Nepes hojanyň maşgalasynda eneden bolýar.

Ol ýaşlykda ýetim galyp kyn güzeran başyna düşüp, çekene çopany, bagban, sakçy bolup işlemeli bolýar.

1963-nji ýylda Balkanabat (Nebitdag) şäherindäki 3-nji gurluşyk uçilişesiniň agaç ussaçylygy bölümine okuwa girýär we gapdalyndan şäheriň agşamky işçi ýaşlar mekdebinde okaýar. Okuwyny gutaranyndan soň oba gurlyşyklarynda kerpiç örüji suwagçy, agaç ussasy bolup işleýär. Soň 1966-njy ýylda etrap merkezindäki 1-nji orta mekdebi tamamlaýar.

Ol ýaşlykdan watanymyzyň gözel künjegi bolan Sumbar jülgesiniň ajaýyp tebigatynyň, bu jülgäniň adamlarynyň mähribanlygyndan ýagşy ganýar. Olara gatyşyp garyşyp, bulut ýaly gara baglyklarda zähmet çekýär.

1967-nji ýylda häzirki Magymguly adyndaky Türkmen döwlet unwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetine okuwa girýär. Unwersitet kalby hujuwdan doly ýaş ýigide ylymyň, bilimiň dürli ugurlary tylla işigini açýar.

Hut ol talyplyk ýyllaryndan şygyrýet, ylym bilen çynlakaý meşgullanyp başlaýar. Ýoldaşlary ýaş ýigidiň ýazýan goşgularynyň diliniň şirinden duýgurlygny, suratkeşligini, duýgyny obrazly beýan etmegiň güýçliligini, pelsepe öwüşginlerine baýlygyny belläpdirler. Emma ol juda az ýazýardy.

Ol 1972-nji ýylda bu ýokary okuw jaýyny tamamlap, «Türkmenistan» neşirýatynda korrektor, Türkmen döwlet kitap palatasynda bibliograf bolup işleýär. 1973-nji ýylda «Türkmenistan» gazetinde habarçy bolup işe başlaýar.

Aşgabatda ýaşap belli gazetiň redaksiýasynda uly habarçy, bölüm müdiri bolup işlemek onuň üçin uly döredijilik mekdebi bolýar. Ol respublikanyň belli ýazyjy-şahyrlary bilen duşuşyp, olaryň döredijiligi, özleri bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik alýar. Soňra onuň özem goşgudyr, poemalar döredip, olary merkezi metbugatda çap etdirip başlaýar.

Öwezdurdy respublikan konkurslara gatnaşyp olarda ýeňiji bolýar.

Şol döwürlerde ol ylym bilen hem meşgulanyp ylymlaryň doktory, professor Öde Abdyllaýewiň ýolbaşçylygynda «Berdi Kerbabaýewiň döredijiliginde momumentallyk» diýen temada dissertasiýasynyň üstünde işläp başlaýar.

Ol gazetiň ýeňil bolmadyk hysyrdyly işiniň daşyndan şygyr, publisistika, ylym bilen meşgullanýar. Şol günleriň birinde bolsa oňuň «Uzak uzak ýyllar» romany respublikan konkursynda üçünji baýrakly oruna mynasyp bolýar.

Öwezdurdy Nepesow 1984-nji ýylyň başynda «Garagum» žurnalynda («Sowet edebiýaty») jogapkär kätip bolup işe başlaýar. Bu ýerde 1988-nji ýyla çenli işläp, «Uzak uzak ýyllar», «Jylawsyz sähra» romanlaryny bu žurnalda çap etdirýär. Onuň «Daş-61» atly pýessasyny Daşoguzyň Andalyp adyndaky sazly drama teatrynda goýýarlar.

Onuň «Aýdere» poemasy hem respublikan konkurusda baýrak alýar. Ol «Berdi Kerbabaýewiň döredijiliginde momumentallyk» diýen temada jemagat öňünde dissertasiýa goraýar. Onuň bu dissertasiýon işi respublikamyzyň ylmy jemgiýetçiliginde däl, şol wagtky soýuz derejesinde bu ugurdan edilen ilkinji ajaýyp iş hökmündde ykrar edildi. Onuň şahyrana kyssa bilen ýazylan «Uzak uzak ýyllar» romany özbaşdak kitap bolup okyjylara gowuşdy. Oňa Türkmenistanyň Ýazyjylar guramasynyň prawleniýesiniň «Berdi Kerbabaýew» baýragy berildi.

Ony 1988-nji ýylda Ýazyjylar guramasynyň agzalygyna kabul edýärler.

Şol döwürde ony döwlet işine çekýärler. Emma ol döredijilik bilem meşgullanmasyny taşlamaýar. Ajaýyp romanlary, hekaýalary, powestleri, poýemalary, goşgulary döredýär.

1990-njy ýylda ol Türkmenistan ýazyjylar soýuzynyň prawleniýesiniň guramaçylyk sekretarlygyna saýlanýar. Ol bu ýerde ýazyjy şahyrlar bilen göniden-göni iş alyp barýar. Ýazyjylar guramasynyň döwür bilen aýakdaş gitmegine ýardam berýär. Sähelçe wagtdan soň ony Türkmenistanyň Prezidentiniň geňeşiniň ylym-bilim, medeniýet, sungat işgärleri baradaky komitetiniň başlygynyň orunbasary wezipesine, soňra Türkmenistanyň ministrler kabinetiniň medeniýet we döredijilik işlerini dolandyrmak bölüminiň müdirligine işe çekilýär.

Ol bu ýerde ýedi ýyllap işläýär. Şol döwürde ol iki kitapdan ybarat «Pyragy» romanyny, «Zyýarat», «Kyýamat magşara çenli», «Gyrnak» romanlardan ybarat «Zyýarat» trilogiýasyny, powestlerini, poýemalaryny okyjylara hödürledi.

Ol 1995-nji ýylyň 6-njy iýulynda «Taryhy prozamyzyň poýetikasy» diýen temada Jemagat öňünde doktorlyk dissertasiýasyny goraýar. Onuň «Türkmen taryhy prozamyzyň poýetikasy» diýen ylmy monografiýasy ylym dünýäsinde gymmatly täzeçillige eýe bolan saldamly ylmy iş bolup, ilkinji bolup prozamyzyň ylmy derňewini türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynyň dolanşygyna girizdi.

Oňa 1993-nji ýylda «Türkmenistanyň halk ýazyjysy» diýen hormatly at dakyldy.

Ol Türkmen döwlet unwersitetiniň edebiýat, žurnalistka kafedrasynda, Türkmenistanyň Milli billim inistitutynda professor, baş ylmy işgär bolup işledi.

Öwezdurdy Nepesow müňden gowrak goşgy, poemalarynyň onusyny, powestleriniň on bäşini, hekaýalarynyň ýüze golaýyny, ýigrimä golaý roman ýazdy. Onuň döredijiliginiň belli bir bölegi okyjylara ýetrildi.

Ol Türkiýe respublikasynyň türki döwletleriniň ýazyjylarynyň arasynda geçrilýän bäsleşiginde üçünji baýrakly oruna mynasyp boldy.

Öwezdurdy Nepesow häzir hem döredijiligiň otly körüginde arman-ýadaman zähmet çekýär. Onuň «Magtymguly dünýä akyldarlarynyň almaz täji» diýen ýygyndysyna Magtymguly Pyragy barada ýazan ylymy-derňew makalasynyň bir bölegi girizildi.

Ol häzirki wagtda Türkmenistan ylymlar akademiýasynyň inisitutlarynyň alym kätip bolup işläýär.

Aýaly Miwe Osmanowna Nepesowa, uly ogly Nepes 1972-nji ýylyň 18-nji iýunynda doglan (aýaly – Baýramsoltan (Aýgül) – çagalary: Nurgeldi, Enejan, Nurana), ortanjy ogly Begenç 1974-nji ýylyň 15-nji iýunynda doglan (aýaly – Şemşat – çagalary: Nazar, Nurmuhammet), körpe ogly Röwşen 1976-njy ýyldyň 2-nji noýabrynda doglan (aýaly – Aýjemal – çagalary: Nurgözel, Nurjahan, Nurbibi).

Öwezdurdy Nepesow häzir maşgalasy, çagalary bilen bagtly, eşretli durmuşda ajaýyp durmuşyň hözirini görüp ýaşaýarlar.

Onuň salgysy: Aşgabat şäheri, Mir 4/1, jaý 5, otag 119. Telefon belgileri: iş 39-46-65, öý 47-15-70.

**2016ý.**

**Internet maglumatlary esasynda taýýarlanyldy.**

«Garagum» žurnaly №9.1997ý. 17-123 sah. «Garagum» žurnaly №10.1997ý. 68-103 sah.

---

**Elektron görnüşine geçiren Erkin Baýmuhammedowiç Çaryýarow**

**Aşgabat – 2018ý.**

## Miwä bagyşlaýaryn

### 1.

– Gyr-na-ak! Haý-aý, har-am, tul-a-ýa, sadyra batan inek ýaly, porsap ýatmyş, tur, göri ýanan! – Ogulnyýaz bu sözleri özüne degişlidigini bilse-de, çalnyp turup bilmedi. Alasarmyk düýş, baharyň endam-janyňy söwer ýaryň ýakymly aýasy bilen sypalap owuşy süýjüje lagşatmasy, ony ýerinden galdyranokdy. Gaýtam, ukynyň humary, ýüpek ýorganyň heserli goýny öz dünýäsine ýuwdup barýardy, Ol daýzasyna-ha däl, külli adamzada hiç haçanam düşündirip bolmajak hudawy, şirinden humarly «derýa» ýene-de özüni oklady.

...Ol ýene-de şo-ol ýaşyl seçekli, gül-gülälekli sonara geldi.

– Bu ýeriň gowudygyny – diýip, ýer bilen asmanyň arasynda kelesaň urup saýraýan Torgaýlary yzarlap durşuna, begenjini gizläp bilmän dillendi.

Hakykatdanam bu ýeri gowudy. Asmandan böreň-böreň bolup akýan ýeňiljek ak bulutlaryň didary ýerden ýyldyrym ýaly taýyp barýan boz bulaklaryň ýaňagynda üýtgeşik eräp gidýärdi. Ulygyzyň ýylgyrmasy ýaly janyňa tenekar bolup barýan ýumşak Günüň saryýag ýaly mylaýym çyrazlary jadyly bulaklary sallançak edip oýnaýardylar-da, bir puşta tolkuny geçirip, indikiniň. gerşine münýärdiler.

Ogulnyýazyň nazarynyň boz bulaklarda eglenenini aňan torgaýlar, gabanjaňlykdanmy, bezzatlykdanmy, däli-porhan, bolup, özleriniň asmanda asyl-asyl bolup, şunça wagtlap durup bilýänlerine buýsanýan ýaly, öňküdenem köpräk ganat kakyp, öňküdenem köpräk saýrap, garabaşlaryna gaý bolýardylar.

Aňyrrakda, bu sonaryň gül-pürçegini ine-gana çürtüp ýören sygyrlaram, «geläýdiňmi» diýýän ýaly, gäwüşlerini goýman, başlaryny bir salykatly göterýärdiler-de, ýene-de otlap başlaýardylar.

Bu owadan sährada bir boş duran Ogulnyýazdy. Ähli janly-jandar: «Sen ýoruldyň, bize tomaşa et, dynjyňy al» diýýän ýalydy.

Ogulnyýazyň begenji hasam artana döndi. Aňyrdan, bir ýerlerden Ogulla ylgap gelýärdi.

– Hakyt Ogulla-da! – Ol diňe bir öz jigisi däl, bu sygyrlaram tanady. – Waý, bular-a öz sygyrlarymyz-a. – Ol bu sähranam tanady. – Wa-eý, meni – Bu ýerler onuň geçen tomus pagta ýygan meýdan-a. – Bu ýyl kakama berlen potrat ýer-ä. – Ol begençli ýylgyrdy. Ol ýylgyrdygy saýyn meýdanyň didary öňküdenem röwşenlendi.

– Ogulnyýaz! – Ogullanyň demi-demine ýetenokdy. – Sen nämä dursuň, gaçaly!

Ogulnyýaz jigisiniň öňünden çykdy-da, onuň elinden tutdy.

– Näm boldy, jigim?!

– Gaçaly, Ogulnyýaz, gelýär, olar bärik gelýär!

– Kim?!

– Iki sany guduzlan eşek!

Ogulnyýaz gorkuly ýüzüne nur çaýdyryp, enaýyja ýylgyrdy.

– Eşegem bir guduzlarmy, jigim? – Ol birneme batyrlandy. – Gorkma!

Dogrudan hem aňyrdan iki sany daýaw, ýalaňaç eşek biri-birini gemirşip jirt atyşyp gelýärdi.

Ogulnyýazyň süňňüne üýtgeşik gorky indi. Ol özüni alaçsyz duýdy. Degenek taýak gözläp töweregini sermeledi. Ele alyp, goranara hiç zat ýokdy, hiç zat. Diňe, şol tanyş, mähriban sygyrlaryndan, hemem gorkudan, haýykmadan ýaňa özüne gysmyljyraýan jigisinden başga hiç zat ýokdy.

Ol häzir hossar gözläp töweregine delmindi. Kellesine: «Sygrymyzyň ýanyna barsak, ol bizi gorar» diýen symyljak pikir geli.

Guduzlan eşekler bolsa oňa garşy uly dabara, üýteşik gazap bilen eňip gelýärdiler.

Olaryň biri gele-gelmäne çep aýagyny Ogulnyýazdan salyp goýberdi. Özem şeýle üýtgeşik hynçgyrdy. Göwnüne bolmasa, öz adynam tutan ýaly boldy.

– Ogulla! Gaç! – Ogulnyýazyň gara jany Ogullady. Bar sygrymyzyň arkasyna mün!

Eşekler ýene-de agyzlaryny açyp olara garşy eňdi. Ogulla doňup galdy. Olar daşyndan eşege çalym etselerem, aslynda adam ýalydylar.

– Waý, gara bagtym! Merdan! Merdan jan!

Asyl, olaryň biri öz adamsy Merdandy. Hakyt şoldy. Gulagy, gabarasy, dört aýagy ol bolmasa-da gözler, şol gözler Merdanyňkydy.

Ogulnyýaz özüne garşy gulaklaryny ýapyryp, gemrik-gemrik dişlerini syrtardyp gelýän beýleki eşegi-de tanady. Olam daýzasynyň garajanydy!

– Daý-za-a!

– Bel-la-a!

Öňdäki eşek ony jalkyldadyp depdi. Agyry ýürege ornady. Onuň üstesine beýleki eşegem oňa garşy dişlerini syrtardyp, köneden galan kastyny aljak bolýan ýaly, ýetip gelýärdi.

– Merdan! Ah, Merdan-a!

Ogulnyýaz töweregine delminip garady. Häzir oňa diňe sygryndan pena bara meňzedi. Dünýäniň ýüzünde başga oňa ne ynsdan, ne-de jynsdan haraý bardy.

Ol sygyra bakan ylgady. Ýaşlygyndan höwlimläp, ezizläp, öz eli bilen ot berip ýören ene maly ony özüne çekdi. Ol, ylgap baryp sygyrlaryna gysmyljyrady.

Eşekler sygra tarap, daýyrdaşyp gaýtdylar. Öz penasyndaky naçaryň howsalasyny duýan sygyr burnuny pyşyldadyp, şahlaryny gazap bilen bulaýlady. Eşekleriň Ogulnyýazy parçalajagy çynlarydy. Ogulnyýaz ony ýürejigi bilen aňdy. Ol gorkujygyna özüni sygryň arkasyna nädip atanynam bilmedi.

Eşekler gulaklaryny gypydykladyp, dişlerini çarhlaşyp, ýene-de eňip gaýtdylar. Ogulnyýazyň ýüregindäki gorky heniz kiparlamasa-da, onuň kalbyna aralaşan howp birneme sowaşypdy. Sygyr indi ony bu bela-beterlerden az-kem goraýardy.

Şonda-da eşekler ýok bolup gidäýenokdy. Olar gaýta, hynçgyryşyp, ynsan dilinde haýbat atýardylar.

– Gyr-na-ak! Haý, haram tula! Siýdigine boglup galan salaty. Seni bir...

Eşekleriň biri ony sygryň şahynyň ýetmejek ýerinden gelip depip başlady.
– Senimi! Gal, saňa diýilýär, tula!
Sygyr başyny gazap bilen eşekden aýlady. Ol janawar silkinende, muňa garaşmadyk, hiç zatdan ýapyşman oturan gelin ho-onda atylyp gitdi.
Ol ýalpa gözüni açdy, Nähilidir bir garanyň özüni saýgylap duranyny görüp ýene-de düýrükdi.
– Waý, eje jan!
Hyzlawyk tanyş ses ony özüne getirdi.
– Wah, seni dogranyň... çüýresin-de. Dilimi-dişimi dökdi-de, bu loly, tu-ur, tur!
Ol gözüni açdy. Daýzasynyň hälki eşekleriň toýnagyna meňzeş ýumrugynyň depesinden inip Durşuny gördi-de, zöwwe ýerinden galdy.
– Haram, gyrnak, bir sanaç et bolup porsap ýatmadan başga oňarýan zadyň ýok. Daň atyp gitdi. Meniň bolsa damagym tüýdüge döndi. Meni sen ýakdyň. Meniň maňlaýymdan gara daş bolup indiň, dars daban künti. Bar, çaý goý
Ogulnyýaz sesini çykarman aşhana ylgady. Çaý goýdy. Holodilnikden süýtli tüňňüri çykaryp süýt bişirýänje pitisini çaýkady. Soň oňa tüňňürdäki süýdüň ýarsyny guýdy-da, içki jaýa girdi.
Içerden çilimiňmi, temmäkiniňmi, nasyňmy juda dymyljak ysy onuň bokurdagyny tüýdüge dönderip bogdy. Ol gaýtarara gelip üsgürdi. Şonda-da badyny togtatman, bir eline ýassygy, beýleki eline-de daýzasynyň ýorganyny alyp, ýük duran otaga girdi. Düşekleri ýüke galdyryşdyryp, ýene-de aşhana ýüwürdi. Çigräp başlan süýde iki kürümjik bürünç atdy. Soň ony birki gaýta bulap, içeri ylgady.
Daýzasynyň düşeginden turaryna garaşdy.
– Näme, üstüme nemetjek ýaly bolup dursuň?
– Daýza, penjiräni azajyk açaýaýyn. Arassaja howa girer ýaly...
Ogulnyýazyň damagyndan Kümüş ýaly buldurap çykan näzikden päkize owaz içeri doldy.
– Nä-me? – Daýzasynyň temmäkiniň ajysyna ýagşy ýognan sesi hälki owazy diriligine ýuwutdy. – Arassa howa derdim däl. Arassa howa diýip. Seniň ýüregiň arassa howa küýseýändir. Meniň derdim özüme ýetik. Arassa howa diýip...
Ogulnyýaz dula ýazylan kiçeňräk düşegi eliniň ugruna gapdaljyga ýazdy.
– Daýza, şujagaz düşege geçäýiň. Men ol düşegiňizi galdyraýyn!
Daýzasynyň myrryhy beter atlandy.
– Kepiňi köpeltme, haram tula. Näme etmelidigini özüm bilerin. Sen çaýa seret...
Ogulnyýaz aşhana ylgady. Az-kem köpükläp başlan pitini bulady-da, çäýnekleri çaýkady, Ajyja edip daýzasyna, ýuwanrak edibem özüniň kiçijik çäýnegine çaý atdy.
Ol ýene-de içeri girdi. Kiçijik düşegiň önüne saçak ýazdy-da çörekdir mesge, bal bilen peýnir, gant çykardy.
Daýzasy henizem düşeginde buruljyrap ýatyrdy.
– Çaýyň nätdi, seniň?

– Häzirjek!

– Wah, seniň häzirjigiň bilen upbat bolsadyň, upbat bolmuş. Bu haram gyrnakdan çaý içýänçäň, Orta guýa pyýada gidip geleniň ybalydyr, ah allam!

Ogulnyýaz gyssandy. Nämeüçindir, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, gaz pes ýanýardy. Ojagyň gözleri bitip gidipdi... Şuny bir bejerip bolsa.

Süýtli aş bişdi. Çaý gaýnady. Naharyň ysy içeriniň howasyny üýtgetmedi. Gaýta içeride güýç alyp ýatan dymyljak dem, täzeçe ysam jantaýyna urana döndi.

– Munyň näme?

– Süýtlaş, daýza, birki çemçe iýseň.

– Hyňh. Men indi süýtlaş iýýän boldummy?

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Daýzasy, ýerinden turman, süýşenekläp kiçijik düşege geçdi we öňki düşegini ýüke galdyryp, üstüne özüniň gaýdyp gelende getirenje owadan ýapynjasyny ýapdy.

– Düýn nas almadyňmy?

Ogulnyýazyň gözi garaňkyrady.

– Utandym, daýza. Ýogsa, bardymam.

– Haram gyrnak. Meniň janym bokurdagymda, sen, sen utanan bolýaňmy? «Şu heleý azarlap ölsün» diýýäňmi?». «Şu jaý maňa galar, soň döwran sürerin» diýýäňmi? Etdirmerin. Jaý men ölsemem, ol oglanynkydyr. Ol oglan ölse-de Çommagyňkydyr. Waý – ol erbet üsgürnnip başlady. – Bar, men ölýän-ä, göreňokmy, haram tula. Çommaklara bar, birki atym nas bersin, ýeri dörsün, asmany elesin, ajysyndanam bersin. «Daýzam ölüp barýar» diý.

Ogulnyýaz titräp ýerinden turdy.

– Men ondan ýaşynýan-a, daýza.

Daýzasy saçagy ýumruklady.

– Haram gyrnak. Ýaşmagyň başyňy iýsin. Kime gerek seniň ýaşmagyň. Iller başy ýalaňaç, budy ýalaňaç gezende-de dünýä ýykylanok, bar...

Ogulnyýazyň dünýesi düňderildi. Gits-ä ol şol kelpeň, suwuk, adamyň ýüzüni görüp, oňa habaryny aýtmaly. Öň ýaşynyp ýöreň adamsyna dileg salmaly. Gitmese-de daýzasy ony goýjak däl.

– Daýza jan, men gitmäýeýin-le!

Daýzasynyň hynçgylawukly, sesi içerini ýarara getirdi:

– Sen bir gitme, gitme hany, göreýin. Köwşüňi önüňe oklaýyn, köwşi öňüne oklanyp galmyş...

Ogulnyýazyň bir eli kündükli, bir elem tabakly gelenini görüp, ap-ak bolan hüjjük saçyny çaşyryp, dyzlaryny ýumruklady.

– Wa-aý, sen henizem gideňokmy?

– ...

Ol kirli barmagyny gelniniň elindäki kündüge uzatdy.

– Ol artybyň näme?

– Eliňe suw akytdyrjak bolýan!

Gaýnynyň dälilik hetdine ýetmegi Ogulnyýazy aljyratdy.

– Wa-aý, salaty, sen meniň elime suw akdyrman, ölimiň üstünden suw akdyr, bar. Kepen getir-de dolap, iber Köşiň ilersine. Senden şondan gowusy çykmajagyny bilipjik durun men, aýgyr bela. Sen indi, maňa kündik görkezip, gyjalat berjek bolýansyň. «Seniň ogluň meniň ýelimi ýatyranok. Şonuň üçin elim kündüge baranok» diýjeksiň. Haram tula, sen meniň başymy iýersiň. Sen meniň soňuma galarsyň. – Ol hasam ebgarlyga tutdy.

– Wah, Çommak, öýüňi ot alsyn-da. Gelmän geçdiň-ä!

Daýzasyndan ep-esli wagtlap ses-üýn çykmandan soň, Ogulnyýaz aşhanadan ylgap içeri girdi. Emma daýzasyna gözi düşmedi. Ol ýük galdyrylýan otaga girdi. Daýzasynyň öz şifonerini açyp, ondan öz eşiklerini sermeläp durşuny görüp, haýýaty uçdy.

Daýza!

– Him. – Daýzasy yzaly gözlerini ganguýma edip, gazap bilen yzyna öwrüldi.

– Maňa daýza diýme. Men ýok, seniň üçin. Çyk, şu öýden. Garaňy saýla.

– Meniň geýimlerimi näme etjekdiň?

Gaýnynyň başyndaky el ýaly kirli ýaglyk patylap ýere gaçdy. Ol agzyny hatap ýaly açdy.

– Näm-e! «Meniň geýimlerim!» – Ol barmaklaryny çilşirip gelniniň gözüne dürtäýjek boldy. – Me, saňa geýim, me saňa eşik. Hemmesem özje daban azabym. Hemmesini özümiňki... Satsamam, sowsamam özümiňki...

Ogulnyýazyň ýene-de boýny buruldy. Ýöne gözýaşyny daýzasyna görkezmedi.

– Alla jan, jan hudaýym, daýzam janyň ýüregine rehmet guý. Maňa bir rehim etsin, jan allam, adamym sag-aman gaýdyp gelýänçä...

Ol aşhanada-da gazanyň düýbüni gazalap durşuna hudaýy çagyrdy oturdy.

Içerden ýene-de jynssyz ses eşidildi.

– Gyrnak, ha-gyz, gyrnak!

Bu ses birneme ýumşakdy. Şonuň üçin gelniň aýaklary ýeňil ädildi.

Şifonerli otag gyzyl dörjükdi. Gelniň içki eşiklerine çenli bulaşyp ortada ýatyrdy.

– Hany, araky, başyňdaky keýik gülli gyňaç.

– Bardyr!

Daýzasy ýene-de guduz açyp başlady.

– Barmydyr? Hany, hany şol. Haýsy oýnaşyňa ýapdyň, ony.

– Daýza jan, daýza!

– Ýarma, diliňi, loly. Seniň jögi sözünden dok men. Hany, şol ýaglyk... Ber maňa şony...

Ogulnyýaz tas sermaňňaldak gaýdypdy. Ol aşak çökdi. Soňam ýuwaşja gürledi.

– On-a daýza, satdym!

– Nä-me!

– Satdym!

– Näme diýip satýaň, aý, salaty. Agyzlaryna... bolmuş, sen näme üçin satýaň ony? Näme üçin?..

– Araky gelen ýoldaşy «Merdana az-owlak pul gerek, berseň äkideýin» diýdi. Menem senden soramaga ejap etdim, şony goňşa berdim. Pulunam Merdana iberdim...

– Hany, onda «Samaletdan sallanan» köýnegiň?

– Iskirkamy?

– Bilmen ony, tap!

Ogulnyýaz matalaryny dörüp, göm-gök öwsüp, ýylanyň gowy ýaljak şybyrdap duran köýnegini çykardy. Daýzasy ony kakyp aldy.

– Me, şuny Çommaga elt. Özi düşüner.

Ol indi gitmese bolmajagyny bildi.

Daýzasy az-kem ýumşady.

– Podezden düş-de, gündogarky ikinjä girip, çepiňe dön. Ýöne gidişiň bilen gelişiň deň bolsun, Wah, öýüň ýykylsyn, Çommak, bol, bol!

Meýdanda hamyla baglaryň ýumşan göwünleriniň ýylysy ýüzüňe urýardy. Häzir sähelçejik bagtyň bolsa-da göwnüňi ýylytmaga bahana tapyljakdy. Emma Ogulnyýaz ýer ýaly bolup barýardy. Onuň häzir ýekeje aladasy bardy, olam Çommak aga arzyny düşündirmekdi.

Çommak agany ol daýzasynyň ýanynda kän görýärdi. Ýöne, ýatsa-tursa, şu adamyň üstüne gidip, dileg dilärin diýen oýlary küýüne getirmändi.

Işik ýapykdy. Ol simleri sallam-sajak bolup asylyşyp ýatan jaňy basdy. Işigi göbegine çenli ýalaňaç, buýra saçlarynyň arasynda guş höwürtgeläbermeli ýigdekçe açdy.

– Geliň!

– Çommak aga barmy?

Ýigdekçe aşhananyň gabat garşysyndaky işigi görkezdi. Soň özi suwa çümene döndi.

Ogulnyýaz bu işikden bu günde, düýnde «açylypdyr-ow» diýen nyşan görmedi.

Içerden bolsa agymy, şatlykmy, bir gatyşykly üýtgeşik owaz gelýärdi. Ol kesekiniň öýünde beýdip durmaga ejap etdi-de işigi itdi. Emma gapy açylmady.

Ol näme bolsa bolsuna urup, işigi kakyp başlady. Işik onda-da açylmady. Oňa çenli hälki ýetginjek elindäki çilimini burugsadyp haslap geldi.

– Eý, kakma-daraý!

– Açyp bilemok.

Ýetginjek işigi özüne çekip açdy. Ogulnyýaz öz gözlerine ynanmady. Içerde Çommak aga gündiziň güni pelteli çyra ýakyp, oňa-da iki sany simi düzüp, ýaýnap otyrdy.

Ýaşuly agyr güpbä bürenip oturşyna yşgyna düşüp hiňlenýärdi.

... Diwana geldi işikden, baý-baý,
Arwah çykd-ow deşikden, haý-haý,

Göruň, bakyň ne oýun gopar ind-ow, iller,
Hany, bir suw içeliň-le, gylly meşikden-ow...

Ýigdekçe çilimli elini goja bakan «göreňokmy munuň bolşuny» diýen manyda uzatdy. Soňam gynanç bilen gojanyň egnine dürtdi.

– Babaý, Babaý-ow!

– Jan-a, jan balam!

Ýigdekçe Ogulnyýaza gözüni gypdy.

– Aý, Babaý, seniň ýanyňa bir perizat gelipdir-ow!

Goja şonda-da gözüni açmady. Gaýta:

– Ferizat däl-how, hüýr gyzlar. Men häzir şonar binen otyryn-a. Wah, hany, jan-ow, hüýr gyz jan-a, bir suw içeli-le meşiknen-ow, janym, janym, meşikden-ä...

Ýigdekçe ýene dürtdi.

– Babaý-ow!

– Jan-a, malam! Aýdyber-ow, aýdyber!

– Bu gelen müň hüýr gyzyňa deňýär-ow, gözüňi aç. Seretsen-e how.

Ýaşuly çalaja gobsundy-da boýnuny gaňyrmaga-da ýaltanyp, öňüne garady.

– Han-y, biz-ä zat göremizok. Gaýta, ojagam hüýr gyzlarymam düw-dagyn etdiň...

– Yzyda seret!

Çommak aga yzyna garady. Ol Ogulnyýazyň hüýr gyzlaryňka aňry dur diýdirýän didaryny görüp, düwündi. Birdenem sesi çasly çykdy.

– Dir-räs-ti!

Ogulnyýazyň gözleri hanasyndan çykara geldi. Sebäbi bu goja ony görüp, düýbünden başga adama öwrüldi-de duruberdi.

– Men hüýr gyz niýen bolup, onnaň müň ňesse gözel gyzy ňörmän otyrşa, Wah, men ňuraýyn, keýňim, men ňuraýyn, ňeçiber. Ňel, bir baş çekeli. Onsoň ikimiz hüýr gyz, hüýr gyz oýnaşsagam molman nurmaz. – Ol ýigdekçä ýüzlendi. – Mar, mala mir çäýnek ajy çaýam alyp gel...

Ýigdekçe-de gojadan kem galar ýaly däldi.

– Babaý, sen boldum edeňsoň, gezegi bize-de beräý...

Goja mys-mys güldi.

– Haý, haramza-de-eý. Köpek-dä. Wer, atasyna diýýänje sözüni. Wah, seniň diljagazyňa döneýin, körp-päm. Saňa ňerek bolsa, mermän näme...

Ýigdekçe gitjek boldy. Emma Ogulnyýaz ony saklady.

– Jan jigi ataňa aýt, meni daýzam iberdi. «Şuny ataňa ber, özi düşünýändir, çaltyrak gelmese men ölýän» diýdi diý.

Goja aýasyny el, ýaly bolup duran galkan gulagynyň ýeňsesinde goýup her näçe diň salsa-da, bu sözlerden many alyp bilmedi.

– Näm diýdi?

Ýigdekçe çygynyp-çygynyp gürledi.

– Ata, muny daýzasy iberipdir. Ol «ölýän, gelmese, özi düşüner» diýipdir.
Ogulnyýaz ýaşynyp durşuna, bir eli bilen elindäkini görkezdi.
– Ol näme?
– Daýzam iberdi.
Goja uly tamakinçilik bilen özüne uzadylan zady aldy.
– Bu näme, sor-ra!
– Daýzam iberdi, özi bilýändir – diýdi.
Ýigdekçe gelniň sözlerini gygyryp gaýtalady.
– Daýzasy kim?
– Gaýyn enem.
– Gaýyn enesi!
– Bela! Pugtamy?

Ogulnyýaz başyny atdy. Ýigdekçe-de başyny atdy, Goja köýnegi ýazyp gördide, soň gözüniň öňüne tutdy.

– Wah, ylaýym, Pugtany ýer ýuwutsyn. Aý, bedibagt, buwagt bu ownuk-uşaklar syrylmany-süpürülmäni üçin saçaklaryň ketegine köýnegine näme bersinler. – Ol nebir köýnegi bulaşdyryp, dökülen öwrülen kirli düşegiň üstüne oklap goýberdi.

Ogulnyýaz, misli özi şeýdip bu hapa düşegiň üstüne oklanan ýalt, tisgindi-de içini çekdi. Yhlas edip, bagt arzuwlap hüwdä, umyda besläp keşdelän ýakasynyň üstüne bir goja didesi patylap düşmedi. Sarsyp giden ýüreginiň gözünden gaýdan goşa damja sandyrap duran ap-ak eline degip, hasrat bilen ýaryldy.

– Wah, öýüň köýsün, Pugta! Soňuň tursun, Pugta. Seniň derdiňden şu ýerden göçüp gidäýmesem, meniňem öýümi tüsseden geçirjek sen.

Ýigdekçe çykyp gidipdi. Içeri çolaransoň goja gelin bilen boýdaş boldy.

– Nasmy? – Gelin ýene-de başyny atdy. Goja hyrçynyň dişläp başyny atdy.

– Sen diýýän, özüň bilen üzlüşmeseň – diýýän, ol mata gaty arzan bolýar – diýýän.

Goja birden-birden, hepberip duran agzyny pakgardyp gülenem boldy.

– Özuň gör, meninki bir diýmek. Ýöne ol eflatun heleýe aýtma, bomy! Gaty arzan bolýar, ýogsa. Özüň razy bolsaň diýýän, bomy?

Gelniň reňki agdy. Ol titräp duran ýumrugy bilen bu ýaşulynyň agzynyň üstüne rastlap salara meňzedi. Ýöne goja-da gelindäki bu üýtgeşmäni razylygyň alamaty diýip düşündimi, ýa ony yrdym etdimi, sen ýok, men ýok simlerine ýapyşdy.

– Azajyk howlukma, adama bir baş çekeli. Onsoň, bolmasa meni gyssap durma. Men indi özüň ýaly däldirin...

Ol körsenip, simi gyzýança düwünçeklerini açyşdyryp, simine barmagyň ujy ýaly gara «sakgyjy» çalyp beýlesine dönýänçä, gelin çykyp gidipdi.

– Senem bir baş çek. – Ol simleriň birini gapdalyna uzatdy. – Bolmasa bolmaz-a.

Gelin gidenden soň içeri giren hälki buýra saç bu mürähet özüne edilýändir öýdüp simi aldy.

– Hany, geç. Kän egleseň, bu gurbany gitdigimiňem ugry bolmaz.

Ýigdekçe aýdylan ýere geçdi. Şiräniň humaryna dyzaýan duýgularyny jylawlap bilmän oturan, öňem mazasy uçan goja göwnüne birhili dälem bolsa, agtygyna ilki bir ünsem bermedi. Emma birki tütün ýuwdandan soň onuň paýhasy durlandy. Eline sim alyp, goýy tüssäni emip oturan ýetginjege gözlerini jüýjerdip garady.

– Häýt, edýäniň ňäme? Häýt, dur!

Ýigdekçe eýýäm mum-helim bolupdy.

– Ata jan!

Gojanyň zähresi ýaryldy.

– Men, men saňa diýýän, edýäniň näme? Bolmaz. Goý, bolmaz. Ýetginjek hapa düşegiň üstüne tirsek urdy.

– Ata jan! Muň, gowudygyny,..

Goja ýoky köýmedik simini taşlady.

– Hany, ol? Sen däl, ol.

– Men däl, biz ata jan!

Goja aljyrady. Işigi açyp daşky otaga garady. Ortada ýanyp duran pelteli çyra, çäşerlip ýatan agtygy, göz-gülban bolup ýatan aýal köýnegi, pytrap ýatan düwünçekler onuň bar keýpini uçurdy.

– Heýt, tur, meni ile metgi etme.

Ýetginjek agzynyň ak köpügini akdyryp, başyny galdyrdy.

– Ba-bajan özüň-ä öwredýäň, özüňem sögýäň...

– Tur, ýok bol. Ol saňa däl. Ol, ol saňa däl. Haý, bisyrat. Goja agtygynyň näme diýýänini eşitmese-de mydyrdady. Entek bu işleri edere sen ýaş dälmi? Saňa däl-ä ol, päheý-de bolsa...

Agtygy ýene-de tamakinçilik nazary bilen atasyna garady...

## 2.

Çommak aga Pugtalaryň işiginden ätlände, hem özüne garaşylýandygyny, hem gaty berk gürrüň boljagyny aňýardy.

«Hälki hüýr gyz gitdi welin, başyma bir bela indermese ýagşydyr» diýen howsala ony kän eglemän bu öýe alyp gelipdi.

– Essalowmaleýkim!

Bu ses Ogulnyýaz üçin Ezraýylyň buzdan sowuk sesi bolup eşidilse, Pugta daýza üçin dirilik getirýän perişdeleriň şirin owazy bolup eşidilipdi.

– Gelewer-ri, haý, gelmän galan. – Pugta daýza agyrly aýaklarynyň üstüne münüp bu gelen halasgäriniň öňünden ylgap çykarly göründi.

– Çaý goý, Gyrnag-a. – Ol töweregine delmindi. – Gyrnak, haý, adyň upbatlar bolsun, upbatlar bolan, Gyrnag-a, çaý goý.

Ol gelniniň aşhana bakan geçenini görüp ynjaldy. Soň iki gzüni işige dikdi.

– Geliber, haý, sakaly ütülen, gelmän galdyň-a.

Çommak aga ähim-ühümläp, sallanjyrap girýänçä ýene-de bir topar wagt geçdi.

– Amanmyň, Togt-eý, aman saglykmyň?

Togta daýza üçin her minut ýyla barabardy.

– Wah, agzyna gözi degen. Samrap öldi, samrap ölen. – Ol has kineli gygyrdy. – Öldüňmi, janyň çykdymy diý. Telpegini ters geýmiş, ýüzügara, meni şol taşlap gidişiň-ä. Ýüzüň gara bolmadymy? Getir çakjaňy...

Goja keýp bilen hikirdäp güldi.

Saňa men gerek däldirin, şujagaz çakja gerekdir, ä, me...

Togta daýza kiçijik nas kädini garbap aldy-da, şobada seçeklije dykysyny gopardy. Soňam endigine görä, nas atmasa-da büzülen dodaklaryny eplemäň mürähet etdi.

– Hany, geç, çaý içeli.

Ol gemrik dişleriniň arasyna çokjany mäkämje kakdy. Soň gözlerini ýumup ep-esli oturdy.

– Tas ölüpdim! – Ol başyny ynjyly eledi. – Zordan ertire çykdym. Bu upbat bolan içerde-de ne bir atasy nas bar, ne-de bir çekesi çilim. Beýlek-ä atly, bizem pyýada. On-a aýtmaýynam.

Ýaşuly çakjasynyň gapagyny oýnap durşuna nädip hälki gürrüňe dolanjagy barada oýlandy.

– Onsoň bu haram ölmüşi iberdim, seniň ýanyňa. Olam gitmejek bolup şermende boldy. Şermende bolup geçen. Uly adam bir zat diýse, edibermeli bor-da...

Çommak aga gürrüňiň işigini tapdy.

– Ýok, ol etmeýär. Menem aýtdym, oňa. ýok, seniň, meniň diýen maşgalam däl, ýogsa menem aýtma kemim galmady.

Pugta daýza geçisi daga ýaýrap ugransoň, gepiniň aýlawyny alyp başlady.

– Bular etmez. Bularyň okuwy kän, okuwy. Öýünde-de haçan görseň şol demir şalham, haçan görseň gep-gürrüň. Men-ä şony çykaly bärem alamagam, göremogam. Adam azdyrýar ol.

Çommak aga gözlerini jikgerdip, nasyny dökmäge ýer gözläp oturşuna, çöwrülip, göm-gök suwuklyk syrygyp ýatan dodaklaryny müňküldetdi.

– Nemesi ýalaňaşlaz-a görkezip duz...

Pugta daýza gelnine azmly gygyrdy.

– Wah, öýi ýanmyş, gyrnak. Nas dökülýän beňkäni getir. Haý, arassasyran bolup, ýuwun-ha-ýuwun bagty ýatan. Näme, beýlä ýuwun-ha, düşüp, iýji keselliň barmy?..

Ogulnyýaz şu şumroý ýaşulynyň ýanyna näçe girmejegem bolsa, eli bankaly ýene-de alaçsyz gelmeli boldy.

– Ýitir, ýok et, onyňy! – Daýzasy gözüniň alasy bilen onuň damagyny çalaýjaga meňzedi. – Näçe aýtmaly saňa, içine çäge guýup getir diýip. Bumy, munuň pikiri-hyýaly başga zatd-a...

Çommak aga hezil edip güldi.

– Ýaş-da – diýdi. – Ýaş bolsaň göwnüň heý hizzije zatlazy küýsäbezýäz-de. Gan ezgin bozýa, gan...

– Haý, göwün guramyş, göwni guran. Bular ersgin däl, mes, esreýäler. Bulara kükräp duran esrek ner ýaly biri gerek. Haý, sypaty guran. Getir indi, nirä gitdi gyz, bu bagty ýatan...

Ogulnyýaz içi gumly ýarym litirlik bankany getirip, daýzasynyň öňünde goýdy.

– Çaý getireýinmi?

Çommak aganyň iki gözi Ogulnyýazdady. Ol ýylymsyran bolup, dodagynyň çep erňeginden nasynyň akyp başlanynam unutdy.

– Näm diýdi?

– Getiriber. Näme, şyrryk çaýyňam Ürgenjiň mäşewesidir diýdiňmi, pormusy guran.

Ýaşuly nasyny banka howlukman dökdi-de, eliniň arkasy bilen agzyny çaldy.

– Öz-ä maljagaz-ow. Görk-ä berip bilipdir hudaý. Ýigit bolsaň barmagyny öpüp oturmalyja mal-ow öz-ä.

Pugta daýza gürlemedi. Orta çaý gelensoň onuň bu gojadan tamakinçiligi hasam artdy. Şonuň üçin oturyp bilmedi.

– Henizem gaýratyň keme meňzänok-la, Çommak. Daşyňa geçip çekelärligiň bar-a.

– Hä?!

– Henizem çekelärligiň bar-a! – diýip, Pugta daýza has azymlyrak gürledi.

– Wah. – Çommak aga käsesine çaý guýdy-da, gözüni ýumup, başyny ýaýkady. – Çekeläp görülýän günüň ýüzüne köz degsin. Biz indi adammy, näme? Adam bolýan bolsak, ýaňy özi bard-a üstüme. Keýik owlagy ýalyjak keýerjekläp, şonda gagur-gugur basan bolsam, sen näme diýerdiň?!

Bu adam käsä çaý guýup, samrap jübülerini sermäp ugransoň Pugta daýza-da tamakin gözlerini oňa dikip, allany çagyryp başlady.

– Ýa sadagaň bolaýyn, ärler-pirler. Näumyt goýman men bendäni. Halys ugrumy ýitirdim.

– Wah, men guraýyn. Men näme diýeýin, oňa. Ärsiz heleý, ýüpsiz kömek. Patanaklap kimiň ekinine düşse, düşüp ýörendir. Sen bolmasaň senemjan. Olar esregini ýatyrsalar bolan-a.

– Haý, ýaşa! – Ol jübüsinden ak düwünçek çykardy. Ol düwünçegiň aslynyň akdygy bildirse-de, kirden ýaňa demigip gideni üçin nähili gülüniň bardygy bildirmeýärdi.

Çommak aganyň gözleri ýandy.

– Öz-ä tüýs majagaýy geldi. Keýpimem kök. Süňňümen on sekiz ýaşa geldi. O wagt men biri-ikisi bilen kanagatam etjek däl. Emma adam-da. Çekinjeňlik bar-da. Ýogsa, gözünden okap durun onuňam göwnüniň ýok däldigini...

Düwünçek açyldy.

Pugta daýzanyn gözüne ýaş aýlandy. Ol intizar gözleri bilen düwünçegi telim sapar ýuwutdy.

Çommak aga ýene-de jübüsini sermedi.

– Çakgym mard-a.

Pugtýa daýza mundan artyk çydap biljege meňzänokdy. Ol janhowluna, özi ellerini bu gojanyň jübülerine sokup dörüşdiriberjege meňzedi. Häzir her sekunt onuň üçin tutuş bir ýyldy – akgy bolmanda bolanokmy?

– Wah, çakgy bilen bolanda tertipli bolýa-da.

Pugta daýzanyň sünni titredi.

– Wah. haram, sakaly ütülmiş, dokuň açdan habary ýok-da...

Onuň barmaklary bükülip, ýazylyp, şol düwünçegi garbarly göründi.

– Näme diýdiň?

– Kän gözlediň – diýýän.

Ýaşuly başyny maza bilen ýaýkady.

– Gelniň geldi geldisi ýaly, bu işinem boldy boldusy iň süýji ýeridir. Aňryňa oba gonansoň, onça bolmaz.

Çommak aga çakgysyny ahyry tapdy. Ol otluçöpüň gyrasyndan sähelçe ulurak «sakgyjy» çakgysynyň ujy bilen aldy-da, Togta daýza uzatdy. Kempir çakgyny garbap aldy-da, ony deň ýaryna çenli agzyna saldy. Soň janagyrly tamşandy. Çakgyny ýuwdaýman, zordan çekip aldy-da, ony sapyna çenli ýalady.

– Naýynsap, senem syrnyha dönüp gidipsiň. Bujagazyň maňa näme bolýar? Näçe günüň azary süýeklerimi gemrip ýatyr.

Çommak aga-da ondan kem galmady. Ol çakgysynyň ujuny garşysynda oturan aýalyň gözlerine dürtäýjek boldy.

– Gara, özüme-de şondan kän alamok. Onsoňam, ertirem bar-a. Ýeke günde gazanyň düýbüni deşseň, ertirem garnyň bar-a.

Pugta daýzadan gaýdyp ses çykmady. Ol agzynyň ajysyny çaý bilen basansoň, birneme ynjaldy,.

Ýaşulynyň hem arkasy ýazyldy.

– Şu gün birhili ýumşakmy? – diýip, ol Pugta daýza garady. – Näme diýseňem, şu gün birhili gowy. Onsoňam, seniň şol gelniň üýtgeşik owadan. Hä, men şony saňa aýdaýyn.

– Wah, gün gowy-la – diýip, Pugta daýza-da demini az-kem gowşadyp aýtdy. – Güzeran kynaldy. Ýeter-ýetnelik halys yzymyzdan ýetdi.

– Aý, munça bolsa, şükür etse boljak-la. Pugta daýza derdinip başlady.

– Şükrüňe zat ýok. Gury nan bilen suwuňky hezil. Olary döwlet mugt etdi taşlady. Kyny çilimi-nasy!

– Tiregi has kyn! Döwlet şularam öz üstüne almaly. Näme üçin şulary arzan edenok. Tiregiň nämesi ýaman. Ol arak ýaly peýan edenok. Agzyňy hapalap, ile sögdürenok. Gaýta, müň derdiň dermany.

– Wah, müň bir derdiň diýsen-e. Hany, äňet hany, hälki Pugta bilen şu Pugtanyň arasynda ýer bilen gök bar, ýer bilen gök.

Ýaşulam kem galmady.

– Tirek nas ýaly dünýäni hapalanok. Çilim ýaly, içegäňi ýakanok. Ol bir eşret

ahyryn. – Ol işige garady. – Ýöne, men saňa bir gürrüň aýdaýyn. Sen hiç kime aýtma. – Ol ýoldaşyndan agzyna berk bolmak barada razyçylyk alandyryn öýdensoňam seresap gürledi. – Häli, agtykdan bir gep eşitdim. «Başlygymyz basym tiregi has arzan etjek. Özem açyk satyljak» diýýä...

– Aý, ýöne gürrüň bolaýmasa!

– Ýok, men gaty degerli ýerinden eşitdim. Onuň sebäbi bar.

– Tirekkeşler üýşüp patyşamyzyň ýanyna arza barypdyrlar. Ilki onuň ýaman gahary gelipdir. «Baryňyzy ATP-ä ibererin. Sizi liçit etmeli» diýipdir. Onsoň bir akylly tirekem öňe çykagetdin:

– Eziz Patyşahym, bir çemçe ganymy geç diýip, uzur ötünç sorapdyr.

– Hä, onsoň?

Onsoň patyşamyzam alaçsyz diňlemeli bolupdyr. Olam:

– Eý, patyşahym, seniň iň gowy görýän şahyryň kim? diýipdir. Olam: «Magtymguly» diýipdir. – Magtymguly bolsa aýt – diýipdir olam. – Heý, Magtymguly şahyryň tiregi, tirek çekýäni tankyt edýän ýeri barmy – diýipdir.

– Wah, diliňe döneýin, how-wa!

– Men-ä duşamok – diýen, ol.

Ýaşuly hasam gyzdy.

– Sen aýt: «Heý, şerigat kitaplarynda tiregiň, tirek çekeniň tankyt edilen ýerini gördüňmi?»

– Ýok. ýalan sözlejek däl, duşamok.

Ol goja-da gaty bet eken.

– Seniň duşan ýerleriňi aýdaýynmy? Lukman hekimde duşansyň, sebet duhtorçylygynda duşansyň, şeýlemi?

– Şeýle!

– Onda bizi görgä goýmalary näme? Gel-gel tirek arakdanam erbet boldumy indi...

Patyşamyz ýöne ýylgyraýypdyr.

Onsoň hälki dilewar goja patyşadan ýene bir ötünç sorapdyr. Soň bir rowaýat aýdyp beripdir.

– Gadym zamanda biri erbet günä edipdir. Onsoň, oňa, «sen günäňi ýuwmak üçin üç şert goýýarys» diýipdirler. « – Ine, saňa bir garyp bende, ýa şuny öldür, ine-de ýaş gyz, ýa-da oňa el gar, ýa-da saňa bir bulgur arak. Şuny iç» diýipdirler. Günäkärem, «aý, günämi günä açýan bolsa iň ýeňilrägi şu arak, olardan-a hudaý saklasyn, golaýyna baryp bolmaz» diýip, haý, güýçli arakdan başyna çekýär. Arak içensoň ol ýekegapana öwrülip ýaş gyzam parçalaýar, garyp biçäräniňem ganyna galýar. Emma tirek çeken beýle iş etmez. Şerigat: «arak içeniň hatyny talak» diýýändir. Emma tirek otdan alynýar» diýen.

Ýaşuly ýene-de işige garady.

– Heý, gelin, seniňki hezil. Biz gam iýsek başga gep. Seniň hazynaň öýüňde.

Pugta daýza dodagyny çöwürdi.

– Mende hazyňa galdymy? Bary düdeden geçdi. Bar hazynam ýeke oguldy. Olam, palak çykdy.

Ýaşuly nury indi öçüşip başlan gözlerini şeýtanja ligirdetdi.

– Sen at oýnatma?!

Pugta daýza elini silkdi.

– Mende hazyna bolmaz. Ugruňy gönelt.

– Ugrumy göneltsem, ýegençiň bar-a. Aý diýseň agzy bar, gün diýseň gözi.

– Kim?

– Gyrnak!

Pugta daýza ýaşulynyň naskädisini salan jübüsine göz dikdi.

– O nämäniň alyndan. O pul bolmasa, sowup bolmasa, neme bolmasa, derdiňe derman bolmasa, mal bolmasa, satyp sowara ýaramasa, men ony başyma ýapaýşmy? Gaýta, geldi-de, öňküje günümden etdi. Il, bu garyp heleý diýip sadaka beren bordy. Bu geldi ondan kesildim. Nebir balam, geler-gider durardy. Bu dars daban gelip: «Şu meniň ärim, şuny bejeriň» diýip, çagajygymy «eltepeden» çykardy. Özem, ho-ol Baýramaly diýen ýurtdan. Indem, görýäň-ä, meniň pensime, meniň içerime göz dikip otyr. «Şu heleý haçan öler, jaýy maňa galar» diýip otyr, bu gyrnak. Men onuň niýetini bilip durun. Men ölmäýin, men ölsem, ol oglanam jähennemden çykarar. Soň bu öýi oýnaşhana öwrer. Eşideňokmy, daşarda sykylyk çalyp. duranlary. Şolar mana sykylyk çalýandyrlar öýdýäňmi? Henizem. menden çekinýärler. Ýogsa, kürsäp girmeýärlermi öýe...

Ýaşuly çakgyly jübüsine elini sokdy. Soň naskädisini saralyp giden köne dişlerine kakdy.

– Men diýjek bolýan. Işlet ony. Gazansyn. Özüňjik agyzlan.

– Men nädip agyzandynaýyn ony. Ol bir çowal et-ä. Nemesi ýalaňaç heleýli sandyga seretmekden gaýry zady oňarýamy bular. Ýaşuly «başyňy eg-de, meni diňle» diýen manyda yşarat etdi. Olar kelläni kellä degşirip başladylar.

– Sen oňa tirek öwret. Hoşamaýla. Nädersiň, soň owlagň ýaly edip, tigi-tigi diýeniňden eliňe gelip dursa. Bir öwrenensoň seniňki bolar. Onsoň gazananjasyny deň paýlaşar ýöreris.

– Ol etmez.

– Ur, hoşamaýy. Bolmasa, gyňyr bol. Çykaryp kowaryn diý. Bu maslahat Pugta daýzaňyň gulagyna kem ýaramady. Ýöne göwnemedik boldy.

– Näme?

– Wah, Çommak, senem bolmajagyndan tutýaň.

– Hä, ňäme?

Ol başyny puşmanly ýaýkan boldy.

– Özümi oňaramog-a, özümi. Oňa öwretmek üçin näçe mal gerek...

Ýaşulynyň gözi ýandy.

– Sen öwret. Mal menden. Ýöne, soň gaýtarsyň, Meniň diýenimi etsin.

Pugta daýza ýüzüni sallady.

– Seniň diýýäniň näme?

Gojanyň taýparyp duran eňeginden başyndaky şypyrma telpegine çenli titredi.

– Meniň üçin ýa Saragta ýa-da Tagtabazara gidip gelsin.

– O näme üçin?

– Mal getirmäge. Onsoň men razy. – Ol bar küýi-köçesi şol pikire gideni üçin, ellerini emelsiz galgatdy. – Meniň çykanymyň gyzy ärinden aýrylyp geldi. Mazaly baran ýerinde gowy öwrenipdir. Gözüni alypdyr. Aýda bir gidip gelýär. Atasynyň üsüne köşk saldy. Iki maşyn edindi. Altyn-kümüş, mal, heý goýaý. Tüçjar boldy. Dogry, ahyrynda gapjadylar. Gapjanda näme, jaý başga biriniň adyna, maşyn biriniň adyna, barysy galdy. Senem öwret, gelniňe. Gitse, aýagyny sallap ol gider. Ikarada gönenen sen bolarsyň.

Bu pikir Pugta daýzanyň göwnüni ýagtylandyrdy.

– Sen, onda maňa näçe berjek?

Goja-da elini açyp bilmedi. Ol halymsyrap başlady.

– Mende-de üýşüp ýatan zat ýok. Özümi oňaryp bilmän oturyşyma, senem üstüne. Meniňem baryp alaýara zadym ýok. Arada saragytlylaryň malyny et kombinatyna sürüşdim. Şonda birki düwünçek elime düşdi. Ýöne, senem diýenimi etseň, hor bolmarsyň. Aý, onsoňam, bu gelinler hor bolmaz. Olary tutaýanlarynda-da, küpä salyp, işlerini bitirip, soň goýberäýýärler. Ol ýaman owadan-a, gutardan. Gaty näzik.

Ýaşuly goltuk jübüsinden hozuň gabarasy ýaly düwünçek çykardy.

– Göz çeniň bilen ölçe. Soň gaýtarmaga gowy bolar.

Pugta daýzanyň guşy uçdy. Onuň ýüzi täzelenen ýaly boldy. Malyny ýüzi syprylyp, düşegine çenli kirläp giden mahmal donunyň içligine tikilen jübüsine dykdy.

– Wah, gara dag, hudaýym seni myradyňa ýetirgeý. Men garry, ýetim heleýi sylasaň, seni allam sylar.

Ol dili açylan wagty ýene-de dilenmesini goýmady. – Munça bolanyna görä nas pulam ber, nerim.

Ýaşuly eşitmezlige saldy. Emma göwni göterilip, derisi ýumşan garry ony erkine goýmady.

– Gör-ä, haý, ýakmaz-ker. Eşitmedik bolan bolýar. Gyýw, munça bolanyna görä nas pulam goýup git.

Ýaşuly düwünçeklerini, çakgysyny ýygnap başlady.

## 3.

Ogulnyýazyň ýüregi ýene-de ýanyp ugrady. Onuň işdäsiniň tutulanyny bir hepde bolup barýardy. Işdä bolmansoň, ýüregiňem sary ýokdy. Göwni şol ýat diýýärdi. Araky gören düýşem onuň ysgynsyz göwresini otdan alyp, oda salýardy.

«Düýşümde sygyr münmegim gow-a däl. Ýöne ol eşekler näme diýsene. Özem adama meňzeş. Ýa başymda bir bela barmykan? Eziz allam, abraý bereweri. Abraýymy alandan, janymy al, alla jan...»

Ol enesi Togta ejäniň sözlerini gaýtalanyny özem duýman galdy. Ýogsa öňler enesiniň juda köp gaýtalaýan şu sözleriniň manysy bardyram öýtmezdi.

Kiçijik mahalam:

– Ene, abraý näme? – diýerdi. – Enesem: – «Abraý, gyzym, bir guýgruksyz geçidir. Gaty bek tutmasaň gaçar gidibir» diýerdi.

Ol ulugyz wagtam, häzirem abraýa belli bir baha kesip, ol şeýle eken, ol beýle eken diýip biljek däldi. Ýöne bir zady welin bilýärdi. Diliňe, eliňe, aýagyňa, köňlüňe, teniňe juda berk bolmalydygyny bilýärdi. Abraý bolsa şol bolmalydy.

Mamasy enesi bilen otyrka, Ogulnyýazyň ýaňy göze görnen wagty bir hekaýat aýdyp beripdi. Ol hekaýatyň öňi onuň ýadynda galmandy. Ýöne ýadynda galan ýerem bir ömre sapak boljakdy.

...Bir oglan bir bagbanyň bagyndaky almanyň miwesiniň suw bilen akyp gidenini görýär-de, suwdan akyp gelýän almany alyp, ondan bir dişleýär. Soň iliň almasyny rugsatsyz dişlänine gaty utanyp, yzlaý-yzlaý almanyň eýesi, bagbany tapýar.

Günämi öt, bagban aga, pylan ýerde güzerde suw içip otyrkam bir alma akyp geldi. Görsem, bir owadan, enaýy alma. Duýmankam dişläýipdirin. Soň aklyma geldim. «Ekmedim, azabyny çekmedim. Ekenden, azabyny çekenden rugsat almadym. Sen ýok, men ýok, aldym-da agyz salyberdim. Bu bir şeýtanyň raýyna gitmek dälmi?» diýip oýlandym. Ine-de başymy etegime salyp geldim. Tä günämi geçýänçäňiz men siziň hyzmatkäriňiz, işigiňizde guluňyz bolaryn. Öldürseňizem, ine, gara başym...

Bagban oýa batypdyr-da birden başyny göteripdir.

– Ogul, agyr günä edipsiňiz. Men ony nädip geçeýin!

– Agam!..

– Men günäňi ýeke ýagdaýda geçip bilerin.

Ýigit janyny gerip diňläpdir.

– Meniň bir gyzym bar, onuň gözi kör, dili lal, eli ýok, aýagy ýok, şony özüňe aýal edinip alsaň, men seniň günäňi bagyşlaryn...

Ýigit şol ýerde, aýak üstünde durup bilmän dyzyny epäýipdir. Ol bagban beýle agyr jeza beräýer öýtmändir. Çünki onuňam umydy bar eken: bir gözel, akylly maşgala alsam, söýsem, durmuş gursam, ogul ýerine oglum, gyz ýerine gyzym bolsa... diýer eken.

Ol bir arman çekipdir welin, gözünden bir jübüt ak ýagyş çokaýynyň burnuna patlap gaçypdyr-da, uly zenzele edip ýarylydyr.

Bagban muny görse-de görmezlige salypdyr. Ýöne şertinden dänmändir, öýüni salgy berip, bagyna bakan gidiberipdir.

«Eý, allam, men dünýä inelim bäri saňa sygynyp, abraý diläp geldim-ä. Bu alma-da başyma bela boldy. Indi meniň görjegim şu günlermi. Wah, edeniňe müňdebir şükür, jan allam, özüň gowusyny et-dä» diýip, külbä bakan gidiberipdir.

Işikden ähim-ühüm edip içeri giripdir. Görse, «aý diýseň agzy bar, gün diýseň gözi bar» bir gyz keşde gaýap otyr. Onuň görki, saçlary, sülük barmaklary, owadan didary älem şalarynyň köşgüne mynasypmyşyn.

Ýigit ýaýdanypdyr. «Gel, şu gyzdan hälki maşgalanyň nirededigini soraýyn-la» diýipdir.

– Essalowmaleýkim, uýam!

Gyz salam alypdyr.

– Uýam, meni bagban aga iberdi. Onuň gözi ýok, dili lal, eli, aýagy ýok bir maşgalasy bolmaly. Şony göräýjekdim.

Gyz gabagynam galdyrman, juda näzik, dillije kümüş düwmejigiň saýraýşy ýaly dillenipdir.

– Şol-a men bolmaly!

Ýigit sesini çykarman, yzyna, bagbanyň ýanyna gidipdir. Bagban baglaryna timar berip ýören eken.

– Bagban aga!

Goja bagban ýigidiň ak tam bolan ýüzüne garap durşundan onuň halyny aňypdyr.

– Hä, ogul!

– Agam, men-ä hiç zada düşünmedim. Dili ýok, gözi ýok, diýdiňiz. Eli-aýagy ýok diýdiňiz... Ol bolsa...

Goja bagban bir salym işini goýupdyr.

– Hawa, ogul, bu maşgalanyň gözi ýok, ol görmesiz zady gören däldir, dili ýokdyr, diýmesiz zady diýen däldir, gulagy ýokdur, eşitmesiz zady eşiden däldir, eli ýokdur, tutmasyz zady tutan däldir, aýagy ýokdur, basmasyz ýere basan däldir...

Ol şeý diýipdir-de işi bilen boluberipdir....

Mamasynyň şol rowaýaty gyzyň ýadyndan çykmandy. Çünki mamasy ol rowaýaty öz mamasyndan eşidip, öz gyzlarynam rowaýatdaky ýaly dilsiz, agyzsyz, gulagy «ker», «elsiz», «aýaksyz» edip terbiýeläpdi.

Ogulnyýaz öz ejesiniň ýa bir bolgusyz gep aýdanyny, ýa birine käýýänini, ýa bir ýeňil-agyr gopanyny, toý-ýas bolaýmasa «pylan ýere görnüp geljek» diýip sallanyp, gyzyl-çog bolup gidişini, ýa, şammy-şammy edip, gep edip oturanyny gören adam däldi. Gaýynenesine:

– Daýza! – diýer oňaýardy. Soňam etjek işi bilen bolubererdi. Men ony eýle edeýinem diýmez, beýle etmäýinem diýmez. Gaýynenesi başyny galdyrsa, şonuň gözüniň alynda eder, eýlär.

Öýe bir del myhman-mediwan geldigem «Daýza» diýer-de, düşek ýazar, biş-düşüň ugruna çykar. Goňşy-golam ýumuş ýa bir habar bilen gelende-de gaýynenesini öňe tutar.

Ýedi çaganyň enesi bolup «şu öý meniňki, şu zat meniňki» diýen ýeri ýokdur. Ýöne gijesi-gündizi bolmaz, saçyny sübse edip, içeriniň ody bilen girip, kül bilen çykyp ýörendir. Dogrusy, Togta eje şu gelni öýe gireli bäri öz ýüzüne dikanlap garan, ýa-da sözüni, «bolmaz» gepini ulanan ýerini bilenokdy. Adamsy Amangeldi bilenem bälçireşip, ýa-da gepleşip oturanyny gören ýeri ýokdur. Asyl Amangeldiniň özem şu gelninden «bor», «daýzam bilmese», «özüň bilmeseň» diýen sözden başga gepi eşiden

ýeri ýokdur.

– A gyz, seniň gelniň-ä mal ýaly, ne gepi bilýär, ne gürrüňi – diýip, käbir diliduzly gelinler Togta ejä degýärdiler. Togta eje-de bu söze kän bir agyp, dönüp duranokdy.

– Kimiň kimdigini beýik Taňrym biler! – diýer-de goýar. Dogrudanam, ol käte öz ýanyndan gelnine igenmänem durmazdy. «Ha, gyz, gaty beýle birem bolmaly däl-ä. Halys dymmala-gyz. Käte bir derdiňi dertleşse boljag-a» diýerdi. Gaýyn-gelin bolup, äbede-jüje, gülşüp-degşip oturanlara käte gözem gitmän durmazdy. Emma ýamany görüp müňde bir şükür ederdi. Ogulnyýaz ejesindenem artygrak bolup ýetişdi. Ol dillijedi. Käte:

– Ene, mamamyň aýdyp beren rowaýatyndaky gyz nädip beýle gezip bilipdir – diýerdi. Togta eje igine bat bererdi-de, ýylgyrardy. Soňam:

– Bar, ejeňden sora. Ejeňem şonuň ýaly gyzdyr – diýerdi.

Ol ejesindenem sorardy. Ejesi bolsa:

– Bilmedim – diýer ýylgyraýardy.

Bir sapar ol enesiniň goňşy aýaly:

– Wah, Enebaýyň öýi öwlüýädir. Onuň öýünden çykan maşgalanyň egninde perişde oturandyr – diýenini eşitdi. Enebaý – mamasydy. Enesiniň mamasy baradaky gürrüňi oňa hoş ýakdy. Onuň, özleriniň öýünde-de perişdäniň barlygyna, şol öýden perişdäni ürküzmezlik üçin nähili päkize, nähili yhlasly, ynsaply bolmalydygyna düşündi.

Ol hemişe ýörände-de, sözlände-de, arzuw edende-de, iýip-içende-de maksady şol perişdäni ürküzmezlikdi. Çünki şu öýdäki dört gyzyň dördüsem, şol perişdeden alyp, barjak içerilerine perişdeli barmaly diýip pikir edýärdi. Öýde, mekdepde, obada Ogulnyýazyň bolar-bolgusyz sözlänini, hikirdäp duranyny gören-bilen ýokdy.

– Bu gyzym asyllylykda ejesine taý boldy – diýip, Togta eje, nowbahar agtygyna göwni ýetip aýdardy.

Dogry, ejesi birneme sadarakdan sypaýy görünýärdi. Emma Ogulnyýaz çusdy. Onuň gözünden, gabagyndan nur damyp durdy. Uzyn boýy, peri gaşy, badam gabaklary enäniň-atanyň mährini inderýärdi. Onsoň Togta eje bu agtygyny alada etmegem bir dertdi. Oňa dagdan dakar, doga dakar, göz monjugyny dakar. Ahyram:

– Wah, balam allam ak ýüz-ä beripdir, ak bagtam bersin-de – diýerdi.

Ogulnyýaz bu içerä perişde bilen bile gelipdi. Ol ömründe, jigileri bolaýmasa, erkek adamyň ýüzüne dikanlan gyz däldi. Ilkinji sapar, uly gyz bolup, diňe Merdanyň suratdaky keşbine garady. Ol keşbem, hudaý tarapyn, ýüregine nagyş bolupdy. Ol soňam başga bir kişiniň ýüzüne gararly däldi. Daýzasy Merdan üçin gudaçylyga baranda-da enesine, «özüňiz bilersiňiz» diýdi.

– Merdan janmy, ýigidiň gülüdir. Meskewany okap gelen çagadyr. Aşgabadyň ähli gyzy yzynda. Öz-ä däl, suraty on ogla degýändnr – diýip, daýzasy içerä ýaň salyp gürläpdi. Ol gürrüňler Ogulnyýazyň gulagyndan süzlüp, ýüregine dökülýärdi. Onuň Merdana bolan höwesiniň üstüne ot guýýardy. Merdanyň, dogrudanam, suraty on

oglana degýärdi. Özi welin...

Daýzasy «elimiň ähli kiri gyz galyňyna gitdi. Donumyň işligi ýuka» diýen bahana bilen, uly toýam tutmady. Oba-goňşy gelnalyjy gelende üýşdi, soňam çaşdy. Diňe gijäniň bir wagtyna çenli goňşy otagda erkek adamlaryň şowhuny ýatmady.

– Merdan jan üçin!

Merdan daňa golaý gelipdi. Onuň ýüzi-gözi çişdi. Özem juda öýkelidi. Kimdir birine gahar edýän ýaly, tarsa turup, penjireden daşary garaýardy. Içini çekýärdi.

Nika gyýylyp, gyz-oglan bir içerä salnansoň, nähili bolýanyny bilmese-de, Ogulnyýaz ünjä galdy. Ol başyndaky kürtäni aýryp, şaýly tahýasy bilen otyrdy. Soňabaka ony howsalaly ünji basmarlady. Iki dyzyny gujaklap, başyny dyzyna goýup irkildi.

– Çaý içermiň? – diýip, oglana habar gatybam gördi. Emma oglanyň bir bolşudy. Ol edil bir ýat ýerde, çagasy galan hamrak ene ýaly, daşary howlugýardy.

– Net, sama peý! – diýip, ne ýüz bilen habar gatan gyzyň sözüni, onuň öz üstüne taşlap goýberdi. Şonda Ogulnyýazy horluk basypdy. Ýöne syr bildirmedi.

Enesi:

– Oglana göräräk bolgun. Şerraýsyrap durmagyn – diýensoň aýdypdy ol sözi.

Gyz bu ýigidi indi gaty köp ýyllar bäri görmändi. Dogry, sekiz-dokuz ýaşlarynda ol ejesi bilen tomus Köşä barypdy. Şonda oňa baý buýsanypdylar-a.

– Ministriň oglumyş-da diýip, goňşy gyzlar oňa göwnüýetmezçilik bilen garapdylar. – Beýle uly adamyň ogly bolýan bolsa, barsyn, oglunyň balagyny oňarsyn. Kelte balak bilen, utanman oba-da gelýär. Wiý-jik!..

Dogrudanam, gyzlaryň özem ep-eslije bolan oglanyň şortili oba gelmegini birhili görüpdiler. Emma ulular sesini çykarmansoň, olar hem ylalaşmaly bolupdy. Ýogsa, her kim garyndaşynyň kemsiz-kössüz bolanyny isleýär-ä. Şonda Merdan obanyň ähli çagasyny aňk edipdi: obada çagalar pioneriň kasamynyň nämediginem bilenokdylar. Emma ol şol kasamy rusça, türkmençe ýatdan suw içen ýaly bilýärdi. Gaty kän goşgyny, sakynman, ýatdan aýdýardy. Duran ýerinde aşyr atyp, ýene-de aýak üstünde durup bilýärdi. Çilimi, hakyt, demine sorup bilýärdi.

Ine, şonda Ogulla-da agzyna tas çilim alypdy-da. Ogulnyýaz ýylgyrdy. Ogulla ony şeýle gowy görýär-ä.

– Menden şol çilimkeşe salam aýt. Maňa çilim ibersin – diýipdi, ertir gelnalyjy gelmeli gijesem, «Ah, Ogulla jan, bu oglana bir döw-ä çalypdyr. Ol suratdaky, her, ala gözüne bir gyz bermeli, kirpiklerine müň janyň bolsa, ählisini bermeli, nurana ýigide meňzemeýär-ä ol indi...».

Ogulnyýaz daňyň ak boýagyna ah çekip bir oturyp, bir turup duran ýigitden suratdaky alamatlary agtardy. Kelle, burun, agyz şoldy. Ýöne ýüz garrapdyr, dişler könelipdir. Gözler bolsa çöküp galyldyr. Ol gözler indi başga gözlerdi. Telim-telim ulygyzy özüne sadaka eden gözler däldi indi olar.

– Merdan, saňa näme bolýar? – diýip, gyz ýene-de durumsyzlyk bilen ýigide habar gatdy. – Ýaraňokmy?

Ýigit ütük-ütük saçlaryny silkeledi.

– Ýok, iş bar. Kyn iş. Soň aýdaryn. Sen bespakoit etme.

Il örendenem, ol sapandan sypan ýaly bolup çykyp gitdi. Özem, ýalandan, çyndan hiç zat aýtmady. Ogulnyýaz agyr oýa batdy.

«Muňa näme bolýarkan? Daýzam-a gül ýaly – diýip, ýerde-gökde goýanokdy. Özi Moskwada uly okuwy okan bolsa, nirede işleýärkä? Daýzam şon-a aýtmandy. Wiý, aýdypd-a. «Dogtorlar: «Okap-okap kelläňe kän agram düşüpdir. Az-kem dynç al» diýdiler. Saglygyny bejerdýär» diýd-ä. Ýa keselhanada ýatyp, maňa-da aýtmaga çekinip, irden däri-dermanyny almaga howlukdymyka?».

Aknabat gelneje, ýigit daş çykandan kän wagt geçmänkä içeri girdi. Ol dyzyna söýenip irkilip oturan gyzy görüp haýran galdy.

– Näme, düşege geçmediňmi?

– Ýok.

– Hä?

– Merdan geçmänsoň...

– Ol ýanyňa girmedemmi?

Ogulnyýaz näme diýjeginem bilmedi-de ýöne başyny yraýdy. Belki, onam etmezdi, ýöne oňa gaty seresap bolmalydyny, päk gyzlaryňam ýeke sözde betbagt bolup galýandygyny duýdurypdylar.

– Ýok, gelneje!

Aknabat hasyrdanyp çykyp gitdi.

– A gyz, ýigidiň-ä bu gije boş çykypdyr.

– Wah, haram meýit, nirede şol!

– Gitd-ä.

– Ah, haramzada, bar ýalbaranym puç boldy, giden bolsa. Ýazawa aýdyň, göre girse-de tapyp getirsin, haram meýdi.

Ogulnyýaz daşky jaýdaky gep-gürrüňden haýykdy.

«Ol nirä gidýärkä? Ony näme üçin ýalbar-ýakar edip getirýärlerkä? Ýa onuň öýi, nikaly aýaly barmyka? Onda näme üçin maňa öýlendikä?».

Aknabat gargyna-gargyna düşekleri ýygnaşdyrdy. Soň çaý-çörek getirişdirdi. Gyzyň eline suw akytdy.

– Gel, çaý iç.

Ogulnyýazyň çaý ýadyna düşer ýaly däldi. Merdan indi onuň özüniňkidi. Älemiň ýüzünde saýlap-seçen ýalňyzydy. Olam alasarmyk gepleriň kötegi bolýan bolsa...

– Gelneje, Merdan nirä gidipdir?

– Waý, aýtmadylarmy saňa?!

Aknabat ýumrugyny agzyna ýetirdi.

Ogulnyýaz başyny ýaýkady.

– Jan dogan, men aýtdy diýme. Ol, ol bar-a. Men saňa nädip aýtsamkam, içegen. Alkaş-da. Ho-ol, köçede ýatyp-turup ýören içegenlere goşulyp gidipdir. Ýazow

kakaň ony şäheriň bir ýerlerinden tapyp, düýn hammama eltip, itiň gününi gördi. Gelniň bilen bol, soň öýden çykman bir ýyl içseňem, aragyň menden» diýdi. «Sen ýöne aýbymyzy açma» diýdi. Haram, eşek, niçesini bir pul edip gidipdir.

Ogulnyýaz bu sözleri eşitse-de, onuň manysyny tirmäge akly ýetenokdy. Ýaş ýigidiň, onda-da ýaňyja öýlenen ýigidiň ähli zady taşlap, aragyň ugruna gitjegini ol aňyna sygdyryp bilenokdy.

– Nirä gidýäkän? – Ol gözi alty-bäşe gelip durka, başga näme diýjeginem bilmedi.

Aknabat «biri girip, meniň ýamanlanymy eşidäýmesin» diýen manyda işige gorkuly garap, gep çigitläp ugrady.

– Seniň bagtyňy ýatyrypdyrlar, aýtman. Ol oglan alkaş, düşünýäňmi? Üýşülip piwo içilýän ýerde agyzdan galan piwolary içip hapysa ýerde ýatyp-turup ýör. Ýazow ony öýe telim gaýta getirdi. Gelse-de zadyňy ogurlap gidýär. Seret, ýüzügiň, halkaň barmy? Ol äkidip piwo çalşyp içýär. Aňy giden. Ýogsa, şeýdermi?

Ogulnyýaza bary aýan boldy. Ýöne sesini çykarmady. Aglamak, ýanmak barada pikirem etmedi.

– Ýeke özümi? – diýip, ol öz nikaly adamsy barada iň soňky sapar sorady.

– Wah, ýeke bolarmy? Häli barsaň, piwohananyň agzynda bäş-alty sanysy, batga giren doňuz ýaly bolup oturandyr.

Ol ýeke däldigini bilip, hasam ynjaldy.

«Adam bar bolsa bolýar, ýanynda. Ahyry gazygyna aýlanar. Ýöne jany sag bolsa bolýar...».

Toýdan üç-dört gün geçenden soň Ýazow ony ýene-de alyp geldi. Indi Ogulnyýaz kürtä duwlanyp oturanokdy. «Toý» sowlup, il dargansoň, öý çalam-çaş bolup ýatyrdy. Pugta daýza-ha «maýypdyryn» diýip, çilimini kükedip, hil bir, ogul öýerin, toý eden adam bolup gabarylyp otyrdy. Goňşularam käwagt «bu gep-gürrüňiň yzy nähili boldukan?» diýen ýaly niýet bilen baş çekip gidýärdiler.

Içeriniň ähli keşigi täze «gelne» galypdy. Ýöne içeri diýer ýaly içeri ýokdy. Toý sowlansoň düşekleriň, gap-gaçlaryň hersini bir goňşy «meniňkidi» diýip göterip gidýärdi. Ýük galdyrylýan jaýda köne-sana ýorgan-düşek bardy. Soňam uly otagyň garşysyndaky tamda gaty kilim bilen bir ýelim palas bardy. Şonda-da Ogulnyýaz «pylan zat bar, ýok» diýmedi. Baryny ýuwdy, artdy. Kakdy, silkdi. Içerileri ýuwdy. Toýdan galan etleri holodilnige saldy, sygmadygyny gowurdy, nahar bişirdi.

– Gyrnak, ha gyz Gyrnak, çaýa seret! – Daýzarynyň sesi birneme azmlanan ýaly bolsa-da, ol Ogulnyýaza birhili gaýrat berýärdi. Ony çuslandyrýardy. Ol tä irden turup, gije ýerine geçýänçä gydyrdanyp çykýardy. Soňam, Merdanyň suratyny bagryna basyp uka gidýärdi...

Merdanyň nämüçindir öýe giresi gelmedi.

– Hany, gir, buýtar-suýtar etseň boýnuňy sogryn!..

Merdan edil bir geçegçi myhman ýaly, ejesiniň ýanynda ýüzüni sallap otyrdy. Ejesi aldygyna çilim kükedýärdi. Ýazow maşynyna göz-gulak bolmak üçin daş

çykanda, ol ogluny hoşamaýlap boldy.
– Urdammy?
– Aýrylsan-aý, seneňki näme? Bary senden.
Pugta daýza gapa garap hüňürdedi.
– Eli kesilmiş, bu çaganyň ýüzüni-gözüni nädäýipdir... Seniň eliň gurasyn, hudaýym...
Ogulnyýaz çaý getirdi. Soň toýdan galan ter otdan, göklerden saçakda goýdy.
– Nahar getireýinmi?
– Barmy?
– Bar.
– Näme?
– Et gowurdym.
Merdan jaýlaşykly oturdy.
– Getir.
Ogulnyýazyň aýagy ýeňledi. Ol guş bolup uçup, aşhana bilen aralykda gatnady. Ýazow gözlerine ynanmajak boldy. Merdan ýassyga gyşaryp, ýazylyp nahar iýip otyrdy.
– Molodes, bratişka. Indi sen öýlenen ýigide meňzeýäň.
Onuň özem saçagyň başyna geçdi.
– Hany, indi içmäge-de zat ýokmy? – Merdanyň naýynjardan närazy sesi içerä ýakymsyzlyk çaýdy.
Ýazow Pugta daýzanyň ýüzüne garady.
– Içsin, ýöne azajyk.
Ogulnyýaz ýene aşhana ýüwürdi.
– Sen-ow, bu gije gyzyň ýanyna girmel-ä. Içme...
Ýazow gyz gelmänkä ýigidiň ýoluna böwet goýdy.
– Içmesem bolmaz. Baryp bilmen, içmesem, barybir, önki ýaly bolar...
Ýazow sesini çykarmady.
– Bolmaýan bolsa şampan içäýsin.
– Maňa serowna... Içsem bolýar.
Süýji nahar, rahat ýerde oturyp iýip-içmek Merdanyň başyny aýlady.
– Gül ýalak bolar. Men taşlaryn. Baryny taşlaryn. Adam bolaryn, eje.
Pugta daýza-da açyldy.
– Diliňe döneýin, ýeke bala. Başyň dik bolsa bolar. Bu dagy näme, her süňňüňe bir gyrnak alar, meniň balam. Kakasy ýaly ministr bolar, meniň oglum. Uly işde işläp, ejesini dyndarar, meniň balam...
Ýazow daýzasyna «Ýaş gyzyň ýanynda beý diýip oturma» diýse-de, daýzasy jokurdap, sözüne dyngy berenokdy.
– Ministr bolar, meniň balam. Oňa göz degdi, dil degdi. Enşalla, bir açylsyn. Ili aňk eder.
Ogulnyýazyň oturasy gelenokdy. Onuň hyzmat edesi, özüniň bardygyny

duýdurasy gelýärdi. Daýzasynyň sözi, gaýta, oňa hoş ýakýardy.

– Belki, hudaýym, düzelip, adam bolup, ile goşulyp, il höwes edip, on iki däl, on bäş aýal alsyn... «Wiý, Ogulnyýazyň barany şolmy?» diýdirmese bolýar, jan allam.

Merdan iýip-içenden soň hasam açyldy. Ýazowa «gaýdyber» diýdi. Emma Ýazow gaýtmady.

– Ýok, ertirem başlyk öýde boluber diýdi. Tam kän, birine geçer ýataryn.

Ol öz diýeninem etdi. Oglan bilen gyzyň jaýyna suw, iýer-içer ýaly zatlary, şampan, çakyrynyň galanyny eltdi. Soň Merdany ýene azysynyň astyna alyp başlady.

– Il näme diýer. Öýlendiň, emma näçe gün bäri gyzyň ýanyna baraňok? Sen erkek dälmi? Gaty aýyp zat. Goňşular gelip sorap durlar-a, gyzyň ýanyna bardymy diýip. Utanç bolar.

Merdan sypajaklap başlady.

– Däde Ýazow, sen arkaýyn gaýdyber. Men özüm bir zat ederin. Men bu gün görmeli däl-ä gyzy. Opytym bar, sen gaýdyber öýüňe.

Ýazowyň myrryhy atlandy.

– Men hiç ýere-de gitjek däl. Şu ýeri meniň öýüm dälmi? Özüňem kepiňi köpeltme, diýleni et...

Merdan burnuny sallady.

– Eý, bože moý. Özüňiz-ä öýlendirýäňiz, özüňizem ynam edeňizok.

Pugta daýza-da oturyp bilmedi.

– Oglum, däde Ýazow, dogry aýdýar...

Merdanyň bäş deşigi bir ýere gelip, ýüzüňiň öňem ganjaryp duran ýaralary besse-besse bolup başlady.

– Kançaý mam. Sen nämä sokulýaň?! Otur. Men senden gowy bilýän. – Ol .ýüzüni hasam kürşerdip, ellerini silkip goýberdi. – Woobşe, şol arwah, ýaly zat maňa nämä gerek? Häzir poşýol diýjek. Maňa degmäň. Maňa gerek däl. Saňa gerek bolsa, özüň baryber...

Ogulnyýaz sesini çykarman gap-gaçlary ýygnap ýörşüne, ýigidiň bolşuny geň gördi. Ondanam beter, ony ýerli-ýerde bir sykaja galyp horlap oturyşlaryny geň gördi.

– Hany, gapyl! – diýip, Ýazow azm bilen gözlerini alartdy. – Diýleni et.

Ýazowyň janyny ýakmasy ýöňe ýere däldi. Merdaňyň bolşy onuň etinden ötüp, süňňüne ýetipdi.

Dogrusy, Haýlyýewleriň Haýlyýew wagty ol bu öýüň golaýyna-da goýberilmeýärdi. Aga Haýlyýewiç söwda ministriniň orunbasaryka onuň dostam, «doganam» kändi. Şenbe, ýekşenbe günleri bu töwereklerden geçseň, kim semiz janly soýup oturandyr, kim böwregi içýagna dolap çişlik bişirýändir. Kim buzly gaplara salyp piwo sowadýandyr, kimem, gök-sök arassalaýandyr. Olaryň keýpiňiň bir ujy Pöwrizä, bir ujam Moskwa ýetýändir.

– Aga daýyň Meskwä piwo içmäge gitdi – diýip, daýzasam pile sarara gelen monty gurçuk ýaly, zordan agyp-dönüp, bagtlylykdan ýaňa ýarylaýyn diýip aýnap aýdardy.

Ýazow olaryň bolşuna hiç düşünip bilmezdi.

– Piwe içjek bolsalar, Aşgabatda ýokmy? – diýer.

– Ah-eý, Aşgabadyňam bir idili zady bolarmy? Meskewä, Meskewä bolar-da.

– Merdan jan hany?

Merdan jany nänkesiniň öňünki äkideni. – Ertir getirer...

Ýazow oňa-da düşünmezdi.

– Daýza, özüň işläňok, öýde, näme üçin ýaş çagany enekä berýäň?

Daýzasy ýegeniniň beýle tüntewligine haýran galardy.

– Ah-heý, çaga, görýäň-ä, uly adamlaryň bary şeýdýä. Şeýtseň, çaga adam bolar. Edep görer. Öýde ol meniň diýenimi edýämi?

Bir saparam Ýazowy daýzasy gyssagly çagyrypdy. Ýazowyň armiýadan ýaňrak gelen mahalydy. Ol DOSAAF-yň bir kursuna gatnap şofýorçylykda okaýardy. Ekzamen döwri gelipdi. Ol teoriýadan tabşyrdy. Emma sürmeden mugallym hiç geçirenokdy. Barany çykýardy. Ýazow hem iki gaýta ýykylypdy. «Üçünjiden geçmeseňem, täzeden okamaly» diýip gorkuzýardylar. Onsoň her kim tanşyny getirýärdi. Ýazowyň bar umydy Aga daýysydy. Ine, şol günlerem daýzasy çagyrypdy.

– Daýyň gyssagly Meskewä gitdi. Köşiniň gaýrasynda jaý saldyrýarys. Ýazow ussalaryň ýanynda bolaýsa – diýdi.

– Haçan geljek?

– Üç-dört günden...

Ýazow Aga daýysynyň geläýjek günlerini hasaplady. Ol ekzamen döwrüne gabat gelýärdi. Ol «aý, şonda aýdaryn, barybir elim boş» diýip, Köşä gitdi.

Aga Haýlyýewiň bu salýany jaý däldi-de, köşkdi. Ol ýyllaryň gözi bilen garanyňda, beýle hususy jaý Aşgabatda ýokdy. Diňe kerpiç örmäniň özünde on bäş usa işleýärdi. Suwag garýan, suwaýan, kömek berýän adamyň özi ellä ýetýärdi. Naharhanalar trestiniň aşpezleri nahar-bişirýärdi. Her dürli suw, arak-şerap, nahar, näçe iýseň-içseň egsiler ýaly däldi.

Aşagy podwally, öňi eýwanly bu köşgüň on alty otagy bolmaly diýýärdiler. Gyzgyn, sowuk suwy, howzuň hammamy içinde bolmalydy. Gurluşyk materiallary, agaç, gapy, polluk tagtalar, şifer, sement dag ýaly bolup, üýşüp ýatyrdy. Ýük maşynlarynyň biri gitse, biri gelýärdi. Ýazowa alyp barýan işem ýokdy. Ol esasan, hojaýynyň wekili hökmünde ol işe, bul işe urnan bolup ýördi. Agşamam iki garawul bu gurluşygyň üstünden guş uçurman goraýardy. Olar Ýazowa-da bu ýerde galmagy maslahat bermediler.

– Ertirem işlärler, hojaýyn gelýänçä boýuny ýetirmeli...

Ýazow işiň ýagdaýyny habar bereýin diýip, daýzasynyňka gitdi. Barsa, gapy ýapykdy. Ol häli ýolda gelýärkä eýwanyňam, içeriniňem çyralarynyň ýanykdygyny gördi. Şonuň üçin ol işigiň jaňyny däl-de özüni batlyja kakdy.

– Kimsiň? – Ol daýzasynyň ýuwaş, emma howsalaly sesini eşitdi.

– Men daýza, gorkma, Ýazow men!

Aňyrdan gelýän ses indi emeli çykdy.

– Kim Ýazow?!
– Ýegeniň. Işden gelýän. Habarymy aýdaýyn diýdim.
Daýzasynyň sesi indi batly çykdy.
– Men seni tanamok. Ertir gel.
Ýazow diň salyp durdy.
– Kim ol? – Ol erkek adamyň howsalaly sesini eşitdi.
Daýzasy ony köşeşdirdi.
– Ýetimçe, ýegenimle gyz. Tentek meýit, ýüregim-ä ýardy.
Erkek adam azmly gürledi.
– Seniň indi ýegeniňem tapyldymy?
– Ah-heý, garyndaş ýetimçe-le, öýdeniçer ýaly, gurluşykda işleýär-le...
Sesler kiparlady. Ýazow daýzasynyň näme üçin ýeke çagasyny hepdeläp enekä berýäniný indi aňdy. Indi oňuň öýe gaýdasy gelmeýärdi.
Pugta Ýazowa garyndaş, ýetimçe diýse-de, ol onuň jan ýaly daýzasydy. Ýazowyň ejesine Bessir diýerdiler. Olam Bagyrly Işanberdi işanyň uly gyzydy. Işanberdi işany kulak diýip sürgün edensoňlar, Bessir iki sany aýal dogany bilen işiklerinde işläp ýören daýhanlarynyň elinde galypdy. Ol iki uýasyny kemala getirip, durmuşa ýollap, özi soň durmuşa çykypdy. Ýazow bäş-alty ýaşyndaka-da dünýesini täzeläpdi. Ýazow kakasy Ylýas aga bilen bolýardy.
Ýazowyň bu öýe tiňkesini dikmeginiň ýene bir sebäbem bardy. Ol armydan gelensoň, daýzasynyňka gezmäge gelipdi. Şonda bu öýde Täzegül atly bir gowja gyzam, edil ýelgamak ýaljak bolup ýüwrüp ýördi. Täzegül Ýazowy ýylgyrypjyk garşy aldy.
– Daýza ýatyr! A sen kim?
Ýazowyň ýüzi çigildemiň ýaňagyna döndi.
– Men, ýegeni!
Täzegül alçakdy. Ol sözlemänkäň içiňi bilipjik durdy.
– Hä, sen Ýazowmyň?
– Hawa.
– Soldatlykdadyň-a?
– Gutaryp geldim.
– Wa-a, gözüň aýdyň!
– Sag bol?
– Men ond-a, daýza buşlaýyn...
Ol saçagyň üstünde çaý-çörek goýdy. Özem gelip, Ýazow bilen bir käse çaý içdi.
Ýazowyň ýüzi lap-lap gyzýardy. Ol ömründe diýen ýaly türkmen maşgalasy bilen beýle ýakyn oturyp, gürleşip görmändi.
– Özüň kim?
Täzegül enaýyja ýylgyrdy.
– Men-ä Täzegul. Studentka. Özümem Sakarçägeden.

– Sakarçäge nire bolýar-aý?

Täzegül ýene-de ýylgyrdy.

– Wiý, şonam bileňokmy? Ol-a biziň raýonymyz.

– Haýsy oblastda. Hä, indi bildim, Gyzylarbadyň aňyrsyndamy?

Täzegül hezil edip güldi.

– Waý, bul oglan-a içim ýakaýdy.

Ona çenli daýzasy oýandy.

– Haý, seniň gülkiň gursun, gülküsi guran. Ir bilen «ýatan barmy, turan barmy» diýmän, gülkiňe suw sepilsin. Seniň gümüňi çekmesem boljak däl. Senmi?!

Ýazow ýerinden turdy.

– Kim gyz, by?!

– Salowmaleýkim, daýza!

Daýzasy gözüni-gaşyny çekdi.

– Ba-a, Ýazow hanmy gyz, by. Tüweleme, eýýäm gyz aldara ýarapsyň-ow, hanym?

Daýzasy oturdy.

– Gurgunmyň? Togtalara gitdiňmi?

Ýazow täzeje halynyň ýüzüni dyrmady.

– Ilki seniň bilen salamlaşaýyn diýdim. Olara-da barjak.

Daýzasy ýene-de gözüni-gaşyny çekdi.

– Şol haçan gelerkä diýip, ýürek üzüp, günüňi sanap oturandyr. Ol aşhana tarap gygyrdy. – Ha-gyz, gyrnak, agşamky nahardan bolsa getir.

Täzegül ylgap geldi.

– Men-ä ýumurtga bilen et buglaýdym.

Daýzasy ýüzüni-gözüni turşudyp, gägiren boldy.

– Agşamky naharam bolardy-da, bal ýaly nahar-a. Näme etjek ony zaýalap?

Täzegül ogurlykda tutulan ýaly boldy.

– Ony itiňize berdim.

Ýazow daýzasynyň bolşuny halamady. Ol öňki daýza meňzemeýärdi.

– Bir gyrnak aldyk, janym dynar öýtdüm. Gaýta, beter boldy. Harmansyz. Onuň üstesine-de ýeňil, agramy ýok. Görýäňmi, ýaňy gören adamsynyň üstüne zyňjak bolup dur, bihaýa...

Ýazowyň bolsa ýüregine başga bir joşgun. guýlupdy. Ol Täzegüli halapdy. Onuň ýylgyryşyna maýyldy. Bu enaýyja gyz bilen gürruňleşip näçe oturmalam bolsa, ol taýyndy.

– Häýt, gyrnak, gyrnag-a, ýatyberdiň-le?! Getir gyz, näme bişiren bolsaň!

Täzegül indi öňki Täzegül däldi. Onuň gözünde utançmy, kemsinmeklikmi, bir hasrat bardy. Onuň saçaga goýan tarelkasyndaky nahar hem juda akjyl görünýärdi.

– Näme, oňa ýag atmadyňmy, pomidor-sogan dogramadyňmy? Naharyň ýüzi asyň ýüzi ýaly-la, bihaýa?!

Täzegülüň ýüzem bir agardy, birem gyzardy.

– Ýagy ellesem, käýýärsiňiz öýtdüm...
Daýzasynyň doludan owadan ýüzi lap-lap gyzdy.
– Bihaýa, gyrnak. Sen meni şu burny sümükliniň ýanynda masgara etjek bolýaňmy? Gümüňi tap, şu öýden...
Ýazow oturyp bilmedi. Ol ýerinden tarsa turup, gapyny gazap bilen ýapyp gitdi. Barybam, şu oturan ýerinde tä gijäniň birwagty bolup, Täzegül daş çykýança garaşdy.
Täzegülüň haly harapdy. Onuň Ýazow bilen gürleşesi gelmedi.
– Bagyşlaň, men çaltrak ýatakhana ýeteýin. Kelläm çatlap barýar...
– Ugradaýyn?
– Sag boluň.
Ýazow aýak diräp durmany birhiliräk gördi-de öýe gaýtdy. Ol Täzegüle soň ýene bir gün daýzalarynda gabat geldi. Bu gyzyň özüne beýle bir maýyl däldigini, daýzalarynda ilki görenindäki ýaly alçagam däldigini duýdy. Ýöne ýüregi welin şol gyzda galypdy. Indem, halanmasa-da, ýüregi daýzasynyňky diýip atygsap durdy. Ýöne soňky wagtlar Täzegül, ýokdy.
– Ol gyz görnenok-la? – diýip, ol usullyk bilen, daýzasy ýekellilikden zeýrenende sorapdy. Megerem, soramasa gowy boljakdy.
– Gezip ýören salatydyr-da. Bular, näme, belli birine guýruk tutdurýamy? Ekzamen diýdi, praktika diýdi, ýok bolup gitdi.
Ýazowyň umydy ýene-de timisgendi. Ol Täzegülüň gaýdyp gelerine umydyň bardygyny aňdy.
– Daýza, şonuň özi nirede okaýar-a?
Daýzasy ot aldy.
– Haram gyrnak owarra gitsiň. Şonuň nirede okaýanyny soramakdan başga işim ýokdur. Senem, jik-jik edip, gaty soranjaň bolupsyň. Seret, şolar ýaly salatylaryň kerebine çolaşyp, bagtyňy ýatyraýma...
Ýazow günde-günaşa baş çekip gidýärdi. Emma Täzegülden habar ýokdy. Wagt bolsa geçip durdy. Daýzasy oňy çagyryp, gurluşykdan ýene olara dolanyp gelen gijesem, ol şol gyzy görerin diýip tamasynypdy. Emma...
Ýazow şo-ol Täzegüle garaşan ýerinde gijäniň birwagtyna çenli oturdy. Sagat on ikiden işlände daýzasy ýuwaşlyk bilen işigi açdy. Işikden çykan pyýada çilimini kükedip gapdalyndan geçiberende, Ýazow oňa tarap ugrady.
– Çilimiňiz ýokmy?
– Me! – Ýüzi ak-tam bolan adam gözlerini alty-bäşe getirip, Ýazowa çilim uzatdy. Ýazow çilimi almady. Gataňsy barmagyny ol pyýadaň böwrüne dürtdi.
– Gaýdyp şu öýe geläýseň, damagyňy çalaryn, haramzada!..
Ol bu pyýadany tanady. Ol Aga, Haýlyýewiçiň söwer dostlarynyň biri, lomaý söwda bazasynyň başlygy Açjan Durdyýewdi. Ol Aga Haýlyýewiň janyny ýeke-täk ynanýanlarynyň biridi. Olaryň iýenleri aýry gidenokdy.
– Ýeke gardaşym bar, dünýäniň ýüzünde, olam Açjan! diýip, Aga daýysy Ýazowyň, ýanynda-da telim gaýta aýdypdy. – Ölsem öleýin, yzymda oglum bilen

gardaşym Açjan bar. Abraýymy saýlarlar, diýýärdi.

«Ölensoň-a däl, ol diri wagty, gözüne çöp atyp, bu bedibagtyň abraýyna parçalap ýör-ä. Haramzada, öldürmelidim...».

Ýazow şol gazabyna ikinji gata çykdy. Işigi kakdy. Emma ne ses bardy, ne-de habar alýan adak...

Ol soňky gelende daýzasýnyň ýüzüni-gözüni öňküdenem beter asyp ýörmesinden, onuňam bolan wakadan habarynyň bardygyny aňdy...

Aga Haýlyýewiç gelenden soň, oňdan şofýorçylyk üçin şahadatnama almaga kömek etmegini sorady.

– Sürmekden hiç goýanok. Ähli kişi tanşyny äkidýär. Maňada bir kömek etmeseň boljak däl, daýy.

Aga Haýlyýewnçiň gahary depesine urdy.

– Tiý, sluşaý, sen sürmeden geçmän nädip şopur boljak? Bolmaz, menden kömek ýok. Öýe goýberýän, bal iýip-içip ýörsüň, şol saňa kömek dälmi? Meniň arkamdan ýaşap ýörsüňiz, meniň adym bilen iş bitirýärsiňiz, pylan ýerde ministr daýym bar diýip, şol kömek dälmi?! – Ol Ýazowy it alan sanaja denderdi. – Sluşaý, tiý, onsoňam, diliň eýesi bol. Pylan-beýleki diýip, baltaýt edäýseň, dilini ýeňsänden çekerin...

Ýazow olardan gara dere batyp çykdy. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, şol wagtam öňünden Täzegül çykypdy.

– Salam!

– Salam. Ol gaharyna bu gyzyň salamynam düzüwli almandy. Şeýdibem onuň bu öý bilen arasy ýagşy üzülipdi.

Aradan geçse üç-dört aý geçipdi. Täze ýylyň öň ýanydy. Ýazow «tiz kömek» maşynyny sürýärdi. Gije nobatçy wraç bilen uniwersitetiň umumy ýaşaýyş jaýlarynyň birine çakylyga bardylar. Wraç gaty tiz dolandy.

– Merdiwany alyň, tizräk! – Wraç aýal adam bolansoň, Ýazow sanitar ýigide kömek berip, salatanyň bir tarapyndan tutup, üçünji gata ýüwürdi. Ol otaga girende gözlerine ynanmajak boldy. Ulili bilen uwlap, burlup ýatan Täzegüldi. Ol Ýazowy tanamady.

Ýazow şonda bu gyzyň uniwersitetiň taryh fakultetiniň üçünji kursunda okaýandygyny bilip galdy.

– Näme bolýar? – diýip, ol wraç gelinden sorady.

– Çagasy boljak bolýar, ýöne indi giç bolaýmasa?

– Näme? – Ýazowyň ýüregi ýarylara geldi.

– Çydapdyr, aýtmandyr, çaga içinde ynjana meňzeýär.

Ýazow sakawlady.

– Ol, ol heniz dur.., durmuşa, nemä barmadyg-a?

– Temboliý! – diýip, wraç gelin, «tiz kömegiň» içki aýna penjiresinden salatanyň üstünde iňläp, urunýan hassa garap aýtdy. – Kim beýt diýýär? Ine, ýaşlarymyzyň moraly...

Şondan üç gün geçenden soň Täzegül dünýäsini täzeledi. Ony operasiýa edensoňlar, Ýazow wraçlara ýalbar-ýakar edip, Täzegülüň ýanyna giripdi.

Täzegül baharda hyruç eýläp güllän erik gülleriniň arasyna düşen kebelek ýaly bolup ýatyrdy. Täzegül gözlerine ynanmady. Ysgynsyz aýasy bilen gözüni süpürdi. Halsyzlyk, agyr dert ony juda sap, näzik görkezýärdi. Çünki ol bu dünýäden gitmäge goşlaryny düwüpdi. Onda garşylyk, syr saklamak duýgusy ýokdy. Ol özüni ajalyň eline beripdi. Muny wraç aýal Ýazowa duýdurypdy. Ol ýylgyrdy.

– Sakarçäge Gyzylarbadyň aňyrsynda diýdiňmi? Ol elini Ýazowyň eline goýdy.

– Ýazow, men ölýän, razy bol.

Ýazowyň öňem ýüregi eleme-deşikdi.

– Sen ölseň, sen, sensiz nädip ýaşaryn men?..

Täzegül tisgindi.

– Seniň ysgamaly gülüňi başgalar parçalady, arkadagy...

Täzegülüň gözüne ýaş aýlandy. Ýazow özüni saklap bilmän silkinip, silkinip eňredi.

– Kim?

– Şolar, Ýazow. Olar gaty erbet adamlar. Ägä bol, olardan her zada garaşgyn. Daýyňam, daýzaňam. Olar...

– Ak halatly aýal Ýazowyň golundan silkeledi.

– Köp gepleşmek bolanok. Çykyň...

Ýazow Täzegülüň gözlerine garady. Ol özüniň ýaňy açylan gülüniň soluşyny gördi. Ol özüniň parlak bagtynyň gaýyp bolşuny gördi. Ol ýene-de silkinip-silkinip aglady. Täzegül welin, aglanokdy. Ol ýene-de ýylgyrdy.

– Sakarçäge Gyzylarbadyň aňyrsynda diýsene ..

Ýazow ýüzüni tutdy. Son yzyna öwrüldi.

– Ýazow! – Ol hyrra yzyna öwrüldi.

– Jan!

– Ýazow meni ýekeje sapar ogşasana. Meni parçalasalar-da, göwnüm seniňki. Sen meni.

Ýazow dyzyna çökdi-de, garaýanyk bolan dodaklaryny Täzegülüň eline soňam ýaňagyna iň soňunda-da onuň edil bir pisse ýalja bolup çyzylyp duran dodagyna degirdi,

– Ine, men seniňki boldum...

Ýazowy zorlap diýen ýaly daşary çykardylar. Ol sonam Täzegülüň ýanyna barjak boldy. Emma goýbermändiler.

– Sen çykanyňdan soň ol dilden galdy – diýip, onuň bilen bir palatada bolan aýal aýtdy. – Sana bir zat aýtjak boldy. «Ýazow!» diýdi. Şol sözem soňky sözi boldy, görgüliniň.

Täzegül hiç kime syr bildirmese-de ol ýogalandan soň, ýowuz ýagy onuň depesinden inipdi.

«Ýazow» diýip biri bilen ham-çamdy?» diýip daýzasy ahlibelany Ýazowyň

üstüne atypdy. Şol söz üçinem ony telim gün gözenegiň aňyrsynda ýatyrypdylar. Ýöne, näme diýseňem, kimdir biri onuň keselhanada: «Şolar, olar gaty erbet adamlar. Ägä bol, olardan her zada garaşgyn...», «Seniň ysgamaly gülüňi başgalar parçaladylar...» diýen sözleri ony az-kem halas edipdi. Ýöne, ýene-de Ata Haýlyýewiň golaýyna baryp bilmeýänleri üçin, Olar Ýazowy çekeläpdiler.

Kim şol «erbet adamlar»? Kim şol «parçalanlar»?

Ýazow bu sowala jogap berip bilmedi. Daýzasam, onuň adamsam bir ýol bilen jezadan sypypdy. Ýöne ähli hasrat Ýazowyň depesinden inipdi. Ol ep-esli ýyllap daýzasynyň ýüzüni görmändi. Ýöne olaryňam najarap gezmeýänini eşidipdi. Ata Haýlyýewi söwdada uly eden-etdiligi üçin on ýyl türmä iberipdiler. Oňuň täze guraň köşgüni, goşy-golamy bilen konfiskasiýa edipdiler. Daýzasyna bolsa mikroraýondan üç otagly jaý beripdiler. Ýazow onda-da olary idemedi. Emma şu ýylyň başynda, oňdan bäri ýedi-sekiz, ýyldanam köpräk ýyl geçenden soň, Togta daýzasy öýüne gelipdi.

– Sen bir erkek adam ýegen. Onuň bilen deň bolma. Kasas kyýamata galmady, Äri beýle boldy, özünem birküç ýyllykda türmede öldüripdirler. Oglam Moskwadan geleli bäri öýüne köwlenenokmyşyn. Sen olara hossarlyk et – diýip, zeýrendi oturdy.

Ýazow näme diýsin. Geçeni geçdi bilmese-de, ýene adamçylyk etdi. Çagalarynyň agzyndan kesip hemaýat etdi. Ogluna haý-küş etdi. Ine, şol haramylyklaryň, meslikleriň ýülügi bilen eklenen ogul bilen garry aýal ýene-de Ýazowyň gerdenine düşüpdi.

Il Pugta daýzadanam, Merdandanam hiç zady myzaýyk edenokdy. Olar üçinem bu zatlaryň hiç hili ajysy, süýjüsi ýokdy. Emma Ýazow namys edip ölüp barýardy. Şonuň üçin ol öýüne gaýdyp biljegem däldi. Ogulnyýaz bu zatlarynyň gözüne gül salmasa-da, ýagdaýa az-kem düşünýärdi.

* * *

Ol agşamam Ogulnyýaz üçin çekip-çydardan agyr gijeleriň biri bolupdy.

– Ço, sen dewkamy? – diýip, Merdan ýene-de öňkuje duran ýerinde durup, onuň üstünden gülýän ýaly, elindäki şampanly fužerini oýnap sorady.

– Näme? – diýip, ol adamsyna garap, hem gorkuly hem uýaljaň sorady. Ol başga näme diýsin, bu ýigdiň näme sorajak bolýanyna ýa näme diýjek bolýanyna düşünmese. Aslynd-a, Ogulnyýaz üçin Merdan nähili bolsa-da, nähili durasy gelse durup, ýatsyn, tursun, şu içerden gitmese bolanydy. Ogulnyýaz özüni hijem göz öňünde tutanokdy. «Aýal göwni kepek, erkek göwni ýüpek» diýleni üçinem däldi. Onuň ýüregi Merdany isleýärdi. «Maňa näme bolsa, owarram, şuňa gowy bolsa bolýar, jan hudaýym. Şuňa gowusyny et.

Merdan çüýşedäki çakyry içdi. Emma düşege geçmedi. Ol iç işige arkasyny berip, iki dyzyna başyny goýup, yrandy oturdy.

– Düşege geçiň! – Merdan gan guýma gyzyl gözleri bilen Ogulnyýaza gorkuly garady. Misli, kimdir biri ony zor bilen düşege taşlajak bolýan ýaly, soň-a, tä daňdana

çenli dyzynam epmedi. Daňyň düýbi çyzylan badyna, ol dazyrdap işigi açdy-da, daşky otaga çykdy.

– Turduňmy? – diýip, Ýazowyň sesi içerini sarsdyrdy.

– Men derrew geljek!

Ýazowyň sesi has gazaply çykdy.

– Görüň gazylmandyr. Otur, gömül-de.

– Ýok, men daşary çykjak, derrew geljek.

Ýazowyň çynydy. Ol ýan berer ýaly däldi.

– Seniň şu içeriňem daşarydan enaýy däl. Hana, iýseň-içseň, hana-da hajatyň üçin gitseň, ýer. Şu öýden bir aýlap bir adamam çykmaz.

Daýzasy çilimiň tüssesine boglup oturan ýerinden burnuna salyp hüňürdedi.

– Ýene-de iş bitirmänmi?

Ýazow janagyrly sögünjiredi.

– Haramzada, düşege geçmese näme? Bu bizi masgara etjek. Bu bizi ile metgi etjek. – Ol gahar bilen ýerinden turdy.

– Haramzada, sen ýa meniň diýenimi edersiň, ýa-da men seni öz elim bilen öldürerin.

Ol işigiň agzynda ikigöwünli bolup, dommarlyp, sähel ýagdaý tapylsa gaçyp gitmäge taýýar bolup duran Merdanyň gulagynyň düýbüne ýelmäp goýberdi. Ýelek ýassyk ýaly, honda atylyp giden ýigidiň yzyndan ýetibem, syrtyna birki gaýta depdi.

– Hany, git, göreýin...

Merdan edil bir dalanan güjüjek ýaly, burça dykylyp, iki elini öňüne tutup, ne öli, ne diri halda otyrdy.

– Haýt, ony gorra edersiň, depip-depip. Haý, aýagyň başyňy iýsin.

Ýazow çydap bilmedi.

– Daýza, bes et şunuň arkasyny tutmaňy. Şeýde-şeýde sen ýoldan çykardyň ony. Utanman, nebir çagany enekä beren bolup, alynmaýan bakja beren bolup, internata beren bolup. Aslynda şu taýaklar saňa degmeli...

Pugta daýza gözleriniň alasyny Ýazowdan aýlap, gyňyr ýüzi bilen Ogulnyýazly içerä garady.

– Gelmän geçen dars daban, gele-gelmäne içerime gan-a çaýkap başlandyr. Alynmadyk şol gyrnagyň gyzlygy dälmi? Alynman galsyn-la. Beýdip, ýeke balamy azara goýup. Gaharym gelse, söwdany yzyna gaýtaryp, ertip taşlar gaýdaryn. Alajagüzeniň çagasy ýaly bolup, meni öldir by, näme üçin aldym şu gyrnagy...

Ýazow işige golaýrak otyrdy. Ol sesini çykarmady. Ýöne daýzasynyň henizem toba gelmändigine göz ýetirdi.

Päliňi düzüw tut. Ol çagada näme ýazyk bar? Gül ýaly çaga perişde ýaly. Oňa yssy-uwam etdiňmi? Gyzym, gelnim diýip, daşyndan hozanak bolup aýlandyňmy? Ýeri, näme azap etdiň? Iň bärkisi, gelenine bir hepde bolup barýar, şonda-da bu dogman geçeniň ýanyna baryp bilenog-a? Sen ony näme üçin gelin edinip aldyň.

Pugta daýza ýene-de çilim otlandy.

– Gyz bolan ärä barar. Menden däl-de, şol, öýündäki aňy giden Togta tentekden görsün. Men heniz howlukjak däldim. Günüme goýmady. Elimdäkini syryp-süpürip aldy. Indem, beýdip, kişňäp oglumyň üstüne dyzap, ony depejekläp dur, utançsyz, dars daban...

Ogulnyýaz bu sözleri eşidip oturyp bilmedi. Ol turup, elini ýuwdy-da çaý goýdy. Düşekleri galdyryşdyrdy. Gyzyň içeri girmegi bilen edilip durlan gep-gürrüňe suw sepilen ýaly boldy.

Öýläne golaý Merdan az-kem açylyşdy.Ýazow onuň saçyny deňläp berdi. Dyrnaklaryny aldy. Soň bedrede suw gyzdyryp gatyk bilen onuň saçyny ýuwdy.

Oglan misli daşynyň hapasy ýuwulan alma ýaly, al öwsüp gitdi. Emma ýüzüniň gara ýanygy aýrylmady. Onda-da düýnki Merdandan on esse gowudy.

– Sen, inim, özüni bejert – diýip, Ýazow çaýyň başynda mylaýymlyk bilen aýtdy – Nebir ýigit sen. Hudaý görk-görmek beripdir. Seniňki ýaly akyl, seniňki ýaly hünär Türkmenistanda gaty az. Sen diňe içeriňi däl, ähli garyndaş-doganyňy ekläp ýörmel-ä. Ýöne, içme. Baryna şol günäkär.

Merdanam gaýta-gaýta aýna garap, özüniň az-kem açylyşýan didaryny synlap durşuna, oňa raýkeş gürledi.

– Bir açylsam bolýar. Soň içjek däl. Arak adamy zaýalaýar. – Ol birdenem kellesini tutdy. – Kelläm ýarylyp gelýär. Ýa azajyk içäýeýinmi?

Ýazow ona içmegi düýbünden gadagan etdi.

– Ýeke owurdam içme. Sen öz işiňi bir bitir, soň bileje Ýuwarys...

Merdanyň paltasy halys daşa degdi. Gideýin diýse, Ýazow işigiň agzynda arslan ýaly bolup güberilip ýatyr, içeýin diýse, eline ilýäni bir limonad bilen çaý.

Ol näme-de bolsa öňki pälinden birneme düşüşdi.

– Kart oýnalymy? – diýip, ol güýmenje tapman, oturan Ýazowa gowy teklip etdi.

Ýazow oýaly-ukuly gözlerini süpürip dikeldi.

– Getir.

Ýazow Merdanyň kellelidigine haýran galýardy. Ol seretmezden ähli kartlaryň haýsy sandygyny aýdyp otyrdy.

– Dur – diýip, ol kart çeken Ýazowy saklady. – Eliňde häzir alty kart bar. Meniň elimde-de alty kart bar. Gel, seretmän oýnaly.

– Nädip?

– San bilen!

– Nädip san bilen oýnajak?

Merdan kartlaryny ýapdy.

– Meniň elimde iki sany altylyk, bir tuz, bir walet alma, iki sany korol bar! Seniň eliňde-de dört dokuzlyk, bir tuz, birem ýedilik bar. Iki sanam kozeriň bar. Şeýlemi?!

– Şeýle-aýt!

– Sen ýatdan, kartyňy zyňman göç. Menem, kartymy zyňman uraýyn.

Ýazow aljyrady.

– Aý, ýok, men ony oňarman.
– Oňararsyň, ýöne kelläňde sistema düz.
– Aý, sistemaňy näbileýin-äý, gowsy öz oýnumyzy oýnaly-la. Göçer menden, me, ýedilik göçýän.
– Alty kozyr. Ýapylly. Şeýle dälmi? Men saňa korol alma berýän, sen ony dokuzlyk bilen urýaň, men saňa ýene bir korol berýän, sen ony tuz kozeriň bilen urýaň. Men saňa tuz berýän sen ony göterýäň.
Ýazow närazy boldy.
– Mundan oýun bolmaz. Kart paýlan bolup, ähli karty görüp çykypsyň. Ol namartlyk bolýar. – Karty Ýazow paýlady.
Merdan öz alty kartyny açybam görmedi.
Ol gapdala garap, Ýazowyň elindäki kartlary aýtdy. Soň ýerde, ters ýüzüne bakdyryp goýan öz kartlaryny aýtdy. Ýazow onuň dogrudygny görüp haýran galdy. Merdan ýene-de ýatdan oýnap, Ýazowy utdy.
– Küşt oýalymy?
– Barmy?
– Bolmaly!
Olar küşdüň başyna geçdiler.
Ýazow kaka, gel, men seni ýatdan oýnap utup bereýin. Sen häzir, ine, şuny göçersiň. Men şu pyýadany. Soň sen atyňy çykarýaň...
Ýazow garşysynda oturan adama haýran galdy.
– Sen-ow, jadygöýmüň?
Merdan begençli göterildi.
– Otluçöpüň barmy?
– Bar.
– Şondan bir gysymyny al-da ýokary zyň.
Ýazow düşünmese-de gapdan bir gysym çöp aldy-da ýokary zyňdy.
– Otuz üç!
Ýazow begenjine aşhanadan ýene-de iki, sany otluçöp getirip, üç otluçöpüň dänesini goşup, asmana, has ýokarrak zyňdy.
– Dört ýüz on iki!
– Näçe?!
– Sana-da göräý.
Ýazow iş edinip sanady.
– Dört ýüz on bir!
– Ýok, dört ýüz on iki.
Bu oýna hezil edip tomaşa edip oturan Ogulnyýaz pola düşelen palasyň gatyndan bir çöpi alyp berdi.
– Sen gaplara sal, şol çöpleri, her gapda näçe çöpüň bardygyny aýdyp bereýin.
Ýazow hiç kime görkezmän, çöpleri gaba saldy.
– Al eliňe.

– Aldym.

Merdanyň kellesi saňňyldap gitdi.

– Nätdiň-aý!

– Hä?

Onyň-da ýekeje çöp bar!

– Aý, nätdiň-aý. – Ol ýene-de bir gaby eline aldy. – Munda?!

– Ýetmiş iki!

– Munda?

– Ýüz on. Keçäniň aşagynda iki ýüz altmyş ýedi. Ýany ýokary dört ýüz onki çöp zyňanyňda-da, gapdalda otuz sekiz çöp galdyrdyň.

– Bäý, bä?

– Bir, stakanda suw al!

– Näme etjek?

– Al, al!

Bu oýna Ogulnyýazam goşuldy. Ol bir stakan suw alyp geldi.

– Şunda iki ýüz ýigrimi üç damja suw bar. Çemçä bölseň togsan dört kiçi çemçe, uly çemçede elli bir çemçe suw bar.

Bir bedrede!

– Üç ýüz ýedi müň on iki damja. Bir bokalda iki ýüz on alty damja piwo bar.

Merdan Ogulnyýaza kagyz, galam getirtdi. Soň ony Ýazowa berdi.

– Islän sanyňy drob görnüşinde ýaz, men şonuň köküni çykaryp bereýin. Islendik meseläňi ýaz, men şonuň netijesini aýdaýyn.

– Ýa allam! – Ýazowyň gözleri çaşardy. Sen jadygöýmüň? Sen, sen, bu kelläň bilen, bu wagta akademik bolmal-a, aý saňsar...

Merdan özüne göwnüýetijilik bilen ýylgyrdy-da, birhilije mähre çaýyp Ogulnyýaza göz gypdy.

– Bu dagy näme?

Ýazow Ogulnyýaz turup, aşhana giden badyna öz niýetini hasam berkitdi.

– Molodes, bratişka? Şu gün gelnimiziňem göwnüni awlap bilseň, hakyky bratişkam bolýaň...

Nahardan soň Merdanyň özi törki jaýa geçdi. Ogulnyýaz gap-gaçlary ýuwuşdyryp ýördi.

Ýazow ýegeniniň ýanyna ýüwürdi.

– Bar, senem, ýegen. Hoşamaýla. Ömrüne ene, uýa mährini görmedik çagadyr. Belki, yhlasyň ony pälinden gaýtaraýdy-da...

Ogulnyýaz elini ýuwup, Merdanyň ýanyna girdi.

## 4.

– Haý, gyrnak! – diýip, Pugta daýza edil bir jazy ýanyp barýan ýaly bolup gygyrdy. – Gyrnag-a!

Ogulnyýazyň kellesi ýarylaýyn diýýärdi. Ol daýzasynyň hanjar kimin

kesim-kesim edip alyp barýan iňirdilerini, igençlerini ömrüniň ahyryna çenli çekmäge taýýardy, emma, onuň şu çilim çekmesi bilen welin hiç öwrenişip bilmeýärdi. Onuň üstesine-de, daýzasynyň Çommak aga bilen dilleşmesinden gaty erbet gorkýardy.

Ogulnyýaz olaryň sözüniň baryny eşidipdi. Çommak aganyň «Oňa-da tirek öwret» diýmesini-de, «Soň seni eklär» diýmesini-de, «Olary tutsalaram, küpä bir salyp, soň çykaryp, zat diýmän goýberýärler» diýmesini-de, garyndaş gelni baradaky tymsalynyda, «basylsa olar basylýar, sen gönener galarsyň» diýmesini-de eşidipdi. Ýöne ol ýaşlary bir çene baryp, il ýüzüne sylamaly kişileriň agzyndan çykýaň sözi ýüregine sygdyryp bilenokdy. Onuň göwnüne bolmasa, dilleşik eýýäm, çilimden başlanana dönüpdi.

Ol adamyň, «hazyna öýüňde» diýmesi nämekä? Başym aýlanyp, kelläm agyrýar welin, şol çilimiň tüssesinde bir bela bolaýmas-a...

Ol öz pikirine güldi.

«Men näme, beýle başagaýlap ýörkäm?»

Ogulnyýaz daýzasynyň gygyrýanyny eşitdi.

– Gyrnag-a, haý gulagyna garakeçeler dykylmyş! Beýle işli boldy, meniň başyma Gyrnag-a!

Daýzasynyň «gyrnak» diýmesine ol indi öwrenişip barýardy.

«Barybir, men hudaýyň gyrnag-a. Onsoňam, okan okuwym ýok, belli bir hünärim ýok, bolubilsem gyrnak bolaryn-da, onam allajan miýesser etse»...

– Gyrnag-a

Ol gaýap oturan gaýmasyny ýygnady-da, daşky otaga çykdy.

– Daýza!

– Bela! Görüň gazyldymy, gulagyň gapyldymy? Çaý goý!

Ogulnyýaz çaý getirdi. Başga-da tapan-tupan zadyny saçaga goýdy. Dogrusy, indi saçaga goýaýar ýaly beýlebir üýşüp ýatan zadam ýokdy.

– Nahar etmediňmi?

– Edäýerin! – Ogulnyýaz öýde etiň ýokdugyny aýdyp bilmedi.

– Nahar etjek bolsaň, bu wagta çen nirede bolduň, yşnyksyz atañanälet? Sizem bir gyz-da, siziň terbiýäňiz gursun, terbiýesi guramyşlar. Bu bir köýnek et bolşup, gyran degenler haçan çaý gaýnadyp, haçan nahar bişirmelidigini bilmedikdenem bir gyz bolarmy? Getiren, çaýyňy özüňe içirsediň. Gury çaý alyp ber!..

Ogulnyýaz daýzasymyň az-kem ýuwaşaryna garaşdy. Daýzasy gyzza-gyzza gelen pille, içýän çaýyny gelninden gabandy öýdýän, çäýnegini birki gaýta gaýtaransoň, gelnini ýene dalady.

– Owarra bol, üstüme kölege boljak ýaly bolup durman...

Ol Çommak aganyň beren düwünçegini eşrepisi bar ýaly edip açdy. Ondan nohudyň gabarasy ýalysyny bölüp aldy. Onam ikä bölüp, bir bölegini öz käsesine, bir böleginem çäýnegine atdy. Käsesini ýagşy bulan, oňa birküç owurt çaý guýdy-da, onam gyzgyny bilen gaýta-gaýta owurtlap, ep-esli tamşandy. Soň çaýyny gaýtardy-da, çilim otlandy. Çilimini howlukman çekenden soňam, ýene-de käsesine ýapyşdy.

Şireli çaý oňa der getirdi. Demi düşüşip, geçisi örä ýaýransoň, ol ýene-de gelnini çagyrmaga durdy.

– Gyrnag-a, ha-gyz, gel bäri...

Ogulnyýaz daýzasynyň keýpiniň kökelip başlandygyny aňyp, onuň ýanyna geçdi.

– Şu wagt çaýyma degmeseň-ä gowy görjek. Ýöne, onda-da gymazymsyň-da. Me, bir käse çaý bereýin...

– Ol Ogulnyýazyň uzadan käsesini kirli gyňajynyň ujy bilen süpüren boldy.

– Me.

– Içiber, daýza, men ýaňja içdim-ä. Içesim gelse, ýene-de demläýerin, gaýnap dur-a.

Pugta daýza däli öküziňki ýaly möleden hyrsyz gözlerini gelnine mährewsiz aýlady.

– Näme, içmän, meniň çaýymyň atişegi barmy? Al iç! – Ol sesine näçe zor berse-de, gelniň bir ýandan içmänine begendi. Çaý özüne galjakdy. Beýleki tarapdan bolsa, gelniniň nämä gyzygyp, özüne gazanç getirerini, güzeran aladasyndan tizräk dyndararyny isleýärdi.

Ogulnyýaz käsedäki çaýyň reňkini halamady. Ol käsesini alyp, ýerinden galanda, daýzasam onuň bilen boýdaş boldy.

– Goý, çaýa degme.

Ogulnyýaz şondan soň onuň «belalyja» çaýdygyna magat göz ýetirdi.

– Otur – diýip, Pugta daýza aly ýöremänine içi ýangynly aýtdy. – Sen, otur, özüňem, pugta gulak salyp otur!

– Bor! – Ogulnyýazyň demi içine giden ýaly sesi daş çykmady. Onuň häzir aýaklary saňňyl-saňňyl edýärdi. Ol daýzasyndan oňlulyga garaşmaýardy.

«Hudaý jan, özüň sowaweri, jan allam, öňki ýaly, «öýden çyk» diýip dyzap durmasa-da biridir, jan allam. Özüň kömek et, seniň öňüňde çigit ýaly günäm ýokdur. Kowmasa bolýar, men bar zada razy...».

Daýzasy gözüniň alasyny oňa, aýlady.

– Bi, güzeran-a togtady. Iýmäge-içmäge zadyň ýokdugyndan habaryň bir barmy?

Ogulnylzyň derisi giňäp gitdi.

«Alla jan, daýzamyň ýüregine rehim salaweri, kowmasa bolýar, şu ýerden, gije-gündiz diýmäýin, ardym-ýadadym diýmäýin. Geregi iş bilen gazanç bolsun».

– Bar, daýza!

– Baş bar! Diliňi-başyňy çeýneýäň. Habaryň bar bolsa, näme, gymyldaňok. Indi, maýyp halyma, men süýreneýinmi? Hudaýa şükür, döwlet pensiýe berýär. Jaýym mugt, gazym, suwum, swedim, mugt. Çöregim, dermanym, duzum mugt. Şol pensiýe maňa bes bolar. Maňa agyr ýeri sen. Sen meniň başyma gara daş bolup indiň. Sen meňiň bagtymy kör etdiň. Indem, berseň iýjek, bermeseň ýatjak diýip otyrsyň. Seniň bir namysyň-aryň ýokmy? Janyň sag, iki eliň iki aýagyň gurat. Alla jan seniň

saglygyňy maňa bersedi...

Ogulnyýazyň al ýaňaklarynda alawlar gaýnady. Onuň badam gabaklaryndan başlap, eňeginiň çukurjygyna çenli bişen naryň suwy pürkülene döndi.

– Daýza! – Onuň sesi gyryljak çykdy.

– Bela, daýza, näme?!

Ogulnyýaz agyr ýuwdundy. Ol guran bokurdagyny öllemän, agyr hesretini ýuwudana döndi. – Ýazow daýym meni işe ýerlese, işläýin. Iş dannamaýyn...

– Hä-ä. – Daýzasynyň humarly gözleri çerrelip, garry göwre silkinende öňem ideg edilmedik çal saçlaryň bogusy açylyp, ýere bakan ýakymsyz tolkundy. – Hä-ä, Ýazow daýyň öňem işe ýerleşdirende, işläp hezil beripdiň sen. Iki gün gidip, meni iki ýyllyk gepe goýduň...

Ogulnyýaz köne palasyň ýüzüni dyrmady.

– Indi işlärin.

– Näme işlejek! Seniň ol işiňde näme nep bar?I

Özüne az-kem yş açylandyr öýden Ogulnyýaz hem ýatyp galmady.

– Jan daýza, sen bor diý. Men seňem, Merdanam hor etmäýin.

Pugta daýza neşäniň güýji gaçyp, ýene titräp başlan eli bilen dübünde iki owurt yzgar galan käsäni eline aldy.

– Näme işlejek sen?! – Ses hem hemleli, hem hökümli hem göwnüýetmezçilik ýokundyly çykdy.

– Irden, daň bilen köçe süpüreýin. Gündiz haýsy edara bolsun, näme iş bolsun işäýin. Agşam Annasoltanyň oguljygyny saklaýyn. Ýazow daýym öýmüzden tikin maşynymy getirip berse, gijeler ýatman ýaka tikeýin. Hemem, saňa seredeýin...

Daýzasy içini hümletdi.

– Ýok – diýip, ol agzyny gyşardyp aýtdy. – Etjek bolsaň! Başga iş bar. Ýoldaş tap-da Tagtabazara git. Ýük getir. Iş şol saňa...

Ogutlnyýaz gürrüňi beýle çig goýasy gelmedi.

– Sen meniň şol diýenimi etdir. Tagtabazara iş arasynda gidip geleýin. Özem haçan git diýseň... Ýöne Ýazow daýym tikin maşynym bilen...

Daýzasy saňňyldaýan elindäki käsäni gaçyryp gygyrdy:

–Tutma şonuň adyny... Şol dälmi öýümi ýykan. Şol oglanam şol haram ýezit ibertdi, eltepä. «Goý, özüni bejertsin» diýip. Ylahym, bejerilmez bolsun! Öňem seni işe ýerleşdirip gönendirdi meni...

* * *

Ogulnyýaz geçen tomusdaky ýagdaýy göz ösüne getirende, özüni öldüriberesi gelýärdi.

Ol bu öýe gelin bolup düşenden soň, Merdan allanäme girip-çykyp ýördi. Bir gün işe ýerleşmegiňem gürrüňini edipdi.

– Däde Ýazow, men nirä işe ýerleşeýin?

Ýazow onuň bolşuna iki bolup bilmedi.

– Gir zawodlaryň birine. Ilki slesar bol ýa işçilikden başla. Birki aýdan razrýad bererler. Soň özüňi görkezseň, ýokary bilimiň bar, hudaýa şükür, zehiniň bar. Ösersiň. Ile goşularsyň...

Bir gyrada çilim kükedip oturan Pugta daýza agyr üsgürindi. Soňam hykgyldap, demini zordan alyp gepledi.

– Haýt, oglan. Sen düzügli geplegin-ä.

Ýazow aňk-taňk boldy.

– Näme boldy? – diýip, ol hiç zady myzaýyk etmän sorady.

Pugta daýza az-kem hüjjerip başlan saçlaryny, çilimli eli bilen gaýta-gaýta düzeden bolup, has ekezlenýärdi.

– Sen, gaty düzüwlije bol. Öň eliňi goýberdiň diýseň, indi diliňem goýberip başladyňmy, hä?

– Näme boldy, daýza, näme diýenmişim?

Daýzasy meçew aldy.

– Men hiç zada düşünmeýän tüntdür öýtme. Baý düşünýändirin-ä. Men ministriň heleýidirin. Galaba ministrleriňi ters pyrlandyraryn. Häzir meni hudaý tutdy. Sen bir garga bolup gözümi çokma.

Ýazow henizem hiç zada düşünenokdy.

– Daýza, men-ä hiç zada düşünemok.

– Baý, düşünýäň-ä, içjagazyňda merk bar, ýöne.

Ýazow gaharlandy.

– Goýsan-aý, biderek yrsarama, daýza. Aýt, näme günäm bar bolsa!

Pugta daýza ýüzüni sallap, torsarylyp oturdy. Soň öz-özi bilen gepleşen bolup başlady.

– Jan dogan, meniň gül ýaly çagama slesar bol diýşini gör, onuň. Indi Meskewa ýaly ýerde okuw gutaran, özem nähili okuw gutaran balamy gara ýaga bulajak.

– Ýok, Daýz-a! – Ýazow düşündirjek boldy. – Men, men, neme däreý...

Daýzasy ýene-de özbaşyna yzylady.

– Gör, onuň içikdirişini. «Ile goşularsyň» diýip... Näme, öň ile goşulman, ilden çykypmy? Ile degdimi? Iliň bajysyny... Seniň päliň düzüg däl. Balamy azdyran sen. Gör, ony «ile goşularsyň» diýip. Il gaýta oňa goşulsyn...

Ýazow her näçe düşündirjek boldy. Emma daýzasy gaýta, barha beterleýärdi. Ýazow gaharyna çykyp gitdi.

– Içiber balam, isläniňi et. Ýöne gara ýaga bulanmasaň bolany. Pylan ministriň ogly içip ýör diýse diýsinler, ilem içýä. Içse mesliginden içýär, diýerler. Içmek aýyp däl. Ýöne men ölýänçäm gara ýaga bulananyňy görmäýin...

Bu gep öňem suw miýilli Merdanyň gulagyna ýakýardy. Olam birden namys oduna tutaşdy.

– Ço, maman, däde Ýazow öňki däde Ýazow däl. Şol bir aýdanyny diýip otyr, diýip otyr. Näme üçin meni daşary goýberenok. Ço, men rabçto-li? Meniňem dostlam bar-a. Men et diýileni etdim. Konse-de-konsow, menem adam...

Ejesi ogluna meçew berdi.

– Ylaýym, däde Ýazow gurasyn. Seni uran elleri şel açsyn. «Gara ýaga bulan» diýen, dilleri gurasyn. Swoloç ol. Aýaly ikisi, görübilmezçilik edip, öläýdiler. «Men bir maýyp garry, kömek et» diýer öýtdi. Özümi oňardymam welin, gyr ýagysy men boldum. – Ol başyny dälilik hetdine ýetip titretdi. Gözleri hanasyna sygman başlady.

– Ol ýurt ýykan heleýem: «Oglan gyza ýanaşyp bilmändir. Onuň erkekligem galmandyr, piwnoýdan piwnoýa entäp» diýýämiş. – Garry buýsançly gürledi. – Birin-ä, heleýe öwürdi. Getirsiň ýene näçe gyzy bolsa, öz gyzlarynam getirip oglumyň aşagyna salsyn, ol heleýe öwürýämi ýa ýok...

Ogulnyýaz gulaklarynyň eşidýänine, bir ýere girip bilenokdy.

– Molodes, maman! – diýip, Merdanam ejesine meçew berdi.

– Goý, getirsin.

Işik kakyldy. Öýdäkiler Ýazow gaýdyp gelendir öýtdüler.

– Şol Ýazow tentekdir, bar aç!

Ogulnyýaz işigi açdy-da, ýüregi ýarylan ýaly, ýüzüni ak tam edip, yzyna ylgady.

– Wa-aý, daý-ýza!

Merdan erbet tisgindi-de ejesine bakan süýşdi.

– Kim bar, geliber!

– Merdan barmy Çagyryň, Merdany!

Pugta daýza süýşenekläp, işik görner ýalyrak ýere geldi.

Işikde görden çykan görlen ýaly bolup, halys ugruny ýitiren, ýüz-gözleri, saçlary, egin-eşikleri ynsamy-jynsamy çalym edýän iki sany aýal adam salgym ýaly yranyşyp durdy.

– Merdan bar!

– Çagyr! – Aýallar çalgyrt, emma hökümli gürleýärdiler.

Merdan ýüzüni görkezdi. Onuň hem gap-gara ýüzi ak-tam boldy.

– Ço!

Aýallaryň biri azmly gürledi.

– Berik gýel!

– Ço! – Merdan ilki bir aýak çekjek ýalam etdi-de, soň işikden çykman olar bilen gepleşmäge başlady.

Ogulnyýaz aýagy bişen towuga döndi.

– Daýza! – diýip, ondan haraý isläp elewredi. Eşitdiribräk.

– Wah, Ýazow daýym gelmezmikä? – diýdi.

Daýzasy janagyrly horsuldady.

– Tutma, şol haramzadanyň adyny...

Ogulnyýaz elden-aýakdan çykyp, zähresi ýarylyp ýalbarmaga başlady.

– Daýza jan, ýene gider. Sakla!

Onuň göwnüne bolmasa, eger Merdan gitse, daýzasam şat bolaýjak ýaldy. Şonuň üçin Ogulnyýaz aljyrap ýörşüne, çaý goýdy. Orta saçak ýazdy

– Geliň – diýip, ol Merdany saçagyň başyna çagyrdy. – Geçiň!

Merdan eýýäm hälki Merdan däldi. Onuň göwni eýýäm daşardady. Ol saçaga, taýýar nygmata, bu içerä indi sygjak däldi...

Gelniniň özelenip durmasy, näme diýseňem, oňa täsir etdi öýdýän. Ol içeri girdi...

– Maman, ýoldaşlar, dostlar gelipdir. Men şolar bilen...

Pugta daýza oglunyň maslahatlaşmagyna monça boldy.

– Bar, balam! Ýöne, gelginiň, eglenmän!

– Bor!

Ol Ogulnyýazyň ýüzüne-de garamady.

Ogulnyýaz bolsa tä agşama çenli yhlas edip ýazan saçagyna, heniz ogşalmadyk gözlerini balkyldadyp garady oturdy.

Ol Merdana garaşdy. Emma Merdan ol günem gelmedi, ertesem, birigünem gelmedi.

Ogulnyýazyň gözleri işikde galdy. Işik açyldy. Şonuň üçin gapy çala şykyrt etdigi, ol atylyp turýardy-da, işige barýardy.

– Daýza. – diýip, ol aýyň parçasy ýaly ýüzüne bulut düşürip, aýdýardy. Ol başga sözi aýdyp bilenokdy. Bu dünýäde şu aýaldan özge sygynara, daýanara, arka berere başga hiç kimi ýokdy.

Dördünji gün diýlende, ol saçagyň başyndan turjak bolanda, içindäki derdiniň howruna çydaman «owf» edenini duýman galdy. Soňam, daýzasynyň içip oturan käsesini çaýy zady bilen ýygnanyny soň duýdy.

– Näme owf çekýäň?! – diýip, daýzasy titreýän elleri bilen käsesini gözläp durşuna aýtdy. – Näme, äriň öldümi, haýýar? Iki gün üstüne münmese, janyň çykyp barýarmy? Bizem-ä gelin bolup gördük. Aýlap giderdi kemendirowka. Erkek adam ýalydyk. Bularmy, ärleri sähel üstlerine gijiräk çykyp, gijiklerini gaşamasa, owf çekiberýärler, owf çekip geçen...

Ol sermenip tapmandan soň, gözleri bilenem çäýneginiň töweregini eledi. Käsesi ýokdy.

– Näme boldy gyz, bu artyba?!

– Ol näme etse gelninden ýetenini aňdy-da, aşhana gygyrdy.

– Haý, ärsek tula! Ol käsäni näme alyp gidýäň? Indi öz zadymam özümden gysganyp ugradyňmy? Haram tula, bilýän, saňa «toty» sözi gerekdir. Meniň sözüm ýaraýan däldir. ýöne, bilip goýgun, menden saňa «toty» saýraýşy ýokdur. Halasaň-a, çydasan-a şu, bolmasa-da, mundan gowyň bar bolsa, dört ýanyň açyk, gidiber, getir käsäni!

Käse gelenden soňam, ol «saýramasyny» goýmady. Ogulnyýaz welin bu durmuşa hiç öwrenişip bilmeýärdi. Onuň indi aňam, ýüregem doňupdy.

Adamsynyň beýdip, bäş-alty günläp ýitirim bolmagy, daýzasynyň soňsuz gargynçlary, boş, garyp içeri, ýöremän duran güzeran, alaçsyzlyk sagat janly, men diýen wagtyndaky gyzy otdan alyp, oda sokýardy. Ol bu durmuş bilen, özem ýaňja başlanan yzy soňsuz durmuş bilen ýekeje günem ylalaşyp, kanagat edip biljek däldi.

Taňrynyň güni bolsa, yz-yza gelip durdy. Oňa gutarma ýokdy.

Gelniniň däliräp düze çykyp, ýene bir gepe goýaýmagy Pugta daýzany azara goýman duranokdy. Ol beýle bir oýlanyp, döküp, dörjäp, akly akla ýamap ýören aýal däldi. Ol kesekiniň begenjini, gynanjyny, agyrysyny, ynjysyny özüne basyp, şondan misil alyp ýören aýalam däldi. Ol bir içerä bolsun edip, ilden, obadan uýalyp, «özümi düzedeýin, öýümi düzedeýin» diýjek aýalam däldi. Onuň ýekeje çyn aladasy bardy. Olam, azarlama özüni bermän, çilimini, nasyny tapmakdy. Soňam Ýazowdan toýa gerek bahanasy bilen gyrp-çyrp eden puluna Çommak agadan alan ajysynyň ömrüni indiki düşewünde çenli uzaltmakdy.

Gelin, ogul, içeri, güzeran, bu aladalar onuň topugyna-da çykanokdy. Häzir onuň ýagdaýy özünden dolanarlyk bardy. Şonuň üçin onuň demi dag ýardy.

«Günümi görübilmedigiň, gözi çyksyn. Oglumy öýerdim. Jaýym üstümde, güzeranym, şükür, geçip dur. Men diýen ärli heleýler tapanok, meniň günümi...».

Ýöne soňky gün Ogulnyýazyň bolşy oňa ýaramady. Toýdan soň geçen sekiz günde ol edil bir gögerçine dönüpdi. Indi bolsa...

«Bu gyrnak bir bela goparyp oturmasyn. Näme etse-de, gitsin atasy öýünde etsin, bela. Öz başyny özi iýewersin. Öz başyny iýip geçen.. ».

Gelni ertirden bäri ýük galdyrylýan otaga girip, çykanokdy. Pugta daýza baryp ýapyk işige diňşirgendi. Ses-selem çykmady. Süssenekläp, baryp işigi itdi. Ol Ogulnyýazy burça gysylyp oturan ýerinden tapdy.Ýegeni edil huşy gaçan ýaly bolup otyrdy.

– Näme, huşuň gaçdymy? Içiňi hümledip oturmadan başga işiň ýokmy? Nahar atar!

– Bor!

Ogulnyýaz güni bilen şondan başga söz diýmedi. Holodilnikdäki toýdan galan soňkuja süňkleri çykaryp gaýnadyp goýberdi. Onuň içine unaş kesip atdy.

Naharyň tagamly ysy çilimiň tüssesiniň derdinden gark bolan içerini ýakymlylyk bilen ýuwsa-da, onuň ýüregi nan-çaýa miltem edenokdy. Ol indi ikinji günüň içidi, agzyna zat alasy gelenokdy. Iň ýaman ýerem, onuň eli işe baranokdy. Göwni bolsa, köçä çyk-da sorap, idäp, nirede piwohana bolsa gözleý-gözleý Merdany tap diýýärdi.

Pugta daýza goňşulardan Ýazowa habar ýollady. Ýazow giçlik geldi. Emma oturmady.

– Hany, Merdan?

Daýzasy halymsyran boldy.

– Sen giden günüň agşamy ýoldaşlary geldi. «Eje, gidäýeýinmi?»diýdi. «Gidäý» diýdim. Şol äkidişleri. Çagamy yzyna dolamalydyr öýdenoklar...

– Kim ýoldaş? – Ol gaharly gepledi. – Ýoldaş diýýänem, şol süpük alkaş aýallar. dälmi? Öýi köýeniň ajap-da bir ýoldaşy bar eken. Ony ýoldaşlary bilen bileje ýok etdirerin, durubersin bakaly...

Ýazowyn gabaklaryndan daş asylýardy. Ol kelteräk, dykyz göwresine

gelişmeýän agraslygyny şunça gizlejegem bolsa, gursagyndaky gazabyň oňa jylawyny bermeýändigini Pugta daýza duýdy. Ol Ýazowyň gazabynyň bendini syndyryp, öz üstünden eňterilerinden çekindi-de öňürtiledi.

– Ol owarram-la, onuň boljagy bolup, boýasy syndy-la. Ýöne bu gyrnagyň derdi öldürdi meni.

Ýazow agras ýüzüni daýzasyna bakan öwürdi.

– Ýeri, ona näme bolýarmyşyn?!

Daýzasy mysapyrsyrady.

– Iki gün bäri, meniň gözümiň alynd-a duz dadanok, Özem, huşy giden ýaly, pikiri-zikiri äpişge. Otursa-da şol ýer dyrmap otyr. Ýumuş dagy bir edeýin diýsin-de. Käse äber diýseň çäýnek, çäýnek äber diýseňem, pyçak äberýär. Ol dälirejek.

Ýazow dözümsizlik bilen indi näme etmelidigini sorady.

– Amatlyja iş bolaýsa-a... ,

Ýazow «göreýin» diýdi-de şo-ol çykyp gitdi. Iki günden soňam heniz ýüzem açylmadyk gelni bir edara, sekretar edip ýerleşdirdi.

Ogulnyýazyň ýüregi giňän ýaly bolupdy. Özi ýaly aýal-gyzlar, öz- başyna otag, wagtyndajyk iýip-içmek, onuň biline kuwwat getiripdi.

Ýöne ol başlyk adamyň ýüzüne jiňkerlip ýörmesini, özüne sud soragyny bermesini welin halamandy.

Ýazow daýysy Ogulnyýazy günortan öýe alyp gidýärdi. Gaýdyşyn welin, awtobusa ýa-da trolleýbusa münüp, özi işden gaýdýardy. Bu iş, gezelenç Ogulnyýazy az-kem ersdirse-de, Merdanyň derdi onuň bütin kalbyny lerzana getirýärdi.

Bir günem...

Ol gün Ogulnyýaz üçin ömrüniň iň begençli günüdi. Gün öýläne sapyp, daýzasynyň deminden zordan sypyp, ol ýaňy işe diýip, podezden çykdam welin, arkasyny beton diwara berip oturan adama gözi düşüp, ýüregi erbet tisgindi.

Eşikleri kirden ýaňa gara gäz, ýüzi alkogolyň ajysyndan hemem günüň emrinden ýagşy bişen, kirli saçy ýara-ýara bolup duran ýüzüne düşüp, hasam ýigrenji, betnyşan görünýän bu adamy görüp ýüreginiň ýarylmanyna şükür edýän gelin, bäş-alty ädim ädip saklandy-da, ejap bilen yzyna gaňryldy. Birdenem, ýüregi begenjinden ýarylara gelip oňa garşy topuldy.

– Senmi?

Ol şullanyp giden, indi näçe gündür, ýuwulmadyk gözleriniň yşgalaňyny artdyrdy. Ol ýylgyrma-da, utanma-da, toba etme-de däldi.

– Geldim! – diýip, kölegede, sowuk betonyň yzgary ornan, önem ysgynsyz dyzlaryna ýapyşyp turjak boldy. Emma turup bilmedi.

Ogulnyýaz özüniň sülük barmaklary bilen mis kesewä dönen ellinden tutdy-da, ony galdyrdy.

– Ýör, öýe!

– Öýe?

Merdanyň ýöräsi gelenokdy.

– Men öýe gitmäýin!

Ogulnyýaz ot-elek boldy.

– Ýöri! Daýzam! – Ol Merdanyň elini ýene-de eline alyp, onuň ýelek ýaly ýeňil göwresini ýokary çekip ugrady.

Ol ylgap barşyna, ýaňyja betbagtlylykdan ýapan işigini üýtgeşik bagtlylyk bilen açdy.

– Ýöri!

– Daýza! – Onuň sesinde begenç möwç urup gitdi. – Merdan geldi! Özi...

Içerden daýzasynyň gorkuly sesi eşidildi.

– Ýüregimi ýardyň-a, gyrnag-a...

Ogulnyýaz sumkasyny içeri taşlady-da, aýak ýalaňaç podezde çykdy. Barybam, ýaýdanyp duran Merdany gujaklap içeri saldy.

Merdanyň öýe gireri gelenokdy.

– Puluň barmy? – diýip, ol birhili ýygralyk bilen sorady. – Ýoldaşlar garaşýar. Ber, soň men bererin...

Ogulnyýaz sumkasyny dördi-de, ondan puluň täzeje, heniz eplenmedik kagyzlaryny çykardy.

– Merdan gitme, men özüm, eltip bereýin. Sen gitme!

Ol Ogulnyýazyň elinden sypyp, daş çykdy. Ogulnyýazyň indi onuň yzyndan galmajagy çynydy.

Merdan ýoluň gyrasyndaky köne oturgyçda eýe ýaly bolup giden şol iki aýaly, hemem bir sakgally, hordan uzyn erkegiň ýanyna garşy ýöneldi. Aýallaryň eli köne korzinkaly serhoş gözlerini alakjadyp, Merdana bakan ylgady. Onuň humarly gözleri Merdanyň elindedi. Ol aýal Merdanyň uzadan puluny kakyp aldy-da, ýoldaşlarynyň elinden alaryndan öler ýaly gorkýan görnüşde gyra çekilip, puly sanady. Soňam gatnawly uly ýoldan urduryp geçip, kwartallyga bakan tutdurdy. Beýleki ikisem onuň yzy bilen ülem-saplam bolup eňdiler.

Merdanyň iki gözi şolar taýdady. Ogulnyýazyň göwnüne bolmasa, olam şolaryň yzyndan eňip gidiberjek ýalydy. Ol Merdanyň elinden tutup, podezde garşy çekdi.

– Ýör, Merdan, öýe baraly!

Merdan ýüzüni sallap, yra-dara halda içeri girdi. Gapyny içinden gulplap, Ogulnyýaz aşhana ylgady. Çaý goýup, wannanyň suwuny barlady.

Içini ýakaýyn diýen ýaly, suw ýokdy. «Bedreleri dolduryp goýanym gowy bolupdyr...» diýip, ol begenjine bir bedre suwy gaza goýdy. Indi bir hepde bäri ähli yhlasyny siňdirip ýuwup, ütükläp goýan eşiklerini çykardy. Yslyja sabyn, bägül şampunyny çykardy.

– Çaý gaýnaýança, ýuwunaý. Men suw akydyp bereýin!

Ýüzi bazardan gaýdan öküziňki ýaly bolan Pugta daýza gelniniň aýagynyň ýeňildigine, öz ogluna onuň beýle eýemsiremesine çydam edip, oturyp bilmedi.

– Näme, gele-gelmäne, dynjyny bermän, garnyny doýurman, suwa salyp, ony toýa atarjakmy? Otursyn, özi ýuwnar. Näme, sen suw akydyp, maýypmy ol?..

Merdanyň özem Ogulnyýazyň yhlasyny görüp rahat oturyp bilmedi. Merdanyň eşiklerinden siňekläp, suwa batyp ýören itiň ysy gelýärdi. Onuň eşikleri ynsan balasynyňka däl-de, eşegiň ýagryna goýlan esgä dönüp gidipdi. Onda-da Ogulnyýaz ýüzüni çytanokdy. Onuň saçyny, endamyny ilki yslyja sabyn bilen, soňam bägülüň ysy kükäp duran şampun bilen heziller edip ýuwdy. Saçyny pössüjek, akja platensa bilen süpürdi. Täzeje, öýüň, açyk howanyň, tämizligiň ysy burk urup duran eşiklerini geýdirdi. Guran, ýumşajyk, mele saçyny darady. Öz duhisindenem az-kem çalan boldy. Merdanyň süňk bilen deri bolup duran bedeni, galkan gulaklary, içine giden gözleri oňa ýat bolsa-da tutuş durky oňa mähremdi. Öz Merdanydy. Älemi para-para edeniňde-de öz maňlaýyndan çykan ýeke-täk kysmatydy. Ol öz kysmatyna kaýyldy. Dünýäniň ýüzünde ýekeje arzuwy bardy. Olam – Merdan gitmese bolýar...

Pugta daýza öz diýeni edilmän ogluna hajyk-hujuk edilmesine gelen gaharyny kimden çykarjagyny bilenokdy. Häzir ogluna käýinse, ilk-ä, özi hakyny aljakdy, onsoňam, bu bidöwletiň turup, gelen ýerine gidibermegem daş däldi. Gelnine käýinse, onam ogly halajakmy, halamajakmy, o-da belli däldi.

– Çaýyň gaýnaman geçdi-le? Näme, onuň içine daş saldyňmy?

Ogulnyýaz käseleri, çäýnekleri çaýkaşdyryp demläp, öýde bar zatlary, işde özüne hödür edilen konfetdir kökejagazlara çenli saçagyň üstünde goýdy. Öz eli bilen Merdana çaý guýdy. Ýöne Merdanyň öý bilenem, çaý bilenem ugry ýokdy. Onuň üçin bu saçagyň, bu içeriniň yssysy galmandy. Ol ýaban ýatyp-turup käwagt gelse-de, bu öýe gelenine, onuň özüniňkidigine begenji, buýsanjy ýokdy. Bu içeri onuň üçin ýatdy, öweýdi. Bu öý oňa ygyp gelen meýdanyça-da hözirki däldi.

Ogulnyýaz Merdanda özüne bolan yssylygam tapanokdy. Ol bu gelne, öz aýalyna şu ýat öýüň bir goşy hökmünde garaýardy. Häzir çaý içip, soň goýup gitjek. çäýnegem, bu gelnem onuň üçin birdi.

Emma bu gelin üçin bu ýaraty, ýarty il üçin iterinji, zyňyndy hasap edilýän adamdan eziz, mukaddes kişi ýokdy. Häzir ol çaý-çörek-hä däl, gerek bolsa bular üçin jyňkyny çykarman şirin janyny bermäge taýýardy.

Merdan içerki jaýa girdi. Ogulnyýaz gaýnynyň öňünde duran çäýnek-käseden beýlekilerini ýygnady. Onuň göwni Merdanyň ýanyna atygsady.

– Gel, bäri – diýip, daýzasy ony gözleri bilen dalap çagyrdy. Ogulnyýaz alaçsyz sowulmaly boldy. – O pullary nireden aldyň?

– Haýsy?

– Hälki çykaryp, ol oglana bereniňi.

Daýzasynyň bu sowaly ony aljyratdy.

– Neme? Enem beripdi. Öýden...

Daýzasy sowuk gözlerine ähli ýigrenjini, gazabyny toplady. Sesini birneme peseldip, dişlerini gyjap, çaýy tükenen käsesiniňem gyrasyndan tutup, gelniniň ýüzüne ýelmärli göründi.

– Meleň, gyrnak, seniň eneň gursun. Men-ä bu içeri, gara bokurdak diýip, gije-gündiz gan gusýan, senem pul basyp, ýele-yga tarhan dökerlik edýäňmi?

– Men, ony!

– Batyr sesiňi, loly!

Ogulnyýazyň gulaklary şaňlap gitdi.

– Daý... – Ol agyr yrandy. – Daýz...

– Tutma adymy, haram ganjyk. Sen, senjagaz, men ýaman betdirin. Namysym köýenden, edil öläýerin. Sen iş diýen bolup, o taýda pul gazanýaňmy? Seniň ol ýerde näme edip ýöreniňi özüm gowy bilýän. – Ol hasam gazaba mündi. – Getir bäri pullary! – Ogulnyýaz aglajagynam, özüni aklajagynam bilmedi. Galan-gaçan pullaryny daýzasynyň öňünde goýdy-da yzyna dolandy. – Bary şujagazmy?

– Hawa, daýza.

Onuň hälki telwasy ummanlara uçup gidipdi. Baryp Merdan bilen oturjakdy. Özem, tä onuň didaryndan doýýança oturjakdy. Onuň bilen sözleşjekdi. Onuň başyny dyzynyň üstüne alyp, suratynda her taryny gözler bilen daran saçlaryny sypalajakdy. Bary biderek boldy.

Ol içeri bir garady. Merdan düňderilip ýatyrdy. Soň onuň ýanyna barmaga ejap etdi. Oňa dözmedi. Dula geçdi-de, gara ýere dönüp oturdy. «Wah, daýza jan, beýder ýaly meniň näme ýazygym bar, seniň öňüňde? Maňa «loly» diýer ýaly, «haram ganjyk» diýer ýaly, meniň näme etmişim bar? Meniň dünýämi il-ä däl, seniň ogluň öz nikaly ärimem şindi görenog-a...

Ol başyny ýaýkady. Öň birhili Merdany hapa görýärdi. Daýzasynyň sözünden soň, özi müň esse hapa bolup galypdy.

«Merdany ýuwsaň, artsaň, täzeje eşik geýdirseň, gül suwuny sepseň, arassaja adam boldy. Emma bu sözlerden soň men hiç haçanam päk bolmaryn. «Diýildi näme, edildi näme?» diýip, enem aýdýard-a. Daýzamyň göwnünde men şol işleri eden bolsam, maňa galkynyp ýaşama ýokdur...»

* * *

Ogulnyýazyň bu günem işde mazasy bolmady. Ol aşhanada, naharyň, şoruň ugruna çykyp ýörkä, gapy çalaja şykyrdapdy.

Ol ot alan ýaly bolup işige, soňam içeri ylgapdy. Merdan arkaýyn ýatyrdy. Ogulnyýaz öz bolşuna eýmendi.

Men näme üçin beýdip howsala düşüp ýörün, gyz? – diýip, arkaýynlaşdy. Şondan soň naharyny häzirläp, saçak ýazdy, çaý demlendi. Göwni welin Merdanyň ýanyndady. Ahyry durup bilmän, Merdanyň ýatan otagyna gitdi. Merdan ýokdy. Onuň dünýäsi düňderildi.

– Daýza – diýip, ýassyga başyny goýup, pinek atyp ýatan daýzasyna dözümsizje ýüzlendi. – Merdan ýog-a?!

Daýzasy sesini çykarmady.

Ogulnyýaz geleli bäri ilkinji sapar aglady. Ol özüne ýerem ýazman, Merdanyň düşeginiň aýagujynda, gelen gijesindäki ýaly, edil Merdan penjiräniň öňünde duran ýaly edip oturdy.

«Şol gije-de gowy eken...».

Ol maşinkasyny şyrkyldadyp oturyşyna, çalaja pyşyrdady. Göwni bolsa öýdedi. Göwnüne, Merdan ýene-de öýe geläýen ýaly bolup durdy.

Direktor oňa gatyrgandy. Ýöne käýemedi. «Şükür bu daý-a gowy adam eken. Bir gyzym diýenok, ýogsa öz çagasy ýaly gowy görýär-ä. Dagy näme, kakam bilen bileje işläpdir-ä...»

Başlygy bir zatlar sorady. Ýöne Ogulnyýazyň pikirem, höwesem başga ýerdedi. Ol häzir idili näme jogap bereninem bilenokdy.

Onuň ýüregi ýene-de gysyp başlady. Göwni öýe gaýt diýýärdi. Emma şol içerä aýagy çekjege-de meňzänokdy.

«Meni bir basymrak gaýtaryp alsadyň, ene!» diýip, ol öýlerini, Ogullany, doganlaryny küýsedi. Gözünden ap-ak hünjüler duýdansyz paýrap gitdi.

Ogulla ony bagty daş ýaran hasap edýändir. Ejesi, kakasy, enesi, ony kejebeläp ugradan il-güni «Ogunyýaz bagtly eken. Aşgabada düşdi. Moskwany gutaryp gelen nebir oglana durmuşa çykdy...» diýýändirler...

Onuň derdini bir enesi duýýandyr.

– Wah, balamy öz elim bilen ýakdym-da – diýýändir. – «Pugta adam däldir. Ýöne sesiňi çykarmasaň utarsyň diýdim. Gyzym akyllydyr. Gaýraty, yhlasy bilen özüni aldyrar» diýýändir...

Ogulnyýazyň gursagyny ýarara getirýän harasat çykara işik gözleýärdi. Ol maşynka kagyz goýdy-da, ýaşly gözlerini balkyldadyp, ilkinji ýazan setirini okady.

«Ýandak başy ýaňanda...

Ol howlukman düwmejiklere basyp ugrady. Soň ýazanyna göwni ýetmän täze kagyz goýdy.

«Ýandak başy ýananda
Ýandy» diýgin, eje jan!
Boýdaşlarym gelende,
«Öldi» diýgin, eje jan!»

Bu setirler çoganly suw ýaly, onuň gursagyny arassalady. Onuň ýüki egsilen ýaly boldy. Ýöne, başlygy welin ol haty gördi. Şol bir görmeli däldi.

– Gaýdyber! – diýip, ol daş çykdy-da, säginip aýtdy. – Indi gijem boldy...

Dogrudanam, gün batyp barýardy. Ýöne Ogulnyýazyň howlugasy gelmedi. Ol indi birneme arkaýynlanypdy. Şonuň üçin Ýazow daýysyna-da garaşman, pyýadalap öýe ugrady.

Ýolda, onuň ýüregi ýene-de Merdana telwas etdi. Göwnüne bolmasa, Merdan şu uly baglaryň aşagynda, bir ýerlerde gurlan piwohananyň gapdalynda: «Kim birki owurt agyzdan galan piwo berer-kä» diýip oturan ýalydy. Akjemal gelnejäniň şip-şip

edip aýdyşy ýaly, adamlaryň galdyryp giden hapa bokallaryny ýeke-ýekeden başyna çekip ýören ýaly duýgy döredi.

Ol Merdana derek kemsindi, namys etdi. Häzir, güýji ýetse, ony tapsa, edil bäbek göteren ýaly edip, bagryna bassa, soňam edil çaga gundan ýaly edip, gundap, goraglap saklasa...

Ol işiniň ýolundaky gara bagyň gapdalyndan geçdi. Emma ol ýerde uly sosna agaçlarynyň astyndaky oturgyçlarda ikibir-ikibir bolşup oturan ýaşlar bolaýmasa, başga üýtgeşik adam görmedi.

Onuň nazary eli agyr torly, uzyn köýnekli, ýaşy durugşan aýalda togtady. Ol aýal deňine gelýänçä saklandy.

– Gurgunmyň, gelin!

Ogylnyýaz uýaljaň ýylgyrdy-da, ýuwaşja:

– Şu ýakynda piwohana ýokmyka? – diýip sorady. Ol aýal serpmeden gaýdan ýaly boldy.

– Waý-eý. – Ol sag elindäki toruny, çepine geçirdi-de, sag eli bilen agzyny tutdy.

– Toba, toba, allajan-eý, özem nebir maşgala-da – diýdi-de gargyna-gargyna gitdi.

Garaňky gatlyşdy. Ogylnyýaz zordan öýi tapdy. Podeziň işiginde Ýazow daýysynyň maşynyny görüp, ýüregi jigläp gitdi.

– Gaty gijä-de galdym!

Aňyrrakda Ýazow özem günäsini ýuwmaga häzir oglanjyk ýaly, ellerini owkalap durdy.

Ogulnyýaz ýaşyndy.

– Ýazow Geldiňmi, ýegen?! – Ol aljyraňňydy. Düşünişmändiris öýdýän. Men öýe  geldim, sen henizem gelmänsiň.

Ol Ogulnyýazyň öňüni kesdi.

– Daýzamyň ýene dälisi tutupdyr. Giň bol, giň bol, bormy, ol däreý.., düşündiňmi, giň bol...

Ogulnyýaz daýysyna ne «bor» diýdi, ne-de «ýok». Podeze girip gitdi. Öýde bolsa uly apy-tupan garaşýardy. Ol işigi kakdy. Ilki hiç kim ony açmady. Ogulnyýaz sumkasyndaky açary aldy-da, işigi açdy. Işik açylandan, daýzasy aňyrdan atylyp çykdy.

– Dur, du-ur! – Ol hüjjük saçlaryny, ajy tüssäniň hem-de agyr durmuşyň azaryna çatlaw-çatlaw bolan maňlaýynyň her gasynyny galam ýaly edip arlady. – Arassaja içerime hapa aýagyňy basmarsyň, ganjyk. Nirede... berseň, şonda ber, emma meniň döwletli öýüme aýagyňy sekmersiň. Çy-yk!

Ogulnyýaz içeri giripdi. Emma daýzasynyň batly urgusy ony heniz ýapylmadyk işige bakan zyňyp goýberdi. Ol işikden diň arkan gaýdybermekden gorkup, sumkasyz eli bilen söýeden zordan ýapyşdy-da, işik bilen duluň aralygyna çökdi.

Daýzasy agyr ýumruklaryny onuň depesinden eňterip başlady. Onuň bilenem kanagat etmän, aýagyna, içine depip başlady.

– Çyk, ganjyk! Garaň görünmesin, çyk! Loluçylygyňy eden ýeriňde gez!

Ogulnyýaz ýerinden turjagam bolmady. Häzir ýerinden galdygy, daýzasy iki zomanda, ony köçä taşlamagy gaty bolaýjak zatdy. Ol heniz ýüzi açylmadyk halyna köçede otursynmy, baraýyn diýse-de ýer barmy? Ýer bolaýanda-da: «Men adamymy gözläp, işden gijä galyp geldim, şonuň üçin öýden kowuldym» diýip, kişiniň işiginden baryp boljakmy?

Pugta daýza däli-porhan bolup samraýardy. Öňde bir jany ýananyň aýdyşy ýaly, onuň agzyndan «gülüň» ysy gelýärdi.

– Bu ganjyga dözmän, «göwni açylsyn» diýip, işe salan bolýan-a. Haý, işiň gursun, bagty ýatmyş. Bu loly ganjyk bolsa guýrugyny bulap, gazanç edýär. Oňa göz ýumsam, indi gijeden-gije köçä gidibem şaýradyp başlady. – Ol şol önki bady bilen gelip, ýene-de gelnini ýumruklady. – Sen, ganjyk, meniň oglum bilen bäs edýänsiň, bilýän. «Ol kirli heleýler bilen sürüp ýör, menem kirli erkekler bilen sürjek» diýýänsiň. Maňa-da: «Janyň ýanyp, namysyňdan öl diýýänsiň. Diýip geç, şaýradyp geç. Ýöne çyk meniň öýümden, köçebaz, çy-yk!

Ol indi hasam batly depip, gelniniň ýüzüni-gözüni dyrmalap başlady. Ahyrym onuň saçy eline ildi-de, kasty bar ýaly, işige baka çekip ugrady.

Ogulnyýaz işigi ýapyp ýetişdi. Sonam onuň öňüne boýa-boý ýykyldy-da, saçynyň janyňy alyp barýan agyrysyna çydaman iňledi.

– Daýza jan! Beýtme!

– Çyk! Çyk! Çyk!. – Daýzasy indi onuň kellesine, eginlerine depýärdi. Ogulnyýaz gum garbap ýatyşyna allany çagyrdy.

«Jaň allam, ýüregine rehim sal daýzamyň. Eziz allam, özüň kömek et!».

Işik batly kakyldy. Soňam kimdir biri janagyrly itdi.

– Gykylygyňyz näme?

Ýazow daýysynyň Hydyr ata ýaly bolup gelmesine gan aglap ýatan Ogulnyýazyň dünýäsi ýagtyldy. Ol özüni ýerden zordan galdyrdy-da, işigiň öňünden sowuldy, soň başyny dyzlaryna goýup, kemligi gelip horkuldap, elene-elene aglady.

– Nämäniň galmagaly diýýän?! – diýip, ol ýene-de erkek gazaby bilen sorady.

Daýzasy sandyraklap durşuna, dodaklarynyň gyrasyna üýşen ap-ak köpüklerini çogduryp, şol haýýar sesi bilen dübledi:

– Şu jelepden sora! Şol kemçinden sora, nämäniň gykylygynyň bardygyny...

Ýazow ony gürletmedi.

– Bes et! Näme samraýanyňy bilýäňmi, iliň perişde kimin päk çagasyna...

Daýzasynyň sesi hasam haýýar çykdy.

– Gowy bolsa, perişde bolsa, bar özüň heleý edin. Meniň oglum itiň ýalagyna dönen kemçini heleý...

Ýazow öňem elewräp duran daýzasyny gazap bilen iteläp goýberdi.

– Sen, sen bar-a, öý ýykmaga öwrenişen aýalsyň. Meniňem bagtymy ýatyrypdyň sen. Indi ogluňkyny ýatyrjak bolýansyň. – Ol maňlaýyna urdy. – Aslynda meni öldürmeli. Täzegüli parçaladanyňda ýegeniň damagyňy çalmalydym. Ine, indi seniň

hapa eliň bu päk gyzyň bokurdagyna-da ýapyşdymy?

Daýzasy çal, kirli saçlaryny oklukirpiniň arkasy ýaly, paýradyp ýatyşyna hasam beter waýkyrýardy.

– Şol jelep, oýnaşbaz söýgüliňem gowudyr mundan. Täzegül müň esse gowy mundan. Ol ärim bilen açyk etdi oýnaşbazlygy. Munyň kümsük oýun edýär...

Ýazowyň hem gahardan ýaňa akly çaşdy. Ol Gözleri bilen daýzasyny ýuwdaýjak bolup, jynssyz gygyrdy.

– Kim bilen kümsük oýn edýär?

– Ony özünden sora, men saňa-da bitemok. Ýaman şonuň daşynda köp hyr urýaň sen...

Ýazow mundan artyk çydamady. Ol işigi zarp bilen ýapdy-da, çykyp gitdi. Ertesi «gyzymyzy göreli hem gaýtarmaga diläli» diýip gelen Togta daýza agtygyny görüp, bar-bar bagyryberdi.

– Balam, balam! Men guraýyn. Öz elimjik bilen seni oda ataýdym öýdýän. A gyz, Pugta, balamyň ýülügini sorupsyň, etini iýipsiň, ýüzüň gara bolsun seniň...

Ogulnyýazyň bir diýeni:

– Ene jan, käbäm, meni alyp git, diriligimi isleýän bolsaň – boldy. Ol soň geplemedi. Onuň ýüregindäki ähli hesretini gözünden gaýdan bulak-bulak däli siller aýtma kemini goýmady.

Togta eje agtygyny şu gün hem äkidip biljekdi. Emma onuň ýüzündäki dyrnaçak-dyrnaçak wagty, bir gözüniň gök nilligi, eliniň üstleriniň dilkawlanyp, ganjaryp durmasy bilen oba barar ýaly däldi. Togta ene oturyp-oturyp ot alyberdi.

Iliň höwes eden balasy, iliň gözi giden balasy, ne gün düşdi başyňa. Nädip men seni oba elteýin, nädip men ile «gyzym gaýdyp geldi» diýeýin? Barsaň, uly ilem-ä geler, görmäge...

Il näme diýse-de, Ogulnyýaz-a galyp biljek däldi, Togta eje-de ony galdyryp biljek däldi. Ine, şeýdibem, Ogulnyýaz garamaňlaý bolan gününiň on dokuzynjy güni obasyna gaýdyp barypdy.

**5.**

Ýazow çagyrylaryna mähetdel etmedi. Agşamara salam berip, içeri girdi. Daýzasynyň şol torsarylyp oturşydy. Ýegeni saçak ýazdy, çaý goýdy. Baryndan getirişdirdi.

– Daýza, ýagdaýlaryňyz nähili?

Ol çaýyny gaýtaryp oturşyna, gepi özi başlady.

– Oba baryp gaýtdym. Daýzam, çykanlar salam aýtdy. Salamymyzy ýetir diýdi.

Ogulnyýaz aý ýalyjak ýüzüniň ýaryny ýapyp, ýaşynyp oturşyna başyny razylyk bilen atdy.

Pugta daýza sesini çykarman, Çommak aganyň galdyran nasynyň soňuny diliniň aşagynda dem berip, titreýän eli bilen banka guýlup, soňam üstüne gaýta-gaýta tüýkürilip durlany üçin durşuna gök palçyga öwrülen çägäni bir garyşrak çöp bilen

dörüp, agzyndakyny tüýkürmäge ýer peýläp otyrdy.

Ýazow ýegeniniň ýüzüne garady.

– Enem seni gaýta-gaýta sorady. Gaýrat etsin, balam mertdir diýdi. Tikin maşynyňy iberdi. Bir tamdyr çörek, bir piti gowurdak, süzme, ana, bir maşyn zat iberdi...

Ogulnyýazyň bu gahat öýde gysylyp duran ganatlary gerlen ýaly boldy. Ol owadan gözlerini gepledäýjek-gepledäýjek boldy.

– Ol kelesaňyň işe girjek diýip goýanok! – Daýzasy nasyny dökenden soň dodaklaryny ajy tamşandyryp, soňam gözüniň şuluny ýeňine çalyp aýtdy. – Bolmasa, sal işe. Bir çuwal et bolup ýatmasyn-da, gazansyn. Öýde ýeke dişlem zat ýok. Men ony haçana çenli mugt bakaýyn. Näme, meniň girdeýjim barmy? Pensiýäme göz dikmesin. Ol meniň çilimim bilen nasyma-da ýok bolanok.

Ýazow belli bir zat pyşgyrmady. Ol geçen ýyl ýegenini işe salyp ýagşy puşmana galypdy. Daýzasynyň belli ugrunyň ýoklugyny, bu gün beýle diýip, ertir haýsy ugurdan ösjegi belli däldi. Şonuň üçin ol iş barada açyk pyşgyrmady.

Daş çykyp, maşyndan iberilen goşlary ýokarky gata çykaryp ýörkä, ýegeniniň beren hatyndan soň ol az-kem ýumşady.

«Daýy, gaýrat edip meni daňdan köçe süpürilýän işe ýerleşdir. Gündiz işlär ýaly iş bolsa-da gözüňde bolsun. Öýde hiç oňşarlygymyz ýok. Merdanam pul sorap dur. Gaýrat ediň. Ýer bilen gögüň arasynda sizden başga arka direjegimiz ýokdur!».

Ýazow sesini çykarman, ýegeniniň eline dört ýüz manady gysdyryp, gitse-de, ertesi agşam ýene-de dolanyp geldi.

– Ýegen öz pasportyňam, daýzamyň pasportynam ber. Öý uprawleniýesine hemem «Sungat» žurnalynyň baş redaktoryna arza ýaz – diýdi.

Ogulnyýaz guş bolup uçdy. Ol Aşgabada geleli bäri eýýäm ikinji, üçünji arzany ýazdy. Arza ýazyp otyrka-da, daýysyny neneňsi azaba goýanyny göz öňüne getirdi.

«Indi boldy, nesip bolsa, öýmüzi güle dÖndererin. Enşalla, Merdan jan bir boşap, il deňine goşulyp gelse, öýümizi tanamazam...».

* * *

Ondan bäri eýýäm ýarym aý geçipdi. Ogulnyýaz daýzasyna bir gysym puly dört bölüp berdi.

– Bularyň näme, sadakadan düşen ýaly.

Ogulnyýaz myssaja ýylgyrdy.

– Bu üç ýüz manat Annasoltanyň ogly Myratjany saklanym üçin, hol, goňşymyz, artist gelin! Bu müň iki ýüz manat bäş sany ýaka satdym, şolaryň puly, bu üç ýüz manat köçe süpürýänimden, bu üç ýüz elli manadam, žurnaldaky işimden, jemi bolar iki müň bir ýüz elli manat...

Daýzasy pullary titreýän elleri bilen tutup, ýüzüne ýakynlandyryp, humarly gözleri bilen barlap gördi.

– Barymy, şol!

– Ýok, ýarym aýlyk!
– Bolýa!
Ogulnyýaz bu wagt bir zat diýmäge çekindi.
– Daýza, aýlykda penjirelere tuty alaýaýyn?
– Aýlyga bir ýeteli! – Ol pullary dyzynyň aşagyna dykyp oturşyna aýtdy.
Şol gije daýzasy oňa igenmedi. Ogulnyýazyň özem sagadyny daňdan bäşe gurdy-da, Myratjygyň ýuwan eşijeklerini ütükläp, ýerine geçdi.
Bu gün duşenbe güni Ogulnyýaz üçin dynç güni ýalydy. Annasoltan hepdäniň birinji güni işine gidenokdy. Şonuň üçinem ogluny ýanynda saklaýardy. Käte:
– A gyz, bu çaga Gyrnak gideli diýip halys alaýdy-la. Mesen-e bagryňa ýelmesene ogluňy – diýip, getirip gidýärdi. – Waý, gyz, men seniň ogluň däl, Gyrnagyň ogly diýip goýanok gyz. Şu çagalaram sähel hajyk-hujuk eden tapsa, ejesinden geçjek gyz...
Annasoltanyň sözüne Ogulnyýaz hezil edip ýylgyrsa-da, Pugta daýza-da şol sözi gulagynyň duşundan geçiräýenokdy.
– Wah, diýmändirlermi: emjek beren, aňry git, gujak geren bäri gel! – diýip. Bular kemala gelensoň eje nämelerine derkar. Olar şo duruşlaryna asmandan inendiris öýdýärler. Aty at edýänçäň, eýesi it bolýar, bular-a adam...
Annasoltan dilewardy. Ol Pugta daýzany gepledenokdy.
– Dogry aýdýaň, Pugta daýza. Kyn bolansoň, men-ä, şu oglany Gyrnak jana beräýjek. Merdan jan gelýänçä güýmenje bolar hemem bir azajyk adam edişersiňiz!
– A! – diýip, Pugta daýza bu sözlemiň manysyny tirýänçä, Annasoltan Ogulnyýaza garap: – Waý, ylhanat kempir-ä, şu-da akyl satyp, öňem bir ogly gül ýaly edip ýetişdirdiň diýsen-e... Bagty ýatan...
– Hä? – diýip, çilimine boglup oturan Pugta daýza gep saýhallaýança, Annasoltan hikir-hikir gülýärdi.
– Pugta daýza, Gyrnak diýýän, serediber Myratjana, nesip bolsa seniňem ogluň bolar, Merdan jan gelse diýýän.
– Aý, näbileýin! Bulardan ogul bolup, agtyk görüp, pähe-eý! Annasoltan tüýs artistligini etdi-de, gözlerini petredip, garra garap kellesini elendirdi.
– Haý, aňkasy aşan-eý, gyz, ýagşy dilegem ýog-a. Toba, nesip bolsa-da diýenoga. Aý, seniň mysalaň gursun. Dogan şunuň ýüzüni görmegem päl däldir. Ýöri, Myrat jan, ýene bir zat diýmänkäler gaýdaly. – Ol gözlerini gypyp goýberdi-de, Ogulnyýazyň gulagyna pyşyrdady. – A gyz, saňa gowy paklonnik tapdym. – Ol başam barmagyny gaňyrdy. – Wo! Bir baý, bir baý. Özem ýaş, görmegeý. Aşgabadyň ähli heleýi şol diýip ölýä...
Ogulnyýazyň ýaňagy oda tutulana döndi.
– Sen şu öýde beýle gürrüň etme, dogan.
Annasoltan ýüzüne-de almady.
– Bor, daşary çykanymyzda edäýeris, şol gürrüňi.
– Ýok, ýok! Daşarsam bolmaz, içersem, beýle hana gepiň...

– Bolýa, diýmedigim. A gyz. Gyrnak ol meýit, meni öýümde goýanog-a. «Bar, diýsen-e, näme diýýä» diýip. Gel, meni oýnaş tutunaýsan-a bolmasa-da diýýän. Edenok.

Ogulnyýaz Myrady ejesiniň eline berdi-de, özi aşhana girip, gap-gaçlaryny. ýuwuşdyran boldy. Annasoltan «munuň-a gulagna hoş ýakyp ugrad-ow» diýen manyda, ogluny gujagyna göterip, aşhana girdi.

Ogulnyýaz henize çenli adamyň ýüzüne gelen adam däl bolsa-da, ol urnup-çydaman, Annasoltanyň ýüzüne geldi.

– Eger beýtseň, ogluňa seretmän. Bes indi, meni öz günüme goý!

Annasoltan gözlerini tegeledi-de çykyp gitdi. Ýöne soňky gelende ol gaýdyp bu barada dil ýarmady.

Ogulnyýaz sagat onlarda ýerine gelmänkä içerä, aşhana ýene bir laý aýlandy.

– Daýza!

– Hä?

– Çaý içermiň? Ýa başga kem zadyň barmy?

– Çaý ber. Ýöne ýaňkyň ýaly ak suw bolmasyn!

Ogulnyýaz çaý goýdy. Daýzasynyň çäýnek-käsesini gaýtadan ýyljak suw bilen çaýkady. Soň onuň özüne görkezip çäýnegine çaý atdy.

– Indi bolar, ýatyber. Ýöne, gyz Gyrnak, ertir nasyň ugruna özüň çykmasaň-a, halys sürenime ýetdirdim men...

Ogulnyýaz ol-a nasmyşyn, daýzasynyň göwnüni tapmak üçin, ilerki gara dagdan arkasy bilen daş çekmäge taýýardy...

Onuň üçin şu öýden, şu aýaldan ýakyny ýokdy. Bar işik ýapykdy.

...Ol gaýtarma döwrüni pagta ýygymynda geçirip, indi üçünji aýyň içidi, atasy öýünde aga-ýana ýaýnap ýördi. Daýzasynyň kalbyna salan hesretiniň, başyna getiren oýunlarynyň yzasy juwan ýürekden öçüşipdi.

Merdanyň Baýramala, arak goýdurylýan ýere zor bilen iberilmegi, adamsynyň öz ýüzüne garamazlygy, daýzasynyň agza alyp bolmajak sözleri ony şol içeridenem, Merdanyň özündenem sowadypdy. Onuň aýagy indi şol öýe  ädiljek däldi.

Ogulnyýaz şol öýe baran gününden bolan hekaýaty, gylyny gymyldatman enesine aýdyp beripdi. Ýüzündäki, endamyndaky gök nilleri gören ene onsuzam ýagdaýa göz ýetiripdi. Agtygynyň ýüzüni görüp, ýagdaýyny sorap oturşyna ol:

– Hudaýyndan tapsyn-da, men başga näme diýeýin! – diýip, oňup otyrdy.

Üçünji aý diýlende ol enesini kakasynyň çagyrdýanyny eşitdi. Ogulnyýaz bu çakylyga öňräjikden, pynhanlyk bilen garaşýardy. Ejesi ýüzüni ak tam edip geldi.

– Eneň bilen bar!

Kakasy öz otagynda, kiçeňräk halynyň üstünde çaý içip otyrdy. Ejesi bilen gyzynyň gireninden ýekedyza galdy-da, başyna gulakjynyny geýdi.

– Eje – diýip ýerinden turdy. – Geliň.

– Oglum, sag-aman işläp ýörmüň?

– Ýagşy, eje!

Ogulnyýaz bir öýdä bolsa-da kakasyny köpden bäri görenokdy.

Etrapda işläni üçin, ol namazyny okab-a işe gidýärdi, çagalar, ýatar wagty, sagat onda, onbirde-de öýe gelýärdi.

«Kakan geler», «kakaň geldi» sözi bilen üwrelen, gulagy ganan gyzlar bolsa, şu sözi eşidenden öýdeçil guşlaryň gün ýaşdygy höwürtgesine ýygnanyşy ýaly, içeri girmek bilendi.

Öýde, şükür iýmek-içmek, egin-eşik, mal-gara, olara ot-iým kemçiligi bolmany üçin Togta ene-de aýda-ýylda bolaýmasa oglunyň ýanyna barjak bolup dyzabam durmazdy. Näme bolsa gelni bilen maslahatlaşar. Onuň «bolýa», «özüňiz gowy bilersiňiz» diýen ýa ýeke agyz sözüni eşider-de, bilenjesini eder. Onsoň, şu öýde öz diýeniniň tutulyp, öz gadyr gymmatynyň artykdygyny duýup ýörşünine, artdyryp bilse, oglunyň mertebesini artdyrjak bolýardy. Toý çakylygna, ýa çagalaryny gonşy gyzlaryňka iberjegem bolsa:

– Duruň, kakaň näme diýýär – diýerdi. Şol gün olary saklar. Ertesi gün rugsat berer.

– Ene, kakam gidibersin – diýdimi? – diýip, şeýtanja gyzlar çintgäp-çintgäp sorardy. Enesem:

Ýöne gaty gowy bolsunlar – diýdi diýer.

Çagajyklar bir iş etse-de.

Kakaň-a, göwni ýetdi. Tüweleme – diýdi, diýer-

Çagalaram «kakalaryndan» berekella aljak bolup çyr-çytyrdyr. «Ene, kakama aýtgyn, men bäşlik aldym» diýse, «Ene, kakamyň köwşüni men ýuwup, arassalandyryn» diýip, gyzlaryň biri aýdar. Şeýdip, çagalar hat-da Togta ejäniň özem ogluny aýlap-günläp görmese-de, onuň bilen bile ýaşap ýördüler.

Oglunyň bu gün beýle ir gelmesini geň gören Togta eje, onuň öz ýanyna çagyrmasyny ondanam geň gördi.

– Gyzyňam alyp gel – diýýä – diýip, gelniniň getiren habaryndan soň onuň üçin bar zat aýan boldy.

Ol jaýa girensoň, öz ogly bolsa-da, duýman ýaşmagyny agzyna çekdi.

– Eje! – diýip, birhili owadan, mähir bilen aýdylan söz enäniň gulagyndan girip, ýüreginiň gatan ýaralarynyň agyrysyny el bilen aýrana dönderdi. – Hany, otur.

Ol ejesi oturansoň, diňe şondan soň edep bilen oturdy. Özem, misli bir sylagly, ýat adam içeri giren ýaly başy telpekli, egni içliksiz penjeklidi.

– Saglyk ýagşydyr?

– Şükür oglum özüň nähili?

– Ýagşy, eje! – diýip, oglam edil gelni ýaly, ýeke söze daňyldy.

Çaý geldi, nahar äberildi. Iýildi-içildi, soň omyn edilenden soň, ogly ejesiniň ýüzüne mylaýymlyk bilen garady.

– Eje!

– Jan balam!

Ogulnyýaz edil bir gaýnap duran suwa batyrylan ýaly, gara suw bolup, ýere

giräýeýin diýýän ýaly bolup otyrdy. Häzir ýer ýarylsa, ol säginmän, şoňa özüni atjakdy. Kakasy nämüçindir oýlanýardy.

– Gyzyny käň sakladyňmy? Ýa-da göwnümemi?

Togta eje-de ýer dyrmady.

«Wah – diýip, ol öz ýanyndan ýer ýumruklady. Şeý diýerem-ä diýdim-le. Şu gyza dözmedim-dä...»

Ogulnyýaz üçin häzirki gepden öleni gowudy. Ol ömrüne kakasynyň «berekellasyndan» özge söz eşitmändi. Häzir onuň üçin daýzasynyň iňirdisem, onuň urgularam edil bir puluň sesi ýaly ýönekeýdi, ýeňildi. Ol kakasynyň ýüzüni ýere salandan, ölmäge taýýardy Bu gün onuň üçin ölümden müň esse erbet bolupdy. Ol gepi eşidenden daýzasynyň aýagyna suw akydyp, ölenini mün mertebe ybaly gördi. Ol bir gysymjyk bolup oturan enesine garady. Enesiniň ýagdaýynyň hem özüniňkiden gowy däldigine düşündi.

Ene-dä, ol ýene-de ýuwmarlajak boldy.

– Gyzym – diýdi. – Azajyk gezsin diýdik-dä!

Ogly henizem ýüzüni galdyranokdy. Ýöne ol agzyny ajadybam durmady.

– Bor, eje, ýöne gyz biziňki bolsa-da, maşgala kesekiniňki. Amanady har tutmalyň...

Soň hiç kimden ses çykmady. Togta eje gürrüňiň gutaranyny aňdy.

– Bor oglum, näme diýseň şol bolar...

– Özüň gör, eje. Özüň edişdiriber...

Bu maslahat Togta ejäni gaýra ýaşadan ýaly boldy. Oglunyň ahyr ýaşynda ýüzüne gelmegi özüne uly aýyp bildi.

«Wah, men bar bolaýyn. Dözmedim-dä. Ol haýasyzam gelenogam, habaram iberenok. Bu gyzy indi bir üstüne atlap durmaýyn – diýdim-dä. Adamsam ýok, birnemejik gadryny bilsin ol bidöwledem diýdim-dä! Wah...».

Ol Ogulnyýazy, gelnini çagyrdy.

– Indi ne alaç etmeli?

Gelniniňkä şol bir gepdi.

– Özüňiz bilersiňiz!

Agtygam ýüzüni ýere sallap otyr.

– Näme diýeýin!

Ýene-de Togta ejäniň özi ýol açdy.

– Balam, kakaň dogry aýdýar. Sen biziň gyzymyz bolsaňam, kesekiniň maşgalasy. Sen bize bir amanat. Amanadam müddetinde yzynajyk tabşyran ýagşy. Bolduň, gördüň. Ene-ata didaryndan doýma ýokdur, bu dünýäde. Ýöne yhlasyny ol öýe ber. Ol bidöwlete görä bolma, döwletli bol. Sen şu öýden äkiden döwletiň bilen ol öýi döwletli et, şu öýden elten yrsgalyň bilen ol öýi yrsgally et. Ýagşy bolmak juda kyndyr. Ýamany bäş minitde bolup bolar. Aýrylyşmagam gaty aňsatdyr. Edil ýamanlyk ýaly, bäş minitde goşuňy ýygnap, içden çykmaz ýalam bäş-alty söz aýdyp, gapyny jalka depseň, şol bolar. Emma ýagşy boljak bolsaň, saçyňy sübse edip, şol öýde

süýekleriňi agartmaly. Ejeňe gara, ýer ýaly bolup ýör, eneňe gara, fronta gideniň yzynda ýeke çagany öwlüýä ýaly edip saklady. Eneň etegini ataňdan özge kişi galdyran däldir. Aslynda erkege ymrylma, abraý ymryl. Ärem, gaýnyňam är etjegem, abraýly gaýyn etjegem gelindir. Az iý, iýmäge janyň sag bolsun, az ýat, ýatmaga janyň sag bolsun. Işle, şol öýüň ody bilen gir, küli bilen çyk. Iş adam öldürýän däldir...

Ol agtygyny şol gün agşam öz aýal doganynyňka getirip gitdi. Agtygyny doganynyň ýanynda oturtdy.

– Pugta – diýip, ýüzüni agraldyp aýtdy. – Ine, gelniňi getirdim. Ogluň bilen goşa garrasyn. Köp ogul-gyzlary bolsun. Bagtlaryny, yrsgallaryny Alla jan köp bersin! Agtygyma diýjegim, şu öýe  gelnaljy bilen geldiň, sakaja bilenem gaýdarsyň. Şu öý öwlüýädir, bu garram müjewüriň. Şu öýi döwletli, yrsgally edýänçäň ýüzün görülmez... Galanynam allam oňarsyn. – Ol aýal doganyna garady. – Pugta, saňa aýtjagym, gyrnak getirip eliňe berdim, eger aýagyny gyşyk bassa, dilini gyşyk çeýnese, elini gyşyk tutsa, dogram-dogram et, wah, diýsem janym çyksyn. Emma perişde ýaly balama, bigünä halyna, diliňi ýetirseň, diliňi gömeýininden sogrup, itlere bererin. Eger bigünä halyna elini ýetirseň, eliňi çüýrederin...

Pugta daýza azarlap duran ýüzüni, gamaşdyryp:

– Biziň-ä il bilen işimiz ýok – diýdi.

Togta enäniň sesi gaty gazaply çykdy.

– Ony il bilýän bolsaň, aklyňa dalaw degipdir seniň. Men saňa bir zat aýdaýyn, sen adam soňusyň, adamsoňy. Ýöne naçara azar berdirmerin. Garaklaryňy akdyryp, diliňi keser gideris. Nebir oglany, oňa-muňa saklatmaga beren bolup, äriň bilen, oýnaşlaň bilen kurortdan kurorda ygyp, halaly bilmän, haramy bilmän, onuň öňi, soňy bardyr diýmän, baý sürdüň-ä. Indi çekersiň jezasyny. Bilip goý, kasas kyýamata galmaz. Ogluňy zaýaladyňmy? Indi bu gyza-da azy ursaň, özüňi hol tirek goýdurylýan dälihana dykdyraryn...

Pugta daýza gorkdy. Aýal doganynyň namys, ar üçin janyny bermäge taýýardygyny ol bilýärdi.

...Bir Sapar Ata Haýlyýew Togta ejäniň ýanyna aýalyndan ýanyp barypdy.

– Men näme etjegimem bilemok. Men işe gaýtdygym, öýe  erkek getirýär. Uly wezipäm bilen, uly abraýym bilen ony urup-sögüp ýörmege-de çekinýän. Häzir aýala el degirseňem, «söýgi üçin aýalyny horlaýar, ol feodal!» diýip üstüňden döküljekler. Meniň ýerim diýip, atly-ýaragly gezip ýörenlerem kän. Sähel bahana bolsa, atdan agdarjaklar...

Ol uzur ötünip gaýdandan soň, Togta eje-de ak maşyna atlanyp Aşgabada eňdi.

Pugta öýdedi. Owadan halady dolanyp, han heleýsiräp otyrdy.

– Waý, aýtman geläýipsiň-le? Ata-da komandirowkada. Gyrnagymyzam öýüne gaýtaraýdym...

Ol çaýy juda agyr minnet çekýän ýaly bolup getirdi.

– Meniň hökümet poliklinikasyna barmaly gyssagly işim bar. Senem gaýtjakmy? – diýen boldy.

– Ýok, men ertir gelerin – diýdim, çagalara. Şu gün seniň ýanynda boljak.

Pugta daýzanyň içki gozgalaňy daşyna çykdy. Ol garört bolan ýüzüni sypjakladan boldy. Ol beýlesine öwrülip, tütäp duran içini egisdi.

– Haram heleý, gelmäge başga wagt tapmadyňmy? Aslynda, ne görüň bar Aşgabatda, otur-da öz obaňda sokul-da. Obaly haýran...

Näme diýse-de, näçe diýse-de, barybir Togta eje Pugtanyň sözüni eşidenokdy. Gaýta ol öz aýal doganynyňka gelenine örän şat ýaly görünýärdi.

Pugta telefona ylgady. Emma gözleýäň adamsynyň ýokdugyny aýtdylar.

«Ýa, baryp işikde durubersemmikäm? Bolmasa, goý, gelsin-le, muny ho-ol çetki otaga elterin. Obaly haýran, onuň ýaly zatlara kän bir düşünibem barmaz...».

– Gel, onda nahar atarynaly – diýip, ol aýal doganynyň öňüne ýarym bedre kartoşkany dökdi-de, özi beýleki otaga gitdi.

Togta eje aýal doganynyň bu aljyraňňylygyndan, her sözünde telim dürli öwsüp durşundan onuň ýene-de bir päliň başyna barandygyny aňdy.

– Ikimize munça kartoşka nämä gerek? – Ol içi zatdan ýana ýarylaýyn diýýän holodilnigi açdy. – A gyz, kartoşka nämä gerek. Towuk gaýnadyp goýbereli. Hem ýeňil, hem, çalt bişýän nahar.

Gör, özüň, näme isleýän bolsaň, şonam bişiräý. Aý, menem wraça gitmemi goýdumam welin, eýýäm çakyza başlady-da. Aşhana barsam, ýagyň-ýokuň ysyna beter bolýa. Gowuýey, men saňa şujagaz ýere haly düşäýeýin-le. Özüňjik çaýam iç, naharam iý.

Aşhana girelge işikden uzagrakdady. Şonuň üçin Pugta aýal doganyna al salaryn diýýärdi.

Edil on ikiniň ýarynda işik kakyldy.

– Barýan! – diýip, Pugta moýmuldaklap işige bakan ýorgalady. Işik açylandanam onun «üş-ş!» diýýän, sonam ýuwaşja ýöräp, öz otagyna geçenlerini Togta eje duýdy.

Işik ýapyldy, bäş-on minutlap ses selem çykmady.

– Kim geldi? – diýip, aýal dogany gelensizräk sorady.

– Aý, goňşy bir zat sorap gitdi. Neme, naharyň ýetenokmy? Neme...

Togta ene birden gazap bilen ýerinden turdy-da, diwardan asylgy uly, berk kepgiri sen ýok, men ýok aldy-da, aýal doganynyň maňlaýyndan saldy. Kepgir edil maňlaýa degdi.

Beýle zady göwnüne-de getirmedik Pugta, kepgiriň awusyna bir «waý» diýdi-de kellesini tutup, stoluň üstüne güpürdäp gaýtdy.

– Näm bold-aý?– diýip, içerden kimdir biri näz bilen gygyrdy. Togta eje elindäki kepgirini talawladyp, ol otaga garşy ýöneldi.

Ol aýal doganynyň düşeginde kükreginiň tüýüni bir penje edip ýatan garynlak, gara lödür pyýadany gördi.

Ol pyýada garaşmaýan aýalynyň otaga girenini gördi-de, ilki bir «salawmaleý...» diýdi-de, soň ýorgany iki eli bilen eňegine çenli çekdi. Togta eje

kepgir bilen ol pyýadanyň ýüzüne birki gaýta kessir-kessir urdy. Garagan ak ýorganyň üstüne seçelenip gitdi.

– Çyk öýden, haram ýer çeken! Ýogsa, läşiňi serýän, çyk!

Garynlak pyýadanyň ýüregi tarka ýarylyp, huşy başyndan uçana döndi. Ol ýorgan-sorgan bilen işige bakan düwdenekläp ugrady.

Togta eje elindäki kepgiri bilen gara pyýadanyň kellesiniň çykaýan ýerine, syrtyna, garnyna ýagşyja ýelmedi. Ol pyýada işigi açaryna mähetdel syrtyna sapan degen mekejin ýaly, ýok bolup gitdi.

Pugta öz ganyna gark bolup, aşhanada titräp, iňläp otyrdy. Ol eli kepgirli aýal doganyny görüp, ýüzünden akýan ganyny lagtalandyryp titräp başlady.

– Waý, dogan, pohumy iýdim! Boldy et, ömrüme sapak bolar, degme, urma, gurbanyň gideýin.

Togta eje kepgiri onuň egninden inderdi.

– Ganjyk, men seni urman, öldürerin. Senmi?! – Ol demir kepgirini ýene galdyrdy. Asyl soň öz gözüne ynanmady Pugta şol göwresi bilen aşhananyň kiçijik stolunyň aşagyna girip, waýkyrýardy.

– Beýtme, rehimiň gelsin. Ýekeje oglumdan ant içýän, indi pohumy iýmerin!

Togta eje ony stoluň aşagyndan çykardy.

– Kim ol?

Pugta demini içinde saklady.

– Kim diýýän, ganjyk?

Pugtanyň gözi alty-bäşe gelip ligirdedi.

– Bazanyň, bazanyň başlygy!

– Ady kim?

Ady, Mämi, hawa-hawa, Mämi!

Togta eje kepgirini goýmady Hälki hapa otaga girdi-de, ol gara pyýadanyň ýeňsiz köýneginiň jübüsinden çykyp duran şahadatnamany aldy. Soň ýene aşhana geldi.

– Entek bir äriň gelsin!

Pugtanyň agyrly depesinden asman inene döndi.

– Jan dogan, öldür, ýöne şoňa aýtma. Ol meni kowar. Ol, ol meni ýeke günem saklamaz. Men ýetim, öň näme günüm bar. Gowusy, al pyçagy, öldür meni...

Ol täzeden aglap, eňräp başlady. Özem çyn agydy. Ol agyny diňläp oturyp boljak däldi.

– Eneden, atadan kemis goýan hudaý, ärden gönendirmedigiň näme! Dogandan göýdük eden Alla, gysyr goýanyň näme? Bagt berip, ygtyýaryny bermäniň näme, eý alla! Ýerde-gökde bar bolsaň, al meni!.. Al, al, al meni!..

Togta eje soň ertire-de galmady. Agşamara Büzmeýine gaýdýan ak maşynyň ýoluna çykdy. Ýöne aýal doganynyň hapaçylygynyň syryny bir ýerde-de dilinden sypdyrmady.

Ine, şonda ol öz uly aýal doganynyň dişiniň gatyjadygyny, ol bir agyz uraýsa

süýekleriňi çeýnemän goýmajagyny, onuň maňlaýynyň garasy bolup ömürlik galan kepgir yzy her gün, her sagat bildirip durdy...

Şondan soň, Ogulnyýaz gaýdyp geleli bäri ol oňa heňkirmesini, igesini sürtmesini goýmasa-da, paýyş sögmesini, el gaýtarma, syny goýupdy.

Bu agşam ol birden myssardy. Özi dileg saldy. Bu zatlary Ogulnyýaz gowulyga ýordy. Ýöne Annasoltanyň «dilini-başyny» çeýnemesini welin ýüregine siňdirip bilenokdy.

«Naýynsap, artist bolup, sahna çykyp, ile akyl öwredip, torsuk ýalyjak çaganyň enesi bolup, nädip şol sözleri agzyna alyp bilýärkä? Ýer nädip şolar ýaly dili hapalary göterip ýörkä? Meniň özüm gowşak. Şol söz agzyndan çykandan öýden kowmalydym...»

Ol hyýalynda, gazabyna bäs gelip bilmän Annasoltany öýden kowdy. Ýöne Myratjyga welin dözmedi. Ol «Gyrnak eje» diýip özelendi durdy...

«Hudaý bardyr. Ýamanlyk eden öz hudaýyndan tapar».

Ýöne, Ogulnyýaz köşeşenokdy. Bir kişiniň dulunda oturan päk maşgalasyna gelip, özem aýal maşgala bolup hapaçylyk gürrüňini edýän aýala, ol juda haýran galdy.

– Eý, tob-eý. Asyl azgynçylygy başlaýan aýallaryň özleri eken-ä. Wah, günüňize ýanaýyn, betbagtlar...

* * *

Sagat erbet jyrlady. Ogulnyýaz garym-gatym düýşleriň arasynda gezip ýörşüne, oýanansoňam özüni ep-esli wagtlap ele alyp bilmedi. Soň eýwanda duran sübselerini, pilini hemem iki sany köne bedrelerini aldy-da daş çykdy.

Aşgabadyň halky süýji ukudady. Köçelerem heniz oýanmandy. Ýatan adamyň ýüzüne-gözüne gonup ýören siňek ýaly, seýrek maşynlary, sap-sary gözlerini açalak-ýumalak edip oturan swetoforlary hem-de çeşme suwy ýaly dury asmany diýäýmeseň, köçelerde iňlär siňek ýokdy.

Ol özüne berlenje köçäniň pyýada ýollaryny ilki uly sübse, soňam kiçi sübsesi bilen syryşdyrdy. Duralganyň töwereginde çaşyp ýatan kagyzlary, çigit gabyklaryny, awtobus, trolleýbus biletlerini kiçi sübse bilen bir ýere üýşürip, soňam uly sübse bilen syrdy. Ýeliň gyrasyndaky selmedir çaýyrlary gyrçaşdyrdy.

Küde bolup giden süplükleri iki bedreläp beýleki kwartaldaky hapa guýulýan ýaşiklere çekdi. Bahar pasly bolansoň, köçeler tämizdi. Onuň süpürýän köçesinde uly-uly agaçlaram ýokdy. Ýaprak bolmasa, ýagyş beýleki bolmasa, tüweleý geçmese Aşgabadyň köçeleri arassa bolýardy Onda-da Ogulnyýaz işine iki göwünli däldi. Berlen paýjagazy gül ýalyjak bolmasa, ol ynjalybam biljek däl-di.

Köçeden trolleýbuslar gatnap başlapdy. Ogulnyýazam indi işini birýaňalyk edipdi.

«Baryp, daýzam turmanka, oňa süýtliaşjagaz bişirneýin...» diýip oýlandy. Onuň arkalary, boýunlary gara derdi. Ajy deri çykandan gelniň süňňi ýenläpdi. Ol häzir işden irjege meňzemeýärdi. Ýerde ýatan sübselerem, bedreleridir kiçijik kepjesem häli,

turanyndaky ýaly, onuň eline agram salyp duranokdy.

Ol köçeden geçjek bolup durka kimdir, biriniň gygyrýanyny eşitdi.

– A gyz!

Ogulnyýaz bu daňdanyň alagaraňkysynda özüne gygyrylýandyram öýdenokdy. Şonuň üçin yzyna arkaýyn gaňryldy.

– Saňa diýilýär, aý gyz!

Ol sesinden özleriniň brigadiri Abdy agadygyny tanady.

– Nirä barýaň, sozan guýruk bolup?

Ogulnyýaz salam berdi.

– Hany, neme welin, işiňi bolanyň. Ol hapa näme, ol otlar, kagyzlar näme? Işleýşiňem şumy? Iller ýaňy işe çykýa. Sen bolsa, neme welin, eýýäm...

Ogulnyýaz üstüne gygyrylyp durulmasyny geň gördi.

– Bu meniň ýerim däl.

– Hany, seniň ýeriň?..

Ogulnyýaz pilini, sübselerini ýabyň içinde goýdy-da yzyna dolandy. Ol şoluny öz uçastogyna aýlady.

– Ine, şu köçe boýa-boý meniňki. Gündogarky hemem günbatarky çatryklaram maňa berdiňiz-ä daýy!

– Hä, hä, munyň bolýar, ýöne, neme welin, daýy diýip, dursuň, özüňem. Abdy ýa-da Abdyşka diýäý maňa. – Ol tigriniň jaňyny jyňňyrdatdy. – Getir bedreleriňi.

Ogulnyýaz bedreler oňa iş üçin zerurdyr öýtdi. – Abdy bolsa tigriniň her şahyndan olaryň birini asyp, piliň, sübsäniň duran ýerine bakan ugrady.

– Näçede turýaň? – diýip, ol ýoldan bedreleri şakyrdadyp geçenden soň sorady.

– Bäşiň ýarynda!

– Baý-bo-ow, gaty ir-ä. Sen gorkaýma. Beýle gaty irem gelme. Kim bilýär. Bu şäher möjeklerinden gorkaýmalydyr.

– Wa-aý! – diýip, Ogulnyýaz tisginip gitdi. – Şäherde möjegem barmy? – diýip, howsalaly sorady.

Abdy gözleriniň hersine sönüp barýan ýyldyzlaryň birini salan ýaly, ýaldyradyp has hem çynyrgatdy.

– Guduzlaram bar. Olar neme welin, arada bir gelnimizem ganawa taşlap gidipdirler.

Ogulnyýaz sandyrady. Onuň derläp duran endamy ilk-ä, buz ýaly boldy-da, soňam laplap ýanyp başlady.

– Hudaý saklasyn! – diýip, parçalanyp ganawa taşlanan gelin özi ýaly, erbet galpyldady.

– Men-ä, gorkýan! – diýip, demini titredip aýtdy.

Abdy burnuňa salyp güldi.

– Sen gorkma. Seniň ýaljak keýik owlagy deýinje maljagazlary olar birje gezek ogşap gidiberýärler... Neme welin...

Ogulnyýaz özüni tutdy.

– Bedrämi beräýiň! – Onuň demi otly çykdy. Abdy bedreleri alyp durşuna ardynjyrady.

– Neme welin – diýdi. – Düýn awanys aldyňmy?

Ogulnyýaz ýaşyndy-da başyny atdy.

– Näçe berdiler?

Ol ýaşmagyň astyndan «üç ýüz manat» diýip, eşidiler-eşidilmez aýtdy.

– Üç ýüz! – Abdy ýene-de içine doňuz diňini salyp durdy. – Näme welin, şu biziň «başlyklarymyz gursun! Neme welin, ýöne «her işçiden ýüz manat ýygnamaly» diýip, meniň-ä, iki aýagymy bir gonja sokýarlar. Neme welin, galan bir sen-dä. Beýlekiler şo mahal berdiler. Neme welin...

Ogulnyýaz saklandy. Ilki sesini çykarmady.

– Daýzamdan soraýyn – diýdi.

– Neme welin, daýzam-paýzam – diýip, ile gep ýaýratma. Bu bir hemme ýerde edilýän zat. Arkaýyn işlemegiňe gowy bolýar. Başlyklar bilen arkalaşsak, olaram biziň bilen arkalaşýar, düşnüklimi?..

Ogulnyýaz girelgä çümüp gidenden sonam, Abdy ýokarky gata garap ep-esli durdy. Onuň göwnüne bolmasa, ýokarky eýwanlaryň birinden bu owadan gelin çykyp, elini bulaýlap hoşlaşaýjak ýalydy.

– Ah, owada-an, gelin, haý-haý,
Ah, suw be-he-heden gelin-aý-aý!
Hük-hük-hükgi-hükgi, owha-adan kelinaý...

Abdy tigriniň jaňyna goşup, ulili bilen aýdyma gygyryp, säher bilen işe barýanlary ýylgyrdyp barşyna, diňe bu owadanja gelin bilen ýaşaýardy. Ony eline almagyň aladasyny edýärdi...

– Ow-ha-adan gelin-ow-o-ow!

– Han-a gelýär – diýip, «Sungat» žurnalynyň redaksiýasynyň işiginde üýşüp duran erkekleriň arasynda duran Aýja dabara bilen aýtdy. – Serediň-aý, serediň erkekler, doýuň seredip! – diýip, ol birhili gyzykma berip, adamlary işe täzeräk gelen ýaş gelne bakan öjükdirýärdi.

Ogulnyýaz Aýjanyň sesini eşitdi. Öňem özüni ýadawrak saýyp gelýän gelniň endamyny der basdy. Utançdan, haýadan ýaňa aýaklarynyň ysgyny gaçdy. Ýüzi lapylap ýanyp, ýüreginiň bir burçunda turan howsala onuň gözleriniň öňüne-de perde bolup barýana dönderdi.

Ol ýykylaýmakdan ýa-da aljyrap, gülki bolmakdan gorkup, ol adamlaryň deňinden zordan geçdi.

Aýja oňa:

– Gurgunmyň? – diýse-de, ýene yzy bilen güpürdäp içeri girdi. – Maladisaý, Gyrnak sen. Aşgabadyň ähli erkeklerini aýagyňa ýykyp bilýäň-aý, zaňňar.

– Hudaý saklasyn! – diýip, ol ýerine geçip, heniz deri gaýtmany üçin uly

çargadynam aýyrman çekmelerini dörüşdirip başlan gelin aýtdy.

Aýja garaja, girrikden tegelejik ýüzünde bitaýja terezi ýaly bolup oýnaýan gözlerini ýylymsadyp, gara çyny bilen:

– Hudaý kessin! – diýdi. – Şolaryň ählisi seni görmek üçin oçura durlar. Gördüler-de «beýde-be-eý» bolaýdylar. Taňry Berdiýewiçem bir gabanýar, uwuf! Şol-a seni söýýära-äý. Uwuj, «elimde bolsa maşynly äkidip, maşynly getirerdim!» diýýäraý. Olam ýaman owadan-a...

Ogulnyýaz üstüne saýa saljak bolýan ýaly, stoluň öňünde gazarylyp duran, ýaşy ep-eslä baran aýalyň bu sözlerini Annasoltanyň gepine meňzetdi. Bularyň hersi başga sypatda bolsalar-da sözleri, niýetleri bire meňzeýärdi.

«Şular saklamal-a aýalyň namysyny, mertebesini. Gaýta, ilki bilen bular döküýän eken-ä özleriniň abraýyny...»

Ol ýüzüni näçe sypajaklatsa-da Aýja giderli däldi.

– Han-a, Taňry Berdiýewiçiň özem gelýär. – Ol naşyja gülen boldy. – Eý, Taňry Berdiýewiç! – Ol Ogulnyýaza garap gözüni gypdy. – Gel, şuňa bir degeli-le. Soň ol koridora gygyrdy.

– Eşidýäňmi, e-eý, Taňry Berdiýewiç, daşardaky erkekleri gördüňmi?

Taňry Berdiýewiç gulagyndaky ses gataldyjyny oýnap içeri girdi.

– He-he-he! Näbe diýdiň, hä? Ol ýene-de gulagyndaky apparaty elleşdirdi. – Azajyk dur, şuny düzedeýin. – Ol bir gözüni gypalak edip, gulagyndaky apparatjygy eline aldy-da, garaja nokatjyklaryna basyşdyrdy. – Hä, indi boldy. Hä, näbe diýdiň?!

– Işikdäki erkekleri gördüňmi diýýän-ä? – Ol beýlesine öwrüldi. – Ker haýran-a.

– Soňam ýene-de Taňry Berdiýewiçe gülüm ýalym etdi. – Olar biziň Gyrnak gyzymyz diýip ölüp ýatyrlar-a...

– Ow-wa, ow-wa, men duýdum. Ölüp ýatyr eken, özem porsaýa, maşyn kakypmy, nämemi? Aý, Aşgabatda it köpelipdir-ä...

Aýja hezil edip güldi.

– Ýok...

Taňry Berdiýewiç bir Aýjanyň, birem Ogulnyýazyň ýüzüne garady.

– Ýa başga zatmy? – Ol ýene-de gulagyna geýdirilen apparaty çykardy. – Batareýi çöküpdir. Agşamam heläk etdi. Duruň, häzir men täze batareý goýup geleýin.

– Ol çykyp gitdi.

Aýja hezil etdi.

– Aý, haram ker. Şu dagam aşyk bolan bolup ýörse. Özem gyzyny çykardy, geçen hepde. Gelsin, oýnaly-la...

Ogulnyýazyň bularyň oýnuna goşulasy gelenokdy. Ol çekmedäki žurnallary çykardy. Beýleki çekmedenem bir desse bolup ýatan haty, konwertleri çykardy.

– A gyz, şonça hat geläýdimi? – diýip, ol Ogulnyýazyň ýanyna Taňry Berdiýewiçiň gelerine garaşyp güýmenen boldy.

– Ana, indi boldy. Moskwa-da sardym, şunuň bataraýyny. Ýok. – Ol Aýja gözüni gypdy. – Ýaňy näwe diýdiň?

Aýja dişini gyjap, ýumrugyny howada galgadan boldy.
– Ýaňky erkekleri gördüňmi? Biziň täze gelnimiz diýip gyrlyp ýatyrlar.
Taňry Berdiýewiň ýüzi üýtgedi.
– Hä, düşündim. Birinem getirmäň. Bary haramzadadyr. – Ol, Ogulnyýaza garady.
– Täze gelin bolsa özümize-de gerek. Poşel diýiň. Birem gelmesin...
Aýjanyň bu ýerden gitmejegi çyndy.
– Hany, çaý içeňizokmaý?
– Çaý berseň içjek-le!
Aýja gözlerini oýnatdy.
– Näme üçin men, ana täze gelin bar-a. Özem ýaşkiçi. Şumat ýumşa ýarajak wagty.
Ogulnyýaz golaýjygyndaky demir sandygyň üstünde duran elektrik çäýnegi suwdan dolduryp gelmek üçin howludaky krana bakan çykdy.
Aýja Taňry Berdiýewiçiň egnine kakdy.
– Nähili?
– Gow-aý, Aýja. Sen şuny maňa yrsaň, men şu ýyl tomus putýowkaňy mugt äbereýin. Ýolkireýiňi özüm töläýin. Redaktoryň fondundan kömegem berdireýin-ä!
Aýjanyň gözi ýandy.
– Synanyşaýyn! Ýöne soň sözüňden dänme.
– Ä?!
Taňry Berdiýewiç oňa hasam gysmyljyrady.
– Walla, ynanaý, özem bar-a, özüňe-de kömek berer diý. Bölüme işe alaýyn. Okuwa salaýyn... Başga näme...
– Baý-ba?
– Walla, ynanaý.
Aýjanyň göhi geldi.
– Hezil etdirjeg-ow, onda!
– Ä? – Ol ýene-de gulagyny elledi. Gulagyndaky apparat gowşajyk sygyryp başlady. – Häzir, düzedeýin...
Aýja beýdip gazarylyp durmagy birhili gördümi ýa-da Ogulnyýaz göwnüne hiç zat getirmesin diýdimi, çaý demlenýän çäýnekleri, käseleri alyp, kranyň başyna bardy.
– Gelneje, maňa beriň, özüm ýuwaýaýyn!
Işikdäki erkekleriň sany has, köpelipdi. Olaryň iki gözi kranyň başyndady...
– Ýok, sen çaý goýuber, özüm çaýkaşdyraryn bulary...
Ogulnyýaz çäýnegi toga çatdy-da öz ýerine geçip, haty bileň boldy:
Düýn ertir žurnalyň redaktory ähli işgäri ýygnapdy.
– Şu güne çenli bäş ýüz hat gelipdir redaksiýa. Şolaryň ýekejegine-de hat üsti bilen jogap berilmändir, sebäbi näme?
Çeperçilik bölüminiň müdiri saçy düşüp, kellesi şyrtakyr bolan adam inçejik murtuny sypalap şu wagta çenli hat-habarlar bölüminde işgäriň bolmandygyny bahana

etdi.

Kino tankydy bölüminiň müdiri hatyň köp gelip, bölümde ýeke özi bolansoň, eliniň ýetmeýändigini aýtdy.

– Ata – diýip, redaktor onuň sözüni kesdi. – Bahana etme. Öýlän nirä gidýäň, öýlän, jogap ber. Eger ýene-de şol bolgusyz ýoldaşlaň bilen tirkeşip barýanyňy göräýsem, menden gaty görme. Saňa bir gün srok...

Redaktor ýüzüniň deň ýarysyndanam köprägini tutup duran äýnegini «Amaly-haşam» bölüminiň müdirine tarap aýlady.

– Sen näme, Taňry Berdiýewiç köp hat-a seniň bölümiňe gelipdir. Näme jogabyňy köp saklaýaň?

Taňry Berdiýewiç derrew gulagyny elledi.

– Ä, näme diýdi? – diýip, ol töweregindäkilere garady. – Ä, düköndim, haý, içigara galmyş, bataraýy gutardy. Men bataraýyny çalmyşlaýyn...

Redaktor elini silkip goýberdi.

– Bäş bölüm bar. Heriňizde ýüze golaý hat bar. Şu gün başga işiňizi goýuň-da, jogap ýazyň. Tahyllaryňyzy arassalaň...

Ata diýilýän adam ýerinden turdy.

– Ýoldaş redaktor, ýaňy birhilije, içi güjüklije söz aýtdyň welin, han, indi gel düşünişeli-le!

Redaktor ör-gökden geldi.

– Hudaý saklasyn, içi güjükli söz aýtmakdan. Men iş barada aýdýan Siz bir ýyllap gelen hata jogap bermän, näme işlediňiz diýdim. – Ol çetde oturan haly bölüminiň müdirine-de ýüzlendi.

– Selbi, senem birneme işle. Men şenbe günem, gerek bolsa agşamlaryna-da, ýekşenbe günem gelýän işe, senem gel.

Selbi ýeňsesine bilbiliň guýrugy ýalyjak edilip goýberilen çokgaja saçyny elläp oturyşyna, birden agzyna elini ýetirdi.

– To-beý, to-beý! – Ol zöwwe ýerinden galdy.

– Munyň ýoldaş redaktor gaty askarbleniýe bolýa. Toba, seniň heleýbazdygyňy biz bilýäs-ä. Ýöne, sen geplejek gepiňi bilip geple! Sen meni redaksiýada yns-jynsyň ýok wagty, şenbede, ýekşenbede, ýa-da agşamlaryna işe çagyran bolup, näme diýjek bolýaň?

– Dogry aýdýaň, Selbi! – diýip, Ata-da möwç alyp durşuna, sesini titredip, aýtdy. – Näme diýjek bolýaň? Eto-že askarbleniýe...

Selbi ýüzüni awuny nyşana alýan mawdar pişigiňki ýaly etdi-de, redaktory didiwana mündürip, çep elini Ata bakan aýlap goýberdi.

– Ot-tur sen. Men bujagaş ýalyny kä-än görendirin. – Ol täzeden saýrap ugrady. – Jogap ber, sen aýalyňa, gyzyňa diýýäňmi şeýle sözi.

– Selbi!

«Selbi» diýen bolup, senjagaz, Selbi ýeke bolsa-da, ärsiz bolsa-da her öňýetene beýle sözleri diýdirýän däldir. Dogry, bizem ölmeli däl, bizi-de awlaýan bardyr, ýöne,

ýöne, senjagaz, köpçüligiň içinde aýdylýan däldir beýle söz. Isleýän bolsaň, söýýän bolsaň, ýeke özüme aýt ol sözleri...

Ata ony pikirini jemlemäge goýmady.

– Hawa, sen näme üçin meniň içýän bir bakal piwom hakda köpçülige aýdýaň. Men, men indi piwonam redaktordan sorap içmelimi? Ýoldaşlarymam, onuň üstesine, redaktordan sorap getirmelimi? – Ol Taňry Berdiýewiçiň ýüzüne garady. – Olar-how, awtorlar. Men haýsy awtora sen gel, sen gelme diýip çykaýyn...

– A, näme diýdi? – diýip, Taňry Berdiýewiç ýene-de gulagyndaky apparatyna ýapyşdy. Köpçülik onuň sözüne pakyrda berdi.

– Hä, hiý, şeýlemi, düşündim! – diýip, ol märekäni ýene-de güldürdi.

– Bor, bagyşlaň, näme diýen bolsam, ýöne jogaplary şu gün ýazyň-da, şu gyza beriň. Tamam!..

Taňry Berdiýew apparatyny sazlap durşuna redaktoryň «bu gyz» diýen sözüni belläp galdy-da, ýerinden turdy.

– Dogry aýdýaň, ýoldaş redaktor. Aramyzda bir ýaş gyz bar, emma Ata, sen, Selbi, senem, harçaňlaşyp durmaň. Ederis, näme iş bolsa ederis, ýoldaş redaktor. Bu gyza-da, ýaňky aýdyşyňyz ýaly, elimizden gelen kömegi ederis.

Redaktor äýnegini gözünden aýyrdy.

– Sen gal! – Ol Ogulnyýaza «otur» diýip, ýer görkezdi. – Getirip beren jogaplaryny maşynkadan geçir, gaýtadan özlerine gol çekdirip, aýyny, gününi ýüzüne goý, žurnala belle, haçan geldi, haýsy bölüme geldi, haçan jogap berildi, eger çykan bolsa, pylanynjy ýylyň pylan aýynda, žurnalyň pylanynjy nomerinde çykdy» diýip belle. Seniň şol žurnalyň redaksiýanyň aýnasy bolmalydyr. Tamam!

Ogulnyýaz öz ýerine barandan Aýja ylgap geldi.

– A gyz, «tamam» näme diýdi?

Ogulnyýaz aňka-taska boldy.

– Kim?

– Redaktor «tamam» diýdimi?

– Hawa.

– Şonuň üçin oňa biz «tamam» diýip at dakdyk. Masgara-la gyz, bir sapar Türkiýä gidip geldi welin, aýnap, olaryň dilini geplän bolýar, haýran...

Ona çenli Taňry Berdiýewiç geldi.

– Haý, içgaragalmyş, täze batareý goýdum. – Ol Aýja, soň Ogulnyýaza garady – Nätdim. Dogry aýtdym dälmi? Men olaryn barynyň piridirin.

Ogulnyýaz redaktoryň buýran ýumşuny bitirjek bolup, çaýa-çörege-de üns bermedi. Bölüm müdirleriniň ýapyrylyp ýazýan jogaplarynyň ýüze golaýyny maşynkadan geçirdi. Hojalyk bölümi bolup işleýän adamdan bukja, bozguçdyr, çyzgyç aldy.

Žurnalyň ýokarsyna «hatlar» diýip ýazdy. Hatyň awtory, gelen, yzyna iberilen, çykan wagtlaryny bellemek üçin dik çyzyk çyzdy-da, bir ujundan bukja salyp, arkasyna adreslerini ýazyp goýdy...

Bu gün ol çaý goýmaga mähetdel, iberilmeli hatlaryň adreslerini ýazyp, soň olaryň içine hatlary endiganja epläp, salyp başlady.

– Hatlaryň jemi sany iki ýüz dagy boldy.

– Poçta eltip, şol ýerden taşlaý – diýip, Aýja oňa gowy maslahat berdi.

– Şol ýerden «Teke bazaryna» baryp bormy?

Aýja ona bazara barmagyň ýoluny salgy berdi.

– Näme aljak?

– Aý, daýzama çaý bilen içer ýaly kişmiş bolsa...

Ogulnyýaz näçe utansa-da nas satýanlaryň ýanyna bardy.

– Daýy, nasyň gowumy?

– A gyz, özüň atjakmy, nasy? – diýip, bazarda ygyp ýören iki sany ýetginjek gülüp onuň duşundan geçdi. – Nas atýan bolsa çilimem çekýändirlaý.

– Çilim çekmez-mäý! – diýip, olaryň yzyndan gelýän gara jürjen gygyrdy. – Başga işlerem edýändir, owadanj-a..

Ogulnyýaz bu geplere gulak asmaýan ýaly görünse-de, ol gepler ot bolup onuň ýüregini çawlaýardy. Ýaşuly içmegini ýelbegeý alyp, agzyndaky nasyny dökmän:

– Öjün üşin wolşa ýenizlägini al.

Gelin lap-lap ýanýan ýüzüni aýasy bilen tutdy. «Alla jan, obadaşlarym bir görmäbilse ýagşydyr. Ýogsa, her hili gepi ýasap oba äkitseler... Hudaý saklawersin, jan Allam...»

– Ýarawsyz garry üçin! – Onuň ýalan sözläsi gelmedi.

Nas satýan ýaşuly nasyny gapdala jytdyllatdy-da, dodagyny birki gaýta büzüp-ýazyp, ýene tüýkürindi.

– Näçesi gerek?

– Dört sanysy.

– Gaty gowy, Mary nasydyr, kyrk manat!

Ogulnyýaz nasynam, satyn alan çilimidir kişmiş-kişdesinem sellofan haltajyga saldy-da, sumkasynyň düýbüne dykdy. Soň ors bazaryna baryp bir tegelek tamdyr nanyny, iki kilo ýagly sygyr etini aldy. Işde çaý içmek üçin ýumşajyk bulkajyk, gatlama, kemput aldy. Ol daýzasynyň begenjegini bilýärdi. Ýüregi basymrak öýe ýetsem diýýerdi. «Men howlugýan welin, ýa Merdandan bir habar geläýdimikä? Ýa özi geljekmikä?» diýibem oýlandy.

Aýja çaý içilip otyrka gep ugruna özüniň öten agşam gören düýşüni aýdyp berdi.

– Men gyz, täzeden gelin bolýamyşym diýýen. Özümem ak fataly, bir uçýan, bir uçýan. Aşakda adamlar «Aýja!» diýip gygyryşýarlar. Biri mekdep jaňyny kakýamyşyn diýýän. Mekdebe girjek bolýan welin, oýanaýdym. Telefonymyz bir jynnyrdaýar. Ylgadym, ýetişmedim. Gaýtadan jan geldi. Oglum! Waý-eý, bir begendim. Balajygym, ne beýle giç diýsem, meni şähere uwalneniýä goýberdiler, bu ýeri agşamara diýýär. Ýaman begendim. Edil, uçuberesim geldi...

Bu gürrüň Ogulnyýaza ho-ol agşam gören düýşüni ýatlatdy.

«Iki sany adam ýüzli eşek, hoşamaý sygyr...»

– Gelneje, düýşüňde adam ýüzli eşek kowalasa näm-e?

– Seni kowalaýarmy? – diýip, Aýja gyzyklanma bilen sorady. – Sypdyňmy?

– Men gorkup, gaçyp sygra münýän!

Aýjanyň ýüzi agardy.

– Aý, näbileýin, gow-a däl. Ýa betbagt bolarsyň, ýa ölersiň...

Ogulnyýazyň ýüregi gykym-gykym boldy. Ol ýüzüni ýerden galdyrmady.

– Aý, düýşe ynanma! – diýip, Aýja sypaýçylyk eden boldy, emma giçdi.

Ogulnyýaz ýalan sözläp biljek däldi. Düýşüňi ilki bilen-ä gowy adamlara ýordurmaly, soňam dogryňy aýtmaly diýip, ony güp ynandyrypdylar.

...Öň bir wagt bir ýaş gelin düýş görüp, bilgijiň ýanyna barypdyr. «Bilgiç aga, düýş ýorup beriň» diýipdir. «Meniň bir goňşym düýş görüpdir. Özi utanyp gelip bilmedi. Düýşünde her göwsünden bir çaga möjek sorup durmuşyn! Näme boldugyka?» – diýen. Bilgijem: «Goňşy gelniň geljek ýyl şu günlere çenli ekiz ogly bolar» – diýen.

Çaganyň zaryny çekip ýören gelin gaýtadan özelenipdir: «Bilgiç aga, şol düýşi men gördüm, uýalyp dogrymy aýdyp bilmedim... – diýen. Bilgiç barybir sözünden dänmändir. Geljek ýyl şol wagtlar goňşy gelniň ekiz ogly bolupdyr...

Ogulnyýaz sesini çykarmasa-da, düýşiniň ýorgudyny mert kabul etdi.

– Abraý bilen ölseň, ölümem ýaman zat däl-le, öz müddetinde. Alla jan, abraý bersin...

Ol howlukdy. Ýöne nämüçindir Aýja ony işlemäge goýanokdy.

Ogulnyýazyň özem oňa «men işlejek, maňa azajyk päsgel berme...» diýip bilenokdy. Onda-da ol gyssanýandygyny çalaja duýdurdy.

– Gelneje, azajyk işim galdy. Sen ýanymda otur, men işläbereýin, bormy?!

Aýja gaýta arkaýynlandy.

– A gyz, sen işe geleliň bäri biziň erkeklerimize näme boldy gyz, ýöne ölüşäýdiler-le. Ýaňy sen poçta gitdiň welin, redaktoram, orunbasaram, bölüm müdirlerem gelip-gelip sorady durdy-la gyz, nirä gitdi diýip...

Ogulnyýaz maşynkasyny ýuwaşja şytdyldadyp oturşyna:

– Ýazan jogaplaryny getirendirler – diýdi. – Menem eglenäýdim-dä, gyssanýandyrlar

– A gyz, olaňky hatyň-patyň işi däl. Ölemen aşyk bolana meňzeýär-le, gyz. – Ol ahyry öz güzerine ýetdi. – Taňry Berdiýewiç-ä saňa bagyşlap goşgam ýazypdyr. Aýja aýtdy diýme. Gelip maňa görkezýär, ker pahyr. Şol bolýa diýse ýedi çagaly aýalymy kowjak diýen bolýar.

Ogulnyýazyň pikiri bir öýe, bir hälki düýşüň ýorgudyna, birem maşynkada ýazyp oturan hatynda bolany üçin, ol Aýjanyň bu gepini eşidenokdam:

– A gyz, ýene bir ýigid-ä seni ideýär. Şu gün «gepleşip bolmazmyka» diýip gelenleriň biri...

Ogulnyýaz başyny galdyrdy.

– Ertir duranlaň arasynda gözi goçak, saçy buýra-buýra, owadandan oglan

bard-a, Ataş diýip, şolam-a yhlas edýar. Ýöne bularyň içinde has amatlysy, Taňry Berdiýewiç!

Aýjanyň gepleriniň bir ujy Ogulnyýazyň aňyna ýetip ugrady, Onuň aňlaýşyça, edil Annasoltan ýaly, Aýja-da ona hapaçylygy hödürleýärdi. Ogulnyýaz çydam etmedi.

– Gelneje, bagyşla, şu gürrüňi näme üçin meniň ýanymda edýäň.

Aýja güldi.

– Meni goýanoklar-ow.

Ogulnyýaz ömründe etmedigini etdi. Ol megerem, ömründe iň uzyn sözlemi aýtdy.

– Men-ä ýanymda öýe ýaňy düşen gelin bolup, seniň gyzyň işlese, ile şol gepleri diýdirmezdim...

Ol öz sözüne puşman etse-de etdi welin, Aýjanyň ugry bolmady...

– Men ýigit küýsäp däl, garyp günüm üçin işe geldim...

– Diýmedigim-eý, baý-buw, munuň dillijedigini...

Aýja gidenden soň Taňry Berdiýewiç geldi.

– Gördüňmi? Ertir seniň arkaň-a alandyryn. «Ýaş gelin bar diýdim, abraýyny saklalyň – diýdim. – Ol ýene-de gulagyndaky apparatyny düzedip başlady. Gözi bolsa bu gelniň pisse ýaly çalaja çyzylyp duran gyrmyzy dodaklaryndady.

– Aýjanyň diýenlerinem oýlan. Men seni gyssamok. Bu adamlar haramzadadyr. Seni aldap asmanda kakarlar. Şonuň üçin.

Ol işige garady. — Men seni öýüňe-de ugradaýyn, öýüňden işe-de alyp geleýin. Gerek diýseň, öýüňize-de baraýyn bormy?

Ogulnyýazyň ýüregi ýaryldy.

– Sag boluň, azara galmaň...

– Äk, näm diýdiň? – Ol apparatyny oýnady.

– Azara galmaň – diýýän.

– Ä-ä, düşündim, düşündim. Şeý diýermikäňem diýdim. – Ol gelniň edil garşysyna geçip, mydyr-mydyr edip başlady. – Dogry aýdýaň, ýeke bolsaň, gaty kyn, bilýän, meniň uly gyzym ärinden aýrylyşyp geldi. Şoňa baý azar berdiler-ä. Iň bärkisi, sadigiň garawuly bar, Gurban aga, ýetmiş ýaşynda, şolam diýipdir-dä, bäý bu adamlary. – Ol ýene gulagyny elledi. – Wiý, ýogsa-da, çagaň barmy? Sadige ýerleşdirmeli bolsa, aýdaý. Özümiziňkidir.

Ogulnyýaz maşynka işlerini birýüzli edip, bukjalaryň daşyna adresleri ýazyşdyryp başlady.

– Tüweleme, eliň-ä owadan eken! – Taňry Berdiýewiç, oturgyç alyp, onuň edil maňlaýynda jaýlaşykly oturdy. – Soçide bir gelin bilen tanyşdym. – Ol işige garady, hiç kimiň ýoklugyny bilip hasam ýylymsyran boldy. – Baý, owadand-a, ýöne sençe ýok. – Ony öwsem, sen gaty göräýme, sençe ýok. Ýöne eli owadan däl eken. Onsoň menem taşlaýdym. Seniň özüňem owadan, eliňem owadan.

Ogulnyýaz daş çykdy. Onuň bu adamyň gürrüňinden ýaňa ýüregi çatlabereýin

diýýärdi. Ol gidesi gelmese-de kranyň başyna baryp, elini-ýüzüni ýuwdy. Iň elhenç ýerem, redaksiýada şol adamdan özge iňlär siňek ýokdy. Iň bärkisi, Aýja-da eýýäm gaýdypdyr.

Ol sagadyna garady. Sagat ýaňy bäşden işleýärdi. Taňry Berdiýewiç bolsa onuň stolunyň garşysynda gaty ornaşykly otyrdy.

– Hiç kim ýokdur, görseň – diýip, ol gülen boldy. – Diňe ikimiz. Şeýle bolsa gowy.

Ogulnyýaz sypaýyçylyk etdi.

– Men oturaryn, gaýdyberiň! Tanry Berdiýewiç ör-gökden geldi.

– Ýoo-ok, men seni ugratjak diýdim-ä. Häzir men gaýtsam, şu ýeri biderek adamdan dolaýar... Ýoo-ok, gaýdyp bolmaz. Meniň tejribäm ýetikdir. Öň elimden kän aldyrdym, yrsgalymy...

Ogulnyýaz halys çydamady.

– Daýy, häzir gaýyn agam gelmeli. Öz ýeriňize baraýyň-da...

Taňry Berdiýewiç hoşal boldy.

– Ä-ä, gaýyn agaňam barmy, ä?!

– Häzir gelmeli!

– Şu ýeremi? Düşündim. – Ol işige golaý bardy-da, ýene yzyna öwrüldi. – Sen, sen, şol, bir wagt ministriň orunbasary bolan Ata, Ata Haýlynyň gelni dälmi? Ä, men ony gowy tanaýan, erbet adam däldi. Ýöne aýaly ýaman erbet, gezegen diýerdiler. Şonuň inisimi geljek?

– Ýok, daýym!

– Kim diýerler oňa?

– Ýazow!

– Ä, ä, düşündim! – Ol öz kabinetine sümüldi. Soň eli papkaly gaýdyp geldi. – Men saňa bagyň içinde garaşaýaryn. Bir salym oturarys, soň ugradaýaryn, bormy?

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Diňe ol gidensoň:

– Toba! – diýip oňdy.

Ol işlerini birýüzli edip, azajyk dyzyny epdem welin, ýene-de Aýjanyň sözi gulagynda. ýaňlandy. «Ýa masgara boljaksyň, ýa-da öljeksiň!».

«Heý, adamyň ýüzüne-de beýle zady aýdyp bolarmy? Hudaý saklasyn. Öljek bolup duran adama-da, «şükür ýagdaýyň gül ýaljak, ýüzüň-gözüňem gowja» diýmeýärlermi?».

Ogulnyýazyň göwni birden ynjap gitdi. Ol şu aladalaryň, şu gep-gürrüňiň arasynda ölüp gidäýjege meňzedi. Onuň göwni häzir Merdanyň didaryny küýsedi.

«Alys ýerde däl-ä, ýekeje sapar görsem, soň ölsem, alla jan!» diýip zarlady. «Eziz Merdan taýyňy tazykdyryp, sen nirelerde otlap-suwlap ýörsüň? Sen gaýratly, namysly-arly är bolanyňda, ýöne daşyma dolak bolup ýöreniňde men şeýle bolmalymy, Merdan?! Meni indi haçana çenli uýançsyz-utançsyz adamlaryň gyjalatyna goýjak sen, Merdan!».

Ol zatlaryny ýygnaşdyrdy. Indi hälki öýe atygsaýan ýürek ýokdy. Misli, öýe

barsa başyndan bir bela inäýjek ýalydy. Birdenem onuň ýadyna hälki adam düşdi.

«Eý, allam, adamlar nädip beýle bihaýa boldularka? Olary pälinden gaýtarjak ýokmuka? Erkek adam bolup, telpek geýip, garawsyz görüp, bir naçara nädip batyrynyp bilýärkä bular? «Gyzym bar, gelnim bar, aýalym bar, hudaý meniň ile edenimi özüme basar» diýip pikir edenoklarmyka, bular? Ony diýseňem», «gyzym ärinden aýrylyşyp geldi, gören oňa lak atýar» diýip otyr-a. Ýa bu durmuşyň asly şeýlemikä? Edeniňi edip ýörmelimikä? Daýzam beýle, Annasoltan beýle, Aýja beýle! Sen bize başga edep öwretdiň-ä, ene jan! Sen bize «haýam, namysym gidenden, janym gitsin! Namyssyz ýaşandan, ölüm ýagşydyr» diýip öwretdiň-ä, ene jan!».

Ol uly redaksiýada içini hümledip oturyşyna, pol süpürýän aýalyň geleninem bilmändir. Ol salam berdi:

– Men gaýdybereýin, daýza! – Pol süpürýän garryja aýal onuň salamyny aldy.

– Amanmyň, keýgim – diýdi. – Näbileýin, başlygyňyz otur diýmedik bolsa gaýdyber.

Ogulnyýaz ýukajyk, eýran ýaglygyny başyna atdy-da, toruny, sumkasyny eline aldy.

– Sag boluň, daýza!

– Sag bol. gyzym! – Ol bu ýaş gelne dözmedi. – Dur, häli. Ýeke gitme. – Ol oturgyçlary stoluň üstüne galdyryşdyryp ýören agtygyna gygyrdy. – Geldi, Geldi jan, bar, gelnejeňi duralga çenli ugrat. Ýeke gitmesin!

Ogulnyýazyň ýüreginiň düýbi ýagtylyp gitdi. Ýöne sesini çykarmady.

– Gelneje, getir, toruny ber!

Olar tirkeşipjik duralga bardylar. Geldi aňyrdan gygyryp geldi.

– Ene eltdim. Mazaly awtobusam geläýdi. Gaty begendi, mündirdim welin...

– Näme diýdi!

– Ol ýolboýy aglap gitdi. Gözýaşyny maňa görkezmejek bolýarlaý!

Bike daýza ogluna berekella berdi-de:

– Wah, nebir maşgala, bu-ça-bu-ça işlere, köçä, awtobusa dözer ýalam däl. Elbetde, zerury bardyr-da, güzeran gursuň-da – diýdi.

## 7.

Ogulnyýaz açyk duran işikden öýe girende, iki sany aýalyň özara gürleşip, daýzasynyň olara hä berýändigini eşitdi.

– Bazaryň nyrhy gaty galdy, gün görer ýaly bolmady – diýip, aýallaryň biri aýtdy. Beýlekisi birneme sypaýy gürledi.

– Aý, muňa-da şükür, uruş-galmagal, dawa ýok. Ýurt parahatçylygy, il agzybirligi her zada degýär.

– Wah, ol diýeniň dogry-la, ýöne halk erbet. Işläýin, gazanaýyn diýýän ýok. Her kimiň eline taýýary gerek. Neneňmi, bir kişi gowja ýaşasa, bu-uw, onsoň dat olaryň gününe, görüp bilmeýän kän. Görüp bilmedigiň gözi çyksyn...

Ol salam berip, içeri girdi.

– Amanmyň?

Daýzasynyň sesi hasam minnetli çykdy.

«Ertir gider urgana, agşam geler ýorgana». Şol ala daňdanky gideni. Gelinli boldugymyz däl-eý. Indikiler äriniň däl-de, hökuwmadyň heleýi. Hökuwmat hezilini görýär bularyň. – Ol salam-helik üçin dyz epen gelnine azgyryldy. – Bar, indi bir oturma, maşarylyp, çaý goý, nahar-şor et!

Ogulnyýaz «bor» diýip baş atdy-da, eşiginem çykarman aşhana eňdi. Çaý goýdy. Soň eşiklerini çalşyryp gelip, nahar atardy, çäýnekleri demledi.

Daýzasy üçin alan zatlaryny getirip, onuň öňünde goýdy.

– Bularyň näme?

Ogulnyýaz baş atdy. Daýzasy hasyr-husur düwünçegi açdy.

– Ba-a, ba-a, bu-da adam boljak. Bu-da daýzam bar diýjek! – diýdi-de, düwünçegi ýeňsesine aýlady.

Saçagyň üsti boşdy. Baryp, günortanky içilen çaýyň käseleri hem ýygnalmandyr.

Ogulnyýaz käseleri, çäýnekleri ýygnady. Saçagy arassalap getirdi. Çaý, çörek, kişmiş-kişde goýdy. Bazardan alan kemputlaryny owadanja gaba guýup getirdi. Salym geçmänkä-de orta nahar äberdi. Daýzasy nahara egen başyny galdyrman oturyşyna, ýene-de zeýrenip ugrady.

– Güni bilen gidip, getirýänem üç ýüz manat. Dört işde işläp, zordan iki müň manat berýä, ýarym aýda. Heý, şondanam iş boldumy?

Aýallar agzlaryny açyp galdylar.

– A gyz, biziň adamymyz-a bir aýda şonuň ýaryny alanog-a. Toba diý, şükür et, waý ..

Beýleki ak mapraç, köýnegine sygman oturan owadan gelnem gözüni-gaşyny oýnatdy.

– Dogry aýdýa, indi üç müňüňe-dört müňüňe näme düşýär? Bu ýurtda durarlyk galmady...

Aýallar saçaga ellerini uzadyp-uzatmanka daýzasy çekildi.

– Men-ä boldum. Agşamna bu adamlarda işdä barmy, näme? – Ol gelnine gygyrdy. – Ýygna, gyz, gyrnak, naharyňy, sowap durmasyn. Al, äkit.

Ogulnyýaz daýzasynyň ala gözüni görse-de, ýaşmagyň astyndan «Iýiň-dä» diýdi. Aýallar ellerine döwüp alan çöreklerini saçagyň üstünde goýup, «bereket bersin, iýdik» diýdiler.

– Al, ýygnaý!

Daýzasy atyny «ýola» saldy.

– Günüň batyp barýan wagty her kimiň müň işi bar. Her kim seniň ýaly işsiz däldir... Al habaryny, bu gelinleriň...

Horrak aýal gelip ýanynda oturan Gelni başdan-aýak synlady- da, ýuwaşja aýdyp başlady.

– Ýaňy gaýnyňa-da aýtdym. Gyzym çykjak. Gudalar gyssanýa. On sany ýaka bilen iki pommahyny boýun alsaň...

Ogulnyýaz boýnuny burdy-da, daýzasyna bakan elýni uzatdy.

– Daýzam näm diýse...

Daýzasy söwdanyň çaltyrak sowularyny isleýärdi.

– Getiriber!

– Ýöne gyssagdyr!

– Näçe gün gerek?

– On günde bolaýsa..

Daýzasy ýylymsyrady.

– Iş gyssag diýseň, hakam ýokary bolar. Şonam aýdaýyn...

Hor gelin alaçsyzja ýylgyrdy.

Bu gyzyň eli, tüweleme, gyzyl-a. Oňa näçe diýse durarys.

– Bor-da, onda...

Ol aýak çykyp gidenden soň, gezek owadan gelne geldi.

– Men-ä keýgim, size birneme kömek edeýin diýdim. Eger razy bolsaň, öýdeniçer edip aljak. Häzir näçe alýanyň-a bilemok. Men aýyňa bäş müň-ä bereýin. Şol pul-a ministrleňem alyp bilýän däldir.

Ogulnyýaz başyny ýerden götermedi.

– Sen, gyz Jahansoltan, aý aýagy bir ýetsin. Işe girip, çykyp durmagam aňsat däl-ä...

Jahansoltan agzyny towlady.

– Görüň, görüň, meniňki, hälki bir aýtmak, elimi uran ýeriňden tapylýa, bu wagt, gyrnak geregiň bolsa. Men dözmez bolamsoň aýdýan...

– Hany, gelin, howlukma, seniň artykmaç gelindigiňi biri aýtmaly däl-ä – diýip, daýzasam ikigöwünlirägeden gürledi.

Ogulnyýaz oňa pyşyrdady.

– Men seniň öýüňde näme iş etmeli?

Jahansoltan owadan ýüzüni, mähir damaýyn diýýän gözlerini balkyldatdy.

– Iş bolup, işem ýok-la gyz. Irden barsaň, çagalary naharlap, mekdebe iber. Soň daýyňy işe iber. Olaryň yzyny ýygşyr. Günortan, öýlän nahar ataryp, iýilip-içilensoňam, ýygnaşdyryp gaýt. Aýda-da hälki aýdan baham bolar. – Ol gelni gyzyklandyrmak üçin. – Gowuja bolsaň, iliň geýmedik köýnegini geýersiň. Iliň iýmedigini iýersiň. Biziň galan-gaçanymyzam bu garry ikiňize bes bolar...

Ogulnyýaz sesini çykarmady.

– Görüň, meniňki aýtmak! – Ol Annasoltan ogluny göterip içeri girenden turmak bilen boldy. – Aýyň aýagy bolsa, aýagy eken, garaşaýaryn...

Annasoltan Myrady Ogulnyýazyň gujagyna berdi-de, gözlerini ýaldyradyp, saçaga garady.

– A gyz, gowy çörek eken-le, azajyk alaýyn. – Ol Ogulnyýaza gysmyljyrady. – A gyz sen haýsy redaksiýada işleýäň gyz?

– «Sungat» žurnalynda.

Ýumşajyk çöregi agzyna emaý bilen reňkini bozaýmaýyn diýen niýet bilen salan Annasoltan ýüzüni kürşertdi.

– Waý, şol Aýja bilen işleýäňmi?

Ogulnyýaz baş atdy.

– Waý, dogan, ýaman hapa heleýdir. Är sortlap ölen-ä, ol, her ýerinden birküç dogran künt-ä ol. Indem Taňry diýdimi, biri diýdimi, biri bilen-ä är-heleý ýalymyşyn. Ol Taňry diýeniňem onçagasy barmyşyn. Bularyň düzüw däldigini bilip, onuň aýaly çagalarynam alyp bulara barýa. Urupmy, depipmi, gapylaryny açdyrýa. Görse, masgara, ikisem ýalaňaçmyş. Ol aýalam düýt-müýt edýär, Aýjany. Soňam:

– Künti, ärimi elimden alman-a bildiň. «Me, şu on çaga-da eýelik et» diýýär-de, gapyny jarka ýapyp gaýdypdyr. O çagalaram.

– Ol hezil edip güldi. – A gyz, hakyt Aýjanyň öýüni tozduryp gaýdypdyr. Asyl, ejesi ýam-man hytyr eken. Çagalaryna öwredip gaýdan eken. A gyz, şeýle bir goh bolupdyr. Sen goýaý. Ol heleýem ind-ä ol aýaldan gorkusyna o ýer çekmiş bilen gezenokmyş. Ýöne heleý tapyp berýärmiş...

Annasoltan işige bakan ylgady.

– Wagtym, wagtym. Meni saklamaň, wagtym boldy.

Annasoltan gidenden soň Pugta daýza gelniniň getiren nasyndan atdy.

– Haram baýtallar, ýok bolup gidiň-dä. – Ol gelnine gözüni alartdy. – Näme, olaryň öňünde çaý, nahar goýup, iki dogup bir galanyňmy? Ýok bolsunlar, güni bilen dişimiň şoruny sorup otyryn. Nahar-çaý getirip berýän ýok-la.

Ol nasyny howlukmaç tüýkürdi.

– Alanlary soňaşlaryna ýaranlar, guruja gök gum. Muny, dünýäniňkinem alypdyr, aş berjek ýaly. Nas däl-ä, nasy guramyşlaryň. Munsy çilim diýip alanam, awulyk...

Ogulnyýaz daýzasyna ýaranyp bolmajagyny bilse-de, sesini çykarmady.

– Getir hälki awulygy! – Ol Myratjyga gözüni alardyp garady. – Munuň ejesem, haçan görseň gapyçy Ýezit, iki gözi saçada, gäwüşäp geçen. – Ol gelnine ýene-de sabyrsyzlyk bilen gygyrdy. – Getir, awulygyňy – diýýän. Seniň bu nasyň içimi telpek! bilen syrana dönderdi. – Ol ýene-de gyr-gyr gygyrdy. – Getir, artyp, içim akdy-y!

Häzir Ogulnyýazyň dünýesi düzüwdi. Ol Myratjygyň garnyny doýrup, ony golaýjygynda ap-akja düşegiň üstünde ýatyryp, daýzasynyň «üh-hä-üh-ä» - sini diňläp, aldygyna ýaka keşdeleýärdi.

Maşynyň birsydyrgyn şyg-şygy onuň ýürek urgusyny sazlaýardy, ertirden bärki argynlygyny pelle-pelle edip asmana uçurýardy. «Nesip bolsa, Merdan jan sagalyp gaýdyp gelse, biziňem Myrat jan ýaly bäbejigimiz bolsa. Daýzamyň hem gülüp görmedik günleri döwlete öwrülip dolansa. Eý, allam, gurbanyň gideýin. Men seniň gyrnagyndyryn. Ýöne, sen meni gyrnagyň gyrnagy etme. Gyrnak etseňem, merdiň, abraýyň gyrnagy et! Meni biabraýçylykdan, ýaman pällerden, erbet niýetlerden özüň gora...».

Ol şu günki ynsabyna bap, bap däl ýagdaýlary seljerdi.
«Annasoltana ne alaç etmeli? Aýja bilen nähili bolmaly. Taňry Berdiýewiçden nädip dynmaly? Ol adamyň özüne ynsap gelmezmikä? Heý, ýumruk ýaly gelne-de beýle, sütem etme bolarmy? Ol ody özüne, ötmese kesekä basyp görmel-ä. Belki, hudaýym, onuň göwnüne rehim inder, meni şeýle bela-beterlerden özüň aýa...».
– Gyrnak! Aý, Gyrnak!
Ogulnyýaz maşynyny togtatdy-da daşky otaga çykdy. Daýzasy garader bolup otyrdy.
– Ýygna!
– Çaýam içäý, ajyja edip demläýin. Kişmiş-kişdänem seniň üçin ýörite aldym...
Daýzasy alyndaňysy bilen gara suw bolup duran ýüzüňi süpürdi-de uzyn-uzyn gägirdi.
– Eý, alla, beren günüňe şükür!
Ogulnyýazyň argyn ýüzi ýagtylyp gitdi.
«Eý, Allam, daýzamyň ýüregine-de kanagatlyk ber! Onuň göwnüne-de sahawat sal, jan Allam!».
Daýzasynyň «beren günüňe şükür» diýmesini onuň ýüregine mähriň, rehimiň zerrejiginiň düşmegi diýip düşündi.
– Näme? – diýip, daýzasy ýylgyryp duran gelnine gatyrgandy.
– Çaý içermiň?
Daýzasy ýassygyna gyşardy.
– Näme, meni ýarjak bolýaňmy?
Ogulnyýaz aşhanada azajyk eglenip geldi. Soň daýzasynyň ýanynda dyz epdi.
– Daýza!
Daýzasy agzyna atan nasynyň pinegini görüp, meýmireýärdi.
– Aý, daýza!
– Näme, bela saňa? At dakjakmy, aýjyn. Bar mazamy aldyň?
Ogulnyýaz onuň elinden tutdy.
– Gel, men seni suwa düşüreýin. Saçyňy ýuwup, darap bereýin. Täzeje eşikleriňi geýdireýin. Ýogsa, gelen-gideniň ýanynda...
Daýzasy ör-gökden geldi.
– Ýit-owarra bol, salaty! – Ol ýerinden galyp nasyny tüfdana dökdi-de, täzeden möwç aldy. – Näme, ýuwunyp-ardynyp toýum galmandyr. Süleýmanyň mülkünde ýeke balam, türmede çüýredi diýip gelinsiräýinmi? Ärim türmede çüýräp, yzym tozdy diýip gelinsiräýinmi? Iliň ýuwundysyny iýip-içýän diýip gelinsiräýinmi? Balamyň yzy turdy, zürýat görmedi diýip gelinsiräýinmi? – Ol agyr haşlady. – Bolýa, sen gelinsireýäň, maňa deregem. Şol bir oba ýeter. Daýzaňa gelinsireme gerek däl...
– Daýza! – diýdi. Nadyl bolmaň. Ine... Merdan jan geler. Hemmesi düzeler. Gel, duşmana syrymyzy bildirmäli. Ol ölüme gidenog-a, özüni bejertmäge gitd-ä!
Pugta daýza töweregini sermendi. Häzir eline agramlyrak zat düşse, gelninden saljaga meňzedi.

– Haý, diliň gurasyn. Aklyň bar çatdygy-da, guşkelle. Duşmana syr bildirmäli diýip, köçä balaksyz çykybereli diýjekmi? Meniň ýüregim näme diýýär, seniň ýüregiň näme diýýär. Ah, pelek...

Ol maňlaýyny tutdy.

– Sen, gyrnak, köpbilmiş gyrnak sen. Sen Merdanyň gaýdyp gelmejegini bilip dursun. Sen Merdandan adam çykmajagynam, özüňe ärlik etmejeginem bilip...

– Daýza! – Ogulnyýazyň gözleri peträp, dili tutuldy. – Waý allam, hudaý diýiň, diliňize alýan sözleriňiz...

Ogulnyýaz daýzasynyň aýagyna çökdi.

– Maňa Merdansyz ýeke demem gerek däl. Merdanyň ýaşamajagyny bilsem, şu wagt ölerin... Dünýäniň ýüzünde ýeke umydym şonuň baş diklig-ä, daýza!

– Jö-ögi – diýip, Pugta daýza agzyny burup, başyny ýaýkady. – Men beýle köpbilmiş görmedim. Hudaý-eý, maňa görkezdi, beýlekiler bir görmesin...

Ogulnyýaz ýene-de daýzasynyň ýarasyny täzelänini duýdy. Soň sesini çykarman öz otagyna girdi. Emma aýagy-eli maşyna barmady. Daýzasy welin täzeden möwç aldy.

– Senjagaz, ministriň ogluna bararyn, Aşgabadyň ortasynda şaraňlap duran jaýa ýe bolaryn, bir elim ýagda, bir elim gaýmakda bolar, ýüpek ýaly, Meskwäni gutaryp gelen oglan, onuň garry enesem açsam aýamda, ýumsam ýumrugymda bolar, baý sürerin-ä – diýip gelenjesiň. Meniň ýüregime, şu ülhidi çykan ölsün, şu maňlaýy garanyň ýüregi kerçelsin, garagy aksyn – diýip, ot salýaň.

Ogulnyýaz ömründe ilkinji gezek hasrata batyp, gözüne uky gelmän geçirdi. Ol bäşiň ýarynda, «jyňňyrdamasyn» diýip, sagadyň düwmesini öz eli bilen basdy-da işine, köçe süpürmäge ugrady.

* * *

Daşary garaňky bolmasa-da Ogulnyýaz üçin, heniz, dogup-döräli ýeke bolup «aladaňdan» daşarda gezmek diýen düşünje aňyna gelmedik, ol gelerem, gerekdirem öýtmedik zadydy. Ol öýde bolanda ädimini ýeke ädermidi. Oba adamlary, näme diýseňem rehimdardy. Eger enesi, şu wagt öýüne gelin gelse, şony al-arwahyň öryän çagy ýeke goýberermidi? Ölem bolsa ýeke goýbermezdi. Daýzasynyň welin azaryna-da däl-ä. Ony Ogulnyýaz daýzasynyň erbet ýa-da ensisiniň gowy bolanyndan görmedi. Ony şäheriň däbinden, düzgüninden gördi. Öýlerine näçe aýal geldi. Biriniň ýanynda-da ýa baldyzy, ýa ýüwürjisi ýog-a. Gaýta, olar näçe ýeke bolsalar, şonça ýagşy görýän bolara çemelidi. Aýja-da ýeke, Annasoltanam, daýzasam ýeke daýzasynyň iň bagtly wagty, ýeke galan çag-a...

Iň bärkisi Annasoltanyň ogly Myratjyk näme, şolam ýeke bolsa, özbaşjygyna oýnawajyny oýnap, göwnübir ýaly bolup otyr-a.

«Işikde sömelip duran garany görüp, Ogulnyýazyň depesinden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. Yza-yza çekildi.

– Gelýäňmi? – Erkek adamyň gyňyr sesi onuň bedresini elinden gaçyrdy. Ol

«yza gaýdybersemmikäm» diýen niýet bilen birki ädim gaýra çekildi.

– Geliber, gorkma!

– Kimsiň?

– Men, Apdy!

Ol brigadirlerini tanady.

– Wiý, daýy, sizmi?

– Men bolman, eýse, kim molsun! Aý, öwrenişýänçäň ýanynda bolaýyn diýdim. – Gowy ýatyp-turduňmy, düýş-püýş görmän, he-heh-he.

Ol elini Ogulnyýazyň eline uzatdy. Gelin elini çekip aldy.

– Äber, bedräňi. – Ol bedräni eline alyp, tigriniň şahyna ildirdi. – Walla, näme titräp dursuň, towşan ýaly. Bu bolşuň bilen bu aladaňdanda asmanda kakyp gider şäher «möjekleri».

«Möjek» diýende Ogulnyýazyň ýüregi ýene-de bükgüldäp başlady. Ol Abdy aganyň ýanynda bolanyny gaty görse-de, şu sözden soň bu adamyň gelmegini kemem görmedi.

«Brigadir-ä, näme aýby barmyşyn...»

Abdy Ogulnyýazdanam çalt, öndümli işleýärdi. Ol uly sübsäni iki çalanda pyýada ýoluň ep-esli ýerini arassalaýardy. Ýöne onuň bir bolmaýan ýeri, iki gözi ýoldaşyndady.

– Alyp gel, süplükleri, äkidip dökeýin. – Ol süplügi atyp gelenden soň birhilije boýnuny burdy. – Düýnki puly äkelen dälsiň?

Ogulnyýaz sesini çykarmady.

– Äý, – diýip, Abdy elini silkdi. – Heýç goýanoklar-da. Bolmasa, – Ol sübsä güýmenen boldy. – Bolmasa, men häzir öz jübimden goýaýyn, soň ikijigimiz hasaplaşybereris...

Ogulnyýaz diňe «taňryýalkasyn» diýdide oňdy. Abdy hasam açyldy.

– Bu wagt, taňryýalkasyna bir kile daşam berenoklar. Daşam, häzir elden aljak bol, jübiňi çökeräýer...

Ol Ogulnyýazy edil düýnkisi ýaly, girelgä çenli ugratdy-da, bedreleriň bagyny şakyrdadyp onuň eline berdi. Şonda Ogulnyýaz ýat adamyň gödek eliniň eline degenini duýdy. Ol bedräni taşlap goýberdi-de, gazap bilen brigadiriň ýüzüne garady.

Abdy gödeksi ýylgyrdy. Ol gelniň gözlerinden, syçrap giden oda ýüzüni çirkezäýmezlik üçinmi ýa-da ätiýaç etdimi gaýra çekildi.

– Sag boluň!

Abdy ýalym-ýulum etdi.

– Bolmasa, ertir çykmaý.

– Näme üçin? – Ogulnyýazy howsala gaplady. «Bu adam meni işden çykaraýmasyn?» diýen howsala onuň öňem çygly endamyna der getirdi.

– Aý, bolmasa, özüm arassalaryn. Sen, ýöne gadrymy bilseň bor!

Ogulnyýaz sesini çykarman girelgä ýöneldi. Abdyň guşy uçdy. Ol tigrini şakyrdadyp, hiňlenip, mes bolup, daňdanyň demine siňip gitdi.

...Ogulnyýazyň öý uprawleniýesine köçe süpürýän bolup işe girmegi indi ogluny öýerip, gyzyny çykaran adamy üýtgeşik duýgy bilen yrady.

Ýazow oňa bu gyzyň ýagdaýyny aýdypdy.

– Özüň göz-gulak bol. Äri alkaşlary bejerýän ýerde ýatyr, gaýynenesi, tireki, maýyp garry. Başga bir eklenjegi ýok. Hossaram özüň bolmaly, eýede...

Ýazowyň bu sözi nämüçindir Abdynyň ýüregine rehim däl-de, hyjuw guýdy. Ol ilk-ä, bu gelni görmegiň arzuwyny çekdi. Görenden soňam oňa däli-diwana aşyk boldy.

Onuň brigadasynda dürli ýaşdaky aýallaryň on dördüsi bardy. Olaryň hem köpüsi ýaşy durugşan zenanlardy. Arasynda ýaşyraklaram bardy. Olaram «Abdyşka!» diýip, brigadiri aýnadýardylar. Ol gelinleriň on dördüsi, her aýlykda, her awansda oňa ýüz manatdan ýygnap berýärdiler. Brigadanyň çlenleriniň onusy dagy söwdagärdi. Kim Hytaýa, kim Eýrana, kimsi Türkiýä, kimsi Arabystana turistik topar bilen söwda gidýärdi. Gelenlerinde-de olar Abdynyň paýjagazyny getirýärdiler. Kimsi köwüş, kimsi jorap, kimsi bir geýimlik ponbarht getirýärdi. Şeýle bolansoň, bu gelinleriň arkasyndan Abdynyň eli agzyna ýetipdi.

Ol ogluny öýerende-de mata-marlyk, halat-serpaý meselesinde bu söwdagär gelinler oňa hezil beripdi. Abdy gudalarynyň salan agyr halatlarynyň spisogyny şolara berdi. Olaram kimsi mugt, kimsi ýarym-ýalta baha bilen Abdynyň möhümini şobada bitirdiler. Olardan her aýda iki sapar gelýän lomaýja düşewündem onuň üstüne oňat ýetne boldy. Ol toýdan soň, ilki öýüni, soň howlusyny düzetdi. Indem bir maşynjyk almagyň kül-külüne düşüp ýördi.

Täze gelniň işe gelmegi ony bu «mukaddes» maksadyndan dänderdi. Indi ýatsa-tursa öňki ýaly maşyn däl-de, «Gyrnak jan!» göz öňünden gidenokdy.

«Äl-aýt, onuň ýasalaýşyny!» diýip, ol içini çekip oýlanýardy. Aşyklyk derdi oňa öňräk ýolugypdy. Onam öz işgär gelinleriniň biri – «Akja» ýolukdyrypdy.

Akja demir ýoluň gaýrasynda ýaşaýardy. Onuň durmuşy bolmandy. Bir çagasy bilen adamsyndan aýrylyşyp, uçastok milisioneri «Ýa söwda etmäňi bes et, işe dur, ýa-da men seni bu etrapdan göçürjek» diýip, kowalap ýörensoň, bir tanşynyň üsti bilen şu işe ýerleşipdi. Bir Abdy, ýarak it ýaly, her gün «giç geldiň, ir geldiň» diýip hyňranyp dur diýmeseň, bu iş hazynady. Daň bilen işe bir görnüp, islän öýüňe haryt eltip bolýardy. Şondan soň milisionerdenem onuň gulagy dyndy. Ýöne bir sapar Türkiýe Respublikasyna gezelenje gidip gelenden soň Abdy ony it alan sanaja dönderdi. Öý uprawleniýesiniň başlygyna çagyrtdy. Düşündiriş aldy. Arzasyny aldy.

– Sähel gijä galsaň, arzaňa gol çekip, gümüňi çekerin – diýdi.

Bu masgaraçylyk Akjany ýerden alyp, ýere saldy. Ahyry bolmandan soň özi Abdynyň ýanyna bardy.

– Abdy aga! – diýdi.

Abdy onuň üstüne dazaryldy

– Diýmek maňa Apdy diýip, Apdyşka diý.

– Ýok-la – diýip, Akja çyna berimsiz uýalan boldy. – Siz bir epeý adam-a.

Onsoňam başlygymyz...

Abdy ony diňledi.

– Abdy aga, men agşam nahara çagyrjak bolýan. Eger mümkin bolsa....

Abdy kes-kelläm garşy boldy.

– Bolmaz. Men size ýetikdirin. Ilki hajyk-hujuk, soň ýamanlama. Soň arza... bolmaz.

Akja ony sypdyrmady.

– Abdyşka, jan Abdyşka, geläý, ýeke özüňden başga hiç kim bolmaz. Iýeris, içeris...

Abdynyň gulagyna bu «owaz» ýakdy öýdýän. Ol gulagyny sallady.

– Näme üçindigini aýt.

Akja mysapyrsyran boldy.

– Neme, siz maňa näçe ýagşylyk etdiňiz. Araky masgaraçylykdan alyp galdyňyz. Daşymy dolap, hemaýat edip, hossar bolup ýörsüňiz. Ärsiz aýala aňsatmy? Siz maňa äriň etmedigini edýäňiz. Ýagşylygyňyzyň aşagyndan çykma ýokdur welin, onda-da bizem gaýtarmal-a...

Abdy hondan bärisiredi.

– Bolýar, bararyn. – Ol tigriniň şahyna kakan boldy.– Adresiň näçe?

– Gaty gijä galmaň, nahar sowar – diýip, Akja hasam berkitdi.

– Bararyn, sagat ýedä garaşyber...

Akja Abdynyň görmedigini görkezdi. Birküç nahar, dürli salat, daşary ýurt konýagy, gaýdanda serpaý Abdynyň aýagyny ýeňletdi.

– Özüme duýdur, gitjek wagtyň – diýip, bu çakylykdan göwnühoş bolan Abdy göwünjeň aýtdy. – Özüme aýtsaň, bir aý diýseňem goýbererin. Ertirem işe çykma...

Abdy Akja diňe bir işden rugsat bermän, daşary ýurtdan geljek güni öňünden çykyp, ýüküni alşyp, maşyn tutup öýüne-de getirişýärdi. Akja-da kem galanokdy. Güni üçinmi, ýa-da «turşusy» halys depesine uransoňmy, käte öz hemaýatkärini goýnuna-da salaýýardy. Oňa her dürlije egin-eşigem alyp beräýýärdi. Onsoň onuň towguna tok diýýäni ýokdy.

Akjadan soň Abdynyň «garajasy» peýda boldy. Garagyz institutlaryň birini tamamlap oba, kitaphanaçylyga işe gidipdi. Onda-da bäş ýyl işläp, ýerlemän, Aşgabada gaýdyp gelipdi.

Ol hem kitaphanalaryň birinde, hemem öz uprawleniýesiniň garamagynda hasabynda durýan jaýlardan ýekeje otaglysyny alyp berdi. Ony daşary ýurtlara «gezelenje» gitmäge ugrukdyrdy. Öýüne bardy, hossarlyk etdi, Garagyzam, heniz belli biriniň başyny tutup äre barmasa-da, öz bähbidi üçin Abdyny ýakyny saýdy. Ony diňe öýüne däl, ýorganyna-da goýberdi.

Indi bir ýyldan gowrakdyr, Abdy bu durmuşyň «akja» hem-de «garaja» güllerini çürtip ýaýnap ýördi. Jübüsi pulluja, july düzüw, göwni galkyk ýaşuly indi «maşyn münsem» diýýärdi.

«Wah, gökje maşyn alyp, bir güň «akjamy», bir gün «garajamy» mündürip

ýelejiresem, armanym galmaz...».

Emma täze gelin onuň bar niýetini puç etdi. Onuň göwni indi «akjanam», «garajanam» däl-de, «gyrnajygy» küýseýärdi. Onuň öňki gelinleri «jylawlaýşy» beýle bir kyn bolmandy. Ýöne, nämüçindir Abdy bu gelne aznawur ýaly ýapyşyp bilenokdy. Ýogsa, olam öňküler ýaly garawsyz, hossarsyz aýaldy.

«Muny hilegärlik bilen almaly» diýip, ol kellesinde ýörite plan çyzyp oýlanýardy. – Onuň ugruna atly-ýaragly çykmaly. Onuň jaýy bar. Ol işine ikilik etjek adam däl. Çalaja käýeseň, işden çykyp gidibermegem mümkindi. Oňa kömek etmeli. Ilki barmagyňy degirmeli, soň elinden tutmaly. Soň ogşamaly. Soňam...».

Abdy bu gün öz «awuna» barmagynam degirdi. Onuň elindenem çalaja tutdy.

– Haýt, zaluwat, öz-ä ýaman sarç-ow, ýaman sarç. Aldyraýsa. Ertir hökman ogşamaly...»

Ol şol begenji bilen, tigriniň jaňyny jyňňyrdadyp howlysyna giren badyna aýalynyň ýüzüniň salykdygyny aňypdy.

– Näme, how, o dogmaň ýene bir nysak çykardymy? Ýaman ýüzüň üýtgäpdir-le?

Aýaly ilki sesini çykarmady. Äriniň öňüne çaý goýandan soň gyzynyň getiren habaryny gürrüň berdi.

– Ýer çekmiş, Juma ýokmy, ilerki zawmagyň ogly. Agşam gelniň bilen gyzyň kinodan gelýärkä öňlerinden çykýamyş. «Goňşy, gurgunmysyň?» diýen bolup, meýdi ýanan. Gelniňe-de sen-ä ýaman owadan gelin bolupsyň, beýle owadan boljagyňy bilen bolsam, seni Amana ýetirmezdim – diýenmişin.

Abdynyň çaýy bokurdagyna tegek boldy.

– Haý, seniň bajyňy... ogly. Sen, haramzada, heniz ýüzi açylmadyk gelne şeý diýýän bolsaň... Men şolara baryp öýlerine gan çaýkap gaýdaýyn-la...

Ol yňdarlyp, howlyda düýäniň agylyna gyssyrylgy duran uzyn saply çarşaga bakan omadaklap ugrady. – Men seniň bir...

Aýaly ýene akylly çykdy.

– Gitme, öýde tilpun nomerleri bar. Kakasyna, ýa ejesine berkje tabşyr...

Abdynyň gözi gan guýmady.

– Äber şolaryň tilpunlaryny, haramzadalar, gan ysy gelýän oýun edýärler. Içesleriniň gelýäni gan bolsa, men olara gan ýuwutdyraryn...

– Atalarmy? Ata barmy? Çagyr!..

Onuň trubka tutup duran goly titir-titir edýärdi.

– Ata, gurgunmyň? Bu Apdy! Hä? Ýagşy, sag bol! – Ol gözlerini mölerdip, ýüzüni kürşerdip, gygyryp başlady. – Han, sen şol dogmaňa gowja bol diýseň-ä diý, bolmasa-da özüm kepleşerin. Agşam uly gyzym bilen, heniz ýüzi açylmadyk gelnime lak atyp durmuşyn. Türkmençilikde bu işden gan ysy gelýändir. Men namysymy depeledenden, ölenimi gowy görerin. Gaty berk tabşyr, gaýdyp, şeýle gürrüň gulagyma ýetse, gaty görme, Ata!..

Ol trubkany ýerinde goýdy.

– Azgyn! Ine, türkmeni, onuň abraýyny ýere çalýan näkesler. Özünem bir göreýin, harram-zadanyň biri...

Ol çaýyny içip, «işe aýlanaýyn» diýip turanda, ýene-de täze işe gelen gelin göz öňüne geldi.

Öz-ä alarladym. Ertir bir ogşap bolaýsa diýip, tigrine bakan ýöneldi.

**8.**

Ogulnyýaz öýe girende sagat heniz altam bolmandy. Säheriň demi, gijesi bilen almadyk ukusy onda birje sagat irkilmek duýgusyny döretdi. Onsuzam gaýmak ýaly säher ony eredip barýardy. Bedeninde, göwnünde onça-munça ýadawlygy bildimem etmejek gurbat çyrpynýardy.

Ol düşegine geçenden şirinden şeker datly sallançagyň aýasyna düşene döndi.

...Ol ýene-de gelinligiň işiginden ätledi. Ony gelnalyjydan düşürip, bir işige saldylar welin, içeri birwagtky işlän edarasydy. Işikde adamlar küşt depýärdiler.

Ogulnyýaz içeri sag aýagy bilen girdi. Ol öňki başlygyny gördi. Ol içinden: «Bu pahyr ölüpdir diýdiler welin, ýalan eken-ow» diýip oýlandy. Başlygy oňa öz ýerini görkezdi.

– Geçäý, ýokary!

Gyz ýokary geçmejek boldy.

– Geç, geç! Bu ýer indi seniň ýeriň. Men bärde däl, indi.

Ogulnyýaz bu adamyň ýüzüne garady. Onuň ýüzi nurlanypdy, käse ýaly gözlerinden mähir çogup durdy,

– Seni näme üçin şu ýere getirenlerini aýdaýynmy?

Ogulnyýaz baş atdy.

– Seniň arkaňda men bardyryn. Sen päkligiňi saklagyn. Öl welin, diňe päkligiňi saklagyn. Goý, saňa «gyrnak» diýibersinler. Sen päk bolsaň, olar seniň gyrnagyň bolar. Kimiň gyrnakdygyny, kimiň gyrnak däldigini diňe eýämiz kesgitlär...

Ol oturjak ýaly etdi-de, ýene-de daşarda gelniň tizräk çykaryna garaşyp, aýdym aýdyp, küşt depýän gelnalyja garady.

– Şu jaýa girip çykanlaryň arkasynda özüm duraryn. Sen näçe kynam bolsa, päk bolgun! Ynsap, ar-namysyň başy senden başlanýandyr. Senem ýan berseň, bu millete ar-namys garasyny gör me ýok...

Ogulnyýaz ýerinden turdy.

– Unutma, goragyň güýçlüdir, ýöne biz seniň yhlasyňdyrys. Ähli gaýrat saňa baglydyr. Sen hapalansaň, gutardygydyr, bu ymmata päklenme ýokdur...

– Gyr-na-ak – diýip, gelnalyjynyň içinden biri gygyrdy.

– Bar, indi gidiber. Ýöne, unutma!

Ogulnyýaz işige bakan ýönelenden oýandy.

– Bu düýşüm-ä – diýip, ol alasarmyk samrady...,

– Ýok, düýşüň däl, düýşüň d...

Ol bu sözi magat eşitdi.

– Haý bagty ýatan. Maslyk bol, maslyk bolup galan, haý, Gyrnak!..

Ol çalnyp turdy-da aşhana ýortup barşyna, sagada garady. Sagat sekiziň ýarydy.

– Daýz-a!

– Bel-la! Aýjan, maslyk bolduň-a, maslyk bolan.

Ogulnyýaz ýuwundy-da, orta saçak ýazdy. Daýzasynyň düşegini ýygnap, çäýnek-käseleri çaýkaşdyrdy.

– Näme iýersiňiz?

Daýzasy ýüzüni-gözüni turşutdy.

– Ýok et, şol haram süýtlaşyňy.

Gowurdak gyzdyraýaýynmy?

– Alber!

Ogulnyýaz gowurdak gyzdyrdy. Çörek, her dürlije konfet, kişmiş-kişde goýuşdyrdy. Çäýnek-käsäni gül ýalyja edip, çaý äberdi.

– Ýene ýok bolup gitmelimi?

Ogulnyýaz baş atdy.

– Irki işimden-ä dyndym. Ýene gitmeli.

Owarra boluber. Şu öýde durmasaň bor.

Ogulnyýaz daýzasynyň bu igençlerine indi öwrenişipdi. Gaýta, daýzasy «gyzym, oglum, oňarýaň, berýekella» diýäýse, oýnalýan ýaly görjekdi.

Ol öz düşeklerini galdyryşdyrdy. Soň daýzasynyň gözüne ilmejegräk ýeňli, ýanly köýnekleriniň birini geýdi. Saçyny darap, depesine bogdy-da, işe atynýan ýaglygyny başyna daňdy.

– Çüýşe ýokmuka? – diýip, ol daýzasyna eşitdirip sorady.

– Uly çüýşe bolsa düýnki nasy şoňa guýup, ýanyňda goýaýjakdym...

– Owarra bol! diýip, Pugta daýza deminiň ýetdiginden gygyryp, eliniň tersine daş işigi görkezdi. – Maňa jögüsireme. Entejik ölesim ýok. Seni guduratmazlyk üçinem on-on bäş ýyl ýaşaryn...

Ogulnyýaz ýene-de ýalbardy.

– Daý-za, kagyzda bolandan çüýşede bolany gowy dälmi? Çüýşä guýaýanyn...

Daýzasy ýene-de işigi görkezdi, ýöne zat diýmedi.

– Saçagy ýygnaýaýyn!

– Ýok, dökän-saçan et-de git. Seniň şol işiňde gujak gerip duranyň bardyr. Git, şol diýilýän künti heleýden köpräk sapak al-da gel.

Ogulnyýazyň boýny sallandy. Ol işe däl-de, ýaga depjek ýaly bolup öýden çykdy.

* * *

Bu gün Aýja, dogrudan hem ony gujak açyp garşydady,

– Geldiňmi?

Daşyndan Ogulnyýazyň haly harap görünýärdi,

– A gyz, näme, aş saýlap ýörmüň?

– Ýok.
– Aý, näbileýin, düýn bazara gitdiň welin, turşuja zatlary göwnüň küýsäýdimikä diýdim. Onsoň bir banka duzly hyýar alyp gaýtdym...
Ogulnyýaz gele-gelmäne, hasyr-husur düýnki işleriniň galanyny ýazyp başlady.
– Başlygymyz käýýär maňa!
– Näme üçin?
– Bir günde ýetişmedim-ä.
Aýja ony arkaýyn etdi.
Redaktor her aýda şeý diýen bolýar. Derrewem ýadyndan çykarýar. Taşla, ikimiz çaý içeli. Ýa men goýaýaýynmy, çaýy?..
Ogulnyýaz işini taşlap, çäýnegi, käseleri alyp kranyň başyna bardy. Ol häzir bir täsir duýgyny başdan geçirdi. Göwnüne bolmasa, düýn ertirki pursat dowam edip duran ýalydy. Şol jaý, şol iş, şol adamlar, şol kran, şol çäýnek-käseler, özem edil düýnkisi ýaly, käseleri çaýkap otyr. Emma eýýäm bir günüň ýok.
Ol bu ýagdaýy Aýja gürrüňem berjek boldy. Ýöne şol düýnki düýşüni gürrüň bereninden soň, gaýdyp oňa ýagdaýymy aýtmaýyn diýip pent edipdi.
– A gyz – diýip, Aýja düýnkije oturan ýerinde oturyşyna bitaýrak gözlerini güldirdi. – Ol meýit Taňry Berdiýew agşam öýümize geläýdi-dä. Ähli gürrüňem sen-le gyz. Ol hakyt aşyk bolupdyr. Öten agşam bagyň içinde sagat sekize çenli garaşypdyr. Gelmäniňden soň öz öýüne degip, soň bize geldi. Barsa-da gelin gyzy girelgede biri bilen gujaklaşyp duranmyş. Gyz-a ýokary, ol oglanam daşary gaçypmyşyn. Ýaman gahary gelipdir. Tas gyzyny uran ekeni.
– Saňa meniň abraýym mukaddes dälmi? – diýipdir. Sen şu öýüň abraýyny sakla. Öz abraýyňy sakla! – diýipdir. Gyzam utanyp otyrmyşyn..
– Soň menem börek bişirdim. A gyz iki bolsaň-a gowy-la. Öýde erkek adam bolsa gowy bolýar. Ony-muny äberýäň, çaý içýäň. Ýeke bolsaň işdäň hiç zat alanok.
Ol gepi Ogulnyýazyň üstünden getirdi.
– Sen nädip oňýaň, gyz, ýeke özüň?
– Daýzam bar!
Aýja gytak gözlerini ýaşardyp, hezil edip güldi.
– Waý, bu gyzy! Men nädip erkeksiz oňýan diýýän-le gyz?
Ogulnyýaz sesini çykarmady, hatyna güýmenen boldy. Gaýnap duran kitrini tokdan sogrup, çäýnekleri demledi.
– Barybir oňup bilmersiň. Biriniň girisine düşersiň...
Ogulnyýaz bu aýal bilen agzyny deňäsi gelmedi.
– Gelneje, men-ä şol gürrüňleri eşitmäge-de utanýan.
– Hawa-la gyz diýip, Aýja başga tarapdan öwsüp başlady. – Menem ilki öýe gelin bolup düşenimde şu gürrüňleri etmäge bir utanýadym, bir utanýadym...
Ogulnyýaz ahyr çydamady. Bu aýalyň indi özüni gününe goýmajagyny aňdy.
– Gelneje, sen Annasoltany tanaýaňmy? – diýdi.
Aýja gyýyk gözlerini süzdi.

– Haýsy gyz!

– Artist!

– Waý – diýip, ol ör-gökden geldi. – Waý, sen ony nireden tanaýaň?

Ogulnyýaz käselere çaý guýdy-da, ýene hatyna ýapyşyp oturşyna:

– Goňşym, ogluna seredýän...

– Waý, tutma adyny, ol gaty erbet, gaty hapa aýaldyr. Men ony gaty gowy tanaýan, «Möhri» magazininiň müdiriniň oýnaş-a ol...

Şol size salam aýtdy. Gaty gowy gelindir diýdi.

Aýja tolgundy.

– Sen aýtdyňmy? Ýa özi soradymy? – diýip, gowşaksy sorady.

– Men onuň ogluna seredýän. «Gelniň nirä işe girdi?» diýip, daýzamdan sorady. Menem «Sungat» žurnalyna diýdim welin, «Waý, Aýja-da bardyr, gowy bolaýypdyr. Men ony tanaýan-a, salam aýt» diýdi.

Aýja ynanjagynam, ynanmajagynam bilmedi. Çünki onuň bilýän Annasoltany bols-a salama derek belanyň sapyny ibermelidi...

– Şolam gyz, Taňry Berdiýewiç bilen aşyk-magşuk bold-a. Taňry Berdiýewiç öň teatr bölümindedi. Annasoltan barada baý ýazandyr-a. Ony gazete-de, jurnala-da, radio-da ýazdy. Beýik artist diýip adyny ile doldurdy. At aldam welin, bu adama it degdi. Bir zawmag adamy tapyp, şondan bir ogul dogurdy...

Ol Annasoltanyň öz üstüne gelip, redaksiýada «saçýoldy» oýnaşyp gidenini aýtmady. Aýtsa, Taňry Berdiýewiç bilen arasyndaky hyşy-wyşysynyň ýüpi çöşlenjekdi.

Aýja hakykatda Taňry Berdiýewiçi gowy görýärdi. Ony gabanýardy. Ogulnyýazyň ýanyndan galman oturmasam, bu adamyň bu ýaş gelne bolan ymsynmasydy. Ol Taňry Berdiýewiçiň durumsyzlygyny, aýal görse öýünden, ilinden geçýändigini gowy bilýärdi. Ol eýdip-beýdip bu ýaş gelniň göwnüni biljek bolýardy.

– A gyz, Taňry Berdiýewiçe bir ýapyşan aýal ömür sypyp bilenok-da. Ol ker doňuz başga bir ýaş gelin bilenem hyşy-wyşy edip ýör. O gelniň gaýynlaram ýanyňda, owadan adamsam bar. Şonda-da şu ker goýun diýip ölüp ýatyr-da...

Içeri saçlary egnine düşüp duran pyýada girdi.

– Aýja! – diýip, ol semizlikden ýaňa haşylap, ullakan ala gözlerini düýbüni gap-gara edip aýtdy. – Täze gelniňiz şumy?

– Hawa! – diýip, Aýja aty çykan ýaly boldy. Soň ony Ogulnyýaza tanyş etdi. – Bu Allakuly Anna. Hudožnik. Ýaşlar baýragynyň laureaty. Wysşiý jalaý. Baý!

Allakuly Anna ýüzüni dommardyp ep-esli durdy-da, özüne berlen kommentariýanyň käbir ýerlerine düzediş girizdi.

– Aý, indi jalaýlyk galmady. Ýok-la, baýlygam galmady...

Allakuly Anna Ogulnyýazy her tarapdan synlan boldy. Ol synlamasyny ýaşyrjagam bolanokdy.

– Gowy – diýip, ol özüçe gutarnykly netijä geldi. – Oglan-aryň diýeni dogry eken. Olar «Allakuly, sen gözläp ýördüň welin, redaksiýa bir gowy figura gelipdir.

Senem bir görüp gaýt» diýdiler. Onsoň men düýn geldim, ýok, Bu gün bir baraýyn diýdim.

Ol käsä çaý guýdy-da:

– Sag boluň – diýip, ony göterdi, emma agzyna eltmedi.

Aýja, sen, mümkin bolsa, bir bäş minut çyksaň, düýnki gürrüňi ikiçäk etsek...

Aýja Ogulnyýazyň ýüzüne «men aýtmadymmy» diýen manyda ýyljyraklap seretdi-de, çykyp gitdi.

– Neme – diýip, Allakuly Anna elindäki käsäni pitikledi.

Bu ýerde gizlin syr ýok. Biz hudožnikler natura bilen işleýäris. Her kimde bäş-on naturşisa bolýar. Gyzlar, garrylar, çagalar. Maňa-da özüň ýaly naturşisa gerek. Pul bilen diýseňem, şaý bilen diýseňem, material bilen diýseňem, men taýýar, ýöne meniň diýenim bolmaly, ýalaňaçlap diýsem, ýalaňaçlanmaly, saçyňy...

Ogulnyýaz ýerinden turdy-da işigi çekdi. Emma işik açylmady. Onuň işigiň daşyndan:

– Täze gelnimiz swedaniýa geçýär. Bäri girmek bolanok! – diýip, çylkasyz gülýän sesini eşitdi. – Ýene kim duşuşjak bolsa nobata dursun. Pully...

Ogulnyýaz işigi urdy. Emma Aýja ony aşyndan berk ýapyp durdy.

– Açyň!

Allakuly Anna Ogulnyýaza göwnügalyjylyk bilen garady.

– Beýle biýedepligi men halaman – diýip, gözlerini petik bilen ýere aralygynda migirdetdi.

– Açyň!

Aýja açmadan geçen, gaýta jak-jaklap gülýärdi. Ol içerden şakyrdap duransoň, adamlar üşerilişip koridora çykyşyberse, işigi:

– A gyz, ýaman basym-la! – diýip açan boldy. – Näme, duşuşygyňyz bolmadymy? – diýip, Allakuly Annanyň ýüzüne ýalum-ýulum etdi.

– Men-ä düşünmedim – diýip, Allakuly Anna-da gözlerini elek-çelek etdi. – Beýle boljak bols-a men oňuşmaryn. Moskwad-a gelin däl, islendik gyz býlenem arkaýyn gürleşip bolýar. Biziňkiler ýaman yzagalak. Men hakňy berjek, hakyňy berensoň gutarýar-a, düşünmedim...

Aýja ony odukdyrdy.

– Düýn aýtdym-a. – Ol işige garady. – A gyz çuw-ýalaňaç bolmalymy? – diýip gülüp otyrd-a. Bu gün başga hili. Sen gününe goýma. Onuň göwni bar-da, utanan bolýar...

Allakuly Anna haýran galmakdan ýaňa egnini gysdy.

– Utanmasy näme? Men hakyny berjeg-ä.

Aýja işikde hiç kimiň ýokdugyny anyklandan soň has ynandyryjy deliline ýapyşdy. Ol pyşyrdap başlady.

– Pul diýip ölüp ýatyr. Äri – alkaş, türmede. Bir garry tireki gaýyny bar, maýyp. Özem, bilýäňmi, kim bilen jora, teatrdaky Annasoltan künti bilen...

Allakuly Anna ýüzüni kürşertdi.

– Baý-buw, ond-a razy bolmaly. Ýa az görýämi? Öz-ä gowja ekeni. Oňa-muňa-da ýarajak.

– Howwa-la – diýip, Aýja ony hasam odukdyrdy. «Erkek göremok» diýip otyr... Äri bilen düzüwli bolmandyram... – Ol ýene- de Allakuly Anna tarap süýşdi. – Sen işiň ahyrynda ugrat, ýolda-da aýt. Puluny köpräk aýt. Menem, häzir gelse yraryn...

– Bor! – diýip, Allakuly Anna ullakan kellesiniň eteklerinden seçelenip duran saçlaryny aýasy bilen darap goýberdi.

– Men garaşmandym. Hakyny tölejeg-ä.

Ol çykyp gidenden ep-esli wagt geçenden soň, Ogulnyýaz içeri girdi.

– A gyz, ýaňky yşarat nähili gyz? – diýip, Aýja öňürtiläp aýtdy. – Haram meýit, özüniňem iki sany ýetişip oturan gyzy bar. Barsyn, şolary naturşisa etsin, ýer çeken. Biriniň maşgalasyna her zat diýip dur...

Ogulnyýaz ýellenen gabaklaryny götermän:

– Hudaý bardyr! – diýip, pisse dodaklaryny çala çyzdy. – Abraý bersin...

– Hawa-la gyz – diýip, Aýja alyp göterdi. – Maňa-da bir ýalbarýar, «sen şony yr» diýip. Kän pul berjek diý diýýär. «Her hepde-de birki sapar ýalaňaçlanyp otursa bolýar» diýýär.

– Näme? – diýip, Ogulnyýaz aljyraňňy sorady.

Aýjanyň göhi gelýärdi.

– Naturşisa bolanda bir jaýa girip, erkek alamlaryň önünde ýalanaç oturmaly. Olaram senin suratyny çekýär.

Ogulnyýazyň ýüzi lap-lap gyzdy.

– Eý, allam, utançsyz! – Ol Aýjany iýerli göründi. – Jan gelneje, bes edäý. Sen şol şermende sözleriňi maňa aýtma. Men utanýan!

Ol ýene-de çykyp gitdi.

Aýja göwnühoşluk bilen ýerinden turdy-da, öz kabinetine sümüldi. Ogulnyýazy redaktor çagyrdy. Ol äýnegi bilen ýüzüni gizläp, ýere garady.

– Neme, ak gelin. Ýaman hyrydaryň köpmi? Beýtme, beýtme, men seniň daýyňy sylap işe aldym. Naturşisa bolmagyňa-da garşy däl, söýgiňe-de, öz ynsabyň göterse, pajalysta, ýöne bu ýeri edara. O zatlaň gürrüňini başga ýerde ediň. Iş soraryn. Nätdiň? Hatlary iberdiňmi?

Ogulnyýaz lap-lap edip ýanýan ýüzüni ýere salaýjak boldy.

– Ýüz ýigrimisini iberdim. Ýene ýüz sanysy taýýar?

– A beýlekiler?

– Olaram bolar...

Redaktor ýüzüni närazylyk bilen galdyrdy.

– Wot, wot! Men bölümleriň telpegini ters geýdirýän. O görgüliler näçe azap edip, jogap berýärler. Onam sen saklaýaň. Bu nähili bolýar? Söýgi gürrüňini az et. Ýanyňa adamlary azrak ýygna... Bar, tamam...

Ogulnyýaz sesini çykarmasa-da utanjy-haýasy kekirdegini kesere getirdi. Ol tä agşama çenli ýerinden galman işledi.

– Gyzym, ýekeje özüň işläp otyrmyň – diýip, Bike daýza öz gyzynyň ýanyna gelen ýaly begenip kabinete girdi. Ol gazete dolangyja zady Ogulnyýazyň ýanynda goýdy. – Me balam, ýaňy gelinler çörek ýapdylar. Saňa-da ýartyja çörek iberdiler...

Ogulnyýaz ýerinden turdy-da, edil enesini edişi ýaly, Bike daýzany gujaklap, silkinip-silkinip aglady. Bike daýza birhili boldy.

– Waý, çagamy, hany, goý-hany. Aýyp bolar...

Ogulnyýaz ýerine geçip, kemiş-kemiş edip aglady.

– Näme bolýar?

Ogulnyýaz «hiç zat bolanok» diýen manyda, ýaşynyp gözüniň ýaşyny süpürdi.

– Wah, çagam. Gyzlaryň birini alyp gaýdybermedim-dä. – Ol koridora garady. – Geldi jan, köşegim, garaňky düşmänkä gelnejeňi ugrat!

Ogulnyýaz zatlaryny ýygnady. Iki ýüze golaý taýýar bukjany eline aldy.

– Ene – diýip, Geldijik gözlerini mölerdip geldi. – Işikde öküz ýaly daýaw, saçy heleýiňki ýaly adam dur-laý. Men-ä daşary gitmäge gorkýan.

Bike eje kabinetleri sübseläp ýörşüne arkaýyn gepledi.

– Aý, tenteg-ä, näme gorkup, olam özüň ýaly adamdyr-da – diýdi. Geldijik şondan son ekezlenen ýaly boldy.

– Getir gelneje, sumkaňy men göterişerin – diýip, Ogulnyýazyň goşuna ýapyşdy. – Çöregiňi galdyraňok gerek...

Ogulnyýaz jomp-jomp edip, öňüne düşüpjik barýan oglanjygy gowy gördi. Öz jigileri ýadyna düşdi. «Aşyr jan, Begli jan nädýärkäler?» diýip, öýlerine bakan göwün ýüwürtdi. Naýynsap, Ogulla jigimi alyp geläýmel-ä. Wah, şu wagt ganatym bolsady, gaýyp-gaýyp barypjyk, didarlaryny görüp gaýdardym.

– Gelneje! – diýip, Geldijik ýylgyrypjyk yzyna gaňryldy. – Enem seni öýe çagyrjak diýýä. – Tanamok welin, ýöne meniň çakym çak bolsa, döwletli öýden çykypdyr, gözünde näçe gussa bolsa bolubersin, barybir aňyrsy dok» diýýär, şol şeýlem-äý?

Ogulnyýaz oňa jogap bermäge ýetişmedi. Olaryň öňüni äpet döw ýaly gara bela kesdi.

– Sluşaý! – diýip, ol adam Ogulnyýaza elini uzadarly göründi. – Men seni ugratmaly. Iş bar...

Geldijik Ogulnyýazyň, Ogulnyýaz Geldijigiň ýüzüne garady.

– Gelneje, men enemiň ýanynda galybereýinmi? – diýip, Geldijik özüne enesi tarapdan buýrulan ýumşuň ýarynam bitirmäni üçin sorady.

– Bar, gaýdyber! – diýip, gara pyýada ynamly aýtdy. Geldijik ýene-de Ogulnyýazyň ýüzüne äňetdi. Ogulnyýaz soky daşy ýaly bolup durdy.

– Beýtmäň dogan. Il näme diýer. Men ýaňy öýe  düşen gelin. Gaýrat ediň, meni masgara etmäň, gidiň...

Allakuly Anna geň galyp. oňa garady.

– Bu nähili bolýar? Özüň ugradaýsyn diýipsiň-ä, joraňa...

– Ýok, hudaý saklasyn. Men näme üçin aýdaýyn. Gidiň, gidiň... Gara pyýada

giderli däldi.

– Ol siziň uýaňyz ýal-a. Näme üçin oňa azar berýäň? – diýip, Geldijik hakyky hossarlygyny etdi.

– Bar-aýt, güm bol!

Geldijik onuň zarplamasyndan gorkup durmady.

– Kakam naçalnik milisedir. Gelnejeme azar berýär diýip, häzir tilpun uraryn.

Allakuly Annanyň azaryna-da däldi. Ol gaty arkaýyndy.

– Bolýa, ugratmaýyn, ýöne meniň naturşisam bolmaga razylyk ber.

Ogulnyýaz bu adamyň sözüni diňläp durmakdan ejap etdi-de, redaksiýa girip gitdi. Geldijik ondanam öňe düşdi.

– Ene, şol pyýada adam bizi geçirenok...

Bike eje bu gelniň yzyna gaçyp gelmesine geň galyp, daş işige çykdy.

– Kim ol?

Geldijik redaksiýanyň öňündäki uly tuduň kölegesini görkezdi.

– Kakama tilpun etsen-e, gelip, elini towlap alyp gitsin-le. Bike eje işini goýdy.

– Ýöri, gyzym! – Olar iki bolup Otulnyýazy duralga getirip, awtobus gelýänçä garaşdylar. Diňe gelin awtobusa müneňden soň, olar yzlaryna gitdiler.

Ogulnyýazyň öýleriniň öňündäki duralgada düşüp, ýönelenem şoldy, ol gara bela onuň öňüni ýeke kesdi.

– Size näme gerek?

– Siziň razylygyňyz.

Ogulnyýazyň içi ýandy.

– Dogan, utanyň, eýmeniň.

Siz özümize gerek däl, sungat üçin gerek. Sungata päk, asyl zatlar gerek. Şonuň üçin razy bolarsyňyz. Bolmasa-da men sizi masgara ederin. – Ol gap gara güýçli eli bilen gelniň heniz öz nikaly adamsam tutmadyk eline ýapyşdy.

– Ýok bol.

– Bolman!

Ogulnyýaz işiň işden ötüp barýandygyny duýdy-da, eglip aýagyndaky köwşüni aldy-da, onuň ökje tarapy bilen bu äpet «Döwüň» ýüzüne keserdip urdy. «Döw» «a-a, a-a» diýdi-de, eýmenç arlap iki eli bilen gözüni tutdy, soň bir elini ýyldyrym çaltlygynda töweregine aýlady. Oňa çenli Ogulnyýaz girelgä siňdi.

* * *

Öýde Çommak aga bilen gara ýerbiti ýaly keltejik aýal otyrdy.

Ýaşuly:

– Yzdyrasty – diýip ol gelne garady. – Men-ä çorbaňyz bişen bolsa, gitdim. Özüňiz çöregiňizem dograň, iýiňem – diýip, turmak bilen boldy. Gidip barýarka-da:

– Nasy haýsy babaýdan alan bolsaň, indi sypdyrma. Nas dagy däl eken – diýdi.

Ogulnyýaz ýaşulynyň sözüne ünsem bermedi-de, soň eşiklerini çalşyryp myhmanyň ýanynda dyz epdi.

– Wa-aý-iý, şujagazmy, gowja zat ekeniý! – diýip, garsak gelin Ogulnyýazyň içine-daşyna giräýjek boldy. Ogulnyýaz onuň ýokarky dodagynyň irigini görüp galdy. Daýzasy hem birneme açylyşana meňzeýärdi.

– Towşan ýegen, gury gitmesin, bir zatjyk atar.

– Waý-iý, Pugta daýza, azara galma...

– Azary bolmaz oň. Özüne-de aýt-da ýaňky kepiňi.

Towşan agzynyň iriginiň bitişen ýerine barmagyny degirdi.

– Häzir aýdaýaýyn...

Pugta daýza oňa «hawa» diýip gazaply ümledi.

– Neme, gelin, hany, gelsen-e, otursan-a. Ol gelin gapdalyna geçip oturansoň, hälki özüne öwredilenleri gylyny gymyldatman sarnap berdi.

Saragtda Ata kakamyň çykany bar. Şolar Ata kakamyň ýekeje oglunyň öýlenendigini indi eşidipdirler. Gaty begenipdirler. «Gelnimizi geljek şenbede çörege çagyrýas...» diýip, tilpun urup goýanoklar...

Ogulnyýaz özüne beýle «gadyr goýuljagyny» oýuna-da getirenokdy. Ol içinden özüniňem gelinsirediljegine begendi.

– Daýzam näme diýse – diýdi.

Towşan ýegeniň towşan dodagy gulaklarynyň deňine çenli ýirildi-de, gelşiksiz büzüldi.

– A gyz, gowy edip gideli. Ata kakamyň garyndaşlary türkmençiligi ýaman berk saklaýandyrlar. Kürte-de atynmaly bolarsyň.

Ogulnyýaz boýnusynyjylyk bilen ýüzüni aşak sallady.

– Naharyň nätdi?

Çaý-nahar gelensoňam gürrüň «gitmek» barada boldy.

– Şenbe güni irden ak maşynly gidersiňiz, ýekşenbede-de gelersiňiz...

Towşan gelin razy boldy. Bu gije nämüçindir daýzasy igesini sürtmedi.

...Ogulnyýaz çörege çagyrylmagyna, garyndaşlaryna äkidilmegine içinden begenýärdi. Il ýaly, ony gelin bolup çörege çagyranam bolmandy. Dogry, öz obalarynda goňşulary gadyrlap bilipdiler. Emma bu ýerde ol bir iterinji gyrnaga dönüpdi. Gadyram, hormatam ýokdy.

– Gadyr, hormaty görmäge janyň sag bolsun! – diýip, enesi aýdanyny tutup otyrdy.

«Daýzamyň ýüregine sahawat guý, Alla jan» diýip, ol her ädiminde hudaýa ýalbarýardy. Daýzasy sahawatly bolsa, onuň ýüregine rehim inse, ýaş gelniň arkasyna şemal çalana dönjekdi. Ähli işlerinden dynyp, awtobuslyja gidip, hiç bolmanda aýda bir gezek enesini, jigilerini görüp biljekdi. Ýazow daýysy bilen Merdanyň ýanyna baryp-gelip biljekdi. Emma daýzasynyň doňy çözülenokdy...

...Bu günem ol içini hümledip otyr, Çommak aga geldi.

– Näme how, Pugta gelin, ýaman arkaýyn-la sen, ne dileg salýaň, ne habar alýaň. Sesiň çykanok. Ýa bu zatlary taşlap, totam heleý bolup ötägitdiňmi?

Pugta daýza gözüni-gaşyny dokmädelik bilen gerdi.

– Çommak, näme, öň Pugta dileg salyp, bosagaňa ýaplanyp ýatanmydy? Hudaýa müň şükür, günüm özümden geçýä...

Çommak aga nasa daglanan gemrik dişlerini görkezip güldi.

– Bolubilýä. Günüň özüňden geçse, araky amanatyňy gaýtar... Pugta daýza ol oturyp-oturmanka:

– Bar, sen häli çaý goý – diýip, goja ýumuş buýurdy. – Ajyja çaý demle, geregiň nas bilen çilim bolsun!

Gojanyň aýagy ýeňledi.

– Ana, ana, sen bir hazynanyň üstünden barypsyň, Pugta.

Ol çaý demläp, Pugta daýzanyň eliniň ýetäýjek ýerine çökdi.

Pugta daýza onuň öňüne bir ölçeg nasy goýdy.

– Ana, iki atym nasyňa minnet edip aldyň. Razy bol.

– Hemmesinimi ýa birki atymlykmy?

– Hemmesini.

– Ana, ana, berekella...

Pugta daýza nasyň gapdalynda iki gap çilimem goýdy.

– Olam dursun.

– Ana, ana!

Ýaşuly hödüre mähetdel, sellofan haltajygy açdy-da, diliniň aşagynda ep-eslijäni gizledi.

– Peý, peý. Byl-ýa tüh naş-şan eken diýdi.

Pugta daýza gözlerini gerdi.

– Näme, Pugta özüň ýaly, gök gumy ýuwdar oturar diýdiňmi? Ýaşuly nasyň humaryna gözüni ýumup, başyny ýaýkady.

– Şende oýun köp bolmaly, Buhta!

Olar çaý gelenlerinde Çommak aganyň gözlerini gaýnadyp Pugta daýza dyzynyň astyndan çykaran düwünçegini aldy.

– Puht-a! – diýip, ýaşuly göwnüýetijilik bileň mys-mys edip güldi. – Nädiberdiň-haw.

Pugta daýzanyň ýüzem üýtgänokdy. Ol ilki Çommak aganyň öňüne iki sanjak «garaja «mäş» dänesini, öz öňüne-de şoňçaragyny goýdy. Soň ony käsesine guýan birki owurt çaýyna ýuwdy-da, owurtlap goýberdi. Ýaşuly hem şeýtdi. Ondan soň ikisi-de çaýa ýapyşdy.

– Hany, sen Tagtabazarly gürrüňi nätdiň? – diýip, Pugta daýza ýaşulyny girisine çekip başlady. Çommak aga başga perdeden gopdy.

– Haý, diýseňem-ä, Pugta ojagaş gelniňi eldeki edipsiň-ow.

– Ýok-la – diýip, Pugta daýza açylyp aýtdy. – Elberer ýaly däl. – Ol hälki gürrüňi çynyrgatdy. – Nätdiň, gitmäni?..

– Aý, ýok bolanok. Gaty berk diýýä... Giden büdräp gaýdýa. Gowusy gitmäniň. Basym Saragta gidäýmesem. Şol amatly boljak maňa. Et kombinatyna bardym, mal sürüp gelmeli bolsa, kömek berip biljek diýip. Olaram «bu wagt mal hor» diýdiler. Mal

sürseň, amatly bolýar. Birküç sany goýnuň garnyna daňsaň, azary-bizary ýok. It salsalaram, ysgap tapjak gümany bolmaz. Bolmasa, ine bir görgüçilikd-ä. Saklaw diýdi, barlaw diýdi, propuska diýdi, gözüňi-başyňy aýlarlar. «Maljagazyňy» eliňden alsalar, şol kyn. Tutsalar owarram-la welin, eliň bar kirini ýuwup goýberseler, şol kyn.

– Onda, indi biz nätumyt bolaýmalymy?

– Bilmedim-dä. Ýene bir ýol-a bar. Sen ony etjekmi, sen bolýa diýseň, gelniň etjekmi, etmejekmi?

Pugta daýza üçin iň esasysy «dermandy». Ol galan ýagdaýlarda müşgillik görenokdy. Şol sebäplem gaty arkaýyn.

– Meň bilenem, gyrnak bilenem işiň bolmasyn, işiň biterine gara diýip aýtdy.

– B-ää! – Çommak aga hem haýran galmakdan, hem bu tüssä bogulyp oturan aýala göwni ýetmekden galkyjaklady. – Sende oýun kän-ow, Pugta gelin...

Ýaşuly içini orta dökdi.

– Gelniňi şol ýere «çörege» äkideýin diýip duran tanyş bar. Kürteli, ýaňy öýe düşüp ýören gelni barlanoklar, olar. Galanyny ilik-düwme..

Pugta daýza çilimine zor berdi.

– Hany, äkidensoň, biriniň maşgalasyny elden-ede geçirip, daşary taşlaýmasynlar. Bu haýranam tanapyna towsup ýören-ä, tüýs esräp...

Çommak aga güldi.

– Ýa-aýt, Pugta gelin, senem alýaň-aýt. Kolhoza baryp, kimiň öýüne düşeniňde bir çaýnak çaý berenoklar. Agşam işiňi bitir, ertirem gaýt.

Pugta ýüzüni kürşertdi.

– Bu gyrnaga kimler çagyrdy diýmeli?

Ýaşuly elini silkdi.

– Sen ony alada etme. Men Towşan şip-şipini adyp geleýin. Onuň özi tapar o kepleri.

Çommak aga Towşany agşam aralar alyp gelipdi. Olar bir çukura tüýküren çagam Ogulnyýaz işikden girdi.

## 9.

Ogulnyýaz işe irräk, özem pyýadalap ugrady. «Näme üçin öňki başlygym beýle görgä galýarka. Öňki agşam düýşüme girdi, bu gije ýene-de düýşümden çykmady. «Men senden gaty gorkýan, ägä bol!» diýip...

Daňdanky hem-de düýn agşamara bolan ýagdaýlar birden onuň ýadyna kürsäp girdi-de süňňüni titretdi. «Ol ýer çeken beýle diýseň, brigadire näme gerek? Hakyt, utanman, şol-a gyzy-gelni ýaly biçärä elinem uzadyberjek. Utançsyz...».

Abdy bu gün hasam ir gelipdi. Ol ýaş gelniň elinden bedresini alyp, ýene-de elinden tutupdy. Ogulnyýaz bu bir tötänlikde bolan zatdyr öýdýärdi. Abdynyň «şäher möjegi» diýen sözünden soň ol ýeke çykmaga çekinmänem duranokdy. Onsoňam daň bilen işe çykyp, işleýänlere gözegçilik etmek brigadiriň öz işidir öýdýärdi.

Onuň ýüreginde başga zat ýokdam, bolubam biljek, däldi.

Abdy köçe süpürip ýörkä zeýrenip başlady.

– Seniň ýaly gelnim bar, dulda oturan uly gyzym bar. Bir näkes goňşym bar, şol bu ikisine habar gatypdyr. Aý, ýaman gaharym geldi. Baryp, kerçäp gaýdyberesim gelýär, haram bozgaklar. Olarmy, türkmeniň aryny-namysyny ýere çalan näkesler. Ýaňy öýe  düşen gelin dagy bir perişde ýal-a. Onuň ýüzüne gaňyrlyp bakmagam gün-ä...

Işden çalt dynyldy. Abdy ýene-de öňküsi ýaly, bedreleri tigriniň şahyna ildirip, sübseleri goltugyna gysyp, ýoldan geçdi: «Häzir bedreleri alanda ogşaryn. Bir ogşanymsoň, özümkidir. Ertir özi ogşadasy geler durar...».

Ogulnyýazyň bu adama minnetdarlygynyň çägi ýokdy. «Dünýäde gowy adamlaram bar eken, hudaýa şükür, ylaýym, ömri uzak bolsun-da» diýip gelýärdi. Onuň ähli pikiri öýe  düşen gelin bilen ulugyza habar gatyp bilen näkes baradady. «Eý, allam» diýip, ol şol arada düýnki gara belany ýatlady.

– Her hili azgyn bardyr. Hudaýym, özüň saklaweri, özüň gora, jan allam...

Abdy bu gelniň aýyň parasy ýaly naşyja didaryny nädip gujaklasa gowy boljakdygy barada oýlandy. Oňa çenli gelnem gelip ýetdi.

– Bedreleri goýaýyň, sag boluň, taňry ýalkasyn...

Abdynyň gelniň özi bedreleri alar, iki eli zatly bolar diýeni bolmady. Özem Ogulnyýaz hol beýlede durdy. Şonuň üçin Abdy titreýän elleri bilen, saklap duran şahyny oňa tarap burdy.

– Men-ä onda, gitdim.

– Sag boluň, ömrüňiz uzak bolsun...

Ogulnyýaz bedrelerini, sübsesini eline aldy-da, girelgä bakan ugrady.

– Dur – diýip, Abdy ony saklady. – Biri bar ýaly, men ilki göreýin...

Ogulnyýaz gorkup girelgä barybilmedi. Abdy bolsa öňe ylgady-da, girelgä ýetmän Ogulnyýaza:

– Gyrnak jan – diýip, sandyraklap topuldy. Birdenem, «Waý» diýip aşak oturdy.

Ol gelne garşy topulanda, Ogulnyýaz gorkusyna bedräni ýüzüne tutdy. Abdynyň gözem şoňa jalkyldap degdi. Ýöne gelin bu adamyň çarşagyň tyglary ýaly sowukdan berk barmaklarynyň hem özüne ýetip gelýänini aňdy.

– Toba, utançsyz – diýip, oturan adamyň depesinden bedresini geýdirdi... – Eý, hudaý, hydyr diýeniň hyrs çykjak ekeni – diýip, ol gorky bilen ýatlady. – Men ony öz agam saýsam, onuň matlaby gara eken. Ýüzügara. Öz-ä «gelnime, gyzyma habar gatypdyr, men şony öldürjek» diýýär. Özem öz çagasy ýaly bendä hapa elini çaljak. Toba, bu adamlar nähili? Bularyň ýüreginde bir zat, dilinde bir zat-la, eziz allam...

– Utançsyz, daýyma aýdyp, läşiňi serdirerin...

Ol şu sözi aýdanyna begendi. Öten agşam Geldijigiň: «Kakam naçalnik milisiýadyr. Tilpun ederin, geler...» diýşi ýadyna düşdi.

– Dogrudanam, kakaň naçalnik milisiýamy? – diýip, ol Geldijikden sorady.

– Ýok, enem öwretdi. Doganlam bilen gidenimde samsyk oglanlar azar berjek bolsa, ýanyna baryp, şeý diýýän welin, birem golaýymyza gelip bilenok – diýdi. Ýöne

şu ýagdaýy Ýazow daýysyna aýdaýsa, olaryň başyna milisiýanyň tapmajak «oýunlaryny» saljagyny bilýärdi. Emma ol ony edip biljek däldi.

Redaksiýanyň işiginde ony Taňry Berdiýewiç garşy aldy.

– Oňarypsyň – diýip, ol gelniň salamyna derek uly joşgun bilen aýtdy. – Keselhana äkidipdirler. Bir gözi çykara gelipdir.

Ogulnyýaz süňňüni saklap bilmän, öz kabinetine girdi. Nämüçindir Aýja görnenokdy. Ol bolan bolsa, ähli informasiýa bilen ýüzugruna tanyş ederdi. Taňry Berdiýewiçiň bir özi ýaş gelnin ýanyny alyp durmaga çekinýäne meňzeýärdi. Ogulnyýaz onuň ýüzüne seretmese-de, bu adamyň sesi sandyrap çykýardy.

– Gyrnak, näme – diýip, ol stola garşy golaýrak süýşdi-de, ýuwaşjadan gepläp başlady. – Men seni ýaman gowy görýän. Ony dilimde düşündiribem biljek däl. – Ol titräp duran eli bilen jübilerini sermedi. Ahyry eline ilen eplem-eplem haty geline uzatdy. – Şunda ýazdym, alyň, okaň, jogabyny hat bilen beräý...

Ogulnyýaz hata elini uzatmady.

– Haýa ediň, daýy. Men sizin, öz uýaňyz-a. Alladan gorkuň...

Taňry Berdiýewiç bir eli bilen hatyny tutup durşuna, ikinji eli bilen gulagyndaky apparaty peşeläp ugrady.

– Ä, näm diýdin,. Haýaljakdanmy? Hä, düşdüm, haýaljakdan, häzir däl. – Ol it ýylgyryşyny etdi. – Meniň gara çynym. Özümem gaty güýçlüdirin. Ýaman hezil bolar. Düşuşsak, bilersin....

Ogulňyýaz kemsinmekden, bu horluklardan ýaňa başy aýlanyp özüni lampa kürsä goýberdi. Häzir onuň işem, öýem taşlap, awtobusa münüp, öýlerine gaýdyberesi geldi. Şu geçen aýda onuň gören gününi enesine gürrüň beresi, hudaýyň önünde onuň näme ýazygynyň baryny enesinden sorap, ýany, ýanjap yzalasy geldi. Ýöne bu «zyndanlardan» ol nädip çyksyn... Ol öýde, işinde şeýle bir çoçgara baglanypdy. Ony dine ölüm halas edip biljek ýalydy.

«Eý, allam, ýaş başyma bu agyr keşgi, bu agyr zulumy meniň, başyma näme üçin saldyň?..».

Ony redaktor çagyrdy. Onuň ýanynda Aýja otyrdy.

– Ýeri gerçek gelin – diýip, redaktor äýnegini galkan edinip hem dabaraly, hem igençli aýtdy. – Işler neneň?

Ogulnyýaz egnindäki çargadynyň seçegini barmagyna çolady.

– Hatlary, jogaplary iberdim, düýn...

Redaktor Aýjanyň ýüzüne garady.

– Hat hiç, bu gün iberilmese, ertir iberiler. Ýöne, bi, her hili gürrüň bar-a...

Ogulnyýaz barmagyny saklady. Başyny azajyk galdyrdy.

– Bilmedim.

Redaktor işige tarap göz aýlady-da, äýnegini Aýjanyň ýüzüne çenäp saklady.

– Allakuly Anna bilen näme waka boldy?

Ogulnyýaz sesini çykarmady.

– Hany, aýdyň?

Aýja durup bilmedi.

– Öten agşam sagat on birlerde maňa jaň etdi. «Ol gelin meniň gözümi çykardy» diýip. Häzir keselhanada, ýaňy operasiýadan çykardylar, halym harap – diýip.

Redaktor gap-gara, galyň dodaklaryny çöwürdi.

– Operasiýadan çyksa, nädip jan, edýä?

Aýja aljyrady.

– Neme, gözüniň perdesini ýyrtypdyr. Onam tikipdirler. Özi gaty agyr däl, ýöne gözi apasny diýipdirler. Onsoň, menem irden turdum-da, holodilnigi açdym. Kän zadam ýok eken. Birküç sany eýran almasyny, limon, mandarin dolap, irden göz keselleri keselhanasyna bardym. Gözi daňylgy ýatyr.

– Beýle goýjak däl – diýýär. Suda bererin diýýär.

Redaktortyň ýüzi ak tam boldy.

– Za şto? Näme üçin?

Aýjanyň ýüzi açyldy.

– Ol bar-a, Gyrnak bilen gepleşipdir-hä, işden soň duşuşmany. Olam muny ugradypdyr-hä. Onsoň bu gelnem onuň, şertine razy bolupmy, bolmanmy, öz-ä düşnüksiz. Ýöne ol aýdýa: «Hakyny az görüp birden sen ýok, men ýok, ýüzüme-gözüme ýapyşyp irim-jirim etdi-de, garanka siňdi – diýýär...

Redaktor bu gürrüňe ynanjagynam, ynanmajagynam bilmedi. Ýüzüni sallap, ýer ýaly bolup oturan ýaş gelne bolsa kän batyrnyp bilmedi.

– Şol çynmy?

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Ol doňup galdy.

– Heý beýle-de bir zat bolarmy? Atly hudožnik, nähili abraýy bar. Bütin daşary ýurt tanaýar. Oňa naturşisa gyt däl...

Aýja-da kem galmady.

– Olam şeý diýýär. «Ýöne özi bilen gepleşemsoň, «bolýa» diýen soň ýanyna bardym» diýýär.

– Sen indi näme diýýäň? – diýip, redaktor ahyr nokady goýmakçy boldy.

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Emma Aýja gepi ondan alyp gaçdy.

– «Bagyşla» diýmeli. Ol işi beýle goýmaz.

Redaktor ýerinden turdy.

– Aýja, sen bu gelni alyp keselhana marş. Izwineniýe soraň. Eger naturşisa bolsa, meniň garşylygym ýok... Baryň, eglenmäň...

Aýja plaşyny geýip, sumkasyny alyp, Ogulnyýazyň ýanyna geldi.

– Ýöri!

Ogulnyýazyň gany depesine urdy, Ol maşinka güýmenen boldy.

– Sen dogan, meniň bilen işiň bolmasyn. Öz günämi özüm bilmesem, alla bilip durandyr. Maňa degmäň...

Aýja ýumruk ýalyjak bolup oturan bu gelne haýran galyp seretdi.

– Sen indi gitmejek bolýaňmy?

– Men näme üçin gideýin!

Aýja işige bakan ýöneldi.

– Onda, gidenok diýip, men-ä redaktora aýtjak.

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Ýöne Aýjanyň redaktoryň ýanyna baryp:

– Ojagaş gyrnak ýaman boýny ýogynja. Redaktoryň özi gidibersin diýýä – diýeninem, redaktoryň:

– Gitmese işden gümüni çekerin. Maňa onuň ýaly gepli-gürrüňli adam gerek däl diýeninem eşitdi. Emma ýerinden butnaman günorta çenli oturdy. Günorta boluberende Taňry Berdiýewiç ýene-de geldi.

– Ýa hatam gerek dälmi, ä?! – diýip, ol has eýemsiräp aýtdy. – Aýja aýtdy. – Özümem erbet göremok – diýeniňi. – Ol ýene-de gulagyndaky apparatyny elledi. – Bir zat edeli, meniň inimiň öýi bar, boş. Onuň özi. Moskwada, aspiranturada. Aýaly bilen gyzam obada, şoňa gidäýeli. Oturarys, derdinişeris, ä...

Ol Ogulnyýazyň sesini çykarmaýanyndan meçewlenip, ony indi özüniňki hasap edip, has eýemsiredi.

– Men onda irräk gideýin. Taýýarlyk göreýin. Soň, sagat ýediniň ýarynda duralgada garaşaryn. Taksi tutup gidibereris. Bormy?! Ýöne Aýja bilmesin, bormy, ä...

Ogulnyýaz sesini çykarmasa bolmajagyna düşündi.

– Daýy – diýdi. – Gulagyňyzy bäri tutuň – diýdi.

Taňry Berdiýewiç şadyýan görnüşde oňa bakan pyrlandy.

– Ow-wa?

Ogulnyýaz gaharly gürledi.

– Azara galmaň.

– Ýoo-ok, azary bolmaz. Hezil edersiň...

Ogulnyýaz oňa ýene-de gygyrdy.

– Meniň bilen işiňiz bolmasyn. Eger ýene azar berseňiz, menden gaty görmäň...

Taňry Berdiýewiç geň galdy.

– Ýa şeýlemi? – diýdi.

Ogulnyýazyň hudaý diýen ýeri bar eken. Şol wagt içeri Geldijik bilen görmegeý ulugyz girdi.

– Enem iberdi-läý – diýip, Geldijik ekabyrsyrady. – Sülgüne bar görüp gaýt, hemem ýyljak çörek elt diýdi-läý...

Ogulnyýaz özi bilen deň-duş gyzyň gelenine begendi. Kalbynyň hasraty didelerine siňip dursa-da, ýylgyran boldy.

– Bike eje gurgunmy? – diýdi.

Sülgünem aýyň bölegi ýaly bolup, ýylgyrypjyk otyrdy.

– Enem, agşam sag-aman bardymyka? – diýip, alada edip otyr. Ahyry bizi iberdi.

Sülgün Ogulňyýazyň derdini duýmasa-da, onuň durmuşynyň juda çökderdigini aňdy.

– Agşam bize oturmaga gidäýeli? – Sülgüniň bu teklibi onuň gulagyna ýaksa-da, ol:

– Ýo-ok – diýip, bada-bat boýun gaçyrdy. – Sypyndygym öýe barmaly. Ýarawsyz gaýnenem bar. Aç-suwsuz ýatandyr, işige garap.

Sülgün turmak bilen boldy. Ogulnyýaz Geldijigiň başyny sypady.

– Jigim, bu günem meni ugradarmyň? – diýdi.

Geldijik göwnühoşluk bilen:

– Dagy näme! – diýdi.

* * *

Ogulnyýaz özüni ölümiň öýünde zordan öýe atdy. Ol juda ýadawdy. Taňry Berdiýewiç diýen adamyň juda bihaýa adamdygyna şu agşam ol has gowy göz ýetirdi. Ol adam öýlänem üç-dört gezek gelipdi, Ol ýuwaşlyk bilen samsyk-samsyk zatlary şo-ol samrap otyrdyю Aýja bolsa redaktoryň ýanyna gaýta-gaýta baryp:

– O gyzyň işlänok. Ähli erkegi daşyna üýşürip otyr – diýip şip-şip edip durdy. Onsoň redaktoryň özem onuň ýanyna birki gaýta girdi. Her sapar girende-de onuň gözi Taňry Berdiýewiçe düşýärdiю

– Näm-ow! – diýip, ol ahyry Taňry Berdiýewiçe igendi. – Seniň kabinetiň, işiň ýokmy?

Taňry Berdiýewiç bihaýalyk etdi.

– Içim gysýar, azajyk oturaýsan-aý – diýip, haýyş etdiю Äý, öwrenişýänçä, gümür-ýamyr edip otyrys...

Redaktor Ogulnyýaza gözüni alartdy.

– Keselhana gitdiňmi?

Ogulnyýaz başyny ýaýkady.

– Näme üçin?

– Keselhanada işim ýok...

Redaktor aýagy bilen poly depdi.

– Sen, gyz, maňa etjegiňi edip ýaşynanyň, çolananyň derkar däl. Sen gaty gowy bol. Seniň köpbilmişsiräp, saman astyndan goýberen suwlaryndan bizar boldum. Senden başga işim gyt däl meniň...

Ogulnyýaz näme diýsin. Sesini çykarmady. Redaktor Taňry Berdiýewiçe tutundy.

– Gördüň dälmi? Aýt, diý, bu gulagyndan girip, o gulagyndan çykýar...

Ogulnyýaz parahat geplemäge çalyşdy.

– Daýy, meniň günäm ýok. Siz bigünä halyma igenýäňiz. Iş buýurdyňyz, etdim. Ýene iş beriň. Men, men...

Redaktoryň äýnegi silkindi.

– Men ýalançy, ä, men samsyk, ä, men hiç zat bilemok, ä! – Ol barmagyny çommaltdy. – Gözüňi jüýjertme, sen ýalyjaklary okadaryn men...

Ol hüňürdäp, gahar bilen çykyp gitdi.

– Aý, ol däl-ä – diýip, Taňry Berdiýewiç Ogulnyýazy köşeşdirermen boldy. – Oňa bar, ugra, diýäýerler.

Ogulnyýaz halys çydap bilmedi.

– Daýy, çykaýyň, baryň ýeriňize, redaktor gaty käýedi.

Taňry Berdiýewiç gulaklaryna ynanmady-da apparatyny barlady. Soňam:

– Ä-ä, neme, düşündim? – diýdi. – Ol ýene-de ters aýlandy.

– «Bolmaz» diýseňizläň...

Ogulnyýaz ýüzüni agraslandyrdy. Emma jogap bermedi... «Bu adamlaryň biri-birinden doýgundygyny. Dogan-dogan bolup ýaşap bolanokmyka?..». Onuň häzir ýekeje arzuwy bardy, olam birje sagat uklamakdy. Nämüçindir süňňi agyrdy, işdäsi ýokdy. Bike daýzanyň iberen ýarty çöreginiň duzunam datmandy. Onuň derdiniň üstesine, redaktoryň igençleri, Aýjanyň bolşy, Taňry Berdiýewiçiň ýoknasyzlygam urnady.

Ol jaýlarynyň girelgesine nädip ýeteninem bilenokdy. Pikir köpdi. Çykalga ýokdy. Bir göwni işi taşlap, öýde otur diýýärdi. Soňurrak pikiri düýbünden üýtgeýärdi. «Işle, gowulygyň bilen özüňi aldyr» diýýärdi.

– Gyr-na-ak! – diýip, kimdir biriniň sesi ony özüne getirdi. – Işdenmi?

Ogulnyýaz süýt reňkli «Wolga» maşynyň ýanynda Annasoltana gözi düşdi. Maşynyň içinde oturan buýra saçly, gara pyýada hem daş çykdy-da, käse ýaly gözlerine bu ýaş gelniň didaryny galyplady. Annasoltan saçyny selkildeden bolup, ol oglana ümledi.

– Synla!

Ogulnyýaz sesini çykarman geçip barşyna:

– Eý, allam, abraý bereweri! – diýip, içine tüýkürdi.

Öýde Towşan gelin otyrdy. Ol daýzasy bilen çaý içýärdi.

– Kim geldi, gyz? – diýip, işik açylaryňa mähetdel daýzasy azm bilen gygyrdy.

– Daýza, bu men.

– Anha, geldi – diýip, Towşan gelin tolgunçly aýtdy. Razy bolaýsa...

Daýzasy ony arkaýyn etdi.

– Näme razy bolman, baýam razy bolar...

Ogulnyýaz ýylgyryp içeri girdi. Ony haýran eden zat, ol daýzasynyň öňüne çaý alyp, hoşamaý bolup oturan wagtyny ilkinji sapar görýärdi.

– Çaý bereýinmi? – diýip, Ogulnyýaz aşhanadan çykyp aýtdy. – Naharam gyzdyrýan...

Daýzasy sesini çykarmady. Towşan onuň özüne hödür-kerem etdi.

– Häzir, häzir. – Ogulnyýaz eşiklerini çalşyryndy. Elini-ýüzüni ýuwdy. Soň gelip, saçagyň başynda dyz epdi.

Towşan gelin gapdalyndaky ullakan düwünçegiň üstüne elini patladyp goýdy.

– Kürte getirdim. Çaprazly-çaňňaly. Durşuna şaý. Geýip göräý...

Ogulnyýaz owadanja ýylgyrdy.

– Daýzam gören bolsa bolýar-a, gelneje...

Towşan gelin özelendi.

– Geýäýsen-e.

Ogulnyýaz näzini çekdirip durmady. Durşuna kümüş, altyn çaýylan şaýdan doňup duran kürtäni başyna atdy.

– Bolýarmy?

– Bolar!

Towşan gelin kürtäni düwünçege düwdi-de, Pugta daýzanyň gapdalyna süýşürdi.

– Ýegşenbä çenli durubersin!

– Bor-la...

– Men onda gideýin, barmaly ýerim bar...

– Bor-la...

Daýzasynyň bu bolşy Ogulnyýazy haýrana goýdy. Ol ýöne «bor» «bolýa» diýip durdy. Asyl, öz daýzasyňa meňzänokdy.

Öýdäki asudalyk, gelniň ýadawlygyny el bilen aýrana dönderdi. Ol saçagy, çäýnek-käseleri ýygnady. Daýzasynyň tufdanynyň gumuny täzeledi. Soň maşynynyň başyna geçdi.

– Gördüňmi? – diýip, daýzasy birden gygyryp goýberdi. – Häýt, gyrnak...

Ogulnyýaz atylyp daş çykdy.

– Ol heleý matalaryny getird-ä...

– Häzir, häzir, görerin – diýip, ol içeri girip-çykdy-da ýylgyrdy.

Daýzasy oňuň bolşuny halamady.

– Näme, aý gören ýaly, suwjuk-suwjuk ýylgyryp dursuň. Asyl ýok sende, alan terbiýäň gursun. Suwjaryp. Şoň sesini hasam gataltdy. – Ýaňky heleýiň ýaňynda-da kilçerip dursuň, özüňi saklap bilmän. Aýala şeýle, erkegiň ýanynda nähilikäň?

Içerden ep-esli wagtlap ses çykmady. Birsalymdanam, aýak maşynyň endiganja tygyr-tygyry eşidildi.

* * *

Annasoltan Myratjygy göterip, dabara bilen öýe girende, Ogulnyýaz düýnki başlan ýakasyny bolup barýardy. Ol gyz wagty çeken nagyşlaryny ýaka gaýanyny gowy görýärdi. Agyr nagşa girmejek bolýardy. Nagyş agyr bolsa, geýimi basýardy. Soňam gymmat bolany üçin kän geçginli däldi. Onuň salýan burunly, alajaly, soňam kerwen yzy nagşy pombarh geýimden başgasyna gaty gowy gelişýärdi. Bu nagyşlar obada ürç edilip gaýalsa-da, şäherde heniz ýoň bolmandy. Şäher gyzlary köýnegiň ýakasyna çyrpynyň, kürtäniň nagşyny salyp başlapdylar. Bu ýoň nämüçindir ýörgünli däldi. Bazar şonuň ýaly ýakadan doly diýýärdiler. Emma, nämüçindir Ogulnyýazyň ýakalary geçginlidi. Käbir aýalyň eliniň süýji, naharynyň gaty tagamly bolşy ýaly, käbir gelniň keşdesem owadan bolýardy. Gülýaýdy salaram welin, iliň «ýaprak seçdisinden» owadan bolup durandyr. Ogulnyýazyň gaýmasyn-a gyz wagty boýdaşlaram halardy. Nämüçindir, olaryň ählisi ýakasyny Ogulnyýaza bejerderdiler. Ol durmuşa çykýan gyzyň ýakalarynyň birküç sanysyny eýýämem taýýarlapdy. Onuň öňden duran dört-bäş ýakasam bardy. Gaty zerur bolsa, ol öz bukjasynda getiren

ýakalaryndanam berip biljekdi. Enesiniň aýdyşy ýaly, ol:

– Geýmäge janym sag bolsun! – diýýärdi. – Nesip bolup, Merdan jan gelse, işimi, azabymy elimden alsa, bäbejigimiz bolsa, ýaka tikmekden başga näme işim galýar...

Annasoltan Myrady içeri goýberdi-de, şol duran ýerinden:

– Wo-oh! – edip başam barmagyny gaňyrdy. – Halady!

Pugta daýza tisginip turdy.

– Näme boldy, gyz?

Annasoltan jak-jaklap güldi.

– Sekret, daýzaşka, öz sekretimiz!

Ogulnyýaz daýzasyna görä boldy. Ýüzüni, agras tutdy-da, çalnyp turup, Myratjygy gujaklady. Içinden: «Alla jan, bize-de şunuň ýaljak ogul ber, Merdan jan sag-aman gelsin diýdi.

Pugta daýza temmäkiniň awusyna gowy bitaýlaşan, özüne erki ýetýärkä berkiräk tutany üçin känbir bildirmese-de, häzir pinekläp, gowşaşan mahaly eýgertmän bir ýana agan sag gözüni owkalady.

– Ah, mes-ä, mes. Göwsüňe bat berip, her dereden bir öwsüberýäň-ä. Gülmän, düşnükli geple-ýä...

Annasoltan oňa diýýäňmem diýmedi. Ol öz syryňy ýaşyrjagam bolmady.

– Woh, gördi! Tüýs meniň diýenim eken diýdi. Razy bolsa bolýar, eklenç gaýgysyny etdirmäýin – diýdi.

Pugta daýza gulagyny üşertdi-de, indi birneme düzelişen gözlerini terezilendirip, böwrüne doňuz diňini saldy.

– Kim gyz, ol?! – diýdi.

Annasoltan Ogulnyýazdan hiç zat bolmajagyny bildimi, nämemi, özi bu zatlary utanç-haýa-da bilmänsoň, Pugta daýza-da aýdyp başlady.

Daýzaşka, bir gowy adam bar, woh! Uly sklatlaryň hojaýyny.

– Ady näme?

– Ady Apbak!

– Apbak!

– Hawa. Şol seniň ýegeniňi halapdyr. «Men diýýä, elimiň aýasynda saklaýyn. Ýag iýdirip, ýüpek geýdireýin. Daşyna hossar bolaýyn, äri gelensoňam, azar bermäýin» diýýä. Ýöne meniň göwnümi alsyn diýýä...

– Him-m!

– Öýüniň içinem «woh!» edip remont etdireýin. Daýzasy ikisiniň aýagy galan ömürlerinde türkmen halysyndan düşmez – diýýär. – On sany türkmen halysyny, reňkli telewizor, daşary ýurt holodilnigini ertir getireýin diýýär.

Pugta daýza ilki sesini çykarmady, soňam:

– Hany bizde olar ýaly bagt – diýdi.

Annasoltan sözüni has berçinledi.

– Men özüm-ä, janym bilen ederdim. Ýöne meniň Bekgişkam bar. – Ol

Ogulnyýaza bakan gözüni süýjije gyrpdy. – Ýa ikisinem sypdyrmaly dälmi, näme?

Daýza sesini çykarmady.

– Men oňa näme diýeýin?

Pugta daýzanyň gözjagazlary öçügsije alawlap başlady.

– Sklatçylaryň ketde hojaýyny bolsa eder – diýdi.

Annasoltan gapa ýöneldi.

– Onda, siz razy-da!

Ogulnyýaz ot alan ýaly boldy. Ol zowzuldap ýerindeň galdy.

– Ýo-og-eý, hudaý saklasyn! – Ol gahardan ýaňa ýanyp duran gözlerini daýzasynyň aýaklarynyň astyňa dikdi. – Daýz-a!

Daýzasy tisgindi.

– Bela-ýa! Näme beýle oda düşýäň? Seniň uçguryňy elläp barýan ýok-ha...

Annasoltan elindäki sagadyna garady:

– Wo-obşym, meniňki aýtmak. Men aýtdym, amanatymy boýnumdan aýyrdym. Galanyny özüňiz çözüň... Beýle bagt guşy adamyň başyna bir gezek gonýandyr. Onda-da siziň ýaly gedaýyň... He-he-he.

Ogulnyýaz dişini zerzaw edip gysdy. Soň düwünçegiň içinden on müň manat pul çykardy. Ol köprägem bolsa, nesip bolsa, gaýtararyn – diýdi-de, ony aldy. Bäş müň manadyny sanady-da, ýaňky sözleri aňynda aýlap, gyşaryp ýatan daýzasynyň ýanyna bardy.

– Daýza – diýdi. – Tikin haky diýip getiripdirler.

Daýzasy bäş müň manady howlukman sanady. Olary müň-müňden bäş bölege böldi-de, hersiniň daşyna öz içinden bir ýüzlük alyp, daşyna epledi. – Soň ýüzüni ajytdy. – Ol heleý köpräk diýen ýaly etd-ä...

Ogulnyýazyň ýüzi boz-ýaz boldy. Ol ogurlykda tutulana döndi. Gidip galan pullary hem alyp geldi.

– Men muňa tuty alaýaýyn. Bolmasa telewizor alaly. Saňa güýmenje bolar...

Daýzasy elini palawlatdy.

– Getir, getir, tutusyz oňupdyrys. Komissiýa gelip barlap, tutuňyz, telewizoryňyz bolmasa, çykyň diýjek bolup oturanok...

Ol gelniniň elinden ähli puly aldy-da, dyzynyň astyna saldy.

– Beýle telewizor göresi gelipdir. Şol dälmi, sizi balaksyz eden. Edep-terbiýesiz bedasyl...

Ogulnyýaz Myratjygy naharlady. Ony öz ýanyna eltdi-de, ýumşajyk, täzeje düşegiň üstüne oýunjak dökdi.

– Oýnaber, köşegim...

Myratjygyň gepleşesi gelýärdi. Ol Ogulnyýazyň hasratly, emma dogumly ýüzüne garap-garap ahyry dillendi.

– Gyýnak, aý Gyýnak! – Ogulnyýaz eli bilen maşynynyň tigrini saklady.

– Jan-a!

Myratjyk dokja, päkizeje ýüzünem galdyrman pissäniň maňzy ýaljak

dodajygyny çommaltdy.

– Hany siziň dädeňiz?

Ogulnyýaz ýylgyrdy.

– Bilemok?

Myratjyk geň galdy.

–Däde bolsa gowy, hä?

Ogulnyýaz oňa düşündi. Ol Myratjygyň başyny sypady.

– Biziň dädemiz hol, uzakda. Basym geler.

Şonda akja bäbegem geler-hä?

– Haw-wa.

Myratjyk boýunjygyny buýsançly burdy.

– Bizde kö-öp däde bar. Maşynlaram bar. Mamam diýýä, «ýene kö-öp däde alarys» diýýä. – Ol birden saklandy. – Gyýnak, a Gyýnak, saňa-da däde beräýeli...

Ogulnyýaz ör-gökden geldi.

– Waý, ýoo-ok, dädeň özüňize nesip etsin. Öz dädemiz geler..

Myratjyk dodajygyny ýene çommaltdy.

– Mamam aýdýa, bir dädäni Gyýnak gelnejä beýjek diýip.

– Ýoo-ok, hudaý saklasyn. Biziň öz dädemiz geler.

– Ýoo-ok, diýip, Myratjyk hem ýeň bermedi. – Siziň dädeňiz akja bäbek alyp gelýänçä beýjek, soň aljak...

– Ýok, ýok, beý diýme, aýyp bolar...

Ogulnyýaz oýa batdy-da, maşynyny gaty-gaty sürdi. «Ol aýal bu çagajygy nädäýipdir. Hudaýym, abraý bereweri...»

Myratjygyň dodajygy ýene-de çommaldy.

– Gyýnak, aý Gyýnak! – Ogulnyýaz oňa üşerildi. – A akja bäbek hiç gelmese nätjek?!

Ogulnyýazyň endamy gyzyp başlady.

– Beý diýmezler! – Ol çaganyň badyny almak üçin birneme zarply aýtdy,

Myratjygyň bolsa azaryna-da däldi.

– A dädeň hi-iç gelmese nätjek? Şonda biziň dädemizi alarmyň?..

– Geler, geler...

Ogulnyýaz oda düşdi.

## 10.

Awtobus Saragta onuň ýarynda ugrady. Towşan gelin hil bir gelnini çörege äkidýän kişi bolup, gabarylyp, onuň gapdalynda otyrdy. Ony garaýagyz, aýagyndaky balagy ýuwlup-ýuwlup, girip dyzynyň bäri ýanyna ýeten, kellesindäki ýenjim-ýenjim şlýapanyň eteklerinden kirjimek, hüjjük saçlary dökülip duran orta ýaşly adam ugratdy. Ol köne kostýumynyň kelte ýeňinden bir garyş artyp duran gara eli bilen oturgyjyň tutawajyndan ýapyşyp, beýleki eli bilen endamyna syrlaşyp ýatan balagynyň jübüsini sermedi. Ondan iki sany ellilik çykardy-da, Towşan gelne uzatdy.

– Munam alaý. Ýolda çigit alarsyňyz.

Towşan gelin ýüzüni-gözüni çytdy-da elini kelewletdi.

– Ýoo-ok. Bar-a. Berdiň-ä, şol bolar.

– Şol boljakmy, onsoň? – diýip, onuň üstüne abanyp duran adam aýtdy. – Bolýa-la, şol bolsa, artykmaçlyg-a etmez. Eýesiz, puldan dokam bar-ow. – Ol birhilije ýylgyryp, yzyna garady. Towşan gelin ony ugradyp bilse kaýyla döndi.

– Boldy. Indi gidiber...

– Bolýa-da – diýip, hälki pyýada birki ädim ädýp, işige bardy-da, ýene durdy. – Alaýsan-a bolmasa, agramy ýog-a.

Towşan gelinem hötjetligine tutdy:

– Ýo-ok, waý, masgara etdi, gyz. Gerek däl.

Ol adamam gidäýmedi.

– Çigit alnarsyňyz how, ýolda...

Towşan gelniň ýüzi şugundyra döndi.

– Ýok, be, git indi. Çigit derdim däl...

– Bolýa-da – diýip, hälki pyýada awtobusdan düşüp, aýnanyň öňüne geldi-de, iki gözüni Ogulnyýaza dikdi.

– Adamym! – diýip, Towşan gelin buýsanç bilen aýtdy-da:

– Gaýdyber – diýip, daşarda duran adamsyna elini salgady. Adamsy «hiç zat eşidemok» diýen manyda gulaklaryna barmagyny dürtdi. Ol aýalynyň ýylgyrýanyny görüp, ýyrşardy. Soň ýüzüni bekedip, hälki pullary uzadyp, «alaýsan-a» diýen manyda ümledi. Towşan gelniň ýüzi ýene-de gamaşdy. Ol «Bar gaýt, gerek däl pul» diýen manyda ümledi. Oňa çenli awtobusam ugrady.

– A gyz, gelin alyp barýaňmy? – diýip, awtobus ugrap-ugramanka bir döwüm çöregi eline alyp, gäwüşäp başlan oral aýal bilesigelijilik bilen sorady.

Towşan gelniň göhi geldi.

– Daýymyň gelni. Çörege çagyrdylar. Şoňa barýas.

– Tejenemi?

– Saragta!

– Baý-buw.

Aýallara güýmenje tapyldy.

– Haçan edindiňiz, gyz, gelni?..

Towşan gelin özüne hödür edilen çörekden ep-esli döwüp aldy-da, galanyny yzyna gaýtardy. Soň agzyna bir bölek nan saldy. Onuň güýmenmesi ýöne ýere däldi. Ol bahana bilen ýol gözleýärdi. Aýy-güni hasap-hesip edýärdi.

– Ýaňy gaýtaryp getirdik-dä, Kän wagt geçenok, edinenimize..

– Nireden edindiňiz? – diýip başga biri sorady.

– Bäherdenden...

Awtobusdakylaryň içinden Bäherdeniň gyzam çykdy.

– Waý, biziň öz gyzymyz-a. A gyz, kimlerden? – Ol asyl bäri gelip, kimkä? – diýip, gelniň kürtesini galdyryp, ýüzüni açmaga-da ýaltanmajak bolup dur. Towşan

gorkdy-da yzyny gömüp başlady.

– Sen tanamarsyň. Olaryň asly Bäherdenli. Özleri häzir Aşgabatda. Mürrük diýýärler. Gurluşykda garawul...

Oturanlardan ses çykmady.

Ogulnyýaz özüni alyp barýan bu aýalyň ugurtapyjylygyna haýran galdy. «Näme üçin ýalan sözleýärkä?» diýip oýlandy. Kürtesiniň alyndaky ak seçekleri timarlap, özüni tanajak bolan aýaly synlady. Gören adamsy däldi. Ol töwerege garady. Kakanyň günbatar ýüzündäki sähralar tä daga çenli tep-tekiz bolup, erte-birigün gül-gülälege bürenjek bolup otyrdy. Howa ýüpek ýaly ýakymlydy. Asman tä düýbüne çenli arassady. Diňe ap-akja sümek ýaly bulutlar ine-gana sallanjyrap seýil edip ýördi. Ýoluň gyralary eýýäm maýsalapdy. Göklük gözüňi ýadadýardy-da, kalbyňa agyrlyk, rahatlyk salýardy.

Häli «gelnejesiniň» özüni tanatmajak bolup «at oýnadýan» mahaly laplap gyzan ýüzi az-kem sowaşypdy. Ýöne bu ýakymly baharyň demi süňňüni ýeňletdigiçe, kürte ony basyp alyp barýardy. Ol beýle agyr kürtäniň bardygyny hiç wagtam oýuna getirmändi. Öň öýlerinde başyna bürelen kürte dagy munuň ýanynda ýelek ýalydy. Aknabat gelneje beýleki ýüzi suwly halatlary bilen onam sogrup alyp, eýesine eltipdi.

– A gyz, kürtäň gowy eken, özüňiziňkimi?

Ogulnyýaz geçirilen halatlaryny erbedem görmändi. Edil aňrybaş bolmasa-da ponbarhtyň birküç dürlüsi, han gyňaç, keýik suratly gyňaç bardy. Ýöne nämüçindir Aknabat gelnejesi olary kän bir elledenokdy.

– Baransoň il-güne görkezmeli. Tikilmän şeýle goýuň. Aşgabadyň däbi şol, gowy matalary tikmän eltmeli – diýipdi. Oba adamlary «özüňize ýaranyny ediň» diýipdiler. Gyzyň ejesi, enesi bolsa zadyň ýüzüne gaňrylybam bakmadylar. Şeýdip Ogulnyýaz öýden öz eşikleri bilen çykdy. Gelensoň, gözi galyp höwes eden üç dürli ponbarhtyny, aňrybaş diýilýän ýaglyklary Aknabat gelneje sogrup aldy.

– Iliň edýäni şol. Karz aldyk. Henizem bendeler getirenimiz üçin hak soranoklar. Ýöne, şonda-da olary boş goýmaly däl.

Ol şol zatlaryň eýesine «taňry ýalkasyn» hökmünde gelniň öz bukjasyndaky gowy «gyraw» matany aldy. Ogulnyýaz bu aldaw-hilä haýran galsa-da, enesiniň «geýmäge janyň sag bolsun!» diýenini gaýym tutdy. Sesini çykarmady. Sesini çykaranda, arzyny kime aýtsyn. Aslynda ol dil ýaryp, diýip, urup-ýaryp hakyny aljak maşgala däldi. Enesi aýtmyşlaýyn: «Agyn ejesidi. Meni urany, hudaý ursundy...»

Ogulnyýaz şonda beýleki matalara «owarram» diýse-de kürtesiniň başyndan sypyrylmagyny gaty görüpdi. Olaryň kadasy boýunça ýaňy öýe  düşen gelin tä gaýtarylýança kürteden çykarylmaýardy.

Il şonuň üçin olara «ýüzi açylmadyk maşgala» diýýärdi. Gelniň ýüzi gaýdyp gelenden soň açylýardy. Onuň gelinligi talaňa düşüpdi. Ýaňy gelenine on gün bolmanka işe salynmamy, sögülmemi, depilmemi, urulmamy, öýden kowulmamy, musurmana gelişmejek zatlar depesinden inipdi. Ine, şonuň üçinem häzir kimdir biri «kürte özüňiziňkimi?» diýende şaýlaryny şaňňyrdadyp, tisginip gitdi. Bu kürte-de

onuňky däldi,

– Hawa-la gyz, dagy kimiňki bolsun. Daýzam dagy pul baryny döküp, «bäş gelnime-de bolsun» diýip aldy. Şaýy zady bilen...

– Bäş ogly barmy gyz!

– Alty!

– Tüweleme, her ýerde döwletli adamlar barow.

Aýallar köp ogullylyk, olary öýermek, köp gelni oňuşdyryp, öýde saklamak baradaky gürrüňe kellelerini sokdular-da Ogulnyýazy başlaryndan aýlap urdular. Ogulnyýaz ýene-de öz-özi bilen galdy. Onuň ýadyna ýene-de Aýja düşdi.

...Aýja ikinji gün işe gelmändi. Emma üçünji gün hiç zat bolmadyk ýaly bolup, Ogulnyýazyň ýanyna geldi. Ýylgyran boldy.

– A gyz, ol hudožnik söýgüliň ýatyr, gyz – diýdi. – A, gyz, onuň gözüni çykaraýypsyň-la, näme bilen urduň...

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Aýja hasam möwjedi.

– Taňry Berdýewiçem myssaraýypdyr. Öň-ä ölüp-öçüp barýardy. Indi ýöne elini silkäýýär-ä. Sen olaryň baryny birden ürküzme, gyz. Erkegiňem gerek bolýan wagty bolýandyr...

Ogulnyýaz çäýnekleri çaýkamaga daş çykdy. Ol içeri girende Aýjanyň çakyr sesini eşitdi.

– Waý, özi ölüp barýan gelni yryp bilmeseň, sendenem erkek bolarmy? Özi aýt-da, «gowy görýän» diýip, öwlüýä kessin.

– Ýok – diýip, Taňry Berdiýewiç mydyrdady. – Ol meniň diýýänim däl...

Aýjanyň sesi giç çykdy.

– Waý, gyýw, dagy onuň özi gelip, «men seni söýýän» diýsinmi?..

Telefon jyňňyrdady. Ony Aýja göterdi.

– Alýo, waý, Allakuly, gyw, senmi? Çykdyňmy? Haçan çykýaň? Şeýlemi? – Onuň sesi çykmady. Ýok-leý, redaktor ony barybir «saklajak däl» diýýär-ä. Maňa «öýlerine-git, gaýyn enesini görüp gaýt» diýip otyr. Bütin şäher täze gelen gelin Allakuly Annany urup, gözüni çykarypdyr diýip gürrüň edýärmiş. Redaktor aýdýar-a «Men jaň edilmedenem irdim» diýýär – Aýjanyň sesi ýatdy. Ýöne ol trubkany goýanokdy. Razy bolar, indi başga diýeniňe-de razy bolar. Ýöne suda bermeseňem, milisiýa çagyrdyp, gowja gyssat. Bolýar, onda. Aýdaryn...

Aýja ýene-de geldi.

– A gyz, keselhanadaky meýit jaň edýär. Utançsyz, gyzy ýaly çaga: «meniň diýenimi etmese, suda bererin» diýýär. Ýer çeken, utanman...

Ogulnyýazyň göwni nämüçindir Aýjanyň bolşy näçe gyzgyn, gaýnap duranam bolsa sowadyp, mylaýymlaşdyryp ýetişip bilýärdi, emma Annasoltanyň bolşy onuň ýüregine dag bolup basylýardy. Ol öten agşamam ogluny göterip gelipdi.

– Sen gyz, özüňi asmandan asm-a. Olar henizem maňa hormat goýýarlar, sylaýarlar. Ýogsa seniň ýalyny köçede maşyna basyp, kanalyň boýuna taşlabam bilýär olar. Sen meni aldap ýörme...

Ogulnyýaz öňki agşam onuň daýzasyna aýdan sözüne-de dünýä sygman ýördi. Indi ol haýbat atyp başlapdy. Asyl, garaw görmese, ol özüni süýräp, köçä taşlamadanam gaýtjak däldi. Bu bolşam depelemeden gowy däldi. Ogulnyýaz baryp işigi açdy.

– Çyk!

– Näm-me – Annasoltan ellerini bykynyna urdy. – Sen kim? – Ol sesini gataltdy. – Indi maňa haýbat atarça...

– Çyk!

– Näme üçin?

– Depeleme. Bizi günümize goý, alladan gork...

Annasoltan özüni sahnada «Harmandälide» oýnaýan jadygöý kempir däldirin öýdenokdy.

– Sen meni tananog-ow. Tana, men ärime boýun egmän öýden kowan heleýdirin. Sen ýaly geçijik näme?

Ogulnyýaz Myratjygy elinden tutdy-da, ejesine tarap alyp geldi.

– Ogluňam al-da, bizi günümnze goý. Gaýdyp, şu işikden gelme! Men seniň hapa gepiňi mundan artyk çekip biljek däl.

Annasoltanyň bolmajasy boldy. Ol işigi depip goýberdi.

– Haram gyrnak!

– Hawa, men gyrnak!

– Tf-fuw, porsy, gedaý öýüňe it girsin.

Ogulnyýaz sesini çykarmady.

– Sen adyňa laýyk. Tüýs gyrnak. Gyrnaklygyňa-da haram ölersiň.

Ogulnyýaz ýüzüni ýerden galdyrman ýuwaşja sözledi.

– Men gyrnak, ýöne hudaýyň gyrnagy. Sen welin haram keýpiň gyrnagy!

Annasoltan bu sözi eşidip, aýy kimin atylyp, Ogulnyýazy darap başlady.

– Gyrnak! Gyrnak!

Ogulnyýaz öýde geýýän köwşüni aldy-da, onuň ökje tarapy bilen saçyndan penjeläp, janyny alyp barýan aýalyň ýüzüne birki sapar janhowluna saýgylady.

Annasoltan saçdan-beýlekiden geçdi-de, iki eli bilen ýüzüni tutup, girelgä gapgaryldy. Ogulnyýaz ýüregi ýarylara gelip aglaýan Myratjygy çykardy-da, işigi ýapdy. Şondan geçse iki sagat geçendir, olaryň eýwanlarynyň birki aýnasy pagşyldap gitdi. Kimdir biri:

– Eý, Gyrnak, jelep, çyksan-eý – diýip gygyrdy. Sesiň yz ýany bilen ýene-de agyr daş penjirä degdi-de, aýnany kül etdi.

– Haý, haram ganjyk. Ýala gelen ganjyk ýaly guýruk bulap, guýruk bulap, bar guduz köpekleri örüzdiň gerek. Haý seni... Hada bolsun...

Ogulňyýaz sesini çykarmady Ýöne daýzasy halys goýman-soň:

– Daýza, mende nä günä bar? Görýäň-ä depeläp durşuny. Hudaýyndan tapmyş... Senem haý diýäýeňok oňa...

Daýzasy köşeşer ýaly däldi.

– Goý, görup durun-a ol gelin bilen ýankalaşyp, ýolmalaşyp uranyňy. Milisä aýdyp, öýüňi dökdürse, niçiksi bir pul...

Daýzasynyň diýeni boldy. Sagat onlarda kimdir biri işigi gaty-gaty urdy.

– Açyň!

– Kim?

– Milisiýa!

Ogulnyýazyň işigi açjak bolanam şoldy, daýzasy wägirip ony aklady.

– Açma, kemçin?

Ol hemişe dyzynyň aşagynda saklaýan düwünçegi ylgawyna aşhana eltip geldi. Hemişe oturyp, birden beýle ylgany üçin erbet daljygyp, gepläbem bilmedi.

– Aş – diýip, elini salgady. Ogulnyýaz işigi açdy.

Eli sübseli gelni görüp milisionýer günäkäri gözeleýän ýaly, ýadaw gözleri bilen içerini sermeledi.

– Haýlyýewlermi?

Gelin başyny içeri atdy. Milisioner yzyndaky goly gyzyl daňyly dört ýetginjegi girelgede goýup, köwşünem çykarman, içeri girdi. Ol iki elini ýüzüne tutup eňräp oturan aýaly görüp, onuň garşysynda dyz epdi.

– Garry, näme bolýar?

– Wah, ölýän oglum. Seniň ýaly bir garagöz, çynar ýaly oglum bardy. Ony eltepeden çykardylar. Indem, hanha, eýwany daşlap goýanoklar, goýanoklar, men aglaman kim aglasyn. Ýumruk ýaly gyrnak bilen otyryn, iki aýagymy göre sokup...

Milisioner garry aýala, birem jeren owlagy ýalyjak eýjejik gelne garady-da, geň galdy.

– Annasoltan Artykowany kim urup, masgaralap kowdy? – Ol dodagyny çöwürdi. – Ýüzi görer ýaly däl-ä onuň. Üstüne galtaman çopan ýaly.

– Waý, balam, bagtym ýatd-eý. Işim gaýtd-eý! – Ol indi iki aýagyna urup, oturan ýerinde agy gatyşykly gykylygyna başlady. – Äkitmäň-eý, ony äkitmäň...

Milisioner ýigit hem gaharlandy hem gülümsiredi.

– Garry, goý sesiňi. Bolmasa seniň özüňi äkideris.

Ogulnyýaz doňup otyrdy. Oglanlar Annasoltany alyp geldiler.

Annasoltan içeri girmedi. Ýüzüni gyp gyzyl edip, dommarylyp daşky söýä ýaplanyp durşuna, içeri bakan agzyny towlap goýberdi.

– Hany, giriň.

Kowlan ýerime girip näme, men haram gyrnakmy?

Milisioner ýigit planşetinden iki tagta ak kagyz çykardy-da, ony goýara ýer tapman, planşetini dyzynyň üstünde goýup, onam kagyz bilen ýapdy.

– Näme boldy, aýdyň? Soň maňa gepiňiz gerek däl. Protokol düzüp, etraba geçirerin, goý, özleri çözsün...

Annasoltan içeri girdi.

– Bolan zat. – Ol elindäki ýaglygyny aýryp, barmagyny gözüne dürtdi. Göreňokmy? Iller näme diýer? Äri ýok, ýöne oýnaşy suwa salma ýenjipdir diýerler.

Men gözümiň gögi bilen sahna nädip çykaýyn? Onsoňam, ärsiz çaga saklap oturan aýala, at gazanan artiste näme üçin el galdyrýarlar... Çagamda näme günä bar? Onam itip-itip çykaryp goýberdi.

Milisioneriň dawanyň nämeden gaýdanyny anyklasy gelýärdi. Onuň müň derdi bardy. Şonuň üçin başaryp bilse, bulary ýaraşdyryp, gepi tamamlamalydy.

– Ilki näme boldy?

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Pugta daýza bolsa dyzynyň üstünde doňup galan düwülgi ýumrugyny göterip bilmän, «näme bolarka?» diýen manyda gara, kürşük-kürşük ýüzüni ýere sallap otyrdy. Ýene Annasoltan gepläp başlady.

– Ilki näme boldy diý, men Myratjany getirdim.

– Myrat jan kim? Azajyk duruň...

– Meniň oguljagaşym?

– Ony näme maksat bilen getirdiň?

Annasoltan gözüni tegeledi.

– Ä – diýip, birdenem, çykalga tapana döndi. – Men oguljygymy bulara sakladýan. Aýyna alty ýüz manat berip...

– Hawa!

– Işe gidemde, özem diňe agşamyna goýup, işden gelenimde alýan. Bu günem oglumy getirdim... Ine, bolan zat. – Ol ýene gözüni görkezdi. Milisioner başyny ýaýkady.

– Ol sen ýok, men ýok, alyp çekiç bilen urubermez-ä?

– Näbileýin, urdy öz-ä!

– Häzir meni uranog-a. Sen bir zat diýdikmi, ýa ol bir zat diýdimi? Uruşmak, gygyryşmak üçin gaharyny getirmeli. Nämä gaharyňyz geldi?

Annasoltan sesini çykarmady.

–– Aýdyň? Bolmasa etrapdan milisiýa çagyrjak...

Bularyň bolup oturyşlary gepiň bu gije gutarjagyna meňzemeýärdi. Şonuň üçin Pugta daýza ara goşuldy.

– Olar äriň dawasyny etdi. Olara nemesi bilek ýaly är gerek.

– Nähili, äriň dawasy?

Aýallaryň üçüsem dym-dyrsdy.

– Bilemok! Ýa häzir ýaraşyň, ýa-da düşündirişiňizi ýazyň.

Ol ruçka bilen kagyzy Annasoltana uzatdy.

– Men öýümde ýazaýaýyn.

– Ýok, şu ýerde. – Ol ýene bir kagyzy Ogulnyýazyň önünde toýdy.

– Al, senem, näme bolan bolsa ýaz.

Ogulnyýaz kagyza garady-da ýuwaşja:

– Kakam naçalnik milisedir. Siz maňda azar bermäň. Ýanyna göni baraýaryn – diýdi. Milisioner ýigidiň gözlerli petredi...

Ogulnyýaz häzir şol surnukdyryjy agşamdan uzakdalygyna begendi. Ýöne ol hiç zat ýazmandy. Milisioner eýýäm onuň bilen başgaça gepleşýärdi. Ol gijäniň bir mahaly

olary eýtdi-beýtdi «ýaraşdyrdym» etdi. Eýwanyň, penjiräniň döwlen ýerlerini gördi. Sögündi. Daşlaryň biriniň daşyna ýaglygyny dolap aldy. Annasoltanam syrtyna sapan degen ýaly bolup gitdi. Daňdanky bolan waka hasam mojukdy. Işikde Abdy durdy.

– Hä-ä! – diýip, ol girelgäniň agzyda awuna towusjak ýaly bolup durşuna samrady. – Gel.

Ogulnyýaz salam berdi. Son. öz ugruna gitdi. Abdy, nämeüçindir oňa kömekleşmedi. Tigrinem çile ýanap goýup, edil bir garantgy goýlan ýaly, şol bir duran ýerinde durdy. Ogulnyýaz süplükleri döküp gelenden soň, Abdy gozgandy.

– Dur

– Näme, daýy!

Abdy töweregine garanjaklady.

– Gel, at oýnatmaly. Däliden dogry habar. Sen meniň bilen boljakmy, ýa-da ýok?..

Ogulnyýazyň depesinden gaýnag suw guýlana döndi.

– Toba! Hudaý diýiň!

Atyp gelýän danyň ak nury onuň köne ýüzüne düşüp gitdi. Bu adamyň essinde däldigini Ogulnyýaz aňdy.

– Daýy, men sizin öz gyzynyz ýal-a. Siz mana gyzym diýdiňiz-ä...

Abdy erbet titredi.

– Ýok, meniň gyzym az däl, diýjek bolsam. Men size aşyk. Men sizi işe aldym, näçe gün kömekleşdim. Pulam bermediňiz, olam owarram. Indi haklaşaly...

Ogulnyýaz sesini çykarman gidiberjek boldy. Abdy badyna gelip onuň elinden tutjak boldy. Emma Ogulnyýaz bu hyrsyz adamyň pälini aňdy. Ol uzyn sübsäni naýza ýaly tutdy.

– Ýok boluň! Eger päliňizi düzüw tutmasaňyz kakam naçalnik milisedir. Ýanyna barar ählisini aýdaryn.

Abdynyň elleri howada doňup galdy.

– Men söýýän, söýýän, özüm, özüm...

Ol patanaklap, tigrine bakan ugrady. Soň yzyna-da garaman, daňyň ak tümüne siňip gitdi.

«Geldi jan, ömrüň uzak bolsun. Iki beladan-a alyp galdyň. Nesip bolsa, Saragtdan gelenimden soň, saňa gowy tahýa keşdeläp bererin...».

Awtobus Tejene geldi.

– Wah, Şäminiň beren puluny alaýmaly ekenik, pahyrjygym diýdem-le welin, etmedim-dä – diýip, Towşan gelin awtobus duralgasynyň ýanynda çigit satyp oturan daýzalary görüp tykyrap başlady. – Ownugymam ýokdur...

Ogulnyýaz göwnüne hiç zat getirmän, gapjygyndan iki sany elli manat çykardy.

– Gelneje, alyň!

Towşan gelin sesini çykarman aldy-da, düşüp, çigit, sakgyç alyp geldi.

– Waý, atalarynyň iki bahasy, gyz. Çigit dagy Tejende arzan bolmal-a. Aşgabadyňkyça bar...

– Azaby deňdir – diýip, yzda oturan gulakçynly ýaşuly aýtdy. – Gaýta, şu ýerde gymmat bolmaly. Aşgabatlylar bärden arzan alyp, aňyrda bahaňy asmana çykarmaz ýaly...

Ogulnyýazyň çigit bilen seri ýokdy. Ol bu ýolda özüniň ykbalyny saldarlamaga wagt tapypdy. Dogrusy, şu wagta çenli onuň oýlanmaga elem degenokdy. Diňe...

Hawa, ol bu adamy indi ikinji gaýta düýşünde görýärdi. Özem şol bir boluşda.

...Gelnalyjy aňyrdan aýdym-saza beslenip gelýärdi-de, işikde saklanýardy. Gelni içeri salýarlar. Içeri onuň köne başlygynyň kabineti. Ol kabinetiň işiginde saklanýar-da kürtäniň bir ujuny galdyryp töre garaýar.

Başlygy ýerinden turýar.

– Geldiňmi? – Ogulnyýaz näme diýjegini bilenok.

Ol şu daňdanam şol düýşi gördi.

– Biz seniň ýanyňda. Hiç zady alada etme – diýdi. Özem, käbir kinolarda görkezilýän «demir adamlar» ýaly – hemmämiz daşyňda. Sen abraýyňy saklaber – diýdi. Soňundanam birhili gussaly. – Oýlan. Oýlan! – diýdi-de öýüne bakan gaýtdy. – Ogulnyýaz tisginip oýandy. Ol ukuly oýlandy. «Nämäni oýlanmalyka?». Ýene-de şol tanyş ses ýaňlyndy.

«Nirä barýanyňy?», «Nirede duranyňy?», «Nireden-gelýäniňi?».

Daşarda bolsa adamlar aldygyna küşt depýärdiler.

– Aý, dünýä, dünýä, dünýä, dünýä, ah-ha. Wah, dünýä, dünýä, dünýä.

Ol tisginip, töweregine garady. Kimdir biri onuň içindäki pikirlerini okap, oňa jogap beren ýaly boldy. Özem şol tanyş sesdi.

Ogulnyýaz üýtgeşik adamam, oňa jogap berjek bolýanam görmedi. «Men nireden geldim?». Ol özüniň Aşgabada getirilişini, gaýnenesini, Merdany ýatlady. Emma eline ilen zat bolmady. Žurnalyň redaksiýasyny ýatlady. Redaktorynyň ýüzüniň ýarysyny äýnek bileş bekläp, hiç zady seljermän «tamam» diýip duran pyýada nebsi agyrdy. «Onuň bu edarada nebir sylagy, ne-de bir gadry bar. Ýöne başlyk ady bar, pahyryň. Onsoň kim näme diýse, şona ynanyp otyr...»

«Aýja näme? Ol näme üçin oda-köze düşüp, erkek görse öňünde ýaýaplap, meni ýamanlap ýörkä? Ýa men erbet bolsam, özi gowy boljakmyka? Ikimizem aýal-a. Birek-biregiň abraýyny saklamaly dälmi? Birek-birege hemaýat etmel-ä. Biz agzybir bolsak, erkeklerem aýallaryň abraýyny saklar. Aýja meçew bermese, Taňry Berdiýew dagy heý zenana baş galdyrarmy? Aýja günäkär, Allakuly Annanyň meniň üstüme şir bolmagyna-da, Taňry Berdiýewiň «söýen» bolmagyna-da, Redaktoryň günäm ýok ýerinden meni dalap durmasyna-da. Aýja bilen gowy gürleşmeli...».

Onuň göz öňüne Annasoltan geldi. Ogulnyýaz nirede oturanynam unudan ýaly, gaýra-gaýra çekilermen boldy. «Seniň joraň, sapak alýanyň Aýja künti bolsa, men saňa görkezerin...»

«Annasoltan başga! Ol has ýowuz. Ondan hemme zada garaşaýmaly. Şondan daş bolmaly...».

« – Seni maşyna basyp...»

Ogulnyýazyň ini dyglady.

«Bäri gaýdanym gowy boldy. Ol aýal dynç güni öýe  erbet adamlary ibermekdenem gaýtmaz.. Ol bir topulan awuny almasa, namysyndan ölýän aýal bolmaly. Utanman, daýzama: «Gelniň pylany billen gezsin» diýip dur-a. Eý, hudaý! Şäher diýlen ýerde öýi-işi bilen, çagajyklary bilen, hudaý diýip berenine şükür edip ýören adam ýokmuka? Bularyň barysynyň dilinde şermendeligiň gürrüňi-le...

Daýzam näme üçin dymdyka şonda? Ýa nas puly diýip gelnini her zada dözmäge razymyka, eý hudaý. Bar-a puly. Bütin ömründe nas atyp geçse-de, şol pullar ýetjeg-ä. Aýnalara tuty aljak puluma çenli alyp otyra. Öňki günümizden käň gowy ýaşaýas-a. Janym sag bolsa, nesip bolsa, men ony hor etjek däl-ä...».

Awtobus ugrady.

– Ýene yzymyzçarag-a ýöremeli – diýip, Towşan gelin jaýlaşykly oturdy. Elindäki ýarty gutabyny buzgaýmak tutýan ýaly tutup, gäwüşäp durşuna Ogulnyýazyň böwrüne hürsekledi.

– Al, iý, gyz senem. Süýji eken, gökden özem. Tejeniň gögi süýji bolmaly...

«Abdy aga näme gerek diýsen-e. Öz-ä namys barada gürrüň edýär. Özem kesekiniň namysyny depgilejek. Eý, allam, namys hemme üçinem bir dälmikä? Sen iliň gyzynyň, gelniniň namysyny goramasaň, il seniň gelniň, gyzyň namysyny gorarmy?»

Ol derýadan geçip, günorta garşy şaglap barýan maşynyň hözirini görüp ýetişmedi. «Indi näme etmeli?» Ol ýumruk ýaly düwüldi.

Bu gowgaly dünýäde ýalňyzlygyň, ejizligiň, naçarlygyň dagyndan ýaňa digdenekledi. «Näme etmeli?». «Işlemeli. Bendesine mätäç bolanyňdan öz janyňa dözmeli. Aýja-da, Annasoltana-da juda bolmasa, ýalbararyn. Olara gije ýatman ýaka keşdeläp bererin...».

Onuň kalby ýagtylyp gitdi. «Näme üçin başda şu pikir kelläme gelmedikä? Aýja-da, Annasoltana-da gelniňe «gowuja ýaka tikip bereýin» diýsem, olaryň azary-bizary bolmazd-a. Wah, men guraýyn. Gerek bolsa Abdy aga-da tahýa tikip bererin. Şond-a olar maňa dözmezler...».

Onuň göz öňüne enesi geldi.

– Balam, gowy bolgun. Abraý bir guýruksyz geçidir. Sähel gowşak dursaň, sypar gider. Bir gidensoňam, eliňden tutjak gümanyň bolmaz.

Daýzasy enesine gözüni alartdy.

– Abraýyňa kim bir atym nas berýä? Sen, özüň-ä bir iýtme kör, çagalaryňa-da ters terbiýe beripsiň. «Abraý» diýen bolup, indi iliň işiginde saçyny sübse edip ýör, bu gyrnagyň...

Enesi başyny ýaýkady.

«Halaldan bir tylla, haramdan müň tylla» diýipdirler. Meniň çagalaryma beren terbiýäm erbet däldir. Olara bu dünýäde abraý, ahyretde-de iman diländirin.

– Goý, goý, totamsyrama.

Ogulnyýaz bu iki doganyň beýle-beýle bolaýyşlaryna haýran galdy. Enesi abraý

diýip, bäş wagtyny sypdyrman, her ädimini Taňra sygnyp ädýär. Diliniň senasyz wagty ýok. Daýzasy welin...

Onuň daýzasynyň bolşuny ýatlasam gelmedi. Garagumuň sazakly-seliňli depeleri, alalary ýaşyl öwüsýärdi. Ogulnyýaz aslynda öýden çykýan maşgala däldirem welin, ýöne kolhozyň ekinçiligine gyzlar bilen kän gidipdi. Şonda ol Garagumam görüpdi. Ýöne bu Garagum başgady. Owadandy, baýdy, gözeldi. Misli kürteli gelin ýalydy. Ol Garagum bolsa kinolarda gaýry ýurtlarda suwa düşýän gelinler ýalydy...

Ol bu ýerleri görenine begendi. «Pylan wagt, Tejeni görüpdim, pylan wagt Saragty görüpdim» diýerin.

– Han-a, Saragtam görnüp başlady – diýip, öňde oturanlaryň biri misli Ogulnyýaza aýdýan ýaly bolup dillendi. Ogulnyýaz öňe, Garagumuň bir künjüne garady. Alysda ak jaýlar elesläp görünýärdi. Ýolda awtobusy sakladylar. Ýanlary ullakan möjekitili esgerleriň ikisi awtobusyň içine girdi.

– Pasportlaryňyzy taýýarlaň!

Esger ýigitler beýle bir zabun däldi. Towşan gelin pasporty uzatsa-da, olar kürteli gelne tarap gözleriniň gytaklaryny buýsanç bilen aýlap:

– Oturyberiň gelneje! – diýip, barlaman geçirdiler.

– Ertirem şeýdäýsediler! – diýip, Towşan gelin bu ýagdaýy gowulyga ýordy-da, gelniň kürtesini düzedişdirdi.

Awtobus Saragta gelip, etrap merkezindäki duralgada duran badyna, iki sany aýal içeri kürsäp urdy.

– Towşan, aý Towşan, geldiňizmi?

– Geldik!

Olaryň barmaly ýeri duralgadan beýle bir uzak bolmany üçin, pyýada gidildi. Awtobusda garşylansa-da howluda yns-jyns ýoga meňzeýärdi.

– A gyz, barladylarmy? – diýip, aýallaryň durugşany sorady. – Ýer çekenleriň eşek ýaly itlerem bardyr?

Towşan gelin saçagyň başyna geçip, ullakan ýassyga gyşaryp ýatyşyna:

– Ýok, barlamadylar! – diýdi. – Hudaý jan, ertirem şeýle bol awersind-ä...

– Bolar, enşalla. Hudaý bizlikdir...

Aýallar Ogulnyýazyň öňünde çaý-çörek goýdular.

– Gelin, sen iýip-içip otur! – diýip, ýaşy durugşan aýal onuň başyndaky kürtäni aýyrdy. – Ýaglykly oturyber. Özli-özümiz-ä.

Olar Towşan gelnem, kürtänem alyp beýleki otaga çykdylar. Ogulnyýazyň otagda bir özi galdy. Ol içerä syn saldy. Içeri gurply däldi. Törde ak şifoner, onuň gapdalyna-da ýük galdyrylypdyr. Ýüküň üstüne köneje ýapgy çekilipdir. Içeriniň düşegem meniňki bolsun diýer ýaly däldi. Birki sany keçe, köneräk fabrik halylary tertipsiz ýazylypdyr. Günbatar burçdaky diwanyň arkasyna, ýüzüne ýolbars çekilen ala-mula odeala asylypdyr. Onuň ýüzem çaňjaryp durdy. Köneje klýoňka – saçagyň üstüne getirilen çäýnekleriň jürnügi çeňklenendi. Naharly jama söýelgi duran çemçeleriň gyrasy gemrik-gemrikdi.

Ogulnyýaz elini ýuwmak üçin daş çykdy. Howlynyň guran baglary, kesilmän kerep ýaly, örüm-örüm bolup giden üzüm dalbaryny göreniňde bu ýerde bir wagtlar gowy durmuşyň bolandygy, ol döwranyň hem sowlup gidendigini oýlanman aňsa boljakdy. Howlynyň ortasyndaky krandan suw akana meňzänokdy. Hajat üçin barylýan ýer hem ýykan-ýumrandy...

Ogulnyýaz elini ýuwara suw tapman içeri girdi. Aýallar nämedir bir zadyň üstünde gaty-gaty gürleşip çekeleşýärdiler. Nämedir bir zada dürli baha kesýärdiler. Olaryň nämüçindir gelin bilen işleri ýokdy.

Towşan gelin daş çykdy.

– Waý, gyz, näme çaý içeňokmy?

Ogulnyýaz suw sorady. Aýallaryň biri köneje saplawda suw getirdi-de, gelniň eline akytdy.

– Gelniňiz-ä akja eken. Bagtam akja bolsun-da...

Towşan gelin öňküsi ýaly açyk däldi. Onuň ýüzem gamaşyp durdy. Ol bu aýallardan-a däl, Ogulnyýazdan nämedir bir zady ýaşyrýan ýalydy.

– Ýöri, çaý içeli. – Ol ýaşyrak aýala ýüzlendi. – Onuň ady näme, gyz?

– Gulýa.

Ol içeri gygyrdy.

– Gulýa gel gyz, çaý içeliň, soň gepleşäýeris.

Gulýanyň keýpi gowudy.

– A gyz, gelniň ady näme?

– Gyrnak!

Gulýa hezil edip güldi.

– A gyz, aý ýaly gelne Gyrnak diýip at goýan kim?

Towşan gelin beletsirän boldy.

– At dakylan-la gyz. Enesi pahyryň ady-da.

Ogulnyýazyň ýüzi lap-lap ýandy.

– Hawa-da – diýip, beýleki ýaşyrak gelinem alyp göterdi. – Meniň bir klasdaşym bardy. Ady – Kempir.

Oturanlar gülüşdiler.

– Hakytmy?

– Waý, haw-wa, ýaş, owadan gyz. «A gyz, gelşenok-la adyň, aýyr ýok etsene» diýseň, «adym-da, nädeýin» diýýär. Bu pahyram şeýledird-ä.

Ogulnyýaz «gyrnak» ady bilen öwrenişip barýardy. Bu ady daýzasy kiçijikkä dakypdy. Gutlamaga baranda «Gyrnagyňyz bolupdyr, ýaşy uzyn bolsun!» diýip, dünýä göwni ýetmän aýdypdyr. – Ulalsa, ýaka-dagy keşdeläp berer-dä.

Togta eje şonda:

– Gyrnak dagy däldir. Ogullaryň soltanydyr, han gyzydyr – diýipdi.

Onuň bu ady Aşgabada gelin bolup düşenden soň hem ýörgünli boldy. Aslynda gelniň düşen ýerinde gyz adyny goýup, has owadan, söýgüli at dakagan bolýarlar. Onuň bir tanşy öň Ogulboldydy. Soň gelin boldy-da oba Güljemal adyny aldy geläýdi.

Bir jorasynyň ady Bibidi. Oňa Güljan diýdiler. Ogulnyýaz üçin dünýäde öz adyndan owadan at bolmasa-da «Gyrnak» diýseler, özüne ýüzlenilýändigini bilýärdi. Gaýta, bu at seýrekdi. «Kimiň gyrnagy – hudaýyň gyrnagy».

– Gulýa, agşam näme ederis? – diýip, ýaş gelin çäýnek-käseleri ýygnap durka sorady.

Gulýa oýlanybrak:

– Bolmasa Öwserlere gidäýeris – diýdi.

– Öwser barmy, gyz, Öwseri Aşgabatda galgap ýör. Ondanam Türkiýä gidýän bolmaly.

– Onda sizde oturybereli. – Ol ýaş gelin boýnuny göwünsiz burdy-da, närazylygyny duýdurdy. – Bizde bolardam welin, o meýit gelermikä diýýän. Ol bir ýer çeken-ä, gelse, bar kampaniýany bulaýar-a...

Gulýa elini göterdi.

– Ony özüm oňararyn. Ýöne galan zady senden.

– A gy-z?

– Malymy geçireýin, onsoň hasaplaşaryn. Azajyk garaş... Agşam ýagşy düşensoň Gulýa Ogulnyýaz bilen Towşan gelni yzyna tirkäp ugrady.

– Meňlilere baraýlyň!

Köçeler heniz garaňkydy. Ýöne oba oba bolýar. Ogulnyýaza ähli zat, obalaryny, öýlerini ýatladyp durdy. Ýöne bu obada bag ýokdy, olaryň obasy, howlusy baga bürenip otyrdy. Meňliler iň howlusyndan näme diýseňem durmuşyň ysy gelýärdi. Howlynyň içi depilip, pellere nämedir bir ekin ekilipdi. Dalbarlardaky üzüm çybyklary timarlanypdyr. Howlynyň ýaňyja syrylyp-süpürilip, suwlanandygy bildirip durdy. Işigiň agzynda ullakan çyra asylyp, tutuş howlyny ýagtylandyryp durdy.

– Geliň! – diýip, Meňli köýneginiň üstünden geýen täzeje haladyny güjeňleýän ýaly, ýakasyny sypalap aýtdy.

– Waý, gyz, halady kim getirdi? – Gulýanyň bu sözi Meňlini geňem galdyrmady. Ol muňa adaty sowal hökmünde jogap berdi.

– Hytaýa gidenimde getirdim-le, gyz.

– Onda, nä aýdaňok?

– Geçiň, aýtdym-a...

– Başga ýokmy?

– Ýekeje-le, gyz!

Aýallar törki tama geçdiler. Içeri baýdy, arassady.

– Künti, baý sürýäň-ow, görýäňmi, içersiňi eýýäm düzedipdir. Gulýa oturmady. Beýleki otaglary barlap çykdy.

– O ýer çeken diýse-de, içersin-ä düzedipdir. Onsoň näme, ölüm gerekmi?

Gulýa megerem, bu içerä ilkinji sapar gelýärdi. Şondan bolsa gerek, ol bu gurulgy içerä öwrenişip bilenokdy. Öz basdaşlygyny gizlejegem bolup baranokdy.

– Ýene, «er çekenem» diýen bolýa...

Meňli saçak ýazdy. Soň Gulýanyň ýüzüne gorka garady.

– A gyz, men-ä Jümminem çagyraýdym. Bir salym aýdym aýdyp ber diýdim...

Gulýanyň gaşy çytyldy.

– Beýlekiň gelse nätjek?

– Bilenog-a. – Ol güldi. – Seniňkidir öýder-dä.

Gulýa han aýalsyrap törde otyrdy. Ol Meňliniň her bir hereketinden çöp gözleýärdi.

– Klýonkany giňiräk ýaz-da. Çüýşeleriňem getir-ä – diýýärdi. Meňli çörek, salat, soň akly-gyzylly çüýşeleri alyp geldi.

Stakan goýuşdyrdy.

– Kiçirägi ýokmy, gyz, onyň?

Ogulnyýaz ilki kömekleşäýsemem bir diýdi. Emma soň çüýşeler ara düşensoň, ýerinden galasy gelmedi. Saçagy, onuň üstündäki zatlary Towşan gelin gozgaşdyran boldy. Onuňkynyňam göwünsizdigini görüp, Gulýa:

– Otur, otur, özi eder! – diýensoň, iki elini dyzlaryndan geçirip, diwara arkasyny berdi.

Nahar gijäniň bir wagty, Jümmi eli dutarly içeri girensoň çekildi.

– Essalow – diýip, ol çilimini çeýnäp aýtdy. – Gulýa, niçik?

Gulýa agzyny towlady.

Gulýanyňky hemişe bir boluşdyr.

– Maladis!

Jümmi çilimini çeýnäp, onuň tütünündene bir gözüni ýumajakladyp goranmany endik edeni üçinmi, ýa-da halys alla gözi gypykmy, iki sany nätanyş zenana gympaý nazar bilen garady,

– Delje myhmanynyz-a bar eken...

Gulýa ýene-de agzyny towlady.

– Siz näme, delje myhmany göräýýäňiz-de, özüňiziňkiniň ýüzüniň nury ýokdur...

Jümmi myhmanlaryň ýanynda oba oglanlarynyň, hem gereginiň bardygyny mazamlaýan ýaly, döşüni gaýşardyp, ýeňsesini diwara degrip, buýsanç bilen ýylgyrdy.

– Şäheriň gelinleri ýaman jalaý-ow, obanyňky birazyrak kolhoznigräk-dä. Olar gadryňy bilenok. Bileni-biteni zat, krhaborlaryň...

Gulýa agzyny towlady.

– Öňde-de bir pişik agzy ete ýetmän, pfuw, porsy diýenmişin... Özüň nireli diýsen-e, kolhoznik diýen bolup. Biz-ä şäheriň orta barmak ýaly ýerindendiris. Özüň kolhozniksiň-dä...

Meňli nahar çekişdirdi. Saçagyň üstüne çorba, palaw, gök, bir banka pomidor. bilen tarelka salnan şor hyýar goýuşdyrdy.

– Boldumy?

Meňli gaşyny gerdi-de ellerini «näbileýin» diýen manyda oýnady...

– Hany, geliň. Urşuň duruşy ýok.

Ogulnyýaz öňem bir märeke gören däl, bu ýat adamlaryň, arasynda elini

saçaga-da uzadyp bilmedi. Öýlerinde Towşan gelinden uýalyp ýören halyna, bu ýerde şol gaýynenesi ýaly boldy galdy.

– Gel, gyz, çekinme! – Towşan gelin stakanlara, çüýşelere gultunyp garady-da, nahar aldy. – Öz öýüň ýaly boluber, ýogsa, aç galarsyň...

Gulýa Jümmä çüýşeleri açdyrdy-da stakanlara konýagy özi guýdy.

– Beý, han, siz kolhoziik diýdiň-ow? Adamyň ýüregindäkini bilip bolmaz eken. Öň-ä, kolhoznik däldik...

Jümmi dabaraly guýlan stakany elinde oýnap durşuna, bu aýallaryň beýle haýal-ýagallygyna jany ýandy.

– Onda näme, janyňyz sag bolsun! – Ol stakany ep-esli wagt agzyna tutup durdy-da, soň gözlerini edil temmäkiniň tütüni bürüp barýaň ýaly edip, dodagynam az-kem çommaldyp şor hyýara topuldy. Eline ilen bölegi burnunyň aşagyna gysdyrdy.

– U-uf!

Bu adamyň bolşuna stakany elinde saklap, ýüzüni kürşerdi oturan Gulýa başyny silkeledi.

– Birimiz-ä dyndy! Bir gyranysdan geçeňsoň-a, hezille. Aýallar biri-birleriniň ýüzüne garap ýylgyryşdylar.

– Hany, heleýler, gyranysdan geçeliň...

– Waý, ýaman kän-le, gyz. – Towşan gelin stakanyny elinje alyp, näzirgän boldy. – Ýaman bolar...

Meňli jys-jyň etdi.

– Kän bolsa, gyranysdan geçseň, hezil edersiň...

Aýallar göterdiler.

– Woh, sen näme? – Gulýa Ogulnyýazyň bulguryndaky konýagy görüp haýran galdy. – Hany-hany, bolmaz...

Ogulnyýaz ýüzüni aşak sallady.

– Hudaý saklasyn...

– O-h-oo! – Jummi agzyna elten çemçesini agzynda ýyrşardy. – O gelnem gepläp bilýän eken-ow. – Ol çemçäni iki dodagynyň arasyna düňderdi-de, gäwişäp durşuna, bir zatlar diýjek boldy-da, erbet üsgürdi.

– Haý, gark bolup galan. Öňüňde, goýlany bir iý. Urkaçy görseň, diliňiz açylyberýär.

Jümmi çygnyp, burça dönen ýüzüni süpürdi-de, bäş-alty gaýra bokurdagyny arçady.

– Nätd-aý!

Gulýa närazylyk bilen Ogulnyýaza garady.

– Iç! – Ol eli bilen hyýaryň ýakymlyrak bölegini saýlap durşuna igençli gürledi.

– «Hudaý saklasyn» diýip, näme içmen bizden artyk bolaryn diýýäňmi? Düşen ýoluň şu bolsa, bizçe ýa bolarsyn, ýa bolmarsyň.

Az-kem arçalan bokurdagyny barlamak üçinmi ýa-da Gulýa meçew bermek üçinmi Jümmi henizem gyzyly öçmedik ýüzüni güldürdi.

– Eýýäm, siziň ýaly bolupdyr-a!..
Gulýa gözleriniň alasy bilen Jümmini dalady.
– O nähili biz ýaly...
Jümmi gümmi-sümmä urdy.
– Är göreň bolsa, heleý bolsa, Aşgabatdan gelip şular ýaly kampaniýada keýp çekýän bolsa...
Gulýa höküm etdi.
– Iç, gyz!
Ogulnyýaz sesini çykarmady. Gulýa Meňlä höküm etdi.
– Kiçiräk stakan getirä-ni...
Jümmi oturyp bilmän öňe süýşdi-de, stakanlara konýak guýdy.
– Başga konýagyň ýokmy? Munyň-a, ine, – ol boş çüýşäni Meňlä görkezdi. Meňli eli kiçeňräk stakanly gelşine, aljyraňňylyk tapdy.
– Arak bar-a, tapawudy näme? – Ol Gulýa kiçeňräk stakany görkezdi. – Şu bolarmy?
– Bolar, şol stakana guý, bol!
Meňli onuň diýeninýa etdi-de, içi konýakly stakany Ogulnyýazyň eline berjek boldy. – Ogulnyýaz almady-da, ellerini daldaladyp gaýra çekildi.
– Hudaý saklasyn!
Gulýa gözüni alardyp, elindäki konýakly stakana garady. Ol humarly başyny yrady.
– Içersiň!
Towşan gelin Ogulnyýazyň böwrüne dürtdi.
– Azajyk içäýsen-e.
– Ýok, içersiň, köp içersiň! – diýip, Gulýa ýüzüni has gazaplandyrdy. – Sen ýaş gelinsiräp, şu saçagy, bizi sylaman, kim bolupsyň. Bizem bir wagt ýaş gelin bolduk. Sen...
Jümmi ýene-de öňbaşçy boldy.
– Gitdik!
Gulýa gözüni sähelçe wagt ýumup durdy-da, serhoş ses bilen gürledi.
– Gyr-ranys üçin. – Gitdik!
Ol stakany başyna göterenson, Hasam ýeňledi.
– Ady näme diýdiň? Kempir!
– Gyrnak!
Ol şor pomidory göwünsiz gemirdi-de, ýaryny saçagyň üstüne atyp goýberdi. Soň ýerinden turdy.
– Özi gyrnak bolsa, özem heleý bolsa, içmän bilşine içmesin. Hudaý heleýi içmek hem-de erkekleň aşagynda ýatmak üçin ýaradypdyr. Beýleki zatlar sonky çykan...
Ol Ogulnyýazyň ýanyna çökdi. Eline stakany aldy-da, onuň ýüzüne golaý tutdy.
– Iç!

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Ol:

– I-i-iç! – diýip, jynssyz gygyrdy. – Ii-iç!

Bu sese diňe Ogulnyýaz däl, tutuş içeri sarsyp gitdi. – Ol aýal möwjedi. Içine çöken gözlerini ýylanyň dili ýaly ýalmandyrdy. – Şu heleý tutuş Daşhowzuň aýallar türmesini dyzyna çökeren. – Ol Towşan gelne barmagyny uzatdy. – Dyz-zyňa çök! – Towşan gelin edep taýagyny gören talyp ýaly bolup dyzyna çökdi.

Ol aýal Meňlä barmagyny uzatdy. – Çök. Meňli zygyrdap durşuna, iki dyzynyň üstüne çökdi. – Gulýa ýüzüni garşydaşynyň üstüne eňen karatistiň ýüzüne dönderdi-de, ýumrugyny Jümmä tarap taşlap turdy-da, soň dyzynyň üstüne çökdi. – Ol aýal myrtar harlady. – Iç!

Ogulnyýaz özüne çenelen stakany almady.

– Ii-iç! – Gulýa elini batlandyryp, stakandakyny gelniň ýüzüne serpip goýberdi. – Ogulnyýaz «hih» edip tisginip gitdi.

– Jel-ep!

Gulýa yraň-daraň bolup ýerine geçdi. Emma köşeşer ýaly däldi. Ol bu gelinde ary bar ýaly seretdi.

– Sen jelep, içmediňmi, men seni, zastawadan on oglan çagyrdyp, oçura goýduraryn, etmesem, tfuw, ýüzüme...

Towşan gelinem, Meňlem jaýlaşykly oturdylar. Emma Jümmi doňup galypdy. Gulýa birden güldi.

– Häzir tomaşa görýäs. – Ol saçagyň üstünde duran pyçagy aldy-da ony gelne uzatdy. – Ol jelebi ýalaňaçlap, soň niresiniň biziňkiden artykdygyny görýäs. Onsoň. – Ol pyçagyny bihaýalyk bilen oýnatdy. – Onsoň darrajyk ýerine pyçak sokýas, agzyna-da ýatyryp arak guýýas...

Towşan gelin:

– Gulýa jan! Näme, näme – diýjek boldy. – Gulýa has mojugyny tapdy. – Kim garşy bolsa şonuň özüni...

Hiç kimden ses çykmady. Towşan gelin Ogulnyýaza ýalbaryp başlady.

– Içäýsen-e.

Ogulňyýaz ony gelin gözi bilen dalady.

– Hudaý saklasyn!

Towşan gelin byzbydykladу.

– Ol diýeni etmeseň öldürer. Sen ony tanaňok.

Ogulnyýaz ýere garady.

– Elinem bir degrip görsün!

Bu söz içeride top atylan ýaly bolup eşidildi. Gulýanyň öňem juda gorkunç gözleri peträre geldi. Ol Jümmä pyçagyny uzatdy.

– Jümmi, tur!

Jümminiň guty gurapdy. Ol saň gaty bolup ýerinden galdy.

– Sypyr eşigini. – Ol Meňlini depdi. – Tur. – Eý, künti, senem...

Aýallar ýerlerinden tursa-da, Ogulnyýaza hiç kim golaýlap bilmedi. Ogulnyýaz

howpuň gaty golaýlanyny aňdy. Onuň ýadyna Geldijik düşdi.

– Kakam naçalnik milisedir. Häzir poçta baryp jaň ederin. Öýüňi ýykaryn...

Gulýa işigiň agzyna bardy-da, pyçagyny uzatdy.

– Me, şuny çykarsyň, şu ýerden...

Işik şakyrdady. Gulýanyň ýüzi ak-tam boldy. Ol pyçagyny saçagyň üstüne oklady.

– Ki-im?

Içeri soldat buşlatly, başy bedrejige gaş edilen ýaly papakly pyýada girdi.

– Ur-ro-o! – Ol elindäki soldat goş haltasyny bulaýlady.

– Wse normalnyý!

Bu habar içeri täze şatlyk seçeledi.

Gulýa baryp onuň boýnuna asyldy. Soň ony ogşap başlady.

– Maladis, Antoşka, maladis!

Antoşka iýýilýäni içerdäkilere göz aýlady-da, Gulýany itip goýberdi-de, bir beladan sypdym diýip, galpyldap oturan Ogulnyýaza pälwanyňky ýaly ýogyn bileginden çykyp duran gap-gara barmagy uzatdy.

– Şol meniňki! – Ol hiç zady piňine alman, buşladyny egninden çykaryp, Jümminiň oturan ýerindäki, burça atyp goýberdi.

– Guýuň!

Gulýanyň gözi ýandy.

– Antoşka, şol perizat seniňki. Ýöne ýaman titijedir. Aşgabadyň at gazanan kün... Şony bir top atylan ýaly et. Ony Aşgabatlylar-a doýrup bilmändir...

– Arkaýyn bol! – Antoşka Ogulnyýazyň ýanyna çökdi-de, ony atagzy ýaly elleri bilen gysdy-da, özüne çekjek boldy. – Ogulnyýaz atylyp ýerindene turdy, dyzy bilen özüne ýakynlaşyp gelýän ýüze jalkyldadyp goýberdi.

– Toba, degmäň maňa!

Beýle-beýle ýagdaýa garaşmadyk Antoşka tarsa yza çekildi.

– Weýt, bu näme?

Gulýa Antoşka gyjyt berýän terzde gözüni ümledi.

– Erkek bolaýşyňy.

Antoşka elindäki stakany iki barmagy bilen tutup, beýleki sekiz barmagyny serip, elini gerdi.

– Men hiç zat diýemog-a. Näme üçin beýdýär?

Ogulnyýaz Towşan gelin bilen Meňliniň aralygynda arkasyny diwara berip oturdy.

– Maňa degmäň.

Gulýa agzyny towlady.

– Hany, entek degmesene şoňa...

Antoşka uly bulgury dolabara edip içdi-de, ýeňini ysgap, ep-esli oturdy. Soň dabara bileň başam barmagyny gaňyrdy.

– Wo! – Ol ortada duran palowdan bir çemçäni. dolduryp agzyna eltdi, gäwüşäp

durşuna-da gürläp başlady.

– «Produkta» ýest, indi, – Ol iki barmagyna sürtdi: – Dawan...

– Näçe? – Gulýa gözlerini jalaýja ýylgyrdyp, başyny näzlije ýaýkady. – Näçe!

Antoşka iki elini dört sapar çakyşdyrdy.

– Köpem däl, azam...

Olar biri-birlerine ümleşip, beýleki otaga geçdiler. Towşan gelin hem ot basan ýaly bolup ýerinden turdy-da, çagyrylmagyna-da garaşman, daş çykdy.

– Torbamy getir!

Meňli hälki goşhaltany alyp, beýleki otaga ýumlukdy. Içerde Jümmi bilen Ogulnyýaz galdy.

– Aşgabatdanmy? – diýip, Jümmi ketgen ýaly saçyny iki eli bilen gazaşdyryp oturşyna sorady. Nämüçindir Ogulnyýazyň oňa jogap beresi gelmedi.

– Ýöri, bize gidäýeli diýip, Jümmi salyhatlysyrap aýtdy.

– Ertir geläýeris.

Ogulnyýaz ýadyna uky düşer ýaly däldi. Ol özüne degilmese gijäni aýak üstünde durup geçirmäge kaýyldy. Ýöne Jümmi hem ony girisine düşürmän goýmajaga meňzeýärdi.

– Bu ýerde barybir seni goýmazlar. Bu ýere gelen boş gitmez. Sen biderek ýere azaba galýaň. Bulary sen bileňok. Häzir tirek bir çeksinler. Senem yrarlar. Özlerem, näçe erkek bolsa, şolaryň ählisi bilen ýatarsyň. Men bulara belet. Bize gitsek, diňe meniň bilen...

Ogulnyýazyň gulaklary şaňlady.

– «Eý, alla jaň, abraý ber, özüň gora. Men nirelere düşüp ýörün.»

– «Nirededigiň barada oýlan!»

Onuň gulagyna ýene-de öten agşamky owaz geldi.

– Biz nirä geldik? – Onuň dili birden açyldy.

Jümmi gelni yrmaga kömek eder niýeti bilen dutarynyň gabyny sypyryp başlady.

– Sen, näme, nirä geleniňem bileňokmy?

Ogulnyýaz gözlerini balkyldatdy.

Jümmi Gulýanyň ýerini görkezdi.

– Muňa Gulýa – çük kesen diýýärler. Öň şweýnide, tikin-fabriginde brigadir bolup işledi. Ärini bir gelin bilen güman edip, ýatyryp nemesini kesip, iki ýyl tutuldy. Soň gelen soňam tirýek satanda ele düşdi. Onda-da üç ýyl oturyp geldi. Ýene-de bir ýyl-a berdiler. Gelenine birküç aý bolandyr.

Ol soňra Meňliniň oturan ýerini görkezdi.

– Bu-da tirek bilen tutuldy. Gelenine ýaňy bir ýyl bolandyr-da. Goňşym bolansoň geläýdim. Aýalym öldi, sallah. Käte gelmeseňem bolanok.

Ol çilm otlandy-da, tüssäniň burugsysyna çep gözüni gymyladyp, kirişlerini sazlady.

– Aýdymy gowy görýänmi?

Ogulnyýazyň ýadyna häzir aýdym düşer ýaly däldi.

«Daýzam meni bu aýalyň yzyna näme üçin salyp goýberdikä?». Onuň ýadyna birwagt daýzasynyň «Pylan ýere barar gelersiň!» diýen sözi düşdi. Emma ol bu ýer däldigini aňyk bilýärdi. «Meni çörege kim çagyrdyka? Daýymyň garyndaşy kim? Men gelsin diýip ölüp-öçüp barýanlar kim? Bular düzüwli adamlar däl-ä. Gelnejem meni näme üçin alyp geldikä? Hany, başymdaky kürte? Ony näme üçin ol öýde goýup gaýtdylar...».

Ol oýlandykça kelep ujuny ýitirýärdi. Soňabaka öz etini özi iýip başlady. «Indi nähili bolar? Ejem, kakam meniň şeýdip gelenimi eşitse, eý, waý «hudaý saklasyn...».

Ol ylgap daş çykdy.

– Gelneje – diýip, gygyrdy. Içerden hiç kim çykmady. – Gelneje!

Daşky tamlaryň birinden Towşan gelin ýüzüni ýagjardyp çykdy.

– Oturyber-dä, näme?

– Ýeke özüm oturjak däl. – Ol Towşan gelin ýanyna gelensoň, onuň elinden pugta tutdy. – Meni näme üçin getirdiň şu ýere?

Bu sowal Towşan gelniň eňter-pelegini öwürdi.

– Çörege ça... – Ol Ogulnyýazyň ol sözlere ynanmajagy aňdy. Şonuň üçin tilki sapalagyny etdi. – Soň Aşgabada baramyzda aýdaryn. Bu wagt däl...

Ogulnyýaz onuň elinden berk ýapyşdy.

– Aýt, aýtmasaň ölerin-galaryn, milisiýa giderin, aýt!

Towşan gelin işige garady.

– Ýuwaş! Seni gaýnyň iberdi.

– Näme üçin?

Towşan gelin dodagynyň irik ýerini barmagy bilen ýapdy.

– Sarahsa gidýän diýsem şu gelnem gezdirip gel diýdi. Başgasyny bilemok.

Ogulnyýaz janykdy.

– Özüň «çörege çagyrdylar» diýdiň-ä, gelneje. Özüň diýdiň-ä Hany, hany ol diýýän zatlaryň.

– Gaýynyňdan sora, bu gyzy, halys etd-äý.

Towşan gelin dodagynyň irik ýerini ýalady. Ogulnyýaz onuň ýene-de gitjek bolýandygyny aňdy.

– Nirä gitseňem, meni özüňden goýma, gelneje.

Towşan gelin çykyp gaýdan işigine garady.

– Sen girme, men gelýän...

Ol howlukmaç hälki işige girdi-de, gapyny ýapdy. Emma işik açykdy.

– Şol gelin seňk-ow, seňki!

Ol Gulýanyň sesidi.

– Ýoo-ok, maňa beýle söwda gerek däl. Razy edip beriň. Özi razy bolsun! Gulýa haha-haýlap güldi.

– Näme, hemme heleý Gulýadyr öýdýäňmi, mugt aşagyňa sokular ýaly. Göwnüni tap. Ber ýaňky alanlaryňdan, ataňa aş berjekmi?

Antoşka sesini çykarmady.

– Nähili adam ol, zaýa bolaýmasyn.

Gulýa, megerem Towşan gelni gyssady.

– Eý, ýirik, kim ol.

Towşan gelniň sesi ýagjymak çykdy.

– Garawsyz gelin. Äri türmede, enwalit gaýyny bar. «Şunam äkit, ýüzi açylar, hem gazanç etmäni öwrener» diýdi.

Antoşka hikirdedi.

– «Uçgur» meselesine nähili?

Towşan gelinem hikirdedi.

– A gyz, munuň diýýänini. Aýal erkegiň gyrnagydyr-da. Ugruny tapsaň, etmejek aýal barmy.

– Maladis!

Ogulnyýazyň aňyrsy bäri geldi. Ol iki sapar ögedi-de, ýene içeri, hälki oturan otagyna girdi. Jümminiň ýeke özi däli-porhan bolup aýdym aýdyp otyrdy.

Dün-e bir loly heleýdir-eý,
Dün-ýe bi-ir lo-oly hel-leýdir-eý,
Bir gün biz-zem guç-çar gider-eý, ýeý.

«Gör, men nirä düşüpdirin. Aşgabatda, öz öýümizde goýmadylar diýsem, ýagyşdan gaçyp bu ýat ilde damja uçrajak bolup durun...»

Ol başyny ýaýkady.

«Adamlar beýle azgynçylygy, taňçylygy nireden öwrenýär? Olar beýle-beýle haýasyzlyga neneň çydaýarlar? Olaryň özleri owarram diýseň, ogullary-gyzlary bardyr-a. Olar näme üçin kasadyň kyýamata galmaýandygyny bilenokkalar? Edenleri ogullarynda ýa gyzlarynda maňlaýlaryna gütläp deger-ä...»

Ol iňledi.

«Eý, allam, abraý ber. Abraýymy alanyňdan janymy al, allam. Ärimiň açmadyk ýüzüni görüm açsyn...»

Aňyrdan Antoşka diýilýäni ýylgyryp girdi. Ol çalaja tyňňyrdadyp, dutaryny yralap, «haçan gezegim gelerkä» diýip, garaşyp oturan Jümminiň dyzyna depdi.

– Eý, göteril şu ýerden!

Jümmi günäsiniň üstünde tutulan çagajyk ýaly bolup, oturşynam üýtgetmän, gözüni depesine dikdi.

– Men-ow, aýdym aýtmal-a. Olar meni ýörite çagyrdylar.

– Bar-r, göteril, ýogsam...

Jümmi dutaryny bir eline, onuň mahmal gabynam beýleki eline alyp işikden sumat boldy. Antoşka işigi ýapdy-da, bosaganyň sekisinde syrtyny goýdy.

– Gyrnak gyz! – Ol misli, kiçijik bäbejigi aldap, onuň bilen degişýän ýaly, gözlerini gyrpyp, ýasama ýylgyrdy. – Eger mümkin bolsa, bäş agyz sözüm bar.

Ogulnyýaz onuň ýüzüne-de garamady. Indi garady, garamady, Antoşka üçin parhy ýokdy. Onuň ýekeje maksady bardy. Niýeti şony düşündirmekdi.

– Men, ýetim. Özümem Aşgabatdan, detdomdan. Öýlenen, iki çagam bar. Şu zastawada işleýän. Günüm hoş. Pulum weşeň. Adymam Anna. Ýöne çagalar öýünde «Antoşka» aýdymyny aýdanym üçin Antoşka boldum. Özümem gör, nähili owadan, syratly. Şu wagta çenli ýeke awumam sypdyramok. Ine, şu gije nesibämden sen çykdyň. Eýläk ýatsaňam, beýläk ýatsaňam...

Ogulnyýaz:

– Toba! – diýdi. – Hudaý saklasyn!

Antoşka gaty ynamly gürledi.

– Hudaý saklasa-da, saklamasa-da...

Ogulnyýaz misli bu adam üstüne zyňaýjak ýaly, ýerinden turdy. Antoşka «otur-sanaý» diýen manyda elini geleňsiz salgady.

– Ýene gepleşeli. Üç ýol bar, biri gowulyk bilen söýüşýäs, ikinjisi, näçe baha kesseň, men razy. Üçünjisi, içiňe bir depýän, etjegimi edip çykyp gidýän. Ana, asman paýyňy çekiber... Haýsysyny isleýäň. Birinjisi, ýok! – Ol jübisinden iki paçka bäş ýüzlük çykardy. Birini Ogulnyýazyň aýagynyň aşagyna zyňyp goýberdi.

– Elli müň!

Ogulnyýaz oňa gaňrylybam garamady.

– Onda men seniň bilen başgaça gürleşýän.

Ol çyrany öçürdi. Ogulnyýaz howludan içerä düşýän öçügsi yşyga bu adamyň eşiklerini çykaryp, gapynyň içki zülpesini ötürenini gördi.

– Bäri gel!

Ogulnyýaz egildi, emma eline ilen zat bolmansoň burça garşy çekildi.

– Dogan, maňa azar bermäň!

Emma häzir Antoşkanyň gulagy gapylypdy. Ol çyp-ýalaňaç halyna, aýlanyp geçmänem kyn görüp, saçagyň üstünden nygmatlary depeleşdirip, burçda garalyp duran gelne bakan äpet ellerini uzadyp aýtdy. Şol gelşine-de şadyýan, häzir çekilmeli keýpiň hözirini öňüden görüp hikirdedi.

– Däd-deňe nada! Ýola gel, men seni, jan-nym

Ogulnyýaz bu garadan gaýtmaz pyýadanyň düzüw däldigini, ony häzir bu haram pälinden gaýtaryp biljek adamyň ýokdugyny, binamyslyk bilen, hapaçylyk bilen aralykda pyçak arkada germewiň ýokdugyny dubdy. Şu wagta çenli adam ogly elinden tutmadyk halyna, şeýle sähel pursatdan asman inip, ýer çöwrülip boljak haramçylygyň önünde zehresi ýarylara geldi. Onuň kalby lerzana geldi.

Gözüniň öňünden enesiniň perişde ýaly päkligi, ejesiniň çörek ýaly halallygy, kakasynyň pygamber sypgat nuranalygy, jigileriniň jennetiň akja guşy ýaly tämiz didary, Ýazow daýysy, daýzasy, Merdan, Bike eje, Geldijik... bary edil bir kino lentasyndaky ýaly, belki ondanam çalt, ýyldyrym çakandaky ýaly bolup geçdi. Olaryň ählisem asmandan bir bela inendäki ýaly, ýok ýer yrananda jaýyň içinde oturan, ýeriň sarsgynyny duýan adamlaryňky ýaly gorky bilen Ogulnyýaza garap durlar...

Gap-gara eliň bady geldi. Ýöne Ogulnyýaz ony özüne degresi gelmedi. Ol janynda baryny edip, iki eli bilen bu gara belany itip goýberdi. Emma onuň munusy keýik owlajygynyň oýun edip, özüni gujaklajak bolýan adamy süsen bolşy ýaly bir zatdy. Antoşkanyň aýagynyň aşagyndaky çüýşeler ýykyldy.

– Haýyn, çekil!

Bu şakyrdy Ogulnyýazda egilip çüýşeleriň birini almak hyjuwyny oýardy. Emma çüýşe bilen bu belanyň aralygy indi juda daşdy. Antoşkanyň bedeniniň gelin «söýmäge» doly taýýardygy ol daşarynyň yşygyny hasam daraldyp, içerä akdyrýan penjiräniň öňünden geçende hasam gowy göründi. Ol özüniň bu kaddyny güjeňleýäne meňzeýärdi. Şonuň üçiň uly buýsanç bilen gelýärdi.

– Aýrylyň!

«Eý hudaý, ýeriňde, ýurduňda bar bolsaň, meni haramyň eline berme. Abraýymy alanyňdan, şu jaýy düňder üstüme, janymy al. Abraýyma degme, jan allam!».

Gara pyýada her elini bir burça urdyda, dulda tora düşen bedene ýaly bolupjyk duran gelni gujaklajak boldy. Antoşkanyň hyýaly gelni göterip, bir eli bilen agzyny tutup, töre geçirmekçidi. Şonuň üçin bu çepiksije gelni ilki bagryna basmak isledi.

– Azgyn!

Ogulnyýaz onuň düňderlip duran gujagyna girmän, aşak eglip işige bakan süýşdi. Edil şol pursadam onuň  eline içi arakly çüýşe ildi.

Gujagyna hiç zat ilmedik Antoşka hasyrdan egildi-de, gelniň egnine elini goýdy. Şol pursat onuň beýnisiniň çuňlugynda äpet ýyldyrym çakdy-da, onuň awuly sarsgyny ýüregine döküldi. Içgiden, neşeden läliksirän ýürek ol gazaply ynja çydap bilmedi.

## 10.

Gelni bilen Towşan gelni «argyşa» ugradan Pugta daýzanyň keýpi kökdi. Ol gelniniň demläp giden çaýyny içip, düşegini ýygnady.

– Hany, göreli-äni, näme iş bitirýärler. Hudaýym, ýamanlygy ile bolsun, ýagşylygy mana bolsun, tüf, tüf, öl içine tüýkürdi. – Men-ä gidiň diýemok. Özleri gitdiler, özlerem gamyny iýsin...

Ol agşama çenli, «olaram ind-ä barandyr-ow»diýlen çaka çenli ýatdy. Oýananda çilime güýmendi, nämüçindnr, bu gün göwni nas küýsemedi. Ikindinara gelniniň taýýarlap giden içine uwaşy atylan towukly çorbasyny gyzdyrdy. Birdenem ýüregine howsala uran ýaly boldy.

«Ol tentek gyz, dodagy it çeýnän ýaly porsy heleýiň hažyk-hužugyna öteýtmese-de ýagşy. Ol heleýden her zat çykar. Men guraýyn, gör-ä, aýtmandyrynd-a, az paýjagazyňy aýry al diýip. Ol heleý Aşgabada gelse-de ilki öz gider. Ol tentek gelne «bar gidiber» diýip. Öýüne baryp näme etse edip, içjagazyny üzübem, itiň önüňe süňk atan ýaly edip atar...»

Pugta daýza häzir bal ýaly çorbanyň mazasyny biler ýaly däldi. Ol çeýnelip öleniň diýjek gepini bilýän:

– Bu sapar oňly zat bolmady. Ýollaram, hyz-haramyçylyk. Hälki bir ät galmasyn diýdim – diýer.

– Ýok, men ony etdirmen. – Ol öňünde Towşan gelin oturan ýaly, elindäki çemçäni saçagyň üstüne düňküldetdi. – Heleý, hany, kepiňi köpeltme. – «Hasaply gardaş uzak gider» diýipdirler. Näçe getiren bolsaň, deň pölüş...

Ol Towşan gelniň ýaýaplaýanyny gördi. – Senjagaz Saragtam bir daş ýer däl, giderinem, görerinem, düýp teýkaryna-da ýeterin.. Onsoň seni edişime seret. Häzir, ýaryny orta goý.

Towşan gelin dazgarçylyk etjek boldy.

– Waý, kürte-de, şaýam, puluň agdygam meniňk-ä. Men ýarta razy bolmaryn...

Pugta daýza ýer ýumruklady.

– Seniň kürtäňi, şaýyňy, puluňy äkiden, malyňy alyp gelen men dälmi? Men bolmasam seniň jakyrdyň gözenegiň aňyrsyndan çykardy. Henizem bir pille. Ýogsa, ajyňy başyňa dikerin, ynsapsyz ganjyk...

Towşan gelin ýaýaplady-da:

– Ol bolmaz-a! – diýdi.

– Baýam bolar. Getir bäri ýaryny. Bujagazyňy äkit-de, ataňa aş ber. – Pugta daýza elini gazap bilen silkip: eliňdäki düwünçigi iki eli bilen Towşan gelniň üstüne tozatdy...

Onuň öňündäki çorbaly jam saçagyň üstüne düňderildi. Agaç galamy bolsa atylyp honda düşdi. Pugta daýza ýüzüňiň şol gazaply myrtaryny düzetmän gan guýma bolan gympykdan dumanly gözlerini saçagyň üstüne aýlady. Ol häzir ýanynda Towşan gelniň ýokdugyny, onuň diňe kölegesini kötekleýändigini hakydasyna getirdi-de, ýer ýumruklady.

– Akmak heleý, sen bir gel bakaly.

Şol wagt işik kakyldy. Ol aljyrady-da, saçagy tabagy, çöregi dökülip ýatan unaşysy bilen suwuny akdyryp göterdi-de, äkidip wanna taşlady. Palasyň öljerip duran ýerine ýaplanyp oturan ýassyklarynyň birine goýdy-da, düwünçekleriniň ýassygynyň aşagyna dykdy.

Işik ýene kakyldy. Ol hysyrdanyp turdy-da, işige baryp, söýän elini goýup diň saldy.

– Kem?

– Gyrnaklarmy? – Işigiň daşyndan aýal adamyň sesi eşidildi. Ýöne häzir kimem bolsa, onuň adam ogluny içeri goýberesi gelmedi. Şonuň üçinem:

– Gyrnak ýok – diýip, öňürtiledi.

Daşardaky aýalam gaýdarly däldi.

– Daýza, men Gyrnagyň işinden. Bir iş bar, başlyklar iberdi.

«Başlyk» sözi ony ünjä goýdy-da, elini zülpä ýetirdi. Içeri kyrkyň pellesine ýeten, saçy depesine boglan, reňk bilen şeýle görmegeý görünýän zenan müşki-anbary bilen girdi-de ýylgyrdy.

– Salam!

Pugta daýza-da ýerine geçdi.

– Çaý içseň-ä, bar, goý. – Onuň ýadyna klýonkaly, jamly beýlekili wanna düşdi-de diýen sözüniň aýagyny duşaklady. – Howluksaňam, gel, aýagyňy bir ep.

Aýja içerä göz aýlap, tas essinden gidipdi. Nasyňmy, temmäkiniň ysy, bişen ýüňuň hem-de ajan naharyň bugy bilen garyşyp, demligiňi gabaýardy. Perdesiz, tutusyz penjireler, ýokardan armyt ýaly bolup saplanyp duran ýetimje çyra, kirläp giden potolok, sürlüp, sypjyrylyp garalyp ýatan oboýlar, ýerdäki sürçegi çykan palas, ýüzi açylmadyk fabrik halylary, köne ýassyk, bu kirli aýal oňa üýtgeşik ýere düşen ýaly göründi.

«Ol gelin-ä, özüni görene güjeňlän bolup, köşkde ýaşamaýandyryn öýdenokdy...»

– Daýza, hany gelniň? – diýip, Aýja oturmaga ýer gözledi. Ol ahyry ýerde syçrap ýatan unaş sapaklaryny eli bilen syrdy-da, gyra çekilip, ýygnanyp oturdy.

– Gidendir-da, ýok!

Aýja bu jogaba haýran galdy.

– Men redaksiýada işleýän, daýza. Gyrnak bilen. – Ol sumkasyny açyp, sermenen boldy-da, kagyza dolangy zady garra bakan süýşürdi.

– Somsa bişirdim. Elim boş gelmäýin diýdim.

– Hä.

Aýja gepi başlamanyň ugruny tapmady. Bu ülhi aýalyň «gelnini öweýin» diýs-ä, birden ýalňyşaýmagy mümkindi, gele-gelmäne işdeş ýoldaşynyň depesinden «daş» ýagdyryberse-de, bu aýal halajakmy, dälmi, onam bilmedi. Aralyk gepem nireden başlajagyny bilmän, başdan gaýtdy.

– Gelin edinipsiňiz, aýagy düşsün...

Pugta daýza ýagy daşyna çykyp duran gazeti gözleri bilen elleşdirip oturşyna, çilim otlandy-da, gyrykdan ýognas:

– Ow-wa – diýdi.

Aýja öz salysyny, özi süýremese, bu aýaldan oňa «hä-hüm» bolmajagyny bildi.

– Ýaşlar nädýä, agzybirje ýaşaşyp ýörmi?

Garry sesini çykarmady. Oňa diýýämişiňem diýimedi. Ol ahyry, çydaman dolangy gazete elini uzatdy.

– Somsamy, gökdenmi?

– Ýok, elinje etden...

Garry kagyzy açdy-da, somsalaryň biriniň böwrüni ýardy.

– Gökdenem-ä süýji bolýandyr. O ýyllar teke bazarynda satylardy. Çal, aýran bolardy. Birki sanysyny alyp, bir benke çal bilen iýseň, derman bolar? – Ol böwrüni deşen somsasyny kirli eli bilen böldi-de, ýarysyny Aýja uzatdy. – Al, iý.

Garry ýagly gutaby symyşlap boldy-da, eliniň ýagyny dyzlaryna çaldy. Soň gaşyny gerip, içini çekdi.

– Ýaşlar dälmi meni şu güne salan.

Ol körjümek gözlerini eliniň ugry bilen içerä aýlady.

– Gör, bu içerini, heý, ministriň içerisine meňzeýärmi?! Hemmesini syryp-süpürip berdim, şu gyrnak üçin. Oglumyň diýenini etmedim. Oglum ýüzümden geçip bilmän. – Ol eňräp başlady. – Ýeke çagam däli-diwana boldy. Araga-şeraba ýüz urdy. Nijeme wagt bäri Baýramalynyň eltepesinde çüýräp ýatyr. Ony görýänem ýok, ideýänem. Halydan habar alýanam, nedir halyň diýýänem ýok.

– Gelin wäme?

Pugta daýza şol yranyp oturşyny togtatdy-da, ýassygy galdyrdy. Soň ýene-de.

– Ine, gelin – diýdi.

Aýja palasdaky köljerip duran öle, ýassykdaky kirli ýoklara geň galyp garady...

– Ol dars daban, guraýak gyrnak meniň döwletimi çaýkady.

Aýja oturyp bilmedi.

– Onuň işde tertibem gawy däl. Redaktorymyz şony size ýetir diýip iberdi. Hälki aýdanlarynyzam ýetirerin oňa...

Pugta daýzanyň hydyr diýeni hyrs çykdy. Ol Aýja garşy emedeklejek ýalam etdi, emma ýassygyňyň, dyzynyň, düşeginiň, astyndaky düwünçekleri açylar öýdüp, ýene-de sokudaşy ýaly dikeldi.

– Hakyt gaýynym erbet, onusy eýle munusy beýle diýip aýdýamy?

– Ol Aýjanyň agzyndan kah-kah urup, üýtgeşik guş çykjak ýaly, gözüni gyrpman, agzyny açyp seretdi.

– Ýok, eý-ä diýenok!

– Ärim erbet, alkaş – diýýämi?

Aýja başyny ýaýkady. Ol garrynyň ýüki ýeňledi gitdi.

– Içerisi garyp eken diýändir. Diýip ölsün. Iýmäge zady ýok diýýändir, diýip geçsin. Ondan şondan gowy söz çykmaz...

– Beýem diýenok!

– Nämesi erbet onda? – Ol erbet bolsa başga nähili bolýandygyny küýüne getirjek boldy. – Ýene näme diýýär?

Aýja fabrik halysynyň solgun ýüzüni bir barmagy bilen darady.

– Daýza – diýdi. Soň at oýnatdy. – Meniňem edil seniň ýaljak gowja, – ol «owadanja» diýjek boldy, emma dili aýlanmady. Enem bar. Biz-ä şonuň abraýy diýip ýer ýaly bolup ýörüs...

– Ene garrymy?

– Hawa.

– Neşejigem edýämi?

– Ýog-eý, hudaý saklasyn. Bäş...

Ol Aýjanyň sözüni agzyndan kakyp aldy.

– Onda nas, çilim bilen oňýadyr-da...

Aýjanyň ýüzi boz-ýaz boldy.

– Hudaý saklasyn. Bäş wagtyny yrman okaýar.

– Bäş wagtyna...

– Bäş wagtyny okaýar. Namaz, namaz... Şonuň abrany diýip hiç zat edemizok. –

Pugta daýza ýylgyrdy. – Edibererler. Gowuja ekeniň. Ýene birki ýyldan ýüzüne erkek seretmez. Halparyp başlapsyň. Bu erkeklermi. – Ol dyzyny urdy.

Aýja-da kem galmady.

– Edýäs-le. Ýöne başga zat aýtjak bolum.

– Bizinkem edýämi.

– Şony aýtjak bolýan.

Pugta daýza bir gulakdan düzüldi-de, doňup galdy.

– Ol Annasoltan bilen jora. Ol aýal gaty erbet heleý. Erkekbaz. Gelniň şondan sapak alýa. Şonuň bilen tirkeşmesin...

Bu myhman gelniň agzyndan özüne gerek sözleri alyp bilmän iki jahan owarrasy bolup oturan garry ýene-de anyklady.

– O kemçiň işine-de barýarmy?

– Ýok, öýe gelýär, joram – diýip, özi aýtdy. – Işine baranok.

Garry elini galdyrdy.

– Ýene nämesi erbet?

Aýja şu sowala edil eňeşak gaýdan ýalyly ýeňledi.

---

– Bir erkegi urup, gözüni çykarypdyr. Ol erkek bolnysda ýatyr. – Suda berjek gelniňi diýýär.

– Ol eder – diýip, garry ýene-de özüniňkini sürüp başlady. – Ol goňşy gelnem urdy. – Ol adyny tapman ellerini titretdi.

– Ýaňky erbet diýýäniňizmi? – Annasoltanymy?

– Hawa, ol gelin degşip: «Bir erkek seni halaýar, özem baý, seni eklejek diýýä, gezseň» – diýse, köwşüni aldy-da ýaňkynyň hakyt gözjagazyny çykaryp, eline beräýdi-dä. Öz gözümiň alynda. Gözüni eline alyp gitdi-de, olam milisse getirdi. Milisse-de olary ýaraşdyrdy. Hakyt, gözümiň alyn-da. Munuň şol häsiýeti bar, häsiýeti guranyň. Gep eşitmedikd-ä, daş duruň, siziňem gözüňizi çykarar bu, her zada garaşaýmalydyr...

Aýja gorkdy. Gelni ýamanlamaga ýene-de delil gözledi.

– Erkekler bilen degşip ýörüs. Olaram «söýýän» diýen bolýar. Gowy erkeklerimiz bar. On-a hemmämize-de diýýär...

– Söýýän bolsa söýýän diýer. Erkek başga näme diýsin. Onuň ýekeje päli bolar, söýýän diýip, aldap-ogşap ýatyrar-da, işini bitirer. Olarda başga söz bolmaz... Olara görä bolmasaňam «erbet gezýä» diýip gybatyňy eder.

– How-wa – diýip, Aýja-da gürrüňdeşligiň tutuş dowamynda ilkinji sapar ýoldaşynyň gürrüňi ýüregine jüňk boldy.

– Nejisler, aýdyşyň ýaly – Ýöne olara-da düşünmeli-dä. Siz düşünip otyrsyňyz-a. A gelniňiz bolsa düşünenok. Atasy ýaly adamlara...

– Olary-da urupmy?

– Urmasa-da uran ýaly edipdir. Olaram redaktoryň ýanyna baryp: «şuny ýok et»

diýipdirler. Işde-de ähli erkek şunuň ýanynda. Redaktoryňam gahary gelýär... Özem işlänok, ilem işledenok diýip...

Kimdir biri işigi açdy-da, soň ýene ýapyp gitdi.

– Kim?

Pugta daýza häliden bäri Çommak agaň gelerine garaşýardy. Onuň hasaby boýunça gelen Çommak aga bolmalydy...

– Bar, seret kim-ä?

Aýja bilesigelijilik bilen işigi açdy-da girelgä boýnuny uzatdy, soňam kerk gören ýaly bolup boýnuny çekip aldy. Aýjanyň ýüzüniň ruhy uçdy.

– Kim?

– Bilmedim.

Pugta daýzanyň özi ýerinden turaýjak-turaýjak boldy.

– Erkekmi, urkaçy?

– Aýal.

Ol elini salgady.

– Onsoň näme?

Aýja sumkasyny gapdalyna çekdi. Ol garra «men-ä turjak» diýen yşarat bolup göründi.

– Daýza, gelniňize gowja käýýäň, beýdip ýörmesin. Meniň-ä diýjegim...

Pugta daýza sesini çykarmady. Ol Aýjany ugratjagam bolmady. Aýja şu öýden ugrandan soň üstündäki dag aýrylan ýaly bolup, yzynada garaman, girelgeden çykdy. Ol duralga çenli başyny ýaýkap gitdi.

Diňe duralgada:

– Bagty ýatan, Gyrnak – diýip hüňürdäninem duýmady.

Pugta daýza bu del myhmany ugradyp, çilimine gümra bolup otursyna:

– Gelmän geçen – diýip, işige gaharly garady. – Baryňyz bir, tohum dälmi siziň. Hudaýym, gyzymyň ýoklugyna-da şükür. Şolar ýaly gyzyň bolandan, bolmany gowy.

Işik jarka açyldy. Pugta eje tütüniň arasyndan hiç kimi saý garmaly.

– Çommak!

– Men!

– Bel-la! Ýene geldiňmi!

Ol hälki gelin ýene öwrülip gelendir öýtdi. «Nämesini galdyrdyka?» diýip, hälkiniň oturan ýerini gözi bilen sermeledi. Öňündäki somsadan başga zady görmedi.

Içeri Annasoltan girdi. Ol bejerilen saçyny guratmak üçin oran ak, kirli ýaglygyny hüýpüpigiň çokuly ýaly taýzarlyp, kellesini» hilelije ýaýkady.

– Men öň gelemog-a, daýzaşka.

– Gelmeseňem bela! – Pugta daýza gözüni gelşiksiz jüýjertdi. – Senem düzüwlilige gelen dälsiň. Aý, şu garrynyň dişi ýokdur, unaşyjyk elteýin, şuňa bir nas puly bolsun, bäş manat bolsun diýesiň ýok. Gep gözläp gelýäň.

– Bildiň – diýip, Annasoltan matlabyny gizläbem durmady. – Daýzaşka, men saňa bir zat aýdaýyn. – Ol işigi ýapdy. – Ýaňky kemçin gaty erbet gezýän aýal. Özem, ýaş

gelinleri çekýär. Erkekler bilen tanyşdyryp, olardan pul alýar. – Annasoltan gözlerini çerreldip, kellesini endik yrap, edil sahnada bolşy ýaly, obraza girdi. – Ynan, duz bar, meniň bir tanşym, şol aýjyn bilen tirkeşeni üçin öz aýalynyň saçyny syryp, öýünden kowupdyr. Onsoň biliber onuň kimdigini. Sen bilmeseňem, il bilýär. Ony tanaýanlar, ol heleý bilen bir trolleýbusy münmäge haýa edýärler. Olmy, sen bolsa ony bileňok, gelniň bilen jora, ol, öýüňe gelip ýör. Gördüňmi, ol aýjyny bäş gün işe baryp, ondan sapak alandan soň, at gazanan artistkany edäýşini.

Pugta daýza ýassyga gyşardy.

– Aý, şol gursun-da, ylaýym. Gepli-gürrüňl-ä bolduk-da...

Annasoltan nämedir bir zat ýadyna düşen ýaly, elini çarpdy.

– Hä, gyz, wiý, gelenimiň sebäbi, hol Çommak aganyň ýokarsyndaky heleý bar-a, jygyllykçy, şol aýdýar-a.

– Çarşenbe güni bazara barýarkam, toba, diýip ýakasyna-da tüýkürýär – Girelgäň agzynda hümürdi bar – diýýär. – Görsem – diýýär – Pugtanyň gelini hakyt bir welsepitli ýaşuly bilen gujaklaşyp, ogşaşyp dur diýýär. – Meni görübem, ol utançsyz-a girelgä sümüldi. Ol ýaşulam tigrine münüp, gündogarlygyna gitdi – diýýär. Ol aýal ýalan sözlejek aýal däl. Hakyt, gulagym bilen eşitdim, Ýalan sözlesem, ýeke oglumdan bolaýyn...

– Haýsy aýal? – Pugta daýzanyň sesi ysgynsyz çykdy.

– Hol, jygyllykçy-da...

Pugta daýza bokurdagyny arçady.

– Şol aýaly getirip bilermiň?

Annasoltan ýalmana döndi.

– Näme getirmän.

– Getir onda, şony.

Annasoltan ýalançy bolmajak bolup, girelgä sümüldi. Kän salym geçmänkä-de ol şol diýilýän aýal bilen tirkeşip geldi.

– Şol çynmy? – diýip, Pugta daýza demi-demine ýetmeýän ýaly bolup, her harpy hetjikläp sorady. Ol aýal uz ýaşyndy.

– Ýalan sözlemäýin. Hudaýdan ýaşyrmadygymy, senden ýaşyryp, bir zat diýmäýin.

Ol ýere garady. – Şol welsepitli bilen gelniň düzüw däl. Diňe men däl, başga-da gören bar. Men olary şu girelgäniň işiginde, bogalaşyp durka gördüm. Soňam aladaňdan ikisi ýoluň gyrasynda gürleşip duran eken.

– Welsepitlimi?

– Welsepitli! Adynam bildik, Abdymyşyn. Köçe süpürýänleň birgady.

Pugta daýza iki büküldi-de maňlaýyna urdy.

– Waý, gara bagtym!

Aýallar biri-birlerine gözlerini ümleşip, çykyp gitdiler.

Garaňky gowy garyşypdy, ol gündizi, gijäni saýgarar ýaly däldi.

«Haram, ganjyk, sen bir dur bakaly. Men seni öz ellem bilen, dur bakaly,

senjagazy, o-wf...»

Ol alaçsyzlykdan, «namysynyň» depelenmeginden tütäp-tütäp eňredi.

– Men saňa näme etdim, eý Taňry? Sen meni näme üçin aýak asty etdiň? Ol ganjygy getirip saljak bolsaň başga içeri tapmadyňmy?..

Ol eňreý-eňreý, işiginem gulplaman, gijäniň bir wagty oturan ýerinde uklap galdy.

Otly ugrady. Öň maşyn bilen awtobusdan özge ulaga münüp görmedik Ogulnyýaz üçin bu aljyraňňylykda yranjyrap, şakyrdap barýan, içi gatbar-gatly uzyn otag hem täsindi hemem gorkunçdy. Ol otly silkinenden Towşan geliniň elinden ýapyşdy-da töweregine uly howsala bilen garady. Bu ýerde oturanlardan otly ugradymy, ugramadymy, oňa ähmiýet berýän ýekeje adamam ýokdy. Ählisi irkilişip otyrdy. Diňe başy açyk, ýeňsiz gögümtil köýnekli ýetginjek aljyraňňy görünýärdi. Ol elindäki papkasyny gowuşgynsyz tutup, nätanyşrak adamlary hasaba alýardy.

Ol ahyr soňunda Ogulnyýazyň gaşynda sallandy.

– Marydan mündiňizmi?

Ogulnyýazam tördäki kiçijik stoljygyň çetinden gaýym ýapyşyp durşuňa, Towşan gelne ümledi.

– Gelnejem bilmese...

Sülgün gelin titredi.

– Waý, alla jan, hawa, jigim. Bize pastyl bereweri.

– Aşgabadamy?

– Hawa!

– Iki?!

– Hawa...

– Heriňiz ýüz manat beriň!

Towşan gelin aljyrady.

– Jan jigi, bizden göz-gulak bol. Puluň gürrüňi bolmaz. – Ol Ogulnyýaza garady. – Kürtäňi aýraý. – Ol ýene-de ýolbelede garady – Jigi, häzir beräýeli puluňy.

– Häzir.

Ol ýakasyny açyp, ondan gökje haltajyk çykaryp, ýolbelet bilen hasaplaşdy.

– Pastil, jigi, pastil!

Ýolbelediň aňyrlardan bir ýerlerden «häzir, häzir» diýip sesi geldi. Ol birwagtdan soň iki sany prostyň bilen köneje odeal getirip, eýýäm gyşarmaga ýetişen Towşan gelniň aýagujuna tabşyrdy.

Towşan gelin janlanan ýaly boldy.

– Enşalla, irdenjik Aşgabada bararys. – Ol çök düşdi-de bir zatlar samrady. – Özüň gora Ysmamyt ata jan...

Ol oturybam, ýatybam bilenokdy. Iki gözi girelgededi. Milisioner ýa-da ýörite eşigini geýen ýolbelet gelýän bolsa-da:

– Waý, alla jan, özüň goraweri – diýip, Ogulnyýazyň kürtesinden ýapyşyp ýatýardy. Olar geçip gidenden soň, elini gowşadýardy. – Awtobusly giden bolsak gowy bolardy...

Awtobus diýende Ogulnyýazyň ýüregi sarsyp gitdi. Onuň göz öňünde ýene-de şol gara bela geldi.

«Hudaýjan, el-ä batyrtmadym, herne, alla jan kömek etdi...»

...Ol eglip çüýşäni alyp, eýe ýaly bolup gelýäniň depesinden eňterişini, ikinji gaýta onuň maňlaýyňa ýelmeýşini, ol adamyň saçagyň üstüne ýykylyşyny, şondan soň ylgap baryp, işigi zordan açyp: «Gelneje» diýip elewräp giren işiginde aýallaryň üç pelteli kerogazy ortalaryna alyp, gyşaryşyp ýatyşlaryny, Towşan gelniň: «Hiç kime aýdaýmagyn» diýip elewreýşini, aýallaryň aždarha gören ýaly bolup örüşini, olaryň Antynkanyň bolup ýatyşyna ýakalaryny towlap, ýürekleri ýarylan ýaly bolup waýkyryşlaryny göz öňüne getirdi.

– Gaýdaly, gelneje!

Gulýa çyrany ýakandan soň, Meňli ýene-de waýkyryp başlady.

– Bagtyň ýatdy. Men ýokduryn. Meni ara goşaýsaň, gaty görme...

Ol özüni Antynkanyň üstüne oklady. Onuň demini barlady, Soňam birneme arkaýynlandy-da, iki aýagyndan süýräp, düýrlenen klýoka-beýleki bilen töre çekdi.

– Durmaň! – Ol Meňlä komanda berdi, – Bar, Jümmä aýt, maşynyny alyp gelsin. – Ol Towşan gelni gyssady. – Senem, hälkileri kürtäňe dyk. Mara ugraň, otla ýetişersiňiz. Bu meýt, diri galan bolsa sizi Saragt ýolundan geçirtmez. Içinden getirendir.

Ol Ogulnyýaza dişini gyjady.

– Sen, jelep, öýümiz-ä ýykdyň. Sen entejik dur bakaly...

Ogulnyýaz edil bir gurduň demine düşen owlajyk ýaly titreýärdi. Herne, Jümmi köp eglenmedi.

– Benzinim azrak, ýöne Mara ýeter.

Gulýa hökümli gürledi.

– Gönüläp git, gumuň içi bilen, Garybata elt. – Ol birden kürtdürdi. – Ýoo-ok, Mara, göni Mara elt. Işi çig etme. Gijäniň ýarynda iki sany ýaş heleý, ýamman şübhel-ä. Ýollar zabun saklanýar....

Towşan gelin hälki gül öwsüp durandan nam-nyşan galmadyk, ýöne ondanam agyrrak kürtäni getirip Ogulnyýazyň depesine atdy.

– Dabaý, dabaý, ugraň!

– Näçä diýýäň? – diýip, Jümmi paçak aljak oglanjyk ýaly, tamakinçilik bilen elini owkalady.

Gulýa söwdany nese etmedi.

– Müň!

Jümmi razylyk bilen baş atdy. Gulýa Towşan gelniň egnine elini goýdy.

– Haý, heleý, Saragtdan çykdyň, biz seni tanamyzok, senem bizi. Saragtdan bolsa, alla ýol berse çykararys. Düşündiňmi?

– Düşündim.

Ol aýal içeri girip pul alyp çykardy-da, Jümmä hakyny uzatdy,

– Me, bul-a, ýaňky hakyň. – Ol Jümminiň eline ýene-de pul tutdurdy – Bu-da diliň

üçin. Diliň eýesi bolmalysyň...

Jümminiň ýüzi açyldy. Ol razylyk bilen baş atdy.

– Bor, bor, ýöne çaltyrak ugralyň...

Maşyn gumuň içindäki selin-sazaklygyň içine sümülip, zowwamdan ýeňiljek yşygy bilen kä garaňkynyň bir çüňküni ýokary göterip, käte garaňkyny basgylap, maşynyň edil tigirleriniň öňüne düşüräýjek bolup eňip barýar.

Ogulnyýazyň süňňündäki galpyldy henizem aýrylanokdy. Jümmi ukuly, serhoş gözlerini süzüp, ruldan berk ýapyşyp otyrdy. Köneje «Moskwiç» misli gije azara goýlanyna gahary gelýän ýaly, kä ýerde oturanlary göterip-göterip jygyldap duran oturgyjyna pylçap urýardy-da bir salym içi sowan ýaly bolup, garaňky bilen süsüşip başlaýardy.

– Siz ýalňyşdyňyz! – diýip, Jümmi başyny az-kem gaňyrdy-da göwni bir ýaly bolup gürledi.

– Hä, näme? – diýip, ýüregi bükgüldilidigi daşyndan kän bir saýgartmaýan Towşan gelin jyňňyldawyk sesi bilen sorady.

Jümmi aýdan sözüniň agramyny ölçeýän ýaly, ep-esli ýere çenli sesini çykarmady.

– O näm üçin diýseň, haram iş edýäňiz. Oňam haram bilen ýuwaňyzok...

Towşan gelin Ogulnyýazyň kürtesiniň bir çetini hürsekledi.

– O näme diýdig-i-iň?

– Men bilýän-ä näme üçin geleniňizi Antynyň näme getirenini Onuň näme mes bolup, meni öýden kowýanyny bilýän-ä. Nätjek ony gizläp. Men samsyk däl-ä.

Towşan gelin has wajybrak zat bilerin öýdüpdi. Bujagaz pelsepe onuň pinegini bozanyna degmedik bolara çemeli. Ol elini, «aý, bolupdyr, otur-a» diýen manyna ýumdy.

– Sizi satarlar. Soňam gapjadarlar... Puluňyzam, malyňyzam gider. Özüňizem – ol özüni raslady. – Bu wagt hökümet neşäni nähili berk tutýanyňy gowy bilýäňiz. Azyndan ýedi ýyl.

Ol ýumjuk gözlerini öňe tutdy.

– Ýalňyşdyňyz siz.

Towşan gelin oturyp bilmedi. Ol «agzyňy haýyr aç» diýen ýaly bir söz aýtjagam boldy, ýöne syr bildirmediksiredi.

– Hudaý saklasyn. Onuň ýaly gorkunç zadymyz ýok. Ýöne, şu gelin elden-aýakdan çykyp duransoň gaýdyberdik.

Jümmi kellesini egniniň üstünde maşynyň badyna saga-sola çaýkady.

– Men nämedigini gaty gowy bilýän. Häzir sizi göni milisiýä äkidibem bilýän. Goý, barlasynlar. Goý, hiç zat çykmasyn, zato, diýerler, Jümmi arassa, wah!

Ol öňündäki çekerini açdy-da ony manysyz sermeläp, ýene ýapdy.

– Sizi şu çölde taşlap gidibem bilýän. Sebäbi, siz döwlete garşy iş edýäňiz. Men güman etdim, äkidip biljek däl. Men gorkýan. Kim maňa näme diýer, Emma sizi alyp gitsem, sizem ele düşseňiz «Jümmi getirdi» diýersiňiz. Şonda men agzyma ýaňky aýjynyň beren müň iki ýüz manadyny gysdyryp oturmaly bolaryn. Özem gözenek...

Emma sizi şu ýerde goýup, yzyma gitsem, sag bolsun aýdarlar. Ol maşynyň ruluna patladyp urdy. – Häzir maşyny saklap, motor köýdi diýsem, oturarsyňyz-da... Siz ýalňyşdyňyz...

Towşan gelniň serhoşlykdan çala açylan adamyň agzyndan çykýan sözleri eşidip aňkasy aşdy. «Şipiýonymyz-a öz ýanymyzda eken» diýip, ol Jümmüniň raýyna ýol agtardy.

– Sen bizi sag-aman Mara düşür-de poýuza mündir. Şonça kireýiň menem bererin. Näçe?

– Müň iki ýüz!

– Pü-üwf! – Jümmi dodagyny çöwürdi. – O puluňa Mary bazarynda iki kilo gowurga-da düşenok.

– Onda näme?!..

Jümmi gözüni töweregine aýlady.

– Aýdaýynmy?

– Diý.

Jümmi ýene-de serhoş gözlerini ýumjakladyp, öňden gaçyp barýan yşygy towalady.

– Men, ýöne – Ol yzyna ýagşy gaňryldy. – Men bir aýdamsoň, o-da bitmese, ýaman öýkeleýändirin. Şony aýdaýyn...

– Aýt.

Jümmi ýygryldy. Ol başam barmagyny yzyna gaňyrdy.

– Şu gelin meniň bilen bolsun!

– Toba! – Bu Ogulnyýazyň sesidi. – Allam abraý, bersin.

Jümmi gulaga öwrüldi.

– Ýeri, näme?

Towşan gelin sesini çykarmady.

– Alladan gorkuň!

Jümmi ýüzüni «goý-aýt» diýen manyda çytdy.

– Sallah men. Bir sapar boldy, bes. Soň men sizi Aşgabada äkideýin...

Towşan geliniň demi garnynyň düýbünden çykdy.

– Bu bir ýaş gelin-ow. Heniz ýüzi açylmadyk.

Jümmi burnuny çekdi.

– Ýaňky bilen bold-a, meni kowan bar-a.

– Hudaýjan-eý...

– Goýaweri...

Jümmi bir salym sesini çykarmady.

– Men, ýöne ýaman öýkelärin. Zorlugam etmen, gyk-wakda, heleý kän. Ýöne men öýkelesem, ony hemme kişi bilýändir.

Ol maşyny saklady. Soň yzyna öwrüldi.

– Hany boluň!

– Towşan gelin Ogulnyýazyň elinden tutup, ony gyssady.

– Bolmasa...
Ogulnyýaz elini silkip aldy. Ýöne sesini çykarmady.
– Görýäň-ä, gowulyk bilen bolmasa ol...
Ogulnyýaz hudaýa sygyndy.
– Hudaý bizlikdir...
Jümmi işigi şakyrdadyp açdy.
– Men garaňkyda garaşýan. Görüň, otly size gaýraşyp durmaz...
Ol maşyndan çykdy-dä garaňka siňdi. Ogulnyýazyň gara gaýgysy, ol adam saga aýlanyp, özi tarapdaky işigi açmagy mümkindi.
«Gelse, maňlaýyňy deşerin – diýip, ol köwşüniň sag taýyny ätiýaç üçin eline aldy. Alla jan, özüň gora, abraý ber gyzyňa, beýik eýäm...»
Towşan gelin assaja hikirdedi.
– Öz-ä ýaman oglan däl, hä. Bolmasa men gidäýeýin...
Ogulnyýaz haýran galmakdan ýaňa galdyrady.
– Otur!
Towşan gelin humarly, bulanyk gözlerini köpmanyly ýylgyrdyp, garaňkyda oturan ýoldaşyny sermeledi,
– Heýlemi, ýa özüň... Bor... Men soň...
Ogulnyýaz onuň egninden basdy.
– Gitmenem, ibermenem!
Ol şu sözi bilenem Towşan gelni özüne getirip bilmedi.
– Gowj-a. Etmeseň etmez. Men bilýän...
Ol Ogulnyýazyň «dur» diýmesine-de bakman, maşynyň işigini sermenip, itinip açdy-da, daş çykdy.
Daşary jennet ýalydy. Pendi çölünde akýan tenekar şemal älem-jahany yşk ody bilen ýugrup, kalbyňy ersdirip, janyňy alyp barýardy.
Ýumşak çäge, uç-gyragy asmanyň çuňlugyna çenli uzalyp gidýän sähra, ýaňy jana gelen selin, sazak, gandym, mymyjak ýüpek oty öňem humary ýetik Towşan gelni aňyrlarda bir ýerde ýaly bolup görünýän gara tarap ýaýdanç, emma uly tamakinçilik bilen gaýyp gitdi.
Asman şol iki garany bitewileşdirip, üstlerine ýyldyz baryny seçelendirip goýberdi...
...Ogulnyýaz aglady. Ömründe ilkinji sapar, uly horluk astynda galanyna, özüniň aýal bolup doglanyna, bu dünýäde mukaddes hasaplanyljak hiç zadyň ýoklugyna aglady...
Maşyn ugrady.
– Gatyrak sür, indi. Ýogsa gijä galarys. Ýa özüň maşynly äkidäý, Aşgabada. Öýde bolarsyň, soň gaýdyber...
Jümmi tä Marynyň demir ýol wokzalyna çenli sesini çykarmady.
– Otlyňyz gelipdir, ylgaň!..

* * *

...Gelnalyjy ýene-de gelip saklandy. Ony golundan tutup, saz-söhbet bilen içeri alyp girdiler.

Ol ýene-de köne başlygynyň kaşaňja kabinetiniň agzynda dur.

– Näme üçin beýle? Sen oýlandyňmy? Seni kabul ederlermi? Biz seniň yzyňda ser-sepil. Seni kabul etdirjek bolýas. – Ol ýüzüni eleşen eňşetdi-de, juda naýynjar görnüşde ýalbardy.

– Beýtme, beýtme, iň soňky synag, iň soňky. Men mundan artyk saklap bilemok. Han-a, garaşyp durlar.

Ogulnyýaz hiç zada düşünmedi.

– Seni sorap gelipdirler. «Kejebeli geldi, kejebelem gaýtman» diýip durlar. Bir gideňsoň gelme ýokdur. Sen howlukma. Adamlara goşul. Ýaşa. Hakyň buýrugy şeýle. Soň ah çekersiň..»

Ony, megerem, kejebeli gelenleriň biri bolsa gerek, yralady.

– Hany, geliň!

– Ogulnyýaz öňki başlygynyň ýüzünden gorkup, yza bakan tesdi-de, eli bir agyr zada degip tisginip oýandy.

– Ýatan bolýar!

– Oýadarys.

Ol gözüni ýalpa açyp, töweregine garady. Hälki agaç tekjede ýeke özi iki dyzyny ýassanyp, üstüne abanyp duran milisioner bilen hälki ýigidiň alynda otyrdy. Ol bu adamlary görübem tisgindi.

– Tur, ýöri!

Milisioner azm bilen aýtdy.

– Beýleki wagona!

– Näme üçin?

– Barlaga!

Ogulnyýaz näme üçin barlanjagyny aňyna ýetirip bilmedi. Ol elindäki kiçijik gaýyş sumkasyny agtardy. Onuňam Gulýanyň öýünde galanyny indi bilip galdy. Ol gorky bilen töweregine garady.

– Gelnejem hany?

Milisioner ýolbelediň ýüzüne seretdi.

– Gelnejeň şol ýerde, saňa garaşyp otyr. Gelsin – diýdi.

Gelin başyndaky kürtäni ýüzüne çekdi-de. Keremara ýöräp ugrady. Milisioner «sypaýmasyn» diýen manyda onuň elinden tutjak boldy.

– Maňa degmäň! – Ol elini silkip aldy.

Milisioner gelni tutaklap barşyna: – Bar – aç! – diýip, ýeňsiz köýnekli ýigide ümledi.

– Eý, allam, ýetişeweri! – Ogulnyýaz ýuwaşja pyşyrdady. Onuň häzir Towşan gelni göresi geldi. Emma görünýän ýokdy.

Ýolbelet işigi açdy.

– Sowul!

Milisioner Ogulnyýazy beýleki wagona geçirdi-de, tördäki küpeleriň birine salyp-salman, onuň başyndaky kürtäni sypyrdy. Soň ýolbelede ümledi.

– Şundamy?

Ýolbelet baş atdy.

– Şeýle bolmaly!

Milisioner ýolbeledem içeri saldy-da küpäniň işigini jarkyldadyp gulplady, Ogulnyýaz oýaly-ukuly halyna bu adamlaryň matlabyna düşünmänsoň, olar başyndaky ýaglygyna çenli sypyrarlar öýdüp, başyny eli bilen tutdy.

– Bu näme etdigiňiz?

Milisioner kürtäniň tikilen ýeňlerine iç ýüzünden elini sokdy-da, ondan bişen kerpijiň ulylygyndaky düwünçegi, beýleki ýeňindenem ýarty çörek salnan ýalyrak düwünçegi çykardy-da, kürtäni çöwrüp täzeden dörüp ugrady. Soň hiç zat tapmansoň ol kürtäni gelniň oturan tekdiriniň törüne taşlap goýberdi.

Ol düwünçegi çözdi. Temmekiniň hem-de narpyzyň bozgunç ysy küpe doldy. Ogulnyýaz başyny galdyrdy.

Uly düwünçende iküç, kiçi düwünçekde-de bir kilä golaýrak gap-gara «palçyk» sellofan haltanyň içinde bulanyp ýatyrdy.

Ýolbelent sygyrdy.

– Beý-bä!

Milisioner ýolbelede ýer görkezdi.

– Kürte özüňkimi?

Ogulnyýaz başyny atdy.

– Daýzamyňky.

Milisioner elindäki portfelini açdy-da, ondan birküç tagta ak kagyz çykardy-da birini ýolbelede, birini gyzyň öňünde goýdy, Beýlekisini portfeliniň üstünde goýup, çykaran ruçkasy bilen ýapyrylyp, ýazyp başlady.

– Şu gün 199... ýylyň aprel aýynyň ýigrimi ýedisine. – Ol daşyndan pyşyrdap, gara kagyz goýulansoň ýuwaşja şybyrdaýan kagyzyna ýazyp başlady. Çärjew – Aşgabat otlusynyň sekizinji wagonyndan saklanan, ýanyndan iki bölek, bir böleginde takmynan, – Ol düwünçekdäki sellofon haltajygy ýokary göterdi. – Takmynan üç kil-ä bar. – Ol şeýle diýibem ýazdy. – takmynan üç kil-ä bar. – Ol şeýle diýibem ýazdy, – takmynan üç kilä ýakyn, beýlekisinde – Beýleki düwünçegi ol göteribem durmady – bir kilä ýakyn tirýek bilen saklanan, – Ol dikeldi-de papagyny maňlaýyndan galdyrdy. – familiýaň näme? – Ol sag elindeki ruçkasyny barmaklarynyň ujunda, ýazmaga taýýar görnüşde oýnatdy – Bol, saklama. Iş kän...

Ýolbelet munça bolanyna görä ýene-de bir kömek edip, öz adyny protokola goýdurmazlyk pikiri bilen:

– Ýoldaş naçalnik, ölçär ýaly gural terezi getireýinmi? – diýdi.

– Ýaz, ýaz!

Milisioner:

– Bol, bol! – diýip, sesini ýene-de gataltdy-da, gyssady. – Wagt gidip dur. Tejende düşürmeli seni...

Ogulnyýaz kakasynyň, heniz durmuşa çykyp üýtgedilmedik familiýasyny aýtdy.

– Ataýewa!

– Adyň?

– Ogulnyýaz.

– Ýaşaýan ýeriň?

– Aşgabat, Hudaýberdiýew – 15.

Milisioner ýene-de sowala tutdy.

– Doglan ýeriň, ýylyň, aýyň...

Ogulnyýaz olara-da jogap berdi.

– Saklanandygyň barada, şu otlynyň sekizinji wagonynyň prowodnigi – Ol ýolbelede başyny atdy – Adyň, familiýaň, doglan ýylyň – Emma ýolbelet ýerinden turup, iki elini döşüne goýdy...

– Ýoldaş naçalnik, meni goşmaň. Bor – diýiň, agini, men kadryňyzy bilaman. Walla, maňa köp azar bererler. Haýyş edýän.

Milisioner onuň sözüni alga almady.

– Bol, bol, adyň, familiýaň?

– Ýolbelediň boýny sallandy. Ol ysgynsyz:

– Ýoldaş naçalnik – diýdi.

Milisioner ruçkasyny gelne garşy uzatdy.

– We saklanylan Ataýewanyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň döwlet demir ýolunyň starşiý inspektory, milisiýanyň uly leýtenanty ýoldaş Berdiýew tarapyndan düzülen protokol!

Ol «protokol» sözüniň aşagyna ilki bir, soňra ýene bir çyzyk çyzdy.

Ol ýapyrylyp, kä daşyndan samrap, kätä içinden pyşyrdap, käte-de dodaklaryny müňküldedip bolan wakany kagyz ýüzünde beýan etdi-de.

– Günäsiniň üstünde tutulan O. Ataýewanyň sözi – diýip nokady goýdy. Soň Ogulnyýazyň ýaşajyk, perişdäniňki ýaly bigünä ýüzüne, ömründe aýal maşgala görmedik ýaly bolup garady. Soň jübisinden çilim çykardy.

– Bah, bagyşlaň! – Ol çilim otlandy. Soň Ogulnyýazyň ýüzüne çynlakaý sypat bilen garady. – Jigi – diýdi. – Çilim çeksem bolarmy?

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Milisioner çilimini iki sapar demine güýçli dartdy-da penjireden gap-garaňky dünýä garady. Otly dünýäni tersine çöwrüp gidip barýar.

– Sen, ýüzüňe seretseň-ä perişde ýaly. Bu hapa zatlar nirä, sen nire?

Ogulnyýaz ýere garady.

– Meniňki däl bular.

Milisioner geň galdy.

– Onda kimiňki?

– Gelnejem bilmese.

Milisioner ýene-de haýran galyp seretdi.

«Öz-ä on sekizden uly däl. Erbetçilikden habary bara meňzänok. Onda, näme, ýalan sözleýärmi? Ýa-da gara çynymy? Beýleki wagondakylar-a beýle däldi. Munuň gözi oýnanok. Bigünä gözleri bar. Ol özünem aklajak bolanok. Hany, görelän-i...»

Milisioner dözümli darady.

– Sen, aýal dogan, gawja bol! At oýnatma! Eden oýnuň-a bilýäň! Hany, dogrujandan gel. Indi saňa sypma ýok...

Ogulnyýazyň ýüregi giňäp gitdi.

– «Aýal dogan diýse, hudaýyň ýüregine rehim saldygydyr. Jan allam, elini uzatmasa, namysyma kast etmese bolýar. Öz gyrnagyňy depeletme, jan allam!»

Ogulnyýaz ýüzüni az-kem açdy. Ol indi bu belanyň ýöne-möne gutarmajagyny duýdy. Çünki arada-da, öýlerinde bahana bolanda ýarym kilogram tirek bilen tutulanlaram, telewizorda görkezipdirler. Özlerinem türmäniň gözeneginiň aňyrsynda Onuň garnynyň ýüzünde ojak goýlan ýaly boldy.

«Menem görkezmekleri mümkin. Onuň göz öňüne, igini dyzynyň üstünde goýup, bir eli bilen sümegini tutup duran enesi, ýüzüni ýerden götermän, mylaýymlyk bilen käsesini sypalap oturan kakasy, gara ýer ýaly agrasdan mährem ejesi, Ogulla geldi.

– Eý, allam! – Ol gözüni balkyldatdy-da milisionere garady – Agam. – Ol bozlady.

– Sen maňa «aýal doganym» diýdiň. Meni uýaň hökmünde kabul etseň, ynan, men bu zatlary bilemok.

– Kürte seniňkimi?

– Hawa, ýok, başyma atdylar. Aşgabatdan başyma atylgy geldim. Meni «çörege çagyrýas» diýip alyp geldiler... Beýle-beýle...

Milisionerli gaşlary gerildi.

– Hany, hany, dur, «çörege çagyrýas» diýdiler...

– Hawa.

– Milisioner ruçkasyny kagyzyň üstünde goýdy, papagynam çykaryp gapdalyna taşlady. Ýakasyny gowşatdy.

– Haňy, gowja gürrüň ber...

– Ogulnyýaz hemmesini başdan gürrüň berdi.

– Baran öýňüziň kimlerdigini bilýäňmi?

– Gulýa – diýdiler.

– Gelnejeň ady kim?

– Gelnejem!

– Daýzaň ady?

– Daýza diýäýýän.

– Düşünemok – Ol papagyny eline aldy-da ony ýassygyň üstüne pylçap urdy.

– Heý, bu türkmene näme boldy. Şu sostawda seniň ýaly dört gelin tutuldy. Dördüsiniňem başyndaky kürtesi tirekden göjelen. Şeýle mukaddes zady haram keýpi, düşjek bäş şaýy bilen hapalaýanlardanam türkmen bolarmy? Biz nähili zaýalanypdyrys, biz nähili çüýräpdiris. – Ol elewredi. – Men seni näme edeýin? Boşadyp biljek däl, äkitsemem seni – Ol maňlaýyny tutdy – Eý, allam...

Ol ýene-de şatyrdadyp ýazyp başlady. Ýazyp oturşyna-da ýene oýlandy.

«Belki gözüme çöp atjak bolýandyr, Belki, şeýtgin» diýendirler. Synamaly.

Ol ýazyp boldy-da, portfelinden sellofan halta çykardy. Kürtäni, beýleki düwünçegi içine salyp, agzyny berk dandy-da kilitledi. Soň papagyny eline alyp oýnady.

Şeýle – diýip, garşysyndaky oturan alma ýaly akja, ýüzünden nur damyp duran, gözleri mukaddesligiň çeşmesi bolup balkyldap duran maral gelniň ýüzüne ýylgyran bolup garady. Onuň ýylgyranyny görüp, ýolbeledem ýylgyrdy. Ol ýolbelede ümledi.

– Bar, aňyrda, daşynda garaş!

Ýolbelet gollaryny döşüne goýup, sumat boldy. Milisioner işigi kiltledi-de penjireniň öňüne bardy. Her elini penjiräniň bir tarapyna goýup, daşary garap ep-esli durdy. Soň sag eli bilen çyranyň gaňyrçagyny oýnady, Çyrany birki gaýta öçürip ýakdy. Soň bärsine öwrüldi.

– Seniň işiň bitdi. Aýagyňy sallap on ýyl gidersiň. Saçjagazyňy syrarlar. Aýallar türmesinde çüýrärsiň. Uly, juda uly masgaraçylyk. Eneň-atаň äriň, gaýynlaryň, obaň, iliň biler. Onsoň, haýhat, seniň gününe...

Ogulnyýaz titredi. Milisionerler protokoly aldy.

– Ine-de protokol, soň ol gözüni ýokary dikdi, – Ine-de düşek. Eger bir sapar meniň bilen ýatyp tursaň...

Ogulnyýaz ýerinden laňňa galdy.

– Hudaý saklasyn. Bigünä bolsamam, goý, meni atsynlar, ýöne maňa beý diýme, dogan. Özüň «aýal dogan» diýdiň-ä. Allam abraýymy alandan, janymy alsyn. Wah, diýmen...

Milisioner çynyrgatdy.

– Bäş minut! Eliňe protokolyňy berýän. Ol penjiräni, ellerini diräp, aşak çekip açdy. Bu haltanam şu ýerde daşary zyňyp goýberýän.

– Hudaý saklasyn. Goý, türmede öz abraýym bilen bile çüýräýin. Öler giderin. Abraýymy depeletmen...

Milisioner gözüni güldürdi.

– Bäş minit nire, on ýyl nire? Özüňem hezil edersiň... Ogulnyýaz titredi.

– Ýüz ýyl bolsun, emma abraýym diýip ölerin. Arkaýyn iberiň türmä. Şu görýän günlerimden erbet bolmaz...

Milisioner penjiräni ýapdy.

– Otur.

Ogulnyýaz oturmady. Milisioner çalt-çalt gürledi.

– Men seni Tejende düşürmeli boljak. – Ol howsala bilen daşary garady. – Biziň işimiz şeýle. – Ýöne aýt, Aşgabatda saňa hossarlyk edip biläýjek kimiň bar?

Ogulnyýaz başyny ýaýkady. Soň birden kürtdirdi.

– Ýazow daýym-a bar.

– Telefonyny aýt.

– Milisioner ýazyp aldy-da – işigi açdy. Oňa işikde ýene-de iki sany milisioner, ýolbelet garaşyp durdy. Ol beýleki ýaşyrak milisionerden:

– Olar taýýarmy? – diýip sorady.
– Taýýar.
– Tejende düşürmäge taýýarlaň.
– Ýest!
– Otly badyny gowşadyp başlady. Gapdaldan Tejeniň jaýlary, binalary, adamlaryň başyny alyp duran günä-sogaplary kimin, zymdyrylyp geçip başlady.

**12.**

Gün dogansoň Pugta daýzanyň keýpi duýdansyz kökeldi. Işigi Çommak aga açyp.
– Dir-ras-ti! – diýeli bäri, onuň süňňündäki agyry, ýüregindäki agyr daş el bilen aýrylana döndi.
– Dil-lasti, dil-lasty, – Ol näzik gepledi. – Sen çal, daşym çolardygy, ymsynypjyk geläýmäň bar. Özüň-ä ýaman beg görünýäň...
– Çommak aga mys-mys güldi.
Bo-oz, ýigitkäm bet işlerden habarym bardy. Şuwadam, bolmasa synap göräýeli...
Pugta daýza eli bilen düşegi urdy.
– Gara bagtyň. Bu wagt söýüşibersek, «garry oýnady, gaý turdy» bolaýmaly. Biri geläýse nätjek. Oňa, onsoň suw ýylytmaly...
Ýaşuly elini salgady.
– Ýeri, bolýa-da, ýogsam-a gark edäýjekdim welin. Ertir gägirseňem, meniň ysym geler durar ýaly edäýmäm-ä bardy...
– Ýeri, bolýa, bolýa, dil bir öl ýere biten zat-da. Diýiber, diýiber...
Çommak aga aýbogdaşyny gurup oturdy-da gürrüňdeşiniň ýüzüne garady.
– Gidenlerden näme habar?
Pugta daýza ýaňy otlan çiliminden demine soran tüssesini sozluk bilen goýberip durşuna, elini salgady.
– Günortana gelmeli, olar...
Çommak aga ýüzüni sallady.
– Biziňkilerem-ä gelmelidir. Görerisd-ä. Poýuzdan düşendirler-ä...
Pugta daýza begençli:
– Biziňkiler-ä awtobuslydyrlar. Ýöne gelewersinler. Poýuz gaty erbetmiş. Tutsalar bar zadyňdan el üzmeli bolarsyň.
Çommak aga ýere giräýjek-gireýjek boldy.
– Ol-a ol, yzam bar. Kim iberdi, düýbüň niredesi bükgüldedýä, ýüregi. Harjy owarram. Meniň kiçi agtgym, hol uniwersitet okaýan agtygym gidipdi, dört-bäş gyz bilen.
Pugta daýza geň galdy.
– Dört-bäşisi nämä gerek oňa?
– Aý, olaryň başyna kürte atyp, hem özi gazanjak, hem olar bir bäş şaýy gazansyn diýdimd-ä...
Pugta daýza çilimini öçürdi-de täzesini eline aldy.
– Bagty ýatan, Çommak! Heý, beýderlermi? Seniň päliň göçüpdir. Hany, ynsabyň, iliň

çagasyny beýdip.

Çommak aganyň haly harapdy. Ol gözlerini hasrata batyrdy.

– Aý, öň şeýdip, birki sapar gönenýädim-dä. «Şirpik berseň gurda ýüwrüp geler ýurda» diýmänmidirler. Gelerler-dä.

Pugta daýza gaýşaryldy.

Biziňk-ä poýuza münmez. Häzir gelerler.

Ol şu sözleri diýmäge mähetdel, içeri Towşan gelin, yzyna garantga ýaly bir erkek adamy tirkäp girdi. Ol salamam bermän, yzyndan ýagy kowup gelýän ýaly bolup Pugta daýzanyň garşysyna gelip çökdi.

– Gelmedimi? Gyrnak, neme, gelmedimi?

Pugta daýza hiç zada düşünmedi.

– A ol, seniň bilen...

Towşan gelin iki elini ýüzüne tutdy-da, aglap başlady.

– Bagtymyz ýatdy. Bary gutardy, waý-eý.

Onuň sesine yzynda oturan erkek adamyň hem dodaklary kemiş-kemiş etdi. Bu ýagdaý Pugta daýza-da täsir edip başlady. Onuň aňyna gelen: «Ol gyrnak öz başyny iýendir» diýen pikir boldy. «Owarram, gaýta başymyza geleni sowupdyr».

– Nähili boldy, bolşy-bolşy ýaly aýt. Men onuň hossarlaryna jogap okamaly...

Bu aýalyň beýle sowukganlylygy Towşan gelne-de täsir etdi. Ol özüni az-kem dürsedi. Ýoldaşyna garady.

– Gowy bardyk. Gije ýükümiz-ýanymyz bilen Mara getirdiler. Poýyza mündürdiler.

– Poýuza?

Towşan gelin agyr ýuwdundy-da, dodagynyň dilik ýeriniň gapdallarynyň tirpildeýändigine-de üns bermän, gürrüň berip başlady.

– Poýyza! Awtobusy erbet barlaýamyşlar, it salýamyşlar. Eşigiňem çykardýamyşlar.

– Haý, ot alsyn olary!

– Onsoň baran ýerimiz, «bagtyňyz ýatar, otla münüň» diýdi. Bir gowy oglan getirip – Ol ýalan sözledi – Ýerleşdirip gitdi. Niçikmi-dir, otly ol, neme, Şatlygyň ýany bar-a, şol ysgansiýadan wah, ady guran, hawa, Garybatadan geçdem welin, ýüregim bir zat syzdy-da daş çykasym geldi. Hajathana geçeýin diýsem ol meýdi ýanan, prowodnik hakyt, milisionerlere: «Şol kürgeli gelinde tirek bar» diýdi biri – diýip dur. Ýüregim ýaryldy. Ylgadym, emma olar meni-de kowalap başladylar. Zordan gaçyp sypdym...

Pugta daýzanyň gözleri hanasyndan çykdy.

– Tutdumy ony?

– Hawa – Towşan gelin başyny atdy. Gyrnagyň ýanyna baranlaryny gördüm. Ýöne soň näme bolanyny görmedim...

– Hakyt, ol tentegi milise tutdumy! – Ol ondanam beter zarlady. – Ol malyňam şondamy?

Towşan gelip gorky bilen baş atdy.

– Waý! – Pugta daýza ilki eglip ýeri, soň iki eliň bilen kükregini ýumruklamaga başlady.

– Bagtymyz ýatd-eý, bary gitd-eý!

Towşan gelniň ýanyndaky adam Pugta daýzasynyň çorlan gözlerine, köpürjikläp duran dodagyna ýigrenç bilen garady. Soňra aýalnyň gorkudan uçuklap köwşe dönen, dilikleri böwrek ýaly, gyzaryp, terpenip duran dodagyna seretdi.

– Beýdip oturmaň! – Ol düwlen ýumruklaryny öňe uzadyp, kimedir birine çenäp, uruşmaga taýýar görnüş berdi. – Hereket etmeli. Iş häzir Tejende bolmaly. Düýbi Maryda. Mara geçirilmän alyp çykmaly...

Pugta daýza iki eli bilen gulaklaryny tutup eňredi.

– Bagty-ym ýatdy-y! Günüm ýaşdy-y! Sataşman geçen-eý, gyrnak, sataşmanlar geçen...

Çommak aga-da gozgalana düşüp, ahyr soňunda batyrlyk edip sorady.

– Başga-da el garanlary boldumy?

Towşan gelin agzyny ýumrugy bilen tutdy.

– Tejende bir ýerde kürteli gelin bolsa baryny düşürdiler... Indi iliň kürteli gelnine el garyp başladylar!

– Eý, hudaý-eý, garagyň gapykmy? Sen diňe meni gördüň-de. Men saňa näme etdim, eý, düýbi deşik pelek!

Pugta daýzanyň eňremesinden peýdalanyp, Çommak aga Towşan gelne ýene-de sowal berdi.

– Biziň Jumaşkamyz-a gören dälsiň?

Towşan gelin Pugta daýzanyň ýüzüne seretdi.

– Wah, Jumaşka gursun! Ýetiş şol gyzy halas et, milisionerler bilen gepleş diýsem: «Özümiňkileri nädip halas etjegimi bilemok» diýýär. Ol Kakada düşüp galdy. «Şondan maşyn tutup yzyma gitmesem, menem gapjarlar diýip gorkýan» diýdi...

Çommak aga ýerinden ysgynsyz turdy.

– Öýüň otlandy, Pugta! Öl indi ölýän bolsaň, bary upbat boldy. – Ol duýdansyz geldi-de Towşan gelniň buduna depdi – Seniň bir ýelniňe... – Ol sakalyny ütüp, edil bir ot içinde galan garry aýa döndi. Saňa kim poýuzly gel diýdi. – Ol iki eli bilen butlarynyň sepleşýän ýerini gysymlady – Munymy... poýuza münýäň. Apdabuzda seni... Seniň bir ýelniňe...

Towşan gelniň adamsy:

– Hereket etmeli! – diýjek boldy. Emma Çommak aga ony gepletmedi.

– Sen otur, süpük balaňys... Sen düzüw bolsaň, şu ganjyk beýdermidi. – Ol baryp işigi gazap bilen depdi. – Eşidiň – Ol tutuş içeri azm urdy. – Men hiç zadyňyzy bilemok. Milisäňem, Gyrnagyňam, berenje pulumam, şaý-sepimem getiriň. Getirmeseňiz hemmäňiziň öýüňizi otlaryň.

Ol işigi batly ýapyp, çykyp gitdi.

* * *

– Suwsasaň şol termosda çaý bardyr – diýip, Ýazow Tejen şäherinden çykylansoň yzyna gaňrylyp aýtdy.

– Ogulnyýaz sesini çykarmady.

– Täzeje «Moskwiç» Aşgabada bakan alňasap barýardy. Töwerek-daşda torgaýlar ajaýyp nagma kakyp, Ogulnyýazy azatlyga çykmagy bilen mübärekleýäne çalym edýärdi.

– Sud haçan boljak – diýdi?

Ogulnyýaz başyny ýaýkady.

– Işi suda geçirdiler öýdýän.

Ýazow iki gözüni ýoldan aýyrman, başyny ýaýkady.

– Aý, ýegen, gaýgy etme. «Müň gaýgy bir iş bitirmez» diýipdirler. Ýöne olar sud etmän-ä goýmazlar. Sudda-da kim bilýär, näme boljagyny?

Şondan soň olaryň hiç birinden ses çykmady.

Ogulnyýaz gözlerini ýumdy. Hakydasy ony ýene-de şol elhenç gijelere getirdi.

...Ony Tejende düşürip, nirädir bir ýerlere eltensoňlar, ýene sorag, ýene protokol, ýene-de gykylyk-galmagal başlandy.

Ahyr soňunda, gün öýle boluberende ony haýsydyr bir jaýyň işigine getirip, maşyndan düşürdiler. Öňünde bir milisioner, yzynda biri, getirip saklawly jaýlaryň birine saldylar-da uzyn koridor bilen äkidip, içine garap ýören milisionere:

– Altynja! – diýdiler.

– Ýer ýog-a. Ozalam altysy bar!

– Altynja!

Ýaşulyrak milisioner närazylyk bilen hüňürdäp, ýüzüne ak reňk bilen gyşyk-çaýşyk «6» ýazylan gap-gara demir işigi açdy.

– Gir! – Soňra, ol, göýä içindäkiler häzirbosuşyp çykaýjak ýaly, şobada işigi şarkyldadyp, demir gulpy şakyrdadyp ýapdy. Soňra demir gapynyň kiçijik gözeneginden içeri garady.

Ogulnyýazyň guty gurap, süňňi yranyp durdy. Bu günki, düýnki ýadawlyk, tutuş gijeläp elenip geçmegi, depesinden inen bu çekip çydardan çökder masgaraçylyk, her dürli töhmetçilikli soraglar, kemsidilme, ynamsyzlyk ony halys gagşadypdy. Onuň üçin ömrüň-hä däl, indi ölümiňem jinnek ýaly awusy ýokdy.

Iki oturgyjyň hersinde bir gyz düňderilip ýatyrdy. Galanlaram olara gysmyljyraşyp, tirseklerini dyzlaryna direşip, «bu gelen kimkä» diýýän görnüşde, gözlerini işige dikip otyrdylar.

– Turaýsan-a a gyz – diýip, gyzlaryň biri düňderlip ýatany çekeledi. Emma ýatan gymyldaýynam diýenokdy. Bir gyrada oturan gyzjagaz bolsa aglap, özüni öldüräýjek bolýardy. Tutynyň aňyrsyndan aňkaýan porsynyň ysy alyp gelýärdi.

– Anýa, turaýsan-a! – diýip, dözümli çekeleýän gyz ýerinden turdy. Baryp demir dişigi işigi kakdy – Porsyňyzy bir ýok ediň. Porsusy almyşlar...

Ogulnyýaz söýenere ýer gözledi. Şoňa-da ýer ýokdy. Oturaýyn diýse, ýeriň – beton poluň ýüzi suwdanmy, çygdan ýaňa aýagyň asty şilpildäp durdy.

Aglap oturan gyz ýüzüni tutdy-da ýerinden turdy.

– Geliň, oturyň!

Ogulnyýazyň sypaýçylyk edere ýagdaýy ýokdy. Ol baryp dyz epdi.

Hiç kimden ses çykanokdy. Daşary garaňkyrapdy. Gyzlar biri-birleriniň gujagyna girip, başlaryny beýlekiniň dyzyna goýup irkilişip otyrdylar.

Anýa dik oturdy.

– Haramylar! Mundan-a şol näletsiňen otlynyň wagonam gowy eken.

– «Jennet» diýsen-e.

Hälki işigi kakan gyz hikirdedi.

– Hä – diýdi.

Oturanlar gülüşdiler.

Geliň, Jenneti äre bereliň! – diýip, bu gyz hikirdedi. – Häzir Jenneti bir şişkarýogyň ogluna äre berýäs. Onuň iki jaýy bar. Özem ýekeje ogly. Oglunyň maşyny, uly firmasy bar. Ady-da Gaplaň!

Gyzlar gülüşdiler.

– Ýok, Gaplaň däl, Peleň!

– Ýok, Dowzah, Ol-a Jennet, olam Dowzah.

Anýa barmaklary bilen saçyny yzyna gaňtaryp, darap durşun elini galdyrdy.

– Goýsan-a a gyz, Oguş gowja at tapaýyň-da. – Goý, Baýram, Baýraşka bolsun!

Oguş razy boldy. Ol elini mikrofon ýaly edip agzyna golaý getirdi.

– Gadyrly we eziz tussaglar, ýok, sud ediljekler! – Jennet elini ýüzüne tutup horkuldap başlady – Şu gün, Tejen şäherin türmesinde zamanamyzyň iň güýçli tirek daşaýjysy Jennet Annaşowa bilen şişkarýogyň fraýer ogly Baýraşka toý tutýar. Şol toýy alyp barmagy institutyň dördünji kursundan kowlan...

– Belli aferistka! – diýip, Anýa-da üstüne goşdy.

Oguş dowam etdi.

– Bolýa, institutyň dördünji kursundan kowlan, belli aferiska, aldaw ýoly bilen tirek daşamaga çekilen, ýedi ýyl türmä garaşýan Oguş – Ogulkeýik Jemşidowa ynanýarys. – Ol agzy bilen dabara, toý sazyny çaldy. – Indi bolsa ýaş çatynjalary toýumyzyň törüne geçireliň. Hemmäňiz ýeriňizden turuň, ýoldaşlar «sud idýot!» wiý, çatynjalar gelýär.

Ol ýene-de owadan edip toý sazyny çaldy-da, gyzlary çekeläp başlady.

– Turuň, turuň, ýaşlar gelýär. – Ol baryp Jennetiň goltugyndan tutup öz döşüni gaýşartdy – Synlaň, biziň Jennet gyzymyz masgaraçylykda uly-uly rekordlara dalaş edýär. Ol ýedi sapar suda düşüp, hemmesiňden aman sypdy. Emma ol bu sapar sypyp bilmez! Berekella, Jennet jan!

Jennet ýüzüni galdyryp bilmedi.

Oguş welin möwç alýardy.

– Ýoldaşlar, ýaşlary toýumyzyň töründe oturdalyň, el çarpyşyň. – Onuň özem Anýa-da el çarpdy. – Indi, toýumyzyň hormatly ogrusy, wiý myhmany, Jennetiň jan ýaly jorasy Anýa söz berýäris.

Ol ýumrugyny Anýanyň agzyna tutdy. – Hany Anýa jan!

Anýa ilki bir ýaýdandam-da, soň elini silkdi.

– Men, ýoldaşlar – Ol sesini ýognaldyp, aýnap gürledi. – Baýraşkanyň Jennet jany

gowja nemetmegi üçin  – Ol elini öňe-yza helkilletdi – içýärin. Goý, Baýraşkanyň atan puşkalary nyşanany kül-peýekun etsin Ur-row!

– Sag bol, Anýa jan, agzyňdan al-arwah eşitsin... – Indi bolsa sözi zamanamyzyň iň uly jelebi, ogry we türmeçi Hurmajemala berýäris. Eziz Hurmajemal, ýaşlara ýagşy dilegler edip beriň.

Hurmajemal gündogara goýlan oturgyjyň töründe oturyp, Oguşyň bu tomaşasyna ýylgyryp seredip otyrdy. Ol Oguşyň «mikrofonyna» gepläp başlady-da güldi.

– A gyz, utançsyz-da sen – diýdi.

– Oguş janam, äre barman geçsin, Bizi nemetmedik milisionere.

– Gadyrly toýa gelen eziz myhmanlar, zaklýuçýonnylyga ilkinji kandidatymyz küntüje gözelimiziň bu sözlerini geň görmäň. Onuň moral we durmuş obrazy şeýle. Siz oňa düşüniň. Ol şu gün özüňi ele salan milisioner ýumşajyk postele çagyranda, oňa hormat bilen razy bolan jenandyr.

Hurmajemal gözüni ýumjykladyp, ýüzüni kürşerden boldy-da:

– Şeýlem-i? – diýdi. – Getir mikrofony – Ol «mikrofonada garaşman, «öz mikrofonynda» gürläp başlady. – Gadyrly toýa gelen myhmanlar. Menem öz gezegimde joram Jennetiň baý oglana heleý bolmagy bilen gutlaýaryn, oňa ýigrimi bäş ýyl, wiý – Ol hezil edip güldi – ýigrim bäş çaga dogurmagy arzuw edýärin.

Ol «Mikrofonyny» agzyna has tolaý tutdy-da Oguşa garady.

– Oguş janam, äre barman geçsin, Bizi nemetmedik milisioneriň meýdi çüýresin, içeliň!

Hiç kimden ses çykmady. Oguş mikrofonyny unutdy.

– A gyz, dawaý, milisioneriň gürrüňini bersene...

– Waý, aýtsana a gyz! – diýip, Hurmajemalyň bärsinde oturan Heselem jyňňyldady.

Hurmajemal ýerine geçip oturdyda siltenjiredi.

– Müň saparam bir aýtma bolarmy gyz, häli aýtdym-a...

Gyzlar «aýtsan-a» boldup duransoňlar Hurmajemalyň gözüniň yşgalaňy artdy.

– A gyz, o meýdi ýanan meni tutup getirdi-de küpä gabady. Soň gyz protokol ýazdy. Şaýatlardan soran boldy. Ahyry olary çykaryp goýberdi-de:

– Bir maslahat bar – diýdi. – Boýnuňa al – diýdi. Menem:

– Aňyrda gez –  diýdim. – Ýatan kürte, gyzlar bilen degşen bolup, başyma atan boldum. Meniňki däl, ýok bolsun – diýdim. – Han-a ýoldaşlarym, size-de gyzlarmyka diýip, ýüzümi çümren boldum – diýdim. Ol ýene ullakan gujagyny çaýkap siltenjiredi. – Dogru-da gyz, eşitse enem-atam, rektorymyz näme diýer – diýdim. – Ol ýer çeken birden:

– Sen, özüň kimiň maşgalasy – diýdi. – Menem pahanyň adyny aýtdym welin, ýüregi ýaryldy. – Taтaýan, ile baş bolup ýören abraýly adam –  diýdi. – Onsoň gyz, ýaňky ýer çeken. – Bir zat edeli –  diýdi – Men beýle goýbermäýin – diýdi. – Han-a postel, ine-de protokol – diýdi. – Ol-a bäş minut bu-da. Bäş ýyl, saýla – diýdi. – Wah, men çyndyr öýdüpdirin. – Eşigimi çykaryp başladym welin, ol ýer çekmiş pälini üýtgedäýdi, nejis, nemesi turmady öýdýän, he-leý ýaly bolup...

Oguş haha-haýlap güldi.

– Menem şeýtdi, haram doňuz, eşigimi çykardymam welin, «oýun edýän» diýen bolýar. Nejis – diýsän-i.

Anýa el çarpdy.

– Gyzlar, siz Jennetiň näme üçin aglaýanyny bilýäňizmi?

– Namys eden bolýa?

– Pf-u-uw!

– Ýok – Anýa, ýerinden turdy, – Ol käbir ýerjagazlaryny häli, küpede topa tutduryp, indi Baýraşkanyň özüni taşlaryndan gorkýar.

Gyzlar gülüşdiler.

– Aglama, Jennet jan, biziň zamanamyzda ärsiz galmarsyň...

Jennet horkuldap aglap durşuna:

– Ýüzugara boldum, meýdiň ýansyn Juma, aldap, instituta näme diýerin, enem-atamyň ýüzüne nädip serederin...

– Seretme! – diýip, Oguş oňa herreldi. – Goý, olar seretsin, saňa. – Ol güldi – Saňa indi hökümet «hossar» bolar. Özleri äkider, getirer, bäş-alty ýylda ýüzüň şeýle bir süýjär, eneň-ataň nädersiň, ýüzüňi görüp aglaşyberse...

Demir işik kakyldy-da, onuň kiçijik gözenegi açyldy.

– Ýuw-waş, näme şagal mesligini edýäňiz, toýa gelen ýaly, ümsüm oturyň!

– Paşýol-laý!

Oguş ýerinden turdy.

– Eý, nemesi döwükler, aç gyrdyňyz-a. Nahar getiriň, ýogsa naçalnikleriňize arz ederis...

– Bu gürrüňleri eşidip Ogulnyýazyň ýadawlygy-ha däl, haýaty uçdy. Özi ýaly gyzlaryň beýle ýüzi ýyrtyklygyna haýran galdy.

Oguş baryp işigi kakyp başlady.

Soňra Anýa-da oňa goşuldy.

– Açyň!

– Açyň!

Demir gözenek ýene-de açyldy.

– Gohuňyz näme?

Oguş şowhunly gygyrdy.

– Heý, daýyşka, o gyz «balagyma siýip barýan» diýýär. Şony äkidip gel.

Daşardaky içýakgyç gürledi.

– Balagyňyz bolan bolsa, bu ýerde oturmazdyňyz!

Ol gözenegi şakyrdadyp ýapdy. Gyzlar ala-goh bolup sögüşdiler. Gijäniň bir mahaly olary ýeke-ekeden çagyryp başladylar...

– Daýzamam-a gelendir!

Ogulnyýaz ziňk edip gitdi. Ol ilki özüniň niredediginem aňyna getirip bilmedi. Türme, garaňky, çygly, hapa, bir topar başyna goýberilen gyz, ine-de sähel pursatdan hem ýazyň möwç urýan sonarly sährasy. Daýysy, öýe alyp barýan rahat maşyn...

Ol daýysynyň ýüzüne seretdi. Ýazow muny aňdy.

– Daýzamam-a gelmelidir?

Ogulnyýaz alasarmyk oýlardan henizem özüňe gelip bilmän, sowal bereninem duýmady.

– Haýsy daýzaň?

– Eneň, öz eneň!

Ogulnyýazyň ýüregindäki agyr, utanç, namys daşy ýene-de ýüreginiň düýbüne çökdi. Ol begenere hiç zat tapmady. Iň bärkisi şu jennete çalym edýän sährada, şirinligi janyňy üwreýän bahar howasynda hem özüne degişli zat tapmady. Indi ol enäni hem özüne çönlemedi.

«Men indi ol mukaddes enäniň gyzy bolup bilmerin. Beýdip, it masgarasy bolup, kakamyň abraýyna şek ýetirip, olara «men siziň gyzyňyz» diýip bolmaz. Allanyň öňünde ýazygym ýokdur, ýöne ile ony nädip düşündirersiň?! Aýak astyna salnyp depelenensoň, iliň biabraýçylygyň öýi diýilýän ýerine girip çykansoň, «men arassa» diýeniň bilen il saňa ynanmaz.

...Ertesi agşam, gijäniň birmahaly demir işik şakyrdap açyldy. Garry milisioner Ogulnyýazyň atasynyň adyny tutdy.

– Koridora!

– Bu bajyşkanyňam gezegi geld-ow – diýip, Anýa kineli sesi bilen kakdyryp aýtdy. – Göreli häli, hudaýyň seni saklarmyka? Tfu, künti...

Ogulnyýaz oňa üns bermedi. Anýanyň oňa dişini çalmagynyň öz sebäbi bardy. Ol Jennete ynamsyzlyk edýärdi.

– Sataýsaňyz, türmede çüýrärsiňiz! – diýýärdi. Irden Jenneti alyp gidip, iki sagada golaý saklap getirenlerinden soň, Jennet köşeşen ýaly bolupdy.

– Näme diýdiň?

– Boýnuma aldym!

– Jelep! – diýip, Anýa zemzen ýaly çişip ýerinden turdy. – Satdyňmy! – Ol birden atyldy-da, baryp, bir eli bilen onuň saçyndan beýleki eli bilenem göwsünden tutup, ýere ýykdy. Soňam aldygyna depip başlady. Emma Jennetden ýagşydan, ýamandan, iň bärkisi hykgyldam çykanokdy.

Ogulnyýaz garap durup bilmedi.

– Aýryl!

Ol Anýany itip goýberdi, Anýa, nämüçindir, beýle garşylyga garaşmadyk bolarly. Ol birden kürtdürip durdy-da:

– Eý, bajişka, sen s... goşulýaňmy? – diýip, horaz ýaly, petekesini gaýşartdy.

Ogulnyýaz ýygrylyp, bir çugdam bolup, ýere ýazylyp ýatan Jenneti galdyrjak bolup egilenden, Anýa onuň yzyndan güýçli depip goýberdi. Ogulnyýaz duýdansyz urga atylyp gitdi-de, ýere ýazyldy, oturtgyjyň aşagyna süýndi. Onuň ýüzi çygly, beton poluň ýüzi bilen sürpelip, kellesi diwara degdi. Ol galjak bolanda, urgy ýene-ýene gaýtalandy.

Ol dyzanyp turdy-da Jennete topuldy. Ony ýerinden galdyrdy-da, arkasyny Anýa öwrüp, bu gyzy goraglady.

Anýa köşeşenokdy.

– Ýene gerekmi, ganjyk!

– «Alla» diý! – diýip. Ogulnyýaz bokurdagyna gelen bagyr-öýkenini yzyna eltip bilmän, daljygyp aýtdy.

– Hudaýdan gork!

– Paş-ýol-laý sen! – Anýa Jennete ýene haýbat atdy. – Ýöne sen, jelep, men seni s... Eşitdim-eşitmedim diýme...

Ol ýene köşeşmedi. Ogulnyýazyň alyna geldi, Onda hälki ýeňşinden meçewlenme bardy. Şu kamerada özünden özge döşüne urup bilýäniň ýokdugyna buýsanma bardy.

– Eýe-ý, bajyşka, senem bilip goý, men seniň damagyňy çalaryn. Sen meni tananok, düşündiňmi?

Ogulnyýaz Jenneti goraglap oturşyna:

– Şeýt – diýdi. – Meniň damagymy çalyp, şu namysdan dyndarsaň, «jan doganam» diýeýin...

Anýa onuň bu sözüniň manysyna düşünmedi. Ol gyzaran gözlerini jikgertdi.

– Näme diýen bolýar-aý! – Ol Ogulnyýazyň ýüzüni titräp duran eli bilen galdyrdy-da, oňa tüýkürdi, soňam agyr ýumrugy bilen ýelmäp goýberdi. Twar!

Ogulnyýaz bu horluga çydaman, silkinip aglady-da ýüzüni Jennetiň egnine berdi. Anýa onam kän gördi. Jennetiň iki örüm ýogyn, tämiz saçyndan ebşitläp tutdy-da özüne çekdi. Jennet iňledi-de saçynyň-nogtasynyň yzyna düşüp başlady.

Ogulnyýaz başyny galdyrdy. Ol Anýanyň bir-ä Jennetiň ýüzüne ýetip barýan şarpygyny gördi, birem onuň gorkudan, ejizlikden eňräp iňleýän sesini eşitdi. Ol ýerinden laňňa galdy-da, eglip köwşüni alanyňam, ony Anýadan salanynam duýman galdy.

Bir diýeni:

– Goýber! – boldy. – Gaýdyp, oňa el galdyr, göreýin.

– Waý, ganjyk. Wa-aý, wa-aý.

Anýa waý-waýlap, şerraý sesi bilen kamerany elendirip, dyzyna çökdi-de öküz bögüren ýaly edip aglady. Onuň agzyndan çykýan sözler-ä gulak eşider ýaly däldi. Ine, şodan soň Anýanyň demi birneme düşüşip, gözüniň gögüni aýasy bilen ýapyp otyrdy, Häzirem ol bu gelniň milisioneriň ýanynda zat diýip bilmejegini duýup, dilini salaja goýberýändigini gyzlar aňyp durdular.

Ogulnyýaz ala yşyk ýanyp duran koridora çykdy. Garawul ony öňüne salyp, bu koridordan çykaryp, daşarda bişen kerpiçden gurlan tipli jaýa alyp bardy.

Daşary salkyndy. Asmanda ýyldyzlar petreşip dur. Olar sönjek-sönjek bolup, iň soňky güýjüne köreýän köze çalym edýärdi.

Ýaşuly milisioner işigi kakdy. Işigiň içki zülpesini egni ýeňsiz köýnekli, daýanyklydan gelşikli adam açdy.

– Şolmy?

– Şol!

– Sen onda ýeriňe bar. – Ol geleni işikden içeri goýberip, kellesini daşary çykardy –

Gerek-ýarak zadyň barmy?

Aňyrdan ses çykmady. Ol ýene daşary gygyrdy.

– Dur, gel! – Ol içeri girdi-de eli bir çüýşe arakly çykdy.

– Me, hor bolma, içiň gyssa olaň birini äkit, on üç boşdur-a!

– Ýaşuly milisioner boýnusunyjylyk bilen ýylgyrjaklap gitdi.

– Sag bol!

Ol adam Ogulnyýazy içeri çagyrdy. Otag tämizdi. Gyrada diwan, ortada uly, owadan stol durdy. Stoluň üstünde agzy açylan iki sany balyk konserw bankasy, tamdyr çöregi, gök sogan, bir çüýşe limonad durdy.

– Pozdrawlýaýu – diýip, ol adam Ogulnyýaza elini uzatdy. Ogulnyýaz elini bermedi. – Şu wagt prokuraturadan jaň etdiler. Seniň günäň ýok, nemedlenne boşatmaly – diýdiler. Ol stakanlara arak guýdy – Men seni häzirem boşadyp biljek welin birinjiden-ä, gaty giç, seniň bu garaňkyda ýene bir belanyň üstünden baraýmagyň ähtimal. Garaşanyň gowy. Ikinjidenem, birki sany dokumente gol çekmeli, oňa gol çekmeli adam bolsa, garyndaşy ýogalyp, Duşaga gidipdir. Onsoň, aý, bir begendireýin diýdim.

Ol Ogulnyýaza ýer görkezdi. Ogulnyýazyň süňňi gowşady.

«Eý, hudaý jan, gudratyňa döneýin. Öz gyrnagyňy munça bolanyna göra, bu biabraýçylykdanam bir alyp çyk!»

– Şonuň üçin, nätjek, azajyk garaşmaly boljak. – Ol çep elindäki stakany Ogulnyýaza uzatdy. Ogulnyýaz ol stakany eline aldy.

– Şu şatlykly habar üçin. – Ol elindäki stakany başyna çekdi-de, çörek döwüp, bir eli bişen balykly konserwe batyryp, ikinji eli bilenem gök soganyň uluragyny alyp, agzyna dykyp ugrady. – Birdenem, bu owadan gelniň henizem içmänini görüp, oňa ümledi.

– Alsan-a!

Ogulnyýaz elindäki stakana garady.

– Men muny näme edeýin!

– Iç!

– Näme bu?

– Azajyk arak!

Ogulnyýaz stakany, edil gysymyndaky ýylany taşlan ýaly edip taşlady.

– Al, al!

– Ýok.

Ol adam öz stakanyna ýene epeslije aragy guýdy-da, stakansyz eli bilen gelniň eline çörek tutdurdy, Ogulnyýaz çöregiňem duzuny datmady.

– Wop-şe, bu ýere adam getirmek bolanok. Men saňa ýagşylyk edesim gelýär, şonuň üçin getirdim, howwamy! Şonuň üçin, näme gep gelse, men özüm üstüme alýan, ýene, sen, iýmeli, içmelem, howwamy!

Ogulnyýaz içinden begendi. Özüniň aklananyna, gep-gürrüňden dynjagyna, iň esasam, şol dar «dowzahdan» dynjagyna begendi. Ol şol begenjiniň gujagynda tutulan

guş ýaljak bolup otyrdy.

Ol adam iýip-içip boldy. Soň stoluň üstüni ýygnaşdyrdy.

– Çaý içjekmi?

Ogulnyýaz başyny ýaýkady.

– Soň içeris. – Ol işini bir ýüzli etdim hasap edip, diwana geçdi. Uzyn, ak elini Ogulnyýaza golaýjak edip, seçek ýaly inçe barmaklaryny ýazdy.

– Adyň näme?

– Gyrnak! – Ogulnyýaz çyn «adym şu ýerlerde galmasyn» diýip, bilgeşleýin lakamyny aýtdy.

– Dokumentd-ä başgady, howwamy?

Ogulnyýaz başyny galdyrmady.

– Wopşe, bizde bir düzgün bar. Şoňa hemmeler boýun. Kim bu beladan sag-aman dynanyny aýtsa, şonuň islendik dilegini, bitirmeli, howwamy? Men saňa şeýle uly habary buşladym, indi şu gije sen meniňki bolmaly, howwamy!..

Ogulnyýazyň injikleri saňňyldady. Ol laňňa ýerinden galdy-da işige bakan ýöneldi.

– Meni öňki ýerime äkidiň!

Ol adam ýylgyrdy. Baryp, Ogulnyýazy ýa saklajak boldy, ýa-da ony gujaklajak boldy, oňa elini uzatdy.

– Aýryň eliňizi, Äkidiň meni!

Ol adamyň azaryna däldi.

– Otur, men seni kän eglemen. Birki sapar nemederis, soň özüm Aşgabada eltip gaýdaryn.

Ogulnyýaz gaşlaryny gaharly gerdi.

– Açyň. Kakam milisiýanyň naçalnigidir. Häzir, «azar berýärler» diýip jaň ederin. Ol adam bu sözi ilki bir geň galjagam boldy. Emma bu ýerlerden ol gyzyň adam ogluna habar ýetirip bilmejegini derrew aňyna getirdi-de işige bakan dyzady.

– Otur! – diýip, ýene-de gelne elini uzatdy. Ogulnyýaz heniz eneden bolup erkek adam kowmuna elinden tutduran maşgala däldi. Ol häzirki ýagdaýynam hapa görüp, jany çykyp barýardy. Onuň üstesi- ne, garaňky gijäniň içinde bu syrly ýerlerde nätanyş, içgili adam bilen, onda-da özüniň matlabyny bassyr-ýussursyz yglan eden adam bilen galmalydygy baradaky pikire onuň bir ýüregi ýarylmady.

– Açyň! Jan doganym. Buşlugyňyza tahýa tikip bereýin! Aýalyňyza ýaka keşdeläp bereýin. Gören haýran galar. Ýöne, öňküje ýerime goýberiň!

Ol adam Ogulnyýaz bilen çekeleşibem, oňa ýalbarybam durmady-da, nähilidir bir emek bilen öňe dyzaýan gelniň ýeňsesine, bir agyrly ýerine depdi.

Ogulnyýaz atylyp gitdi-de, poluň üstüne agyp düşdi. Bir salym damagy çalnan ene mal ýaly titir-titir etdi-de ýene galjak boldy. Ýene bir agyr urgynyň zarby gelni ymykly ýere ýazdy.

Ol adam gelniň köýnegini ökdelik bilen galdyrdy-da aýak geýmini aşak çekip başlady. Soňam öz eşiklerini gabat gelen ýere taşlaşdyryp, çykaryp başlady.

Geliň bu bihaýaçylygy görüp ýatsa-da ysgyn-mydar galmadyk göwresini göterip

bilenokdy. Birden onuň gözi özüniň ýalaňaç tenine düşdi-de, oklukirli ýaly düýrükdi. Onuň birden dälilik hetdine ýeten gözi hälki çüýşäni gözledi. Çüýşe onuň eliniň ýanynda, köne tumboçkanyň sag taýynda durdy.

Ol çommalan ýaly etdi-de aýak geýimini düzetdi, Köýnegini aşak çekdi. Oňa çenlem beýleki adam geldi-de onuň üstüne atlanjak boldy. Ýöne gelniň taýýar däldigini gördi-de, täzeden onuň içine çöwüp depmek üçin aýagyny galdyrdy. Ogulnyýaz buruldy. Batly aýak onuň içine däl-de syrtyna degip, daş ýüzüne taýyp gitdi. Aýak ýene-de galdy. Oňa çenli gelin elindäki çüýşe bilen ol adamyň topugyna janynda baryny edip ýelmedi.

– Wu-f, wu-uf! – diýp, ol adam şol ýalaňaçlygyna birki sapar pyrlandy-da süňküniň awusyny almak üçin oturgyja çökdi.

Ogulnyýaz ýerinden turdy-da, işige bakan okduryldy.

– Dur, diýýän!

Bu sözi ol daşky gapynyň zülpesini açyp durka eşitdi. Ol garaňky gijäniň içine sümüldi-de, türmäniň daşky işigini kakyp başlady...

Daýzam nähilikä? – diýip, ol indi özüni birneme dürsäp, sorady. – Men şu geçen ýedi günde şony gaýgy edip geçirdim.

Ýazow ilk-ä sesini çykarmady. Soňam maşynyň badyny peseltdi-de ony saklady.

– Gel, ýegenim gapdaljygyma geç. Çaý içeli.

Ogulnyýaz daýysynyň ýanyna geçdi. Onuň termosdan guýup beren gök çaýyny gapagyny eline aldy.

Häzir ol daýysyndan daýzasynyň ýagdaýlaryny, bu wakalar barada onuň pikirlerini bilesi gelýärdi. Daýysy sumkasyndan somsa çykardy-da bir agyz salym dişledi-de, gowy çeýnedi. Soňra bu owadan sähranyň aňry serhedini görjek bolýan ýaly, alyslara garady. Elindäki kirli käsesinden bir owurtlady-da, gyzgyn çaýdan ýaňa çalaja tisgindi. Soňra:

– Sen – diýip, ýene alysa garady. – Daýzaňy gaýgy etme, Onuň köpi gidip, azy galypdyr. Sen özüňi gaýgy et. Sud bolsa, kim bilýär näme diýiljegini. Iş agyr. Bu işiň derňewi gaty berk. Kollektiwleýin jenaýatmyşyn. Studentleriň arasyna gidýän neşe ýoluny, ony guraýanlary tapyp bilmän ýören ekenler. On bäş gyz diýýär, üç günde wagonlardan tutulan. Özlerem, hemmesiniň başy kürtelimişin. Sizem üstesine...

Ol birneme sowaşan çaýyny gorka owurtlady, soňra ony depesine çekdi-de täzeden gyzgynjagyny guýdy.

– Indi seniň başga çykalgaň ýok. Daýzamam diýme, goňşymam bolan zady dogruja aýt. Kürte seniň başynda bolsa-da, sen bileňog-a. Şeýle dälmi?

Ogulnyýaz ýandy.

– Wah, bilsem, başymdan aýlap atjag-a. Nireden bileýin...

Ol şol elhenç gijäni ýatlajak boldy. Emma bolup geçen eýmençden eýmenç wakalardan eli titredi. Çaýly kesesi çaýkandy. Ony gören Ýazowyň gözleri peträre geldi.

– Sen ýaş gelinsiň, gorkaýma. Diňe özüňi gaýgy et. Aslynda, sen daýzam

diýme-de, sud bolýança eneň ýanynda bol. Ýa-da Merdanyň ýanyna Baýramala äkideýin...

Ogulnyýazyň depesinde goşa ýyldyrym çakdy. Onuň hor, akja, owadan ýüzüne gülälek ýapragy ýapylan ýaly boldy.

– Daýy – diýdi. – Jan daýy, meni alyp git – diýip özelendi- de, birdenem ýüreginde indi telim gün bäri bent alyp duran sili saklamaga gurbaty çatman, çaýly käsesini üstüne seçelendirip goýberdi. – Gurbanyň gideýin, daýy. Enemler diýme, kakamyň gül ýüzüni solduranym azmy, onuň derdini bir täzeläp durmaýyn. Enemler diýme! Äkit meni.

Ýazow çaýyny çalt-çalt içdi-de, käsesini ýygnady.

– Hany, göreli!

**13.**

Ogulnyýaz otly diýseler öňem-ä bir tanapyna towsup duran däldir welin, araky başagaýlyk ony otly diýen zatdan hasam berçikdirdi.

Ol tutuş ömrüne ýeke sapar aýagyny degrip görmedik zadyna bir hepdäniň başynda bir, aýagynda bir münmeli boldy duruberdi.

Ýöne onuň häzirki münen otlusy rahatdy. Küpede diňe daýysy ikisi otyrdy. Daýysynyň ilkagşam, otly ugran badyna düşegine geçişidi. Ol çalarak hor çekip, yranjyrap süýji ukuda ýatyrdy.

Bu otly Ogulnyýazam şu derdi-balalardan, gepden-gybatdan alyp gaçyp barýan ýalydy.

Merdanyň didary gelniň gözünden uçupdy. Ol surat bilen ýaşaýardy. Adamsynyň, ýekeje sagat ýaşaşan adamsynyň suraty onuň gije-gündiz gözüniň öňündedi. Emma özi welin, gözden uçupdy.

Ol Merdan bilen duşuşjagyna begense-de, bu ahwalatlar ýadyna düşende gyýylyp gitdi. Obadaky biderek gürrüňler çişe-çişe, ýarylara gelipdi. Ýöne sudly mesele-de onuň böwrüni az müňküldedenokdy. Dertler biri-birinden agyrdy, haýsyny niräňe goýsaň, ýöne ýakyp barýardy.

Ol öň hemişe enesiniň öňünde hasabat okardy. Enem käýýäýmesin diýerdi. Öz ýanyndan enesine hemişe düşündirer ýörerdi. Bir ýere gitse-de, gelse-de, sähel gijä galsa-da ýagdaýyny, günä jezasyny enesini ölçegi bilen ölçärdi.

Durmuşa çykandan soň daýzasy onuň ölçeg agajy boldy.

«...Daýzam eýle diýäýmesin, daýzam käýýäýmesin» diýdi. Emma düýnki gykylykdan soň arada diňe Merdan galdy. Ol bolan ýagdaýlary, gep-gürrüňleri, miliseli meseläni Merdana aýdasy gelýärdi. Ol içindäki derdini bir azat etsin, soň Merdan ony çapym-çapym etse-de «wah» diýjek däldi.

Emma daýzasynyň niýeti başgady. Ol gelniniň ýüzünem göresi gelenokdy! Ine, ol derdem Ogulnyýazy ýakyp barýardy.

...Ýazow Ogulnyýazy maşyndan düşürip, özi içerem girmän, işe görünjek diýip budur gitdi.

Ogulnyýaz, misli, ýat ýorgana barýan ýaly, namys oduna ýanyp, ynsabynyň a1a,bagyna çolaşyp, girelgeden ýokary çykdy.

Işik açykdy. Ol ýerden mähriban sesleriň, näçe gün bäri gulagy zar bolan sesleriň gelýänini eşitdi. Daýzasynyňam, enesiniňem sesini tanady. Olaryň üstüne girmäge ejap etdi-de, işikde birsalym durdy. Ýöne zenan ýüregi çydam edip bilmedi. Içeri girdi. Baryp, bir dula çökdi-de, misli iň ýakyn adamsynyň ýerine gelen ýaly, eňräp başlady. Ol ynsabyny parçalap gaýdandyryn öýtdi.

Iki dogan Ogulnyýazyň geleninem, gireninem görseler-de seslerini çykarmadylar.

– Nirä gel-diň! – diýip, Pugta daýza ýaryldy. – Bihaýa, salaty! At ýitiren, tentek! Gelme, git şu öýden.

Ol diýjegini diýip bilmeýärdi. Togta ejäniň barlygy ony ýakýardy. Ýüreginiň howruny, içiniň ýangyjyny pasyrdadyp daşary uçurjak sözleriň ganaty gyrlyp-gyrlyp galýardy, Ol onda-da sesini goýarly däldi. Asyl, heniz gyzanokdam.

Ogulnyýaz welin şol sözlere-de daýzasynyň uraryna-da garaşýardy.

– Tentek! Nähili abraýym bardy, meni peçan etdi, ile. Ile çykarlygym galmady, ylaýym, bagtyň ýatsyň, gara bagt!

Togta eje oturyp bilmedi.

– Goý, gyz – diýdi-de, doganynyň badyny aldy – onuň bagtynyň ýatdygy, kimiň bagtynyň ýatdygy. Hany, gowy gürleşeli.

Pugta daýzanyň «gowy» gürleşesi gelenokdy. Ol ertirden bäri ähli «hapany» gelniniň üstünden eňterip otyrdy. Özi bu zatlary bilmeýänden bolýardy. Eger häzir «gowy» gürleşiläýse, onuň aýby açyljakdy.

– Han-ha, agtygyň! – diýip, ol öňünden gaçyp ugrady – Şermende çykdy, bedasyl çykdy!

– Näme bolanmyş?

– Näme bolarmy? – Işinden bir heleý: «biri bilen gezýä» diýip üstüme geldi. Ýene birini urup, gözüni çykaryp, suda çekilipdir. Köçede galmyş, iki gün köçe süpürende, atasy ýaly adam bilen dalaş gurap, ähli goňşy ýüzüme basyp otyr. Ine, bu – masgaraçylygam hemmesiniň üstesine...

Ol sesini az-kem peselden ýaly boldy. Işik açyldy, Içeri ýüzi-gözi garaört bolan adam girdi.

– Salowmal...

Oňa ýüz beren bolmady.

– Merdanlarmy?

– Ow-wa! – Pugta daýza, oglunyň ady tutulandan, ähli pikirini başyndan uçuryp, myhmana öwşerildi.

– Men Baýramalydan geldim!

Pugta daýza tarsa ýerinden galdy.

– Näm boldy!

Gelen adam töre geçdi.

– Salam aýtdy. Öýe baryp, görüp gaýt diýdi. Sargyt etdi.

Bu habara Togta eje-de ýerinden turdy-da geldi.

– Hany, geç, otur, jigi! – diýdi – Çaý iç. – Ol aşhana bakan ýöneldi.

Myhman, nämüçindir, arkaýyndy. Ol jaýlaşykly oturdy. Ogulnyýaz ýerinden galmady. Ol heniz, ýagşy çeýnelmän, ýerinden galyp biljek däldi. Ol ýerinden turup, ylgap, işläberende-de onuň bolşy sülä geljekmi, ony daýzasy makullajakmy, olam belli däldi. Onsoňam, ol süňňüni, eşiklerini tämizlemese, gap-gaja urnup biljek däldi.

Ogulnyýaz içerä göz aýlady. Öýüň içi sölite çopanyň goşuna meňzeýärdi. Goş-golam, göçüp gitjek syganlaryňky ýaly, dökän-saçandy. Klenkanyň üstünde içi pilisläp giden käseler, söndürilen çilim galyndylary, otluçöpüň däneleri, ownuk-uşak, syr-süplük ýüzi syrylyp-süpürilmänden soň hasam köne görünýän palasyň üstüne ýaýrap ýatyrdy.

Daşy kirlän ýassyklar, düşek, ýorgan bulaşyp, gözgyny halda içerini hasam garyplaşdyrýardy. Emma Pugta daýzanyň oturşy, kemi olara meňzänokdy. Ol öňem temmäkiniňmi, nasyňmy derdinden, gumy dökülmäni üçin ynjap giden nas tüýkürilýän hapa bankanyňmy ysyndan gurruk guýynyň demi ýaly, ajap giden howany çilimiň burum-burum tütüni bilen üwräp otyrdy.

– Näme diýdi? – diýip, ol temmäkiniň ajysyna ýagşy mäzleşip çorlap giden çep gözüni gyrpakladyp sorady. Myhman ilki bir kellesini saňňyldatdy-da, olam gözlerini gyrpaklatdy. Soň burnuny çekip birki gaýta agyr ýuwdundy.

– Gowy, tüweleme, gül ýaly!

– Şeýledir-le!

Pugta daýza çaý getiriljek tarapa gözlerini agdardy.

– Onsoň, sargyt etdi. – Ol agzyny çommaltdy-da, ýanan dodaklaryny ýalady. Birinjisi, – Bäşim jan – diýdi – Mamaşa aýt – diýdi. – Swidaniýa gelsinler – diýdi. Göresim gelýär – diýdi.

– «Mamaş» diýdimi?!

– Hä-ä! «Mamaş» diýdi. Men onuň diýmedik zadyny «aýtdy» diýip bilmän-ä. Ýalan sözlesem, ertir onuň bilen ýene duşuşmal-a men. Onuň «Mamaş» diýeni dogry.

– Häý, doňuz ogly, indi düzelipdir, gör, öýden aýrylsa düzeläýär. – Pugta daýza ýylgyran ýalam etdi-de, töweregine bir garady. Gözi çugtdyryp, bu dünýäniň adamsy däl, ýaly bolup oturan gelnine düşdide, ýene myrryhy aglanyp, ýüzüni öňki keşbine getirdi.

– Işleýämi?

– Işleýä! Gowy iş. Çastnyý iş. Bir baý, aý, men saňa diýsem, gurply oglan öz ýanyna aldy, Şoňkuda, ol. Güni – Ol elini bokurdagyna ýetirdi – Wo-oh, geçýär.

– Ikinji sargydy näme? Pul ibermedimi?

– Bu sowal Bäşimi aljyratdy. Onuň aýtjak bolýan sözi agzynda pytrap gitdi.

– Ikinjisi, birnemejik pul bolsa diýdi.

– Näçe? – Ol dyzynyň aşagyny köýneginiň etegi bilen ýapyşdyrdy.

– Aý, näme, tapdygyňyzdan...

– Näçe?

– Otuz-kyrk müň?

– Nä-äm-me-e-e?

Pugta daýza açyk agzyny ýumaýynam diýmedi. Şol durşuna eňräp ugrady.

– Ýer çeksin ony. «Mamaş» diýse, gaty begendim. Onça puly näme etjek eken. Ejesine aş berjek bolýamy? Men nireden alaýyn, ona puly. Özümi sataýyn diýsemem-ä, ine, bolup oturşym – diýdi-de özüni görkezdi. Soň gözi bilen gelnini görkezdi. – Han-ha özüni satyp, weşeň-weşeň pul ýygnap ýöreni bar. Iberibersin.

Myhman ýaş gelne garady.

– Ol kim?

– Pugta daýzanyň demi hažžyldap çykdy.

– Kim bolar, ak daban, başymyza ýeten. Gelin almadyk, bela aldyk. – Ol aglamjyran bolup, gelniniň ýoldan çykanlygy barada hälki aýdan sözlerini ondanam edrenjiräk edip sanady – Ýurt ýykan küntüsini başyma atyp gitdi. Indi üç ýerden süýt etjek diýip gelip durlar. Indi onuňky näme?

Myhman titräp, gulagynyň eşidýän sözlerini arryk, halsyz kükregine sygdyryp bilmän, närazy halda turup gitdi.

Togta eje-de aýal doganynyň bu wejera sözlerine çydap bilmedi. Ol agtygynyň garşysyna geçdi.

– Sud bolýança, seň öýe gaýt! Bu ýerde ölersiň.

Ogulnyýaz ýere seredip oturdy-da ýuwaşjadan, kömre dönen dodaklaryny gymyldatdy.

– Kejebe bilen geldim, ene, kejebe bilenem bararyn.

Enesi gorkdy.

– Aklyňdan azaşma. Hudaýyň salanydyr.

– Ogulnyýazyň çöken, garalan gabaklarynyň arasyndan gaýdan monjuk çyranyň ýagtysyna lowurdap gitdi.

– Ene, Allanyň öňünde-de, kakamyň öňünde-de, seniň öňüňde zerraň bölegi ýalam günem ýokdur. Şuny bilip goýuň. Indem bolmaz. Etegimi elletmeg-ä däl, iliň gepinem janyma ýokduran däldirin...

Pugta daýza oturyp bilmedi.

– Akja kepderisiň-ow, perişdesiň-ow, il, näme, oýnamaga aýdýamy?

Ogulnyýaz enesine garady.

– Il diýibersin, men öz ýakamyň bagyjygyny bilýän daýza.

– Daýza diýme, maňa şerraý, k...

Ol agzyna gelen sözi aýdyp bilmedi.

– Ýok bolup gitmäň näme, ýedi günläp gazamatda ýatmaň näme, şol ýerden düzüg çykarandyrlar öýdýäňmi?

– Daýza! – Ogulnyýazyň ýadyna Aknabat gelnejesiniň, şol gelnaljy gelen agşamsy aýdan: «Sähel ýerde biabraý bolunýan ýeridir gaty pugta bolgun!» diýen sözi düşdi, Häzir ýüpüň syrygyp toýnak, geçýän ýeridi, bu ýerde gelinsiräp dymdygyň, ömürlik ýüzüň garaltmaly boldugyňdy. Onsoňam ol daýzasyny sylap bilipdi. Häzir bolsa onuň

ýanynda enesi bardy. Şonuň üçin ol ömründe etmedigini etdi. – Men seniň ýeke sözüňi ýykmajak bolup gitdim.

Pugta daýza ör-gökden geldi.

– Ana, ana, gördüň dälmi? – Ol Ogulnyýaza ýumrugyny çenedi. – Köpbilmiş k... Senden her zat çykar. Men seni näme üçin iberýin! Tapdyň bir özüň ýaly sypany...

Ogulnyýaz indi özüni saklap bilmedi.

– Daýyň garyndaşlary çörege çagyryp goýanoklar – diýdiň.

– Men ol aýaly tanamog-a. Kürtäm barmy meniň, şaýym barmy men Ählisi seniňki ahyryn!

– Oh-oh, howul bela, howul bela. Bu ganjykdan her haýsy çykar. Ol aýal doganyna tutundy. – Ýok, et, beýle gelnem gerek däl, ýalynam. Meni ile peçan edip. Ýeke günem goýma.

Togta eje indi köşeşdi. Ol agtygynda aýbyň ýokdugyny, ön ýüregi syzyp dursa-da, indi pugta düşündi. Ol ynjalykly gepledi.

– Hany, tükediň. – Ol aýal doganyna garap başyny ýaýkady.

– Sen, Pugta, agzyňy aja uralyň bäri ynsabyňy ýuwutdyň. Heý, beýdäýme bolarmy? Dilsiz-agyzsyz çagada näme kastyň bardy. Al, indi oda gorsa-da iý. Saçyny syryp, gözenegiň astyna dyksynlar. Ýeriň giňelsin seniň. – Ol agtygyna elini bulady. – Tur, ýer çekeň, ýyg goşuňy. Kejebe diýen bolup...

Ogulnyýaz sesini çykarmady. Togta daýza howlukdy.

– Bol, bahym. Gün gitdi!

– Ýok, ene, men daýzamy ýeke goýmaýyn. Görýäň-ä bu içerini,. Sen meni ýazgarma, gidip biljek däl...

Togta ejäniň ömründe beýle haýran galan ýeri ýokdur.

«Depesinden urup, agzyna gelneni pürkülip durka-da beýip oturyşy nämekä? Ýa o haýran munam ýaman öwredäýdimikä, toba».

– Ol hoşlaşman çykyp gidipdi...

Ýöne şol gije turan gowgany ýatlanda, ýüregi tüýdülere geldi.

Agşam Bäşim diýilýän adam ýene-de gelipdi. Onuň ýanynda-da iki sany daýaw pyýada bardy.

– Daý-za! – diýip, ol adam öňki Bäşime, düýbünden meňzemän aýtdy. – Nätdi, puly tapyp goýduňyzmy?

Pugta daýza pul diýilse jany çykara geldi.

– Pul nirede, mende. Puluň bolsa maňa ber, bir atym nasym ýok. Bäşimiň ýüzi garört boldy. Ol dodagyny gazap bilen dişleýädi.

– Garry – diýdi. – Dawaý, men howlukýan, Ýaňy aýtmadym, sebäbi ogluň kart oýnap otuz müň manat utdurdy. Onam menden aldy, ejem berer – diýdi. Adresiňizi berdi. Ine, geldim, hana-da şaýatarym.

Daýaw pyýadalar dok, agyr ýüzlerini däl-de, gaşlaryny galdyran bolup durdylar. Olaryň iki gözem Ogulnyýazdady.

Pugta daýza-da kem galmady.

– Mend-ä pul ýok. Sen beren bolsaň, alan adam beribersin. Işim ýok...

Bäşim ahyr bolmajagyna tutdy.

Eý, garry, indi meniň sabyr käsäm doldy! Berseň-ä puly ber, bolmasa-da diňle. – Ol Ogulnyýaza baş atdy – Ýa-ha gelniňi üç bolup oçura goýarys, ýa-da baryp ogluňy öldürip gaýdarys.

Garrynyň müň tüýünden birem gymyldamady. Gaýta, içýakgyç gürledi.

– Bar, öldür. Saňa özüni öldürtjek bolup duran ogul bardyr, gurumsak. Çyk, owarra bol-a!

Bäşim işigi içinden ýapdy-da, ylgap baryp, gelniň ýeňsesine atan goşa örüm saçynyň düýbünden tutdy. Jübüsindenem iki ýüzli gama çykaryp, gelniň boýnuna diredi.

Ogulnyýaz saçynyň awusyna gözüni ýumup uwlady-da, elleri bilen ýer sermedi.

– Aýryl! – diýip, edil sesi ýeriň teýinden çykýan ýaly, boguk owaz bilen gygyrdy. Pugta daýza edil bir kino seredýän ýaly, arkaýyndy. Iň bärkisi, «degmäň» hem diýenokdy. Gaýtam:

– Pul-a ýok, şol aýaly şeýdeniňiz bilen ynjalýan bolsaňyz, gowruň-da iýäýiň.

Bäşimiň ýüzi üýtgedi.

– Gowrup iýmeris. Ony häzir seniň gözüň alynda ýeke-ýekeden...

Oglanlaryň daýawragy, «eger nobata durmaly bolsa, gijä galmaýyn» diýen terzde Bäşimiň ýanyna ylgady.

Bäşim Ogulnyýazy süýräp başlady. Saçynyň agyrysyna gelin çabalanyp, ýer sermäp ýatmadan başga zady bilenokdy.

– Aýrylyň, nejisler, ýok boluň. Hudaýdan gorkuň. Alla jan, özüň ýetiş...

Gelniň agyly sesi adaty sese däl-de boýny ýüpüne dolaşan bag çebşiň sesine meňzeýärdi.

– Aý-ýrr-yl!

Oglanlaryň üçünjisi durup bilmedi. Ol Bäşimi itip goýberdi.

– Beýtmesen-e!

Bäşim bu sözlere aýňalar ýaly däldi. Ol ýigit daýaw pyýadany gyssady.

– Gurban, näme dursuň. Goýbersin!

Bäşim yzyna gaňryldy.

– Sen-o, gowja bol, şuny böwrüňden geçirýän.

Ol ýigit ilki bir ejizläp durjak ýalam etdi. Emma köýnegini aýal geýiminiň ýaryna çenli sergi edip ýatan biçäre maşgala dözmedi.

– Onda näme günä bar. Görýäň-ä ony öldürseňem hiç kimiň azaryna däl. Ejize ganym bolma.

Ol oglan çalaja ýylgyrdy.

– Bäşim, gowulyk bilen goýber-eý ony. Bolmasa...

Bäşim goýbererdi däldi. Ol oglan. ahyr bolmajagyny bildi-de, baryp Bäşimi gapdala itip goýberdi. Bäşim gelniň üstüne ýykyldy. Ol oglan bolsa Bäşimiň aýagyndan tutup, işige bakan çekip ugrady.

– Aýryl! Goýber!

Indi Bäşimiň özi gygyryp başlady. Ol elini gelinden goýberse-de ýerinden galyp bilmedi.

Işik kakyldy. Kimdir bir erkek adam, megerem Ýazowyň sesi eşidildi. Ol oglan Bäşimiň aýagyny goýberdi-de, gyra çekildi. Bäşimem ýerinden turdy. Ol gaharyna özüni ýykan ýigidi agtardy. Oňa çenli ol ýigit işigiň zülpesini açyp, çykalga bakan haýdady.

Ýazow içerden güsürdeşip çykyp barýanlara aňka-taňka bolup garady.

– Näm-ow bu?

– Hiç zat, agasy, bary gül ýaly – diýip, hälki daýaw pyýada hem howsala, hem gorky gatyşykly aýtdy-da, her basgançakdan bir böküp, aşak eňip gitdi.

– Bu näme? – diýip, Ýazow bulaşyp ýatan içerini görüp işikden etläp badyna aýtdy. Ogulnyýaz ýalaňaç başyny tutup, özüni ýygnap bilmän oturşyna eňreýärdi.

– Bu näme diýýän? – Daýzasy çorly gözlerini jüýjerdip, gelnine elini uzatdy.

– Öýüňde ärsiz heleý saklasaň buça-buça görjegiň kän bolar.

Ýazowyň zähresi ýaryldy. Ol işikden zymdyrylyp çykdy-da çykalga bakan atylyp gitdi. Bar salymdan ahmyr bilen dolanyp geldi-de, işigiň söýesine ýaplanyp, dyz epdi.

– Wenezzynalar!

Ol demi-demine ýetmän ep-esli oturdy. So-oň birneme demini dürsäp:

– Sud ikinji gün boljak! – diýip, ahmyrly aýtdy.

– Ýegen bilen Baýramala, Merdanyň yzyndan gidip geleli, erte agşam...

Ol ýene bir salym içini hümledip oturdy.

– Ýaňkylar kimler? – diýip, gaýtadan sorady. Ogulnyýaz ol gürrüňi daýzasynyň sözi bilen galdyrasy gelmedi. Daýysyny namys astynda goýasy gelmedi.

– Eltepedenmiş. – Merdan üçin otuz müň manat soraýalar. «Ýok» diýseňem...

Ýazoz indi birneme sowaşdy.

– Ertir taýýar bol, ýegen işiňe-de aýlan!

Ogulnyýaz daýysynyň ýeňünde namys ýassygy bolup galmanyna begendi. Ýazow gidip barýarka başyny ýaýkady.

– Iş ýaman. Ol aýallar-a ýygnapdyrlar.. Towşan diýdimi, powşan – diýdimi. Gaty berk tutýarlar-ow, hudaý bardyr-da...

Otly ähli hasratlary depeläp, gelni mundan sähelçe gün hasrat bilen gelen ýolundan begenç bilen äkidip barýardy. Ol şonda gaýdyp bu ýollardan ýene ýörärin diýmändi.

Tejeniň goraghanasyndan aman çykaryn hem öýtmändi, Soýa «yzyňdan daýyň geldi, çykmaly» diýilse-de garaňky, çygly burça gysylyp, titredi oturdy.

– Yzymdan geljek daýym ýok – diýip.

– Asyl, soň gerüp otursa: «Buşluk, siziň günäňiz ýok, häzir jaň etdiler» diýip, olar nebir gyzlaryň başyny aýlap ýören bolsalar nätjek.

Muny soň oňa gyzlaryň özleri gürrüň beripdiler. Asyl Anýa:

– Gözüň aýdyň, boşapmyşyň-a. Buşluk hakyňy berdiňmi! – diýip hikirdände bilip galdy.

– Wah, meýdi ýanmyş, aldap! – diýip, Oguş hem puşmanly hemem namys oduna tütäp aýtdy. – Menem ynanyp, meýdiň ýansyn...

– Bizem şeýtdiler-ä – diýip, kakasynyň gelip, boşadaryna garaşyp oturan Keýkerem aýtdy. – Utançsyzlar, kakam bir gelsin...

Ogulnyýaz başyny! ýaýkady. Ol içini hümledip oturşyna, sähelçe aýş içinde gören görgülerini göz öňüne getirjek boldy. Bolmady.

Onuň ýaşyndaky ýaş, ýaňy öýe düşen gelin üçin başgalar-a däl, diňe şu gün ertirki wakalaram aklyňdan azaşmak üçin ýeterlikdi.

Ol işine bardy. Ýolda oňa Aýja duşdy.

– Geldiňmi, gyz! – edip, ol, şatlygyny içine sygdyryp bilmeýän ýaly, ýyrşardy – Gaýynyň aýtdymy, gelip-gitdi diýip.

Ogulnyýaz sesini çykarmady.

– Gowy gaýynyň, bar eken-le gyz.

Olar ýoly kesip geçdiler-de redaksiýa tarap ýüwrüldiler. Aýja aňyrsyna bakyp duran erkek adama elini uzatdy. Soň Ogulnyýaza: «Sen gidiber» diýdi-de, özi oňa garşy sowuldy.

Ogulnyýaz öňki ýerine baryp oturdy. Ýöne ol bu ýerde iň soňky sapar oturýan ýaly, sowuk duýgyny başdan geçirdi. Kabinetem, redaksiýa-da sop-sowukdy, Ýüreginde-de bu ýere bolan zerre ýylylygam ýokdy.

Iş başlany. Diňe Taňry Berdiýewiç bir boýnuny uzatdy-da, soňam öz kabinetine girip gitdi.

Sagat onlarda ony redaktor çagyrdy. Redaktoryň kabinetinde işgärleriň ählisi diýen ýaly otyrdy.

– Tamam! – diýip, redaktor ýüzüniň deň ýaryny äýneginden çykaryp, galan böleginem çykarmaga dözmeýän ýaly bolup töweregine garady. Hemmäňiz ýygnandyňyz. – Ol ýerinden turdy. Mesele bir. Näme etmeli? – Ol Ogulnyýaza barmagyny uzatdy. – Gelin diýsem gyz ýaly, gyz diýsem ýaňy gelinlige ýetişen... Emma... Özüň düşünýänsiň!

Oturanlardan biri pyňkyrdy.

– Başlyk, ýaman kankretniý aýdýaň-aý!

– How-wa-laý! – diýip, Aýja jak-jaklap güldi.

– Başlyk bolsaň ähli dannyny bilmeli bolar-daý! – diýip, başga birem gorjap goýberdi.

– Näme diýdiň – diýip, Taňry Berdiýewiç gulagyny elledi.

Oturanlar oňa-da gülüşdiler.

– Tamam! Tamam! – Redaktor gepi kän uzaltmady. – Ap-agym, men-ä seniň bilen beýdip işleşip biljek däl. – Ol iň ahyrky delili hökmünde haýsydyr bir kagyzy depesinde pyrlady.

– Wot, belli hudožnigiň arzasy. Gözüni çykarypdyrlar. Yzy näme boljak onuň, alla bilsin.

Aýja oturyp bilmedi. Ýerinden turdy.

– Başlyk, neme, pahyrjyk, gözünem daňyp, ullakan adam. – Ol gözüni süpürdi. – Ýaňy duşdy, ýaman nebsim agyrdy. Heý, şeýtme bolarmy? Seniň üçin. – Ol Ogulnyýaza elini serdi – Ne bir erkek adam maýyp. Biz kim? Erkek adam bolmasa, biz kime gerek. Ýewropada bäş aýala bir nastoýaşiý erkek düşýär. Bizem, samsyklyk edip, biriniň gözüni çykarsak, biriniň gulagyny goparsak, on aýala-da bir erkek düşmez. Erkekdir-däreý. – Ol Taňry Berdiýewiçe garady. – Işini bitirseň, mes bolup gider-dä. Näme göwni bar. Şeýle dälmi?

– Näme diýdiň?

– Bela diýdim!

– Hä, düşündüm, düşündim!

Oturanlar gülüşdiler.

– Erkek, Aýja!

– Ähli aýal sen ýaly jomart bolsa, biz gözümizi çykardyp ýörmeli däl-ä.

– Howwa-laý!

– Tamam! – Redaktor ýaňja ýerine geçen Aýja bakyp ýüzüni kürşertdi – Özüňem aýt-da.

– Aýja ýene-de ýerinden turdy.

– Men, hormatly işdeşler, Gyrnak işe geldi welin, bir begendim, bir begedim. «Men şunuň bilen ömürlik jora bolaryn» diýip, özüme söz berdim. Nähili owadan, nähili ýaşajyk, nähili arassaja. Ähli erkeklerimiz şol diýip öldüler. Emma azajyk wagt işleşdim-de «Toba» diýdim. Ol şol döwürde kimiň gözüni çykardy. Kimiň tas gulagyny toparypdy, kimiň ýüzüni aldy. – Ol iň esasy deliline geçdi – Men size bir zat aýtsam, ögärsiňiz. Redaktor meni onuň öýüne iberdi. – Aýja, ýüregi bulanýan ýaly, ýüzüni çytyp, howsalaly ýuwdundy. – Uf, onuň öýüni, hapa, kir, süňkler, saçagyň üstüne nahar dökülip, oňa-da siňek üýşüp, uf, ýassygy galdyrsaňam, aşagy dökülen nahar, klenkanyň aşagam dökülen nahar, olam ajap, porsap dur, uf. Gowja gaýyny bar, dillije, olam ýanyp, aglap, otyr. Bu-da bir erbet aýal goňşusy bar, Annasoltan diýip, ýurt ýykan, şonuň bilen toýa gidipdir. Wah, haýyp, Bike daýza pahyr. Çagam diýip muňa günde gyzgyn çörek iberýä. Biz nädip ýörüs...

Aýja başyny armanly ýaýkady.

– Nädip, toýa gidip bilýäň, uf, ýandym. Sen bizi sylamasaňam, ejeň ýaly adamy, Bike daýzany syl-a. Ol seni nähili görýä. Yzyňdan gitjek bolup telim geldi.

Ol turdy. Redaktor ýüzüniň perdesini syran ýaly edip, äýnegini aýyrdy.

– Näme etmeli!

Hiç kimden ses çykmady. Ogulnyýaz ýerinden turdy-da gamly gözleri bilen Bike ejäniň yhlas edip süpüren poluny yzarlap işige bardy.

– Sag boluň! – diýdi. Azara galmaň, günämi ötüň – diýdi. Soň öz kabinetine bardy. Ondanam sumkasyny alyp, bazara bakan ugrady...

– Eý, allam – diýip, ol otlynyň indi diňe bir gulagy däl tutuş süňňi öwrenişen sesine goşup aýtdy. – Beýle bolar ýaly, meniň näme günäm barka? – Ol Bike ejäniň mähriban didaryny göz öňüne getirdi-de oňa özüni taşlady.

– Bah, men bar bolaýyn, daýza, gara maňlaý boldum-da.

– Kimi soraýar? – diýip, arassaja koridorda akja haladynyň synyny galkyndyryp ýören uzyn boýly, sap-sary saçy akja, näzik ýüzüne gelşip duran owadan gyzjagaz nämedir bir zatlar diýip wadyrdaýan hojalykçy aýaldan sorady.

– Kakoý-to Aýlyýewa!

Ýazow täzeden düşündirdi.

– Haýlyýew! Haýlyýew! Merdan!

Hojalykçy aýal ojagaz gyzyň ýüzüne garady.

– Roza, bizde Haýlyýew barmy?

Roza diýilýän gyzjagaz jogap bermän, ylgap geldi. Ol arassa türkmençeläp:

– Size Merdan gerekmi? Siz onuň doganlarymy – diýdi. Ol geler. – Ol hojalykçy aýalyň yzyndan ylgady.

– Anna Stepanowna, bir ýüz kyrk bäşiň açaryny beriň!

– Ýok – diýip, hojalykçy aýal onuň ýüzüni aldy. – Tolko çerez naçalstwo!

Roza oňa bir zatlar düşündirjek boldy. Emma ol aýal diňlemegem islemedi. Roza olaryň ýanyna gaýdyp geldi.

– Merdan gowy, ol işde – diýdi. Soň sagadyna garady. – Ýene bir sagatdan gelmeli.

Ýazow sumkalary göterip çykalga tarap ugrady.

– Daşarda garaşaýarys.

Baýramaly şäheriniň gündogarynda, demir ýoluň bolsa ýüz elli ädim ilersindeki daşy belent howluly, uly desgalar arak içýänleri bejerilýän ýere däl-de, abraýly ministrlikleriň birine çalym edip durdy.

Daş-töweregini önümçilik üçin salnan tipli jaýlar tutup duran bu edara girmegem aňsat däldi. Olar daň ertirki gelenlerinden, nobata durup, onuň-munuň ýanyna baryp, hat düzedip, gün eňegini ýere berenden soň, içeri giripdiler.

Sen, ýaşuly, çykmaly bolarsyň. Propuskada bir adamyň ady bar – diýip, gyňyr esger ýüzüni çytyp aýtdy! – Bize rugsat berenoklar.

Ýazow ol ýaş ýigidiň jübüsine nämedir bir zat gysdyrdy.

– Men bir görsem, ýerleşdirip gaýtjak, inim. Bir görsem bolýar.

Howlynyň içine girilensoň olardan hasap soran ýokdy. Şonuň üçin olar barak tipli jaýlar bilen aralykdaky baglaryň astyndaky oturgyja geldiler.

– Otyrmysyňyz – diýip, Roza-da ähli işini taşlap geldi.

Ýazow bu gülýaka ýaljak kemsiz owadan gyzy synlap, süňňündäki ýadawlyk el bilen aýrylana dändi. Ony ýanyndan goýberesi gelmänmi ýa-da, çynlakaý bilesigeljilikmi, oňa sowal berip başlady.

– Sen kim bolup işleýäň, bärde?

– Medsestra – Roza owadanja ýylgyrdy.

– Näme iş edýäňiz?

– Bolnoýlary bejerýäs.

Ýazowyň özem käte içäýmejigi bolansoň onuň ýaşlykdan bile tirkeşýän ýoldaşlarynyň käbiriniň özüni araga halys aldyryp, «özüňi bejertmeli» diýlen gep

gulagynda galansoň, ol çynlakaý gyzygyp ugrady.

– Nähili bejerýäňiz?

– Roza ýene ýylgyrdy.

– Iş bilenem bejerýäs. Işe äkidip. Soň derman bilenem. Ýazowyň içi byjyklady.

– Işe äkidilýäni, düşnükli, ýadadyp, derledip alkogoly çykarmaly. A derman bilen nähili bejerýäňiz!

Roza garaja, ak pamyk ýaly ýüzüne gelşip duran gaşlaryny gerdi.

– Olar işden gelende ýarym litr ýyly suw içirýäs.

– Onsoň?

– Soň Apomorfin bilen ukol edýäs. Ýa-da antabus berýäs. Azajyk wagt geçenden soňam, stakana azajyk spirt guýup, şony ysgadýas. Olar ögäp-ögäp onsoň spirtli içgä ýigrenç döreýär...

Ýazow kanagatlanmady.

– Sizde iligem tikýärlermi?

Roza Ogulnyýazyň ýüzüne garap ýylgyrdy.

– Ilik däl, ol derman, apomorfiniň uly dozasy, ýumşak ýeriňe, et bilen deriniň arasynda goýulýar. Ol hemişelik ýigrenç döredýär, endamyňa siňip...

Ýazow:

– Hlomorfin! – diýdiňmi – diýdi. – Şony goýsaň içenokmy?

– Içse, ölýär-ä.

Ýazow başyny ýaýkady. Çünki, ol şu ýerden baranlaryň gaýta, beter içip ýörenlerinem bilýärdi. Ol Merdanyňam düzelip gidiberjegine ynamy azdy.

– Siz Merdanyň nämesi? – diýip, Roza ýylgyrypjyk sorady.

Ýazow Ogulnyýazy görkezdi.

– Gelni, meňem daýysy...

Rozanyň akja ýüzi tamdyr çawlanan ýaly boldy. Ol ellerini owkalady-da, düşnüksiz halda, baraklaryň birine girip gitdi.

– Gowja maşgala eken! – diýip, Ýazow heziller edip aýtdy. – Bular ýaly maşgalany bu ýerlerde işletmeli däl-ä. Derrew bozular.

Ogulnyýazyň hem bu maşgala göwni ýetipdi.

– Alçak eken – diýdi.

– Öz-ä, türkmen-ä däl, ýöne türkmençäni gowy bilýär.

Olar howlynyň daşarsynda maşynlaryň sesini, haýbatly nyzam, komanda seslerini eşidip, ýerlerinden turdular.

– Gelýärler öýdýän!

«Keselliler», edil bir goýun sürüsi suwa inen ýaly bolşup, howla girdiler. Ählisi gap-gara eşikdäki adamlaryň hersi bir keşpdedi. Garrysam, ýaşam, boýnuny howutlabermeli daýawam, arrygam bardy. Ýöne, her geçen bularyň deňine gelip, ýagşy synlap, salam berip geçýärdi.

– Haýlyýew gelmedimi? – diýip, Ýazow ýüzi ýazgynrak, özüni erkin alyp barýan bir ýaşuludan sorady.

Ol adam «bilemok» diýip baş atdy-da baraklara tarap gitdi.

Gün ýaşyp, garaňky gatlyşyp barýardy, emma Merdan ýokdy. Rozanyň olaryň deňinden keýpsiz, hälki alçak, owadan gyza düýbünden meňzemän geçip gitmegi olary hasam iňkise goýdy.

Hälki ýaşuly birsalymdan dolanyp geldi.

– «Men aýtdy» – diýme. Ol gowy oglan, ýöne ony hususy hojalyga iberýärler. Baý adamlara gul-gyrnak edip berýerler, naçalnikler pul üçin. Olar öňküdenem beter pozulýar. Arak däl, olar neme-de öwrenýärler. Ýöne men aýtdy diýme. Hossary bolsaň, bozulmanka alyp gitmäniň alajyny ediň...

Ýazow sesini çykarmady-da, oturgyjyň gyrajygynda, uçjak guş ýaly bolup oturdy.

– Eý, hudaý! – diýdi. – U-uf – etdi.

Merdan sagat sekizlerde geldi. Ol içgilidi.

– O-o, däde Ýaz-zow, zdrawstwuý! – diýip, ol sag elini uzatdy, Ýazow ony gujaklady.

– Kak, bratişka!

Merdan ýylgyrdy, Soň ýerinden turup, garsa gujaklamaga taýýar Ogulnyýaza elini uzatdy.

– Priwet!

Ogulnyýaz Merdany görüp gaty begendi. Ýaşly gözlerini balkyldadyp, Merdanyň dikelen ýaly bolan boýuna, birneme agaryp, adam halyna gelen tegelek ýüzüne doýmaz-dolmaz nazar bilen garady.

Administratiw korpusyň bir burçundaky iki etažly jaýyň öňünde Ýazow olar bilen hoşlaşdy.

– Ertir irden gelerin.

* * *

Ogulnyýaz Merdanyň bolşuny örän täsin gördi. Ol öýden getiren iýer-içer ýaly zatlary saçagyň üstüne çykardy. Çaý demledi. Emma Merdan saçagyň başyna geçmedi. Ol iki sany krowatyň birine geçip, süýnüp ýatan ýerinden:

– Men häli pelmen iýdim – diýip, göwnübir ýaly gürledi. – Iýesiň gelse, özüň iý!

Ogulnyýazyň bokurdagyndan hiç zat geçmedi.

– Daýzam köp salam aýtdy – diýip, Ogulnyýaz ony gepe çekjek boldy.

Merdan argyn, humarly gözlerini süzüp ýatyşyna:

– A-aa, mamaş! – diýdi. – Spasibo, neneň ol.

Ogulnyýaz oňa öýüň ýagdaýyny gürrüň berdi. Emma Merdan ol gürrüňleri diňlemedem.

– Ýygnaýaýynmy?

– Kak hoçeş!

Ogulnyýaz saçagy ýygnady-da Merdanyň krowatyna geçip, onuň aýagujynda oturdy. Onuň hor, uzyn barmaklaryny eliniň aýasyna aldy. Ol Merdandan gelýän ysy halamady. Ondan edil Saragtda Gulýanyň üstünden gelýän ýaly, juda ýakymsyz ys gelýärdi.

Merdan tirsegine galdy.

– Sluşaý, – diýdi. – Sen Roza «Men onuň aýaly» diýdiňmi? Ogulnyýaz aňynyň bir ýerlerinden Rozaly wakany tapyp, oňa näme diýilenini seljerýänçä, bir giden pursat geçen ýaly boldy.

– Ýok ony daýym aýtdy.

– Merdan uludan demini aldy.

– Diýmeli däl ekeniň. «Dogany» diýäýmeli ekeniň.

Gelin hiç zada düşünmedi. Merdan aňyrsyna döndi-de edil guzy ýaly bolup, şol bada uka gitdi, Ogulnyýaz onuň saçyny, ýüzüni sypajak boldy. Merdan onuň elini itdi.

– Ninado!

Ertir irdenem ol alňasap turdy.

– Mamaşa aýt, meniň ýagdaýym gow Doswidaniýa!

Onuň bar aýdany şol boldy.

* * *

– Gowumy, ýegen! – diýip, işikde duran Ýazow Ogulnyýazyň sumkalaryny görüp haýran galmasyny gizläp aýtdy. – Bular neme?

Ol ýegeniniň sesini çykarmazlygyndan nähilidir bir näsazlygyň bolandygyny aňjak boldy. Emma ýegeni syr bildirenokdy.

– Gaýdaly, daýy, – diýdi. – Gördük, görüşdik.

Ýazow kireýine tutan ýeňil maşynynyň öňki oturgyjynda oýa batdy oturdy.

«Ikinji gün Maryda sud bolsa, bu günem üçünji gün, ýene gelmeli boljag-ow».

– Gaýdaly!

Adamsynyň özüne bolaň sowuklygy Ogulnyýazy şunça oýlandyrsa-da, nämüçindir ol Merdany ýazgarmady? Ol Merdanyň şol sözüni welin undup bilmedi.

« – Sluşaý! Sen Roza «men onuň aýaly» diýdiňmi? Diýmeli däl ekeniň, «dogany!» diýäýmeli ekeniň!»

«Eý, allam, ol oglan näme üçin beý diýdikä? Ýa şol gowja gyzy söýýärmikä? Öz-ä gowy, alçajyk gyz eken. Ol menden ýakyn-da oňa. Onsoň...»

Ol öýe gelensoňam şu pikirinden aýňalyp bilmedi. Daýzasy gözünde oky bolsa atmakçy bolýan ýaly, oňa gözüni edrenç yşnyk bilen alartdy.

– Geldik, daýza, Oogluň köp salam aýtdy. Ýagdaýym gowy, meni alada etmäň diýdi.

Pugta daýza agzyny towlady.

– Azaryň meniň oglum däldir-le. Bar gaýgyň gyzgynyňy ýatyrmakdyr. Indi, gidip geldiň, diliňem süýjär, aýagyňam ýeňlär seniň, utançsyz...

Ogulnyýaz başyny göterdi.

– Daýza! – Onuň sesi zarply çykdy. Ol sese daýzasynyň ini düýrügip gitdi.

– Hä-ä, indi boldy. Ölen, ülhit garry gorkuzaryn, şerraýlyk ederin diýýänsiň. Ony oňarmarsyň. Ülhidem bolsam, awumy seniň ýaly kelpesejiklere bermen awumy! – Ol elini dyzyna urdy. Şol oglanyň ýanyna özümem bir baryp gaýdaýyn. Geçi ýaly, käbir

ýerleriňi oýkap, ony ýumşadandyryn öýtme. Seniň talagyňy alyp gaýtmasam, atamyň gyzam däldirin...

Ogulnyýaz demini çykaryp bilmedi.

## 15.

Pugta daýza Baýramala gelse-de, diýilýän ýerden Merdany tapyp bilmedi. Beýleki adamlary hatar-hatar edip, edil bir süri goýny edişleri ýaly, sanap-saýhallap howla goýberseler-de, olaryň arasyn- da Merdan ýokdy.

Ol aglady, eňredi. Gören adamyna ýalbardy. Emma oňa hiç kim hossar çykmady. Iň soňunda ýene Roza atly şol gyzjagaz oňa dözmedi.

Öýlänräk geldi-de:

– Merdan çastnyý işleýär, daýza – diýdi.

Pugta daýza üçin ol zatlaryň ähmiýeti ýokdy. Ol.Merdany görse boljakdy.

– Wah, janym, o zatlar bilen işim ýok meniň. Gaýrat et-de meni şonuň ýanyna elt. Görýäň-ä, men bir maýyp. Gymyldap bilemok ahyryn.

Roza bu garry aýala dözmedi. Ol işiň ahyrynda kimdir bir maşynly adamdan haýyş etdi-de, garryny Baýramaly şäheriniň günortasynda gurulýan täze posýologa alyp gaýtdy. Olar garabagyr bolup beton işläp ýören bäş-alty adamyň arasyndan Merdany tapdylar.

Merdan Rozany, onuň ýanynda-da ejesini görüp, gözlerine ynanmajak boldy. Eliniň-aýagynyň palçygynam , ýuwman olara bakan ylgady.

– Mam-maş! Roza!..

Pugta daýza ogluny gujaklady. Soňam titir-titir edip aglady.

– Wah, seni ne güne düşürdiler, balam!

Merdan dabaraly gürledi.

– Mamaş, hemmesi normalny! Wo-oh!

Ejesi geleni üçin Merdany bu günlükçe işden boşatdylar. Merdan gurlup ýörlen uly jaýyň bir otagyna ejesini alyp bardy. Otagyň içi düşeklidi. Burçda stol, stul, tumboçka bardy. Olar içeri girip, heniz saglyk-amanlyk soraşmankalar orta saçak, çaý-çörek geldi. Eneli-ogul biri-biriniň didaryndan doýmaýan ýaly bolşup çaý içdiler. Soň beýleki adamlar hem bu günki işlerini birýüzli edip, çaýa çykdylar. Eneli-ogluň bujagaz höziri ýene bozuldy. Pugta daýza ogluna içini döküp bilmedi. Diňe gijäniň bir mahaly, günuzyn sütünleri süýnüp ýadan adamlar iýip-içip, arakdan, tirekden keýplerini kökläp, hersi birýana dünderilip galanyndan soň, oňa derdini ogluna aýtmaga ýagdaý döräpdi.

– Geldimi! – diýip, ejesi oglundan sorady.

– Kim?!

– Seni şu ýerlere ýok etdiren haram tula!...

Merdan eliňi geleňsizlik bilen salgady. Ýöne sesini çykarmady. Oňa derek ejesi gürläp başlady. Gelniniň ady tutulandan ol jynssyz ses edip, zeýrençli eňredi.

– Jan, balam, gelin almadym, ýalyn aldym. Men dowzaha düşdüm. Ol tula al-arwah bolup çykdy. Ärsek, oglanbaz bolup çykdy. Jahyllar şonuň yzyna düşüp, äpişgämizi, eýwanymyzyň aýnasyny daşlaý-daşlaý kül etdiler. Öýe gelip, onuň bilen

basalaşyp-bogalaşyp, men «beýtmäň» diýsemem, tas urup öldüripdiler. Işikde biri bilen, podezimizde biri bilen gülban bolup gezýär. Utanjyma ile-güne. görnüp bilemok. Iki ýerden sud etjek diýip geldiler. Taňry gün berse, öýmüz miliseli. Taňry gün berse, gykylyk-galmagal. Öýi tozdurdy. «Olam owarram, oglum gelse bolýar», diýip dişimi gysyp ýörsem, maňa aýtman, bir loly heleý bilen Sarags diýen ýere ýok bolup gidipdir. Ol ýerdenem tirek alyp gaýdypdyrlar. Olaram ýolda milise tutupdyr. Şondan soň üstüm kürre-diwan. Günde-günaşa öýümi döküp, sorag üstüne sorag edip, başyma ala ýabylynyň gününi getirdi, ol loly, balam. Şonuň derdinden seniň ýanyňa gaçyp gaýtdym. Şol öýde bolsa, men baryp biljek. däl. Git diýseňem gidenok, kowsamam «Özüň git» diýýär. «Seniň özüňi, ogluňy öldürmän gitmerin» diýýär. «Jaý maňa galar, oýnaşlam bilen döwran sürerin» diýýär, loly...

Pugta daýza derdi aýdany bilen dökülýän bolsa, aňry ýany bilen içini egisdi. Ogly ony diňledi, Dişlerini gyjap, ahmyr bilen başynam ýaýkady.

– Mamaş, men ony öldürerin!.. Walla...

Pugta daýza ýene-de eňredi.

– Beý diýme, balam, ol seni öldürer. Ol oýnaşlarynyň üsti bilen seni şu ýerde öldürer. Ýene birki günden oňa sud bolýar. Görersiň, şondanam sypar. Onsoňam bir gör, biziň başymyza nähili oýunlar salýanyny. Oňa senem, menem gerek däl. Oňa Aşgabadyň ortasyndaky şaraňlap duran jaý gerek. Onuň päli ýaman, haram k...

– Mamaş, men ony öldürerin!..

Pugta daýza ýene-de başyny ýaýkady.

– Ah, oglum, oglum, sen agzyňda aş gatyklaýaň. Sen ony öldürýänçäň, ol ikimiziň ganymyza galar. Sen meni ahyr ýaşymda ne güne saldyň, çaga...

Ol ogluna tutunyp aglaý-aglaý uklap galdy... Şeýdibem oglunyň humarly, geleňsiz aňyrsynda bihaýalyk doňuz ýatan gözleriniň ýanyp başlanyny görüp bilmedi...

* * *

Sud bolmaga üç gün galypdy...

Işik ýene-de şykyrdan ýaly boldy. Ogulnyýaz tisginip turdy. Ol ýüregi ýarylyp barýan ýaly howsala bilen düşegine geçdi-de dik oturdy.

– Eý, allam, daýzam bir çaltyrak gelsedi. – Suda çenli bir gelsedi...

Daýzasynyň gidenine, bu gün üçünji gündi. Emma ondan derek ýokdy. Onuň ýoklugy Ogulnyýazyň depesinde ahyrzaman inderipdi.

...Düýn ol talona berilýän azyklary almak üçin dükana çykdy. Çatrykda bir maşynyň içinde Annasoltany gördi. Ol bu gelne ýumrugyny görkezdi. Soň ýanyndaky ýigide Ogulnyýazy görkezdi. Gelin oňa ünsem bermedi. Berlen zatlary aldy. Ýoldan geçdi.

– A gyz! – Ol hälki maşynyň gapdalynda elini bykynyna urup duran daýaw pyýadany gördi. – Gürleşmek mümkinmi? – Ol soňam – Sen Gyrnak dälmi – diýdi.

Ogulnyýaz başyny aşak salyp barşyna:

– Gürrüňim galmandyr – diýdi. Daýaw pyýada bujagaz gepiňi ýüzüne alar ýaly

däldi.

Ol gelip Ogulnyýazyň toruna ýapyşdy.

– Aýak çek!

– Aýrylyň, han-a, öýde adamym, gaýnym seredip dur...

– Eý, samsyk! – diýip, ol pyýada şaňňy sesi bilen haýbat urdy.

– Alkaş äriň türmededigini, tireki gaýynyň onuň yzyndan gidenini, seniňem basym şolaryň yzyndan gitjegiňi uly il bilýär.

Ol tory çekdi. – Dur, men saňa ýagşylyk etjek bolýan, sen düşünýäňmi.

Ol adam, misli güni bilen ikiçäk bolan lezzetli duşuşykdan gaýdyp, ähli goşlarynam şu tora salyp, indem hersi onuň bir taýyndan tutup gelýän şadyýan jübütleriň biri ýaly, özüni şahandaz alyp barýardy.

Ol ýene-de ýylgyryp gepledi.

– Sen öz bagtyň ýatanyny bilýäňmi? Men oglanlar bilen gürleşip gördüm. Azyndan ýedi ýyl görünýär, saňa...

Ogulnyýazyň eliniň ysgyny gaçdy.

– Gaty giç! Üç gün galdy. Eger, sen, meniň, Annasoltana aýdan teklibime razy bolsaň, alyp galaýyn.

Ogulnyýaz düýrükdi.

– Hudaý saklasyn!

Ol pyýada tory goýbermedi.

– Zada zar etmäýin. Üstüňe «köşk ýaly jaý satyn alyp bereýin...

Gelniň gözi ýaşmakly agzyny tutup duran, Çolman agalaryň üstünde ýaşaýan bazarçy aýala düşdi. Ol toruny näçe aljak bolsa-da beýleki pyýada goýberenokdy.

– Häzir däl. Ýöne suddan soň razy bolsaňam bolýar...

– Ogulnyýaz toruny silkdi.

– A gyz – diýip, bazarçy daýza ýanyndan geçip giden Ogulnyýazy kimedir birine görkezip, özem eşidirip sözledi. – A gyz, Pugtaň bu gelni öň bir welsepitli bilen bulaşdy diýsek, indi «Wolgalyjasyny» tapypdyr-a.

Ol aýal hikirdäp güldi.

– Täzesini tapmasa, ol welsepitlisi – «gelnime söz atdy» diýip goňşusynyň ogluny atypmyşyn-a. – Ol Annasoltanyň sesini tanady – Jorasy şol Aýja künti bolsa, düzüg bolarmy...

– Wiý, bagty ýatan!

– Basypdyrlar-a. Ol oglan ölenmişin-e. Bu-da ýene iki günden gitmel-ä. Towşan gelin pahyram ýakda bu.

Ogulnyýaz namys oduna boguldy.

– Goýber tory. Alladan gork.

Ol toruny, almaga zar, gelip işigini açdy-da içinden gulplady.

– Gyrnak! Gyrnak jan. Sen razy bol, eşidýäňmi?

Ogulnyýaz gözigirýan aglady. Özüniň ýalňyzlygyna, biçäreligine, ejizligine aglady. Her elini uzadanyň, dilini uzadanyň özüne degip, ömrüni çüýredýänine gynanyp

aglady...

...Işik ýene-de şykyrdan ýaly boldy. Ýöne ol ony eşitmedi. Säheriň sünňüňi sökýän süýjüsi, bütin gijeläp biynjalyk bolmagy ony birden ukynyň girdabyna saldy.

Ol agyr, synaňy parçalap, janyňy alyp barýan urga oýandy-da agyra çydaman iki büküldi.

– Wa-aý! – Ol bu ýowuz agyryny janyna siňdirmänkä ikinji urgy öňküdenem beter ýowuz agyryny içine dökdi. Ol «Waý, waý! etdi-de gözüni açdy. Ol üstüne abanyp, ujundan gan damyp duran pyçagy depesinden aýlap duran Merdany gördi.

– Ah, suka! – Merdan pyçagy her uranynda:

– Ah, suka! – diýip, agzyndan ak köpük saçýardy.

Ogulnyýazyň gözleri peträpdi.

– Merd-dan! – Ol bir erbet düýrükdi. – Näd-dýäň, Merd-d-a-a-an!

Merdan ony eşidenokdy. Ol gelniň bedeniniň henizem titräp duranyny görüp, epet botinkaly aýagy bilen ony depip başlaşy.

– Me, mamaşy horlasaň! Me, küntüçilik etseň. Me, mamaşy horlasaň – diýip, ysgyny gaçýança depdi, Soň tireýän elleri bilen pyçagy ine boýuna böwründen sokdy-da, towlap çekip aldy.

Gelniň ap-ak ýaňagyna düwme-düwme bolup gan syçyrady.

Ogulnyýaz ýüregýnde agyr gemre-baş bolup giden ýowuz ynjylaryň teninden gaýnap çykýan gan bilen zygdyrylyp çykyp barýandygyny duýdy. Ol birhili ýylgyrjak boldy.

– Meni bu azaplardan dyndyranyň, üçin, ömrüň uzak bolsun! – diýen pikiri başynda ýyldyrym çaltlygynda aýlasa-da, dodaklary ony diýip ýetişip bilmedi-de, çalaja terpendi...

Emma ol sözleri eşiderden, oňa düşünerden Merdan daşdady. Ol ejesiniň ýarawsyz aňyna tutuş bir gijeläp guýan zäherinden «gelniň eýle, gelniň beýle» diýen sözleriniň bendiligine çydaman wokzala baryp, şol ýerdenem öýüne işigi döwüp girip, etjegini edensoňam, ýene yzyna garşy ýumlugyp barýardy.

Ol ýolboýy:

– Suka mamaşa degseň, küntüçilik etseň, me! – diýip, şol bir sözi gaýtalaýardy.

...Kejebe saklandy. Ogulnyýazy içeri alyp girdiler. Içerde onuň köne başlygy, Süleýman gap-gara penjekli, öt-elek bolup durdy. Ol Ogulnyzy görüp, tisgindi-de, öňünde duran stoly ýumruklady.

– Bagty ýatanlar mukaddesligi, päkligi kabul etmediler. – Ol gözünden düwme-düwme ýaş goýberdi. – Indi gaýratym ýok, indi saklamaga, synamaga güýjüm ýetenok.

Ogulnyýaz işigiň agzynda sary-sadylla bolup duran ýerinden çözgüde garaşdy. Onuň köne başlygy ýaşly, balkyldap duran biçäre gözlerini oňa dikdi-de iki elini döşüne goýdy.

– Başarmadym, mähriban, kabul etmediler. – Ol gözýaşyny seçelendirip, «ugraberiň» diýip, yşarat etdi.

Ogulnyýazy ýene-de kejebä mündirdiler-de, gelen yzyna bakan alyp gaýtdylar. Kejebede gelýänler: orlaşyp küşt depýärler:

Daýym ogly ak derek,
Sen meni alsaň gerek,
Eger meni almasaň,
Gaýgyňdan ölsem gerek...

Şetdalynyň şänigi,
Ajymyka alla jan.
Söwer ýaryň gujagy
Süýjümikä alla jan!

Ah, dünýä, dünýä, dünýä, dünýä,
Ah, dünýä, dünýä, dünýä, dünýä.

Ogulnyýaz häzir ýekeje zada begenýärdi.

– Enem-ä, gyzym är işini bitirdi. Kejebeli gitdem, kejebeli geldem – diýer. Ol birden düýrükdi. Nämüçindir:

– Günämi ötüň! – diýip, tisgindi.

Kejebäni alyp barýan adamlar bolsa orlaşyp, şo-ol küşt depip barýardylar.